**N. Orazlyýew, N. Aýnazarow,**
**M. Amanowa, A. Sopyýew, O. Bekiýewa**

# DÖWLETIŇ MALIÝE SYÝASATY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2020

UOK 378 : 336.7
O 63

**Orazlyýew N. we başg.**
O 63 **Döwletiň maliýe syýasaty.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

Bu okuw kitabynda döwletimiziň maliýe syýasatynyň mazmuny beýan edilýär. Türkmenistanyň maliýe syýasatynyň strategiýasy we taktikasy açylyp görkezilýär. Ýurdumyzyň häzirki zaman maliýe syýasatynyň düzüm bölekleri bolan býujet, salgyt, pul-karz, nyrh, maýa goýum, durmuş, daşary söwda we gymmatly kagyzlar babatyndaky syýasatlaryna aýratyn üns berilýär. Okuw kitabynyň her babynda öz bilimini barlamak üçin barlagnama soraglary getirilýär.

Okuw kitaby ýurdumyzyň ykdysadyýet ugurly hünärler boýunça okaýan ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna niýetlenilip, ondan önümçilikde işleýän hünärmenler, kärhanalaryň ýolbaşçylary, orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary hem-de giň okyjylar köpçüligi peýdalanyp bilerler.

TDKP №135, 2020 KBK 65.9(2)21 ýa 73

© N. Orazlyýew we başg., 2020



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny ýokarlandyrmak boýunça alyp barýan işleri jemgyýetimiziň durmuşynyň ähli ugurlarynda, şol sanda maliýe ulgamynda hem öz beýanyny tapýar. Döwletiň maliýe syýasaty, bu ykdysady syýasatyň düzüm bölekleriniň biri bolup durýar. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekligiň esasy ugurlary döwletiň maliýe syýasatynyň emele gelmegine öz täsirini ýetirýär. Döwletiň maliýe syýasatynyň esasy maksady ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegi üçin maliýe şertleriniň döredilmeginden ybaratdyr.

Türkmenistanyň maliýe syýasatynyň esasy ugurlary hormatly Prezidentimiz tarapyndan kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Mejlisi we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti döwletimiziň maliýe syýasatynyň işlenip düzülmegine we durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýarlar.

Ýurdumyzda döwletiň maliýe syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi köp babatda Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny hem-de döwletiň öz üstüne ýüklenen wajyp wezipeleriniň ýerine ýetirip bilmekligini kesgitleýär.

Döwletiň maliýe syýasatynyň esasy düzüm bölekleri býujet, salgyt, maýa goýum, durmuş, gümrük we gymmatly kagyzlar bazary babatyndaky syýasatdan ybaratdyr.

Şu okuw kitaby 10 bapdan ybarat bolup, onuň birinji baby döwletiň maliýe syýasatynyň mazmuny we ähmiýeti diýlip atlandyrylýar. Onda ösüşiň häzirki zaman tapgyrynda Türkmenistanyň maliýe strategiýasynyň we taktikasynyň esasy mazmuny açylyp görkezilýär.

Okuw kitabynyň ikinji we üçünji baplary ýokary iş üpjünçiligini, durnukly ykdysadyýeti, jemi içerki önümiň ösüş depginlerini üpjün etmäge gönükdirilen býujet-salgyt syýasatyna bagyşlanylýar.

Ykdysadyýeti düzgünleşdirmekde çeýe pul-karz mehanizminiň emele getirilmegi bank ulgamynyň ösüşiniň we durnukly işlemeginiň esasy bolup durýar. Pul-karz syýasaty Türkmenistanyň Merkezi bankyna hojalyk işjeňligine täsir etmäge, bank institutlarynyň işini gözegçilikde saklamaga, durnukly pul dolanyşygynyň bolmaklygyny gazanmaga mümkinçilik berýär. Bu meselelere okuw kitabynyň dördünji babynda seredilýär.

Bäşinji bapda nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi we olara gözegçilik etmekligiň, nyrh syýasatynyň işlenip düzülmeginiň meseleleri beýan edilýär.

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini durnukly derejelerde mundan beýläk hem ösdürmekde maýa goýumlarynyň ýerine ýetirjek wezipeleri diýseň wajyp bolup durýar. Şonuň üçin döwletiň maýa goýum syýasatynyň maliýe syýasaty bilen baglanyşygyny açyp görkezmek maksady bilen bu okuw kitabynyň 6-njy babynda maýa goýumlar barada aýdylýar.

Bilşimiz ýaly, döwletiň durmuş syýasaty hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Hususan-da, soňky ýyllarda döwlet býujetiniň çykdajylar böleginiň 70%-inden gowrak bölegi durmuş çykdajylaryna gönükdirilýär. Ýedinji bapda Türkmenistanda amala aşyrylýan durmuş syýasatynyň mazmuny açylyp görkezilýär.

Okuw kitabynyň sekizinji babynda döwletiň daşary söwda syýasatynyň mazmunyna we ony döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usullaryna seredilip geçilýär.

Dokuzynjy bapda döwletiň gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirmek babatynda alyp barýan syýasatyna seredilip geçilýär.

Onunjy bapda döwletiň ätiýaçlandyryş syýasaty barada aýdylýar.

# I bap DÖWLETIŇ MALIÝE SYÝASATYNYŇ MAZMUNY WE ÄHMIÝETI

## 1.1. Döwletiň maliýe syýasatynyň mazmuny we ähmiýeti

Islendik jemgyýetde döwlet maliýäni öz wezipelerini ýerine ýetirmek we öňünde goýlan maksatlara ýetmek üçin peýdalanýar. Maliýäni guramaklygyň ýörelgeleri düýplüdir we obýektiwdir. Bazar ykdysadyýetinde maliýäni guramaklyk ykdysady kanunlar arkaly kesgitlenilýär. Emma döwletde maliýe gatnaşyklaryny guramaklygyň tejribesi ykdysady kanunlaryň talaplaryna laýyk gelmän hem biler. Maliýäniň obýektiw guralmagy maliýe babatynda döwlet tarapyndan amala aşyrylýan syýasat (döwletiň maliýe syýasaty) netijesinde üýtgeýär. Maliýe syýasaty döwletde bar bolan maliýe gatnaşyklaryny peýdalanýar we olary kanun görnüşinde resmileşdirýär. Bu bolsa döwlete öz öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmegiň guraly hökmünde hyzmat edýär.

Maliýe syýasaty öwrenilýän mesele hökmünde şu aşakdaky soraglara jogap berýär:

- Durmuş ykdysady syýasaty şertlerinde öňde goýlan maksatlara nähili ýetmeli?
- Bar bolan maliýe gurallarynyň çäginde jemgyýetiň ykdysady gurluşyny nähili üýtgetmeli, onuň üçin hereket edýän mehanizmleri üýtgetmek gerekmi?
- Maliýe gurluşy haýsy ugurlar boýunça ösdürilmeli?
- Döwletiň gysga we uzakmöhletli üstünliklerini döwletiň ykdysady ösüşi bilen nähili baglanyşdyrmaly?

Maliýe syýasaty ykdysadyýetiň we onuň maliýe ulgamynyň durnukly we yzygiderli ösüşini üpjün etmeklige gönükdirilendir. Şeýle hem döwletiň maliýe syýasaty döwletiň wezipelerini, ýagny durmuş, ykdysady, daşky gurşawy goramak, goranmak we beýlekileri üpjün etmeklige hem gönükdirilendir.

Maliýe syýasaty ykdysady syýasatyň düzüm bölegidir. Şoňa laýyklykda, ol döwletiň durmuş-ykdysady strategiýasy bilen ugurdaş alnyp barylýar.

**Maliýe syýasaty** – bu ykdysadyýetiň we maliýe ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün etmek, şeýle hem döwletiň üstüne ýüklenen wezipeleri berjaý etmek üçin zerur bolan maliýe serişdelerini döwlet býujetine jemlemek boýunça döwlet tarapyndan amala aşyrylýan çäreler toplumy.

Maliýe syýasaty bu ykdysady gatnaşyklar çäginde döwletiň özbaşdak işidir.

Maliýe syýasatynyň mazmuny köptaraplydyr we ol öz içine şu aşakdaky wajyp bölekleri alýar:

- ykdysady kanunlaryň talaplaryny öwrenmek hem-de hojalygyň ýagdaýyny, öndüriji güýçleriň geljekki ösüşini, ilatyň hajatlaryny ählitaraplaýyn seljermek arkaly maliýäniň ösüşiniň ylmy taýdan esaslandyrylan taglymatyny işläp düzmek;
- häzirki döwürde we geljekde maliýäni peýdalanmagyň esasy ugurlaryny kesgitlemek (şunda goýlan maksatlara ýetmegiň ýollary, ykdysady syýasatda göz öňünde tutulanlar, halkara ýagdaýlar we maliýe serişdeleriniň ösüş depginleri göz öňünde tutulýar);
- goýlan maksatlara ýetmek üçin anyk işleri amala aşyrmak.

Maliýe syýasatynyň bu üç böleginiň bütewüligi onuň mazmunyny kesgitleýär.

Maliýe syýasaty işlenip düzülende anyk taryhy şertlerden ugur alynmalydyr. Ol jemgyýetiň ösüşiniň her bir tapgyrynyň özboluşlylygyny, içerki, şeýle-de halkara ýagdaýlarynyň aýratynlyklaryny, döwletiň hakyky ykdysady we maliýe mümkinçiliklerini hasaba almalydyr. Maliýe syýasaty döwlet gurluşyna, ösüşiň tapgyrlaryna we

syýasy durnuklylyga baglydyr. Bu syýasat buýruk beriji (administratiw) elementler bolmazdan, sap ykdysady çözgütler bilen durmuşa geçirilmeýär. Ykdysadyýet, şeýle hem durmuş babatynda çözgütler kabul edilende hemişe haýsydyr bir tarapyň bähbitlerine täsir etmeli bolýar.

Anyk ýagdaýlarda aýratynlyklary göz öňünde tutmaklyk hojalyk we maliýe gurluşynyň, täze meýilleriň we dünýä tejribesiniň içgin öwrenilmegini göz öňünde tutýar.

Maliýe syýasaty işlenip taýýarlanylanda we durmuşa geçirilende toplumlaýyn çemeleşmek hem ähmiýetli talap bolup durýar. Toplumlaýyn çemeleşmeklik maliýe ulgamynyň ähli böleklerinde geçirilýän işleriň ykdysady syýasatyň düzüm bölekleri bolan – maliýe, karz, nyrh emele getirmek, zähmet haky syýasaty bilen utgaşykly alnyp barylmagyny göz öňünde tutýar.

Döwletiň maliýe syýasaty şu aşakdaky esasy ugurlardan ybaratdyr *(1-nji surat)*:

- salgyt syýasaty;
- býujet syýasaty;
- pul-karz syýasaty;
- nyrh syýasaty;
- gümrük syýasaty;
- durmuş syýasaty;
- maýa goýum syýasaty;
- daşary söwda syýasaty;
- gymmatly kagyzlar syýasaty;
- ätiýaçlandyryş işi babatyndaky syýasaty.

Döwletiň maliýe syýasatyny amala aşyrmak üçin durmuş-ykdysady özgertmeleriň aşakdaky ileri tutulýan ugurlary zerurdyr:

- jemgyýetiň durmuş durnuklylygyny üpjün etmek;
- döwlet maliýe ýagdaýyny sagdynlaşdyrmak;
- bank ulgamynyň kadaly işini üpjün etmek;
- deňagramly pul haryt akymlaryna goldaw bermek;
- sebitler üçin birmeňzeş býujet şertlerini döretmek;
- maliýe babatynda düzgün bozulmalary aradan aýyrmak boýunça çäreler toplumyny işläp taýýarlamak.




***1-nji surat.*** **Döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölekleri**

Döwletiň maliýe syýasatynyň wajyp düzüm bölekleriniň biri hökmünde *salgyt syýasaty* çykyş edýär. Ol döwletiň we şol bir wagtyň özünde salgyt töleýjileriň hem bähbitlerini göz öňünde tutmalydyr. Salgytlar döwletiň öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmäge zerur bolan serişdeleriň bir böleginiň döwlet býujetine gelip gowuşmagyny üpjün etmelidir. Şol bir wagtyň özünde salgytlar şahsy we edara görnüşli tarap bolup durýan salgyt töleýjileriň netijeli, kanunalaýyk işine päsgel bermeli däldir. Diňe şahsy girdejilerde ýüze çykýan milli baýlygyň köpelmegi salgyt salynýan binýadyň durnukly ösmegini üpjün etmäge ukyplydyr. Şeýlelikde, salgyt syýasaty döwlet üçin, şeýle hem ykdysadyýetiň hakyky böleginiň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen salgyt töleýjiler üçin amatly salgyt salmak şertleriniň döredilmegine gönükdirilen bolmalydyr. Onuň esasy maksatlary bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– salgyt binýadyny rejelemek we tölenmeýän tölegleriň derejesini azaltmak üçin milli salgyt kanunçylygynda toplumlaýyn özgertmeleri geçirmek;

– salgyt we gümrük ýeňilliklerini rejelemek;
– salgyt töleýjileriň bütewi sanawyny döretmek we ony alyp barmak;
– salgyt dolandyrmasyny güýçlendirmek;
– döwlet býujetine we býujetden daşary gaznalara tölegler boýunça puşmana tölegleriň we jerimeleriň esaslandyrylan halatlarda düzümini üýtgetmek (restruktrizasiýa etmek).

*Býujet syýasaty* aşakdaky maksatlar üçin işlenip düzülýär we durmuşa geçirilýär:

– býujetde jemlenýän jemi içerki önümiň paýyny kesgitlemek;
– merkezi we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň arasyndaky býujetara gatnaşyklaryň netijeliligini ýokarlandyrmak;
– döwlet býujetiniň çykdajy böleginiň netijeliligini ýokarlandyrmak;
– çykdajylary býujetiň dürli derejeleriniň arasynda paýlamak;
– jemlenen döwlet býujetinde merkezi býujetiň paýyny kesgitlemek;
– döwlet bergilerini dolandyrmak;
– býujet ýetmezçiliginiň çeşmelerini kesgitlemek we başgalar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe býujet syýasatynyň wajyp wezipeleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

– býujetiň girdeji we çykdajy böleginiň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek we hasabatlylygyny üpjün etmek;
– döwlet serişdelerini tygşytly peýdalanmak boýunça çäreleri işläp düzmek;
– döwlet edaralary tarapyndan alynýan girdejileri döwlet býujetinde merkezleşdirmek;
– hojalyk we paýdarlar jemgyýetleriniň esaslyk maýalaryndaky paýa düşýän peýda ýa-da Türkmenistana degişli bolan paýnamalar boýunça diwidentler görnüşindäki girdejileriň döwlet býujetine gelip gowuşmagy boýunça çäreleri işläp taýýarlamak;
– döwlet bergisini dolandyrmak boýunça geçirilýän işleri kämilleşdirmek we başgalar.

Ykdysadyýeti düzgünleşdirmek boýunça dünýä döwletleriniň aglaba köpüsinde *pul-karz syýasaty* hem giňden peýdalanylýar. Onuň wajyp wezipeleriniň hatarynda bank ulgamyny berkitmek, oňa ilatyň

ynamyny artdyrmak arkaly olaryň pul süýşürintgilerini çekmegi görkezmek bolar.

Pul-karz syýasaty öz içine şu aşakdakylary alýar:

– banklar üçin hökmany bolan kadalaryň berjaý edilişine gözegçiligi güýçlendirmek;
– pul toplumynyň gurluşynyň we möçberleriniň rejelenmegi;
– Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş derejeleriniň amatly möçberini kesgitlemek;
– milli manadyň daşarky pullara bolan durnukly hümmetini saklamak;
– döwletiň ätiýaçlyk altyn-walýuta gorlaryny artdyrmak we başgalar.

*Nyrh syýasaty* ýekemen (monopol) häsiýete eýe bolan harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlaryny (tariflerini) düzgünleşdirmekde ýüze çykýar. Döwlet ýerasty baýlyklaryna, ýere, suw serişdelerine, demir ýollaryna, howa ýollaryna, aragatnaşyk hyzmatlaryna we beýlekilere monopol eýeçiligi amala aşyrýar. Beýleki pudaklarda öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň bahalary hem şu agzalyp geçilen pudaklarda kesgitlenen bahalaryň esasynda emele gelýär. Şoňa laýyklykda, umumy döwlet derejesinde bahalaryň durnuklylygyny üpjün etmeklik köp babatda döwletiň nyrh syýasatyna bagly bolup durýar.

*Gümrük syýasaty* – bu salgyt we nyrh syýasatlarynyň özara utgaşygy esasynda dörän syýasy ugurdyr. Çünki gümrük ýygymlary we paçlary harytlaryň we hyzmatlaryň bahalaryna gönümel täsir edýär. Şeýle hem bolsa, gümrük syýasaty köp babatda özbaşdakdyr. Ol tutuş milli ykdysadyýete we daşary ýurt harytlarynyň ýurda gelip gowuşmagyna ýa-da olaryň çäklendirilmegine ähmiýetli derejede täsir edýär.

Döwletiň maliýe syýasaty durmuş häsiýetine eýedir. *Döwletiň durmuş syýasaty* onuň maliýe ulgamyndaky hereketleri bilen içgin baglanyşykly bolup, ol aşakdaky çäreleriň durmuşa geçirilmeginde ýüze çykýar:

– döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän işgärleriň zähmet hakyny doly möçberde tölemek;
– döwlet býujetinden goýberilýän durmuş tölegleriniň öz wagtynda üpjün etmek;

– ilatyň pes goragly gatlagynyň girdejilerine puluň hümmetsizlenmesiniň ýetirýän ýaramaz täsirlerinden goramagyň mehanizmini işläp düzmek, hususan-da, zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny, talyp haklaryny ýokarlandyrmak;
– işsizligiň ýüze çykmagynyň öňüni almak we iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy üçin şertleri döretmek;
– pensiýa özgertmelerini amala aşyrmak, durnukly maliýeleşdirilişi bolan pensiýa ulgamyny emele getirmek;
– durmuş ýeňillik ulgamyny tertipleşdirmek;
– ýurduň içindäki zähmet gatnaşyklaryny kämilleşdirmek.

Döwletiň maliýe syýasatyny amala aşyrmakda *maýa goýum syýasatyna* hem wajyp orun degişlidir. Ol öz içine aşakdakylary alýar:

– döwletiň maýa goýum işini maliýeleşdirmegiň çeşmesi hökmünde Türkmenistanyň döwlet býujetiniň ornuny ýokarlandyrmak;
– ilatyň pul süýşürintgileriniň guramaçylykly toplanmagyna we maýa goýulmagyna şert döretmek;
– ipoteka karzlaşdyrmasyny ösdürmek;
– göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek.

Döwletiň *daşary söwda gatnaşyklary syýasaty* diýlip döwletiň beýleki ýurtlar bilen ýüze çykýan söwda gatnaşyklaryna maksada okgunly täsir etmekligine düşünilýär. Daşary söwda syýasatynyň esasy maksatlary bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– ýurduň halkara zähmet bölünişigindäki tutýan ornuny güýçlendirmek;
– importyň möçberlerini azaltmak we eksportyň möçberlerini artdyrmak, netijede oňyn tapawuda çykmak;
– daşary söwdanyň düzümini üýtgetmek;
– ýurdy zerur bolan serişdeler bilen üpjün etmek.

*Döwletiň gymmatly kagyzlar babatyndaky syýasaty,* ilkinji nobatda, bu bazaryň gatnaşyjylarynyň işini düzgünleşdirmeklige gönükdirilýär.

Ýurdumyzda gymmatly kagyzlar bazary babatynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

tarapyndan kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bolsa, bu syýasaty durmuşa geçirýär. Gymmatly kagyzlar bazary babatyndaky döwlet syýasaty işiň bu görnüşini düzgünleşdirmek arkaly durmuşa geçirilýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi şu aşakdakylaryň esasynda amala aşyrylýar:

1) gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň işine hökmany talaplaryň bellenilmegi;
2) gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň (goşmaça emissiýalarynyň) döwlet tarapyndan bellige alynmagy, şeýle hem olarda göz öňünde tutulan borçnamalaryň emitentler tarapyndan berjaý edilmegine gözegçilik edilmegi;
3) gymmatly kagyzlar bazarynda hünär işiniň ygtyýarlandyrylmagy;
4) gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysynyň hünärmenleriniň hünär synagyndan geçirilmegi;
5) gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň hukuklaryny goramagyň we olaryň hukuklarynyň emitentler hem-de gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary tarapyndan berjaý edilmegine gözegçilik ulgamynyň döredilmegi;
6) gymmatly kagyzlar bazarynda hünärmençilik işi amala aşyrylan mahalynda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagynyň we terrorizmiň maliýeleşdirilmeginiň garşysyna hereket edilmegi;
7) gymmatly kagyzlar bazarynda işi degişli ygtyýarnamasy bolmazdan, amala aşyrýan şahslaryň işiniň öňüniň alynmagy.

Biziň ýurdumyzda ätiýaçlandyrmak bazary ýaş we geljegi bar bolan bazarlaryň biri hökmünde çykyş edýär. Şunda ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň dürli subýektleriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak wajyp meseleleriň biri bolmagynda galýar. Bu işleri amala aşyrmak bolsa ä*tiýaçlandyryş babatynda bütewi döwlet syýasatyny* durmuşa geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

## 1.2. Maliýe syýasatynyň görnüşleri we ony amala aşyrmagyň mehanizmi

Dünýäniň käbir ykdysatçy alymlary maliýe syýasatynyň, esasan, aşakdaky üç sany görnüşini nygtap geçýärler:

– ykdysady ösüş syýasaty;
– durnuklylaşdyryş syýasaty;
– ykdysady işjeňligi çäklendirmek syýasaty.

Ykdysady ösüş syýasaty diýlip jemi milli önümiň möçberlerini we iş bilen üpjünçiligiň derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen maliýe çäreler ulgamyna düşünilýär. Bu höweslendiriji maliýe syýasaty öz içine şu aşakdakylary alýar:

– döwlet çykdajylaryny ýokarlandyrmak;
– salgyt ýüküni peseltmek.

Eger döwlet öndürilýän önümleriň möçberini bu ýurt üçin mahsus bolan depginlerde saklamak we nyrhlaryň durnuklylygyny goldamak maksady bilen fiskal we döwlet çykdajylary syýasatyny amala aşyrýan bolsa, onda döwlet tarapyndan durnuklylaşdyryş syýasaty amala aşyrylýar diýlip hasaplanylýar. Ýöne, döwletde ykdysady ýagdaýy deňlemeklige çalyşmak üçin amala aşyrylýan durnuklylaşdyryş syýasaty höweslendiriş we çäklendiriş syýasaty bilen garyşdyrylmaly däldir, sebäbi bu düşünjeleriň arasynda düýpli tapawutlar bardyr. Mysal üçin, ykdysady ösüş syýasaty döwlete mahsus bolan önümçiligiň derejesiniň ösüş depginlerine ýetilen halatynda hem amala aşyrylýar, emma durnuklylaşdyryş syýasaty şeýle maksatlara eýermeýär.

Öz gezeginde ykdysady işjeňligi çäklendirmek syýasaty öz öňünde jemi milli önümiň möçberlerini bellenen derejelerden peseltmekligi maksat edinýär. Bu syýasat ýokary ykdysady ösüş şertlerinde çendenaşa önüm öndürmek we puluň hümmetsizlenmeginiň öňüni almak maksady bilen döwlet tarapyndan geçirilýär.

Çäklendirmek syýasaty aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– döwlet çykdajylaryny azaltmak;
– salgytlary ýokarlandyrmak.

Başgaça aýdylanda, puluň hümmetsizlenmeginiň bolan şertlerinde maliýe syýasaty býujetiň oňyn bolmagynyň tarapyna gönükdirilen bolmalydyr.

2. Sargyt № 1335

Maliýe syýasaty aşakdaky üç tapgyrda amala aşyrylýar:

1. Ykdysady kanunlaryň talaplaryny, önümçiligiň kämilleşdirilmegine ählitaraplaýyn seljerme geçirmek we ilatyň islegini öwrenmek esasynda maliýäniň ösüşiniň ylmy taýdan esaslandyrylan konsepsiýasyny işläp taýýarlamak.
2. Maliýäni häzir we geljekde peýdalanmagyň esasy ugurlaryny kesgitlemek, ýagny maliýe syýasatynyň taktikasyny strategiýasyny işläp taýýarlamak. Bu ýerde öňde goýlan maksatlardan ugur almak bilen, ösüş mümkinçilikleri, maliýe serişdeleri, şeýle hem daşky we içki syýasy-ykdysady faktorlar hasaba alynýar.
3. Öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin hakyky hereketleri amala aşyrmak.

Hakykatdan maliýe syýasatynyň ykdysadyýete ýetirýän täsiri diňe üçünji tapgyrda başlanýar, ýöne ol birinji we ikinji tapgyrlarda kesgitlenilýär. Emma şeýle mehanizm diňe bölekleýin amala aşyrylýar, sebäbi maliýe düzgünleşdirmesiniň ähli mümkinçiliklerini hasaba almaýar.

Maliýe syýasatynyň aşakdaky iki sany nusgasynyň bardygy mälimdir:

a) diskresion ýa-da döwlet tarapyndan amala aşyrylýan syýasat;
b) diskresion däl, ýagny ähli taraplaýyn düzgünleşdirijiler syýasaty.

Diskresion däl syýasat diýlip salgyt ulgamynyň ýurtda ykdysady işi özbaşdak durnuklaşdyrmak ukybyna, ýagny haýsy hem bolsa bir dolandyryjy edaralar göni goşulmazdan, ykdysady işiň düzgünleşdirilmegine düşünilýär.

Goýlan maksatlara ýetmekligiň iki sany ýoly bar, olaryň biri salgyt gelip gowuşmalaryny düzgünleşdirmegiň üsti bilen ýetilýär. Birinji ýagdaýda çylşyrymly ýagdaýdan çykmaklygyň usuly salgytlary artdyrmak bolsa, ikinji ýagdaýda olary peseltmekdir. Mysal üçin, goý, ýurtda önümçiligiň uly bolmadyk peselişi bolup geçýän bolsun, hökümet bolsa heniz degişli çäreleri geçirip ýetişmedi diýeliň. Onda raýatlaryň we hojalyk subýektleriniň girdejileriniň peselmegi bilen salgytlaryň döwlet býujetine gelip gowuşmagy hem peseler. Bu ykdysadyýetiň durnukly ýagdaýa gelmegine täsir edýär.

Şeýlelikde, dogry gurnalan salgyt ulgamy ykdysadyýeti özbaşdak düzgünleşdirmäge ukyplydyr diýip netije çykarmak bolar. Ilatyň we hojalyk subýektleriniň girdejileriniň artmagy bilen salgyt gelip gowuşmalary hem artýar.

Salgytdan başga-da wajyp bolan beýleki durnuklaşdyryjylar hem bardyr. Olaryň jemi ykdysady ulgamyň deňagramly bolmagyna öz täsirini ýetirýär. Olaryň içinden aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Durmuş tölegleri, şol sanda döwlet kömek pullary. Döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolan salgytlar iş bilen üpjünçilik ýokary bolan halatynda artýar;
2. Günbatar döwletleri üçin derwaýys bolan daýhan hojalyklaryna kömek bermegiň maksatnamasy haçanda tölege ukyply isleg pese düşende oba hojalyk önümleriniň bahalary hem aşak düşýär. Şeýlelikde, hökümet daýhan hojalyklarynyň isleg bolmadyk önümlerini satyn alýar. Haçanda puluň hümmetsizlenmeginiň netijesinde bahalar ýokarlansa, döwlet daýhan hojalyklaryndan satyn alan önümlerini bazara çykarmak bilen bahalary düzgünleşdirýär;
3. Iri şereketleriň ygtybarlylygy. Tejribäniň görkezişi ýaly, iri şereketler durnukly girdeji alýandygy barada jemgyýetde pikir döretmek maksady bilen gysga wagt aralygynda peýdalarynyň peselmegine garamazdan, ozalky töleýän diwidentleriniň möçberlerini peseltmeýärler;
4. Ilatyň sarp etmeklige bolan meýilleriniň hemişe ýokary derejede saklanyp galmagy. Adamlar özleriniň adaty durmuş derejesini saklamaga hemişe ýykgyn edýärler, şoňa görä-de ilkibaşda özleriniň girdejileriniň peselmegine garamazdan, serişdeleri doly tamamlanýan görnüşde sarp etmegi bes etmeýärler.

Şeýlelikde, ykdysadyýeti düzgünleşdirmekligi diňe bir ählitaraplaýyn durnuklaşdyryjylaryň üsti bilen amala aşyryp bolmaýar, şonuň üçin diskresion syýasaty amala aşyrmaklygyň zerurlygy ýüze çykýar.

Diskresion syýasat – milli önümçiligiň, işsizligiň we puluň hümmetsizlenmeginiň derejesine täsir etmek maksady bilen, salgytlaryň, döwlet çykdajylarynyň ýörite üýtgedilmegidir.

Diskresion syýasatyň esasy gurallary hökmünde indikiler çykyş edýär:

– çykdajylar bilen baglanyşykly jemgyýetçilik işler we beýleki maksatnamalar;
– durmuş maksatnamalary;
– döwlet tarapyndan satyn alynmalar;
– transfert ýa-da gaýtadan paýlamak görnüşli çykdajylaryň üýtgedilmegi;
– salgydyň görnüşleriniň üýtgedilmegi.

Maliýe syýasaty aşakdaky iki sany esasy bölekden ybaratdyr:

1) döwlet çykdajylary babatynda syýasat;
2) fiskal syýasat.

Birinji bölege seljerme bereliň. Muňa döwlet çykdajylary bilen baglanyşykly ähli maksatnamalary degişli etmek bolar, mysal üçin, käbir döwletlerde çökgünlik, şeýle hem işsizlik howpy abanan halatynda, jemgyýetçilik işleri bilen baglanyşykly çykdajylar edilýär. Şeýle maksatnamalar işsizligi azaltmak maksady bilen amala aşyrylýar we köplenç halatda bolsa, gyssagly, köp harajatly bolýar. Häzirki döwürde dünýä döwletleriniň aglaba köpüsinde jemgyýetçilik işler syýasatyndan el çekilip başlandy, bu bolsa wagt faktory bilen düşündirilýär. Dünýäde ýurtlaryň hökümetleri, köplenç halatda, çökgünligiň eýýäm ýurduň hojalygyna öz ýaramaz täsirini ýetireninden soň ony ýüze çykarýarlar. Durnuklaşdyryş syýasaty ykdysadyýetiň pese gaçmagyndan birnäçe aýdan soň, ýagny ykdysady işjeňligiň peselmeginden soň amala aşyrylyp başlanylýar.

Ýurtda bolup geçen çökgünlik barada ýeterlik derejede maglumat alanlaryndan soň döwlet edaralary ýörite maksatnamalary işläp düzýärler. Emma maksatnamalar işlenip düzülen wagtynda bolsa, olara bolan zerurlyk özüniň ähmiýetini ýitirýär.

Şeýlelikde, jemgyýetçilik işleri diskresion syýasatyň onçakly netijeli syýasaty däldir.

Diskresion syýasatyň ikinji guraly hökmünde durmuş hajatlaryna döwlet çykdajylar maksatnamasy hyzmat edýär. Ýagny puluň hümmetsizlenmeginiň bolup geçýän döwründe döwlet goşmaça döwlet kömek pullaryny tölemekden saklanýar, bu bolsa öz gezeginde tölege ukyply islegiň derejesiniň peselmegine getirýär. Şolbir wagtyň özünde çökgünlik döwründe durmuş hajatlary üçin pul goýberilmeleri ýokarlandyrylýar. Emma gysga döwür üçin maddy kömegiň döwlet

tarapyndan berilmeginiň ýetmezçiligi hökmünde ýagdaý gowulanan ýagdaýynda, ony azaldyp bolmaýandygy bilen düşündirip bolýar.

Maliýäni dolandyrmagyň esasy gurallarynyň üçünjisi hökmünde döwlet tarapyndan satyn alynmalar we maýa goýumlary çykyş edýär. Döwlet maýa goýumlarynyň ýokarlanmagy täze buýurmalaryny alýan senagatyň ösmegini kadalaşdyrýar.

Fiskal syýasatyň mazmuny tutuş ykdysady döwrüň dowamynda salgyt ýüküniň üýtgedilmeginiň zerurlygy netijesinde ýüze çykýar.

Salgytlara ykdysady işjeňligi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň serişdesi hökmünde seretmek bilen, onuň aşakdaky düzgünleşdiriji wezipeleriniň üstünde durup geçmek wajypdyr:

– salgyt salmak ulgamyny kesgitlemek we oňa üýtgetmeler girizmek;
– salgyt möçberlerini kesgitlemek;
– salgyt ýeňillikleriniň berilmegi we başgalar.

Salgyt möçberleriniň üýtgedilmegi wajyp düzgünleşdiriji wezipäni ýerine ýetirýär. Hususan-da, salgytlaryň köpçülikleýin peseldilmegi sap peýdanyň artmagyna, hojalyk işine bolan höweslenmäniň ýokarlanmagyna, düýpli maýa goýumlarynyň ösmegine, işsizligiň azalmagyna we hojalyk konýunkturasynyň janlanmagyna täsir edýär.

Salgytlaryň artdyrylmagy – bu ykdysady işjeňlige garşy göreşmegiň adaty usuly bolup durýar.

Şeýlelikde, peýda salgydyny (göni salgydy) üýtgetmek bilen döwlet düýpli maýa goýumlary üçin goşmaça höweslendirmelerini döredýär ýa-da bu höweslendirmeleri azaldýar, gytaklaýyn salgytlara täsir etmek bilen sarp ediş gaznasyna, harytlaryň we hyzmatlaryň derejesine täsir edýär.

## 1.3. Maliýe syýasatynyň dünýä konsepsiýalary

Mäliýäniň döwlet düzgünleşdirilmesiniň ähli ugurlarynyň we olaryň özara baglanyşygynyň ýüze çykarylmagy bu ulgamyň hereket etmegi üçin ähmiýetlidir. Döwletiň düzgünleşdiriji wezipesi diňe bir döwlet eýeçiligi bilen çäklenmeýär. Munuň şeýledigine dünýä tejribesi şaýatlyk edýär. Döwletiň ykdysadyýete ýetirýän täsiri döwlet häkimiýet edaralarynyň çykarýan kanunçylyk namalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Döwlet düzgünleşdirilmesiniň esasynda kesgitli bir maliýe konsepsiýalary ýatandyr. Durmuşa geçirilişi boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanýan monetarizm we keýnsiançylyk diýen iki konsepsiýany görkezmek bolar.

Monetarizmde erkin we düzgünleşdirilmeýän bazara ýykgyn edilýär. Döwletiň ykdysadyýete goşulmagy diňe pul toplumynyň durnukly ösdürilmegi bilen çäklenýär. Monetarizm Halkara pul gaznasy hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy tarapyndan maliýe kynçylyklaryny çekýän döwletlerde býujet we töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin maksatnamalar amala aşyrylanda peýdalanylýar.

Monetarizmiň restriktiw syýasaty döwlet çykdajylarynyň azaldylmagyna we salgytlaryň ýokarlandyrylmagyna esaslanýar. Bu syýasatyň esasy maksady ilatyň tölege ukyplylyk derejesini peseltmek, býujet ýetmezçiligini azaltmak we puluň hümmetsizlenmegini aşaklatmakdyr. Berk pul syýasatyny amala aşyrmak bilen harytlara we hyzmatlara bolan islegiň peseldilmegi nyrhlaryň peselmegine täsir edýär. Serişdeleriň daşyndan çekilmegi üçin mümkinçilikleriň azalýan şertlerinde önümçiligiň möçberleri, netijede bolsa, ykdysady ösüşiň depginleri peselýär. Şeýle syýasatyň amala aşyrylmagynyň ahyrky maksady serişdeleriň sarp edilmegini azaltmak we toplanmagyny ýokarlandyrmakdyr. Hakyky zähmet hakynyň peselýän we zähmet bazaryndaky ýagdaýlaryň kynlaşýan şertlerinde serişdeleriň sarp etmekden maýa goýumlaryna geçmek işi amala aşmaýar. Islegi çäklendirmek syýasaty bäsleşigiň güýçlendirilmegine we batyp galmagyň ähtimallygynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Iňlis ykdysatçysy J. M. Keýns tarapyndan işlenip taýýarlanan we «keýnsiýançylyk» adyna eýe bolan konsepsiýa monetarizme gapma-garşydyr. Bu konsepsiýa ykdysadyýetde amala aşyrylýan özgertmeleriň döwlet düzgünleşdirmesine we döwlet goldawyna artykmaçlyk berýär. Keýnsiýançylyk döwlet çykdajylarynyň artdyrylmagyny, salgytlaryň azaldylmagyny, şeýle hem ekspansionistik pul-karz syýasatyny we onuň bilen baglanyşykly bolan dolanyşykdaky pul toplumynyň artdyrylmagyny öz içine alýan ekspansionistik maliýe syýasatyna esaslanýar.

Döwlet çykdajylarynyň artdyrylmagy önümçiligiň we maýa goýumlarynyň ösüşini düzgünleşdirýär. Bulardan başga-da ilatyň harytlara, hyzmatlara we işlere bolan satyn alyjylyk ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Emma ilatyň ýokary satyn alyjylyk derejesiniň önümleriň hiliniň we bäsleşigiň ýokarlanmagyna täsir etmeýändigini hem göz öňünde tutmaly.

Ekspansionistik syýasat nyrhlara berk gözegçilik edilmegini talap edýär, sebäbi önümçilik harajatlary hemişe ösüş meýillerine eýe bolýar. Gözegçilik puluň hümmetsizlenmeginiň, göterim derejeleriniň we salgytlaryň ýokarlanmak töwekgelçiliginiň bolýandygy sebäpli hem zerurdyr. Döwlet çykdajylarynyň ýokarlanmagy býujet serişdeleriniň peýdalanylmagynyň netijeliliginiň ep-esli derejede artdyrylmagynyň ýa-da salgytlaryň ýokarlanmagynyň hasabyna amala aşyrylyp bilner. Salgyt gelip gowuşmalarynyň ýokarlanmagy önümçiligiň giňemeginiň, önümçiligiň depginleriniň ýokarlanmagynyň hasabyna bolup geçýär. Şeýle ýagdaýda salgyt möçberlerini artdyrmak zerur däldir, sebäbi bu ýerde salgyt salynýan binýat öz-özünden ýokarlanýar. Çykdajylaryň ösüş depginleri girdejileriň ösüş depginlerinden geçmeli däl, bu gatnaşygyň berjaý edilmegi üçin bolsa döwlet gözegçiligi zerur bolup durýar. Şeýle syýasatyň amala aşyrylmagy üçin döwletde maýa goýumlarynyň merkezleşdirilen uzakmöhletli maksatnamalary hereket etmeli. Garaşsyz ülkämizde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlyk etmeginde şeýle maksatnamalaryň birnäçesi kabul edildi.

Dünýä tejribesinde keýnsiýançylygyň we monetarizmiň arassa görnüşde peýdalanylmagy örän seýrek bolup geçýär. Bu syýasatlaryň haýsy hem bolsa biriniň sap görnüşde peýdalanylmagy býujet ýetmezçiligine we puluň hümmetsizlenmegine getirip biler. Köp wezipeler döwletiň üstüne ýüklenýär, telekeçilik işine goşulmagyň berk we anyk çäkleriniň saklanylmagy üçin kanunçylyk binýadynyň kabul edilmegi talap edilýär.

Ykdysady ösüş syýasaty, adatça, pul ulgamyny milli walýutany dewalwasiýa etmek arkaly amala aşyrylmagy öz içine alýar. Bu bolsa, önümiň nyrhyny peseldýär, şonuň bilen birlikde bolsa, önüm öndürilmegi we ýerlenilmegi üçin harajatlar peseldilýär. Netijede, milli harytlaryň dünýä bazarlaryndaky bäsleşige ukyplylygy artýar.

Şol bir wagtyň özünde ilatyň anyk zähmet haklarynyň peselmegi sebäpli, içerki sarp ediş hem peselýär. Dewalwasiýa importyň gymmatlamagyna we eksportyň arzanlamagyna, daşarky berginiň möçberleriniň hem-de oňa tölenýän göterimleriniň artmagyna getirýär. Eger-de döwletiň milli puly erkin konwertirlenýän pul bolup durmaýan bolsa, eksporty höweslendirmek döwletiň daşarky bergisini azaltmak üçin zerur bolup durýar. Töleg balansynyň kadaly hereket etmegi üçin eksport hemişe importdan ýokary geçmeli, bu bolsa daşarky bergä hyzmat etmek boýunça çykdajylary ýapmalydyr. Ykdysadyýetiň içerki ýagdaýy üçin önümçilik we dolanyşyk harajatlarynyň, pul hümmetsizlenmeginiň azaldylmagy wajyp ähmiýete eýedir. Peýdanyň ýokarlanmagy maýa goýumlarynyň ösüşini üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Netijede, dewalwasiýa maýa toplamagyň sarp ediliş işi bilen deňeşdirilende ýokarlanmagyna getirýär.

Döwlet çykdajylarynyň azaldylmagynyň täsiri ýetmeýän ykdysadyýetiň hususy böleginde ep-esli möçberlerde maýa toplanan halatynda, dewalwasiýa restriktiw çäreler bilen bir wagtda amala aşyrylyp bilner.

Monetaristler bahanyň erkin emele gelmeginiň netijesinde hyrydarlyk we hödürlemeler sazlanýar hem-de durnuklylyk gazanylýar diýip nygtap geçýärler. Keýnsiýançylar, tersine, bahalar haýal-ýagal bolýar hem-de islegiň we teklibiň ýagdaýyna çalt jogap berip bilmeýär diýip netije çykarypdyrlar. Şonuň üçin hem bahalaryň üýtgemegi bazar konýunkturasy üçin çelgi bolup bilmez. Bu ýerde haryt-maddy gymmatlyklarynyň gorlary has möhüm ähmiýeti eýeleýär. Emma haçanda bahalar durnukly bolan ýagdaýynda, islegiň hem azalan halatynda onda önümçilik hem peselýär. Şunda gorlaryň ähmiýetli bölegi dolanyşyk serişdeleriniň immobilizasiýasyna hereketsizlige getirýär. Hyrydarlygyň artan halatynda önümçilik hem ýokarlanýar. Diňe hojalyk gatnaşyklarynyň netijeli ýola goýlan ýagdaýynda, harytlaryň we önümleriň ähli umumy ýetmezçiliginiň öňüni almak mümkindir.

Pul ulgamy çökgünlik ýagdaýyna düşende, natural alyş-çalyş emele gelýär. Pul dolanyşygynyň ýagdaýy näçe ýaramazlaşdygyça, şonça hem barter geleşikleri işjeňleşýär. Pula bolan ynamyň peselmeginiň netijesinde zähmet haklary adaty görnüşde tölenilýär. Bu maksatlar üçin kärhana tarapyndan öndürilýän ýa-da satyn alynýan

önüm hyzmat edýär. Barter kärhanalar üçin amatly bolýar, sebäbi ol her bir anyk ýagdaýda alyş-çalşy deňölçegli ýagdaýda amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Döwlet bu ýagdaýda salgytlary doly ýygnap bilmeýär.

Çökgünlik halatlarynda ykdysadyýetiň iň bir ýiti meseleleriniň biri bolup býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň usuly çykyş edýär. Býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň meselelerine öz ylmy işleri bilen amerikan alymy J.Tobin agramly goşant goşdy. Ol kärhanalardaky pul dolanyşygyny dolandyrmak we maýa goýumlarynyň häsiýeti köp babatda býujeti maliýeleşdirmegiň şertlerine täsir edýär diýip belläp geçdi. Täze maýa goýumlaryny banklaryň pes derejedäki göterimleri bilen höweslendirip bolýar. Oňa usullar bilen ýetilýär. Maýa goýum taslamasyna eýe bolmak bilen ony teklip edýän şereket maliýeleşdirilýän harajatlaryň düzümini we onuň özüni ödeýiş möhletini kesgitleýär. Şol bir wagtyň özünde hemişe maýany peýdalanmagyň alternatiw ýoly bolýar. Olaryň netijeliligini kesgitlemek üçin, adatça, göterim kadasyndan peýdalanmak bolýar. Bu bir ortaça ululykdyr, sebäbi maýany ýerleşdirmegiň köpsanly ugurlary bolýar. Maýa goýumlaryň göterimleriniň kadasynyň ýokary bolmagy amatly bolmaýar, sebäbi her ýyl alynýan girdejiler, adatça, göterimler boýunça girdejilerden pes bolýar. Bank göterimi näçe pes bolsa, paýnamalar bilen geçirilýän amallar hem amatly bolup durýar. Paýnamalaryň söwdasynyň janlanmagy, kärhanany maýa bilen üpjün etmäge oňyn şertler döredýär.

Paýnamalaryň çykarylmagy emission iş bolmak bilen, onuň işjeňligi pul dolanyşygynyň ýagdaýyna oňyn täsir edýär. Munuň tersine, uzakmöhletli ssudalara göterimleriň ýokary bolmagy, serişdeleri gysgamöhletli döwürlere çekmeklige itergi berýär (ýagny kärhanalaryň biri-birinden erkin pul serişdelerini çekmekligi).

Monetaristler bahalaryň derejesi bilen pul toplumynyň arasynda içgin arabaglanyşyk bolýar diýip hasaplaýarlar. Şonuň üçin, eger-de, býujet ýetmezçiligi pul serişdeleriniň goşmaça emissiýasynyň hasabyna maliýeleşdirilýän bolsa, bu pul we nyrhlaryň ýokarlanmagyna getirýär. Şu ýaramaz hadysanyň ýüze çykmagynyň öňüni almak üçin Merkezi bank pul toplumynyň ösüşini berk gözegçilikde saklamalydyr. Puldan başga hem dolanyşyga beýleki gymmatly kagyzlaryň,

ýagny obligasiýalaryň, paýnamalaryň, depozit sertifikatlarynyň, wekselleriň goýberilmegi bu işi amala aşyrmakda kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin hem tejribede banklar tarapyndan amala aşyrylýan çäreler köp halatlarda netijesiz bolýar.

Umumy pul toplumyna gözegçilik etmekden başga-da, töleg serişdeleriniň, şol sanda has geçginlileriniň kesgitli bir gurluşyny saklamak wajypdyr.

Edgreniň-Fakseniň-Odreniň modelleri gyzyklydyr. Onuň mazmuny bäsleşikden goralýan bazarlarda nyrhlaryň ösmeginiň örän ýokary bolýandygynda ýüze çykýar, sebäbi zähmet hakynyň ýokarlanmagy zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly bolmaýar. Bu ýerde zähmet hakynyň ýokarlanmagyny has ösýän nyrhlardan harytlary satyn almak bilen sarp ediji maliýeleşdirýär. Ýekemenligiň (monopolizm) derejesi näçe ýokary bolsa, puluň hümmetsizlenmek we önümiň özüne düşýän gymmatynyň ýokarlanmak töwekgelçiligi şonça hem artýar. Bahalaryň üýtgemegi bazaryň düzüminiň üýtgemegine getirýär, bu bolsa ýerlemek bilen baglanyşykly töwekgelçiligi ýokarlandyrýar. Senagat önümleriniň sarp edijileri özlerini çig mallar we materiallar bilen üpjün edijilerini örän seýrek ýagdaýda çalyşýarlar. Puluň hümmetsizlenmegi sarp ediş möçberiniň artmagyna getirýär. Ilat puluň hümmetsizlenmegini özüne getirip biljek zyýanyny azaltmak üçin harytlary ýa-da daşary ýurt puluny köp möçberde satyn alýar. Eger-de bahalaryň durnuklylygyny gazanmak başartmasa, onda bazary harytlar we hyzmatlar bilen doldurmak hem başartmaýar. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek örän möhümdir, sebäbi bu bahalaryň ýokarlanmagynyň esasy faktorlarynyň biri bolup durýar. Önüm öndürijiler bäsleşigi duýmalydyrlar, çünki ýokary bäsleşikli gurşaw ýekemenleriň (monopolistleriň) bahalaryň derejesine ýetirýän täsirini peseldýär.

Dünýäniň ösen döwletleri ykdysady ösüşiň maliýe konsepsiýasyny emele getirenlerinde monetar, şeýle hem keýnsiýançylyk ulgamlarynyň böleklerini peýdalanýarlar. Bu bolsa milli aýratynlyklaryna we ykdysadyýetiň ösüş derejesine baglylykda aralyk nazaryýetiň döremegine getirýär. Ykdysady netijelilik bilen durmuş adalatlylygy dinamiki deňagramlylyk ýagdaýynda saklanylýar. Ol önümçiligiň ösüş depginlerini we ilatyň derejesini kesgitleýär.

## 1.4. Maliýe syýasatynyň maksatlary we esasy wezipeleri

Maliýe syýasaty maksatlary kesgitlemek, maksatlara ýetmek üçin ýeterlik derejede serişdeler bilen üpjün etmek, şeýle hem kesgitlenen maksatlara ýetmek üçin anyk hereketleri amala aşyrmak ýaly tapgyrlardan ybaratdyr.

Döwletiň maliýe syýasatynyň baş maksady döwlet häkimiýetiniň ähli derejeleri üçin (merkezi we ýerli) bir bolmalydyr. Şeýle maksatlar hökmünde ilatyň ähli gatlaklarynyň bähbitleri hem-de her bir adamyň durmuş hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagy bolmalydyr.

Döwlet tarapyndan amala aşyrylýan maliýe syýasatynyň esasy maksatlarynyň biri döwlet maliýesini dolandyrmaklygy kämilleşdirmek bolup durýar. Bu babatda amala aşyrylýan işleriň iň esasylary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

- ähli derejelerdäki býujetleriň, şol sanda býujetden daşary gaznalaryň deňagramlylygyny saklamak;
- salgyt ulgamyny kämilleşdirmek;
- döwlet çykdajylarynyň netijeliligini gazanmak;
- maýa goýumy maliýeleşdirmesini giňeltmek;
- pul-karz we maliýe syýasatynyň bütewüligini üpjün etmek;
- milli walýutanyň hümmetini durnukly derejelerde saklamak;
- göterim derejelerini ykdysadyýetde ýüze çykýan anyk ýagdaýlara laýyklykda kesgitlemek.

Maliýe syýasatynyň esasy maksady bolup, jemgyýetiň ösüşiniň gündelik hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin zerur bolan maliýe serişdelerini toplamak bolup durýar. Şoňa laýyklykda, maliýe syýasaty telekeçilik işjeňliginiň ýokarlanmagy üçin amatly şertleri döretmelidir. Kärhanalaryň girdejileriniň bir bölegini döwletiň ygtyýaryna almagyň netijeli görnüşlerini kesgitlemeklige, şeýle hem maliýe serişdelerini döretmeklige ilatyň, işjeň gatnaşdyrylmagyna aýratyn üns berilýär.

Geljekde döwletiň maliýe syýasatynyň baş ugry milli ykdysadyýetde makroykdysady deňagramlylygy üpjün etmek, maliýe ulgamynyň durnuklylygyny saklamak arkaly hojalyk işine goşulyşýan ähli taraplar üçin gyradeň iş şertlerini döretmek bilen bagly bolar. Karzlaryň we pul dolanyşygynyň işini sazlaşdyrmak arkaly bazaryň düzümini hem şertlerini düzgünleşdirmek, harytlaryň we hyzmatlaryň

öndürilişiniň durnukly artmagy üçin hemmetaraplaýyn amatlyklary döretmek, bahalary bellemekde kesgitli ýörelgelerden ugur almak, ilatyň iş orunlary bilen üpjünçiligini artdyrmak, daşary-ykdysady gatnaşyklarynyň gerimini artdyrmak ýaly çäreler bu syýasy strategiýanyň barha rowaçlanmagyna getirer[1].

Döwletiň maliýe syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Maliýe serişdelerini peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak. Bu maliýe syýasatynyň ykdysady syýasata ýetirýän täsirini ýüze çykarmakda örän möhüm rol oýnaýar. Maliýe serişdeleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak işine baha bermegiň ölçegleriniň işlenip taýýarlanylmadyk halatynda serişdeleriň ýerliksiz sarp edilmegine getirýär;
2. Ykdysadyýetde düzümleýin özgertmeleri amala aşyrmak: ykdysadyýetde gaýtadan işleýän senagatyň paýyny artdyrmak, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, ýurdumyza import edilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň önümçiligini ýola goýmak we eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak;
3. Durmuş pudaklaryny ösdürmegiň esasynda ýurdumyzyň ilatynyň has oňaýly ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etmek.

Bulardan başga-da, maliýe syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde puluň hümmetsizlenmegini peseltmekligi (bu örän möhüm wezipeleriň biri bolup durýar, sebäbi puluň hümmetsizlenmegi, ilkinji nobatda, ilatyň durmuş hal-ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär) hem-de ykdysady siklleri sazlamaklygy (bu ýerde maliýe syýasatyny ykdysadyýetiň pese düşmegine garşy göreşmegiň esasy guraly hökmünde seredilýär) görkezmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan durmuş we ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylýan häzirki döwründe maliýe syýasatynyň öňünde goýýan baş maksady bu özgertmeleri diňe bir maddy taýdan üpjün etmek bolman, eýsem, ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçmeginde ýüze çykyp biljek kynçylyklary aradan aýyrmak bolup durýar.

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010., S. 94.

Maliýe syýasatynyň öňünde goýýan esasy wezipelerine şu aşakdakylary degişli etmek bolar:

– maliýe serişdeleriniň döremegi üçin mümkin bolan oňaýly şertleri döretmek;
– maliýe serişdelerini rejeli paýlamagyň we peýdalanmagyň mehanizmini kesgitlemek;
– ykdysady we durmuş proseslerini maliýe usullar arkaly düzgünleşdirmegi we höweslendirmegi guramak;
– maliýe mehanizminiň gurallaryny işläp düzmek we ony strategiýanyň üýtgäp duran maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda ösdürmek;
– maliýäni gündelik dolandyrmagyň netijeli ulgamyny döretmek.

## 1.5. Maliýe mehanizminiň bölekleri we maliýe syýasatynyň esasy gurallary

Maliýe syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak üçin maliýe mehanizmi peýdalanylýar.

Maliýe mehanizmi – bu toplamak, paýlamak we gaýtadan paýlamak boýunça maliýe gatnaşyklaryny gurnamaklyga ýardam berýän usullaryň, görnüşleriň, gurallaryň we ryçaglaryň jemidir.

Maliýe mehanizminiň gurluşy örän çylşyrymly bolýar. Onuň düzümine maliýe gatnaşyklarynyň dürli görnüşlerine laýyk gelýän köpsanly bölekler degişli bolýar. Hut maliýe gatnaşyklarynyň görnüşleriniň dürli bolmaklygy köpsanly görnüşleriň, usullaryň (maliýe mehanizminiň bölekleri) peýdalanylmagyna getirýär. Döwletiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji edaralary ykdysady kanunlaryň hereketleriniň, maliýäniň ösüşiniň kanunalaýyklygynyň döwletiň ykdysady we maliýe syýasatynyň esasy maksatlaryna laýyk gelşini içgin öwrenmek bilen jemgyýetçilik önümini hem-de milli girdejini paýlamaklygyň, pul toplamagyň görnüşlerini emele getirmekligiň esasy usullaryny kesgitleýär. Bulardan başga-da, olar döwlet gaznalaryna tölenmeli tölegleriň görnüşlerini we möçberlerini, döwletiň maliýe serişdelerini peýdalanmagyň esasy ugurlaryny hem belleýärler. Maliýäni has-da netijeli peýdalanmakda meýilleşdirmek we çaklamak, maliýe gatnaşyklaryny gurnamaklygyň

usullaryny kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň üsti bilen resmileşdirmek, maliýe gatnaşyklarynyň köpsanly görnüşleriniň we usullarynyň peýdalanylyşynyň dogrulygyna gözegçilik etmek hem möhüm orny eýeleýär.

Jemgyýetçilik hojalygynyň aýratyn bölekleriniň özboluşlylygyna laýyklykda, maliýe mehanizmi kärhanalaryň mehanizmine, ätiýaçlandyryş mehanizmine şeýle hem döwlet maliýesiniň hereket etmeginiň mehanizmine bölünýär. Öz gezeginde bu bölekleriň her biri aýratyn düzüm birliklerden ybaratdyr. Mysal üçin, döwlet maliýesiniň mehanizmi býujet we býujetden gaznalaryň hereket etmeginiň mehanizmine bölünýär. Maliýe mehanizmine onuň jemgyýetçilik önümçiligine ýetirýän täsiri nukdaýnazaryndan seredeniňde onuň wezipeleýin birlikleri hökmünde serişdeleri jemlemek, maliýeleşdirmek, höweslendirmek we başgalary görkezmek bolar.

Maliýe mehanizminiň her bir aýratyn bölegi bir bütewüligiň düzüm bölegi bolup durýar. Olar özara bagly we bir-birlerine garaşly bolýarlar. Şol bir wagtyň özünde hem bu bölekler otnositel özbaşdak hereket edýärler. Maliýe mehanizminiň wezipeleýin bölekleriň içki baglylygy onuň täsirliliginiň wajyp şerti bolup durýar.

Maliýe mehanizminiň bölekleri özleriniň çylşyrymlylyk derejesi we köpugurlylygy boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Mysal üçin, býujet mehanizmine salgytlaryň köp görnüşli ulgamynyň hem-de maliýeleşdirmekde serişdeleri peýdalanmagyň köpsanly ugurlarynyň we usullarynyň bolmaklygy mahsusdyr. Kärhanalarda we guramalarda pul toplamalarynyň aýratyn görnüşleriniň özara gatnaşyklary kesgitlenilýär, peýda paýlanylýar, gaznalar döredilýär hem-de peýdalanylýar.

Maliýe mehanizminiň elementleriniň utgaşdyrylmagy (görnüşleriniň, formalarynyň maliýe gatnaşyklaryny gurnamaklygyň usullarynyň) maliýe mehanizminiň konstruksiýasyny emele getirýär. Bu onuň her bir böleginiň san ölçeglerini kesgitlemek, göterim derejelerini, gaznalaryň möçberini, çykdajylaryň derejesini bellemek arkaly amala aşyrylýar. Mukdar häsiýetnamalary we olary kesgitlemegiň köpsanly usullary maliýe mehanizminiň iň bir ykjam bölegi bolup durýar. Olara jemgyýetiň öňünde duran wezipelere hem-de önümçiligiň şertlerine laýyklykda, ýygy-ýygydan üýtgetmeler girizilýär.

Döwletiň maliýe babatyndaky işi kesgitlenen kadalary berjaý etmek arkaly amala aşyrylýar. Maliýe babatynda hukuk kadalarynyň girizilmegi maliýe syýasatyny üstünlikli amala aşyrmaga we maliýe mehanizminiň dürs işlemegine ýardam edýär.

Döwlet maliýe gatnaşyklaryny gurnamagyň usullaryny kesgitlemek bilen, olary degişli namalarda berkidýär we kanunlary çykarýar. Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrligi, şeýle hem döwletiň maliýe syýasatyny amala aşyrýan beýleki döwlet dolandyryş edaralary hereket edýän kanunçylygyň, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň çykarýan namalarynyň esasynda öz ygtyýarlyklaryna degişli bolan düzgünnamalary we gözükdirijileri çykarýar.

Hukuk kadalarynyň girizilmegi maliýe gatnaşyklaryny gurnamagyň bütewi düzgünlerini kesgitlemäge hem-de jemgyýetiň, kärhananyň zähmet köpçüliginiň we aýratyn adamlaryň ykdysady bähbitlerini goramaga mümkinçilik berýär. Hukuk kadalarynyň berjaý edilmegi maliýe babatynda bir bütewi syýasaty amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, hukuk maliýe syýasatyny resmileşdirmegiň we amala aşyrmagyň esasy guraly bolmak bilen, ykdysady ösüşe öz işjeň täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzda durmuş-ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylýan häzirki döwründe kanun çykaryjylyk wezipelerini öz wagtynda çözmek örän wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Ýurtda hereket edýän kanunçylygyň jemgyýetçilik durmuşynyň talaplaryna laýyk gelmezligi jemgyýetiň ösüşinde bökdençlikleri döredip biler. Hukuk düzgünleşdirmesindäki çaprazlyklar ykdysadyýete we durmuş ulgamyna ýaramaz täsir edýär. Maliýe mehanizmini döretmek bilen döwlet, onuň belli döwür aralygyndaky döwletiň maliýe syýasatyna doly gabat gelmegini gazanmaklyga çalyşýar. Bu bolsa döwletiň öňünde goýýan esasy wezipelerine we maksatlaryna ýetmegiň girewi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde maliýe mehanizmini we onuň aýratyn bölekleriniň şahsyýetleriň bähbitlerine laýyk gelmegini hem üpjün etmek örän wajyp bolup durýar.

Maliýe mehanizmi bu maliýe syýasatynyň iň dinamiki bölegi bolup, köpsanly taktiki maksatlara laýyklykda, maliýe mehanizminde üýtgemeler bolup geçýär. Şonuň üçin hem ol jemgyýetiň gündelik durmuş-ykdysady ýagdaýynda özgerdilip bilner.

Maliýe mehanizminiň iki görnüşini tapawutlandyrýarlar: direktiw we düzgünleşdiriji.

Direktiw görnüş döwletiň gatnaşýan maliýe gatnaşyklarynyň ählisini jikme-jik işläp düzmekligi göz öňünde tutýar: salgytlar, döwlet karzy, býujet çykdajylary, býujet maliýeleşdirmesi, býujet gurluşyny we býujet işini gurnamaklygy, maliýe meýilleşdirmesi. Ol maliýe gatnaşyklarynyň subýektleriniň ählisi üçin hereket etmegiň kesgitlenen görnüşleriniň, formalarynyň we usullarynyň hökmanydygyny beýan edýär. Käbir halatlarda, direktiw maliýe syýasaty döwletiň gönümel gatnaşmaýan, emma, maliýe syýasatynyň amala aşyrylmagynda uly ähmiýeti bolan gatnaşyklara hem ýaýraýar (mysal üçin, korporatiw gymmatly kagyzlaryň bazary).

Maliýe syýasatynyň düzgünleşdirilýän görnüşi döwletiň bähbitlerine göni täsir ýetirilmeýän maliýe gatnaşyklary babatynda ulanylýar. Bu salgytlary we beýleki hökmany tölegleri tölenenden soň maliýe serişdelerini peýdalanmagyň esasy düzgünlerini kesgitlemekligi göz öňünde tutýar. Kärhanalar pul gaznalarynyň görnüşlerini we formalaryny hem-de olary peýdalanmagyň ugurlaryny özbaşdak kesgitleýärler.

## 1.6. Maliýe syýasatynyň netijeliligi

Döwletiň maliýe syýasatynyň netijeliligi öňde goýlan maksatlara we wezipelere ýetilişiň derejesi bilen kesgitlenýär.

Öz-özünden mälim bolşy ýaly, maliýe syýasaty oňat ýa-da ýaramaz bolup bilmez. Onuň näderejede jemgyýetiň (ýa-da onuň bir böleginiň) bähbitlerine laýyk gelýändigi we öňde goýlan maksatlara ýetmäge täsir edýändigi wajyp sorag bolup durýar.

Ýurtda alnyp barylýan maliýe syýasatynyň netijeliligine baha bermek üçin, ilkinji nobatda, jemgyýetiň ýa-da onuň bellibir böleginiň ösüşiniň maksatnamasy bolmaly. Bu maksatnamada kesgitli möhletleri bolan has ýakyn döwür üçin göz öňünde tutulan işler we olary ýerine ýetirmegiň usullarynyň görkezilmegi hökmandyr. Diňe şeýle halatlarda maliýe syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak we netijeliligine baha bermek mümkindir.

Maliýe syýasaty jemgyýetçilik ösüşiniň zerurlyklaryna ýokary derejede jogap berýän hem-de jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň, to-

parlarynyň bähbitlerini, anyk taryhy şertleri we durmuşyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan bolsa, şeýle maliýe syýasat netijelidir. Ýurtda alnyp barylýan maliýe syýasatynyň şowly bolmaklygy jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň hem-de döwletiň bähbitlerini ylalaşdyrmagyň netijeli mehanizmini işläp düzmeklige bagly bolýar.

Köplenç halatlarda, maliýe syýasaty gysga döwür aralygynda anyk netije berýär. Býujet böleginde maliýe syýasatynyň netijeliligine öňi bilen alnan girdejileriň möçberleri, hojalyk toplumlaryny, ykdysadyýetiň böleklerini maliýeleşdirmegiň ugurlary we möçberi bilen kesgitlemek mümkindir. Hasaplaşyk hasaplaryndaky serişdeleriň galyndylaryň ýokarlanmagy ýa-da peselmegi, gysga we uzakmöhletli bank karzlary boýunça ssuda borçnamalarynyň galyndylarynyň üýtgemegi, harytlaryň dolanyşygyny üpjün edýän pul toplumynyň özgermegi pul karz ugrunda maliýe syýasatynyň netijeliligini häsiýetlendirýär.

Alnyp barylýan maliýe syýasatynyň netijeliligini kesgitlemek dünýä möçberinde öwrenilmäge degişli bolan iri möçberli ylmy we tejribeçilik mesele bolup durýar. Häzirlikçe, ýurtda alnyp barylýan maliýe syýasatynyň netijeliligine doly we anyk baha bermäge mümkinçilik berýän maliýe ölçegleri işlenip düzülmedi. Işlenip taýýarlanan maliýe çäreler ykdysadyýetiň, önümçiligiň we haryt dolanyşygynyň ýagdaýlaryndan gelip çykýar. Şeýlelikde, maliýe syýasatynyň netijeliligi öňi bilen hojalyk üçin serişdeleriň aňsatlyk bilen toplanyşynyň we olaryň harçlanyşynyň netijeliligine bagly bolup durýar.

Döwlet tarapyndan alnyp barylýan maliýe syýasatynyň wajyp görkezijileriniň biri hökmünde ykdysady ösüşi görkezmek bolar. Ykdysadyýetiň ýagdaýy alnyp barylýan maliýe syýasatynyň netijeliliginiň esasynda duran düýpli ýörelgeleriň biri hökmünde çykyş edýär. Onuň obýektiw kanunalaýyk häsiýeti özgertmeler geçirilýän döwürde doly hasabyň alnyp barylmagyny talap edýär.

## 1.7. Maliýe strategiýasy we taktikasy

Döwletiň maliýäni dolandyrmak babatynda alyp barýan ähli işi kesgitli bir strategik we taktiki maksatlara ýetmeklige gönükdirilýär.

3. Sargyt № 1335

Çözülýän meseleleriň möhletiniň dowamlylygyna we häsiýetine baglylykda, döwletiň maliýe syýasaty maliýe strategiýasyna we maliýe taktikasyna bölünýär. Maliýe strategiýasy öz içine giň göwrümli maksatnamalary, şeýle hem durmuşa geçirilmegi elmydama uzakmöhletlilik häsiýete eýe bolan, tutuş jemgyýetiň ösüşine täsir edýän maliýe syýasatynyň wezipelerini alýar.

Maliýe strategiýa bu geljekde ýüze çykyp biljek we döwletiň durmuş-ykdysady strategiýasy tarapyndan kesgitlenen iri möçberli işleri öz içine alýan maliýe syýasatynyň görnüşidir. Onuň işlenip düzülýän döwründe maliýäniň ösüşiniň esasy meýilleri çaklanylýar, olary peýdalanmagyň konsepsiýalary düzülýär, maliýe gatnaşyklaryny gurnamagyň esasy ýörelgeleri bellenilýär. Maliýe syýasatynda uzakmöhletli maksatlaryň saýlanmagy we maksatlaýyn meýilnamalaryň düzülmegi, maliýe serişdelerini durmuş, ykdysady ösüşiň esasy ugurlaryna gönükdirmek üçin zerur bolup durýar.

Döwletiň maliýe strategiýasy, köplenç halatda, ýaşyryn häsiýete eýe bolmak bilen öz içine diňe bir döwlet maliýesini dolandyrmagyň düýpli meselelerini alman, eýsem, hojalygy ýörediji subýektleriň maliýesiniň meselelerini hem gurşap alýar. Uzakmöhletleýin maliýe strategiýasy öňi bilen döwletiň saýlap alan syýasy ýoly bilen kesgitlenilýär.

Döwletiň uzakmöhletleýin maliýe strategiýasynyň esasy meseleleri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

– maliýe-karz dolandyryş edaralarynyň ulgamy;
– ýurduň býujet ulgamy we býujet gurluşy;
– ýurduň karz ulgamy;
– täze döredilen gymmadyň paýlanylmagynyň möçberlerini;
– milli puluň hümmetiniň berkidilmegi;
– milli walýuta we altyn-walýuta ätiýaçlyklar babatyndaky syýasaty.

Maliýe strategiýasy geljekde ýurtda puluň paýlanylyşynyň ykdysady binýadyny döretmekligi maksat edinýär. Mundan başga-da, maliýe syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde milli ykdysadyýetiň

sagdynlaşdyrylmagyny, jemi içerki önümiň depginli ösdürilmegini we milli harytlaryň bäsleşige ukyplylygyň artdyrylmagyny görkezmek bolar. Bu maksatlara bolsa, býujet ýetmezçiligini we puluň hümmetsizlenmegini peseltmek arkaly ýetilýär.

Maliýe taktikasy – bu döwletiň ösüşiniň anyk tapgyrynda maliýe gatnaşyklaryny guramagyň usullaryny dessine üýtgetmek arkaly amala aşyrylýan maliýe syýasatynyň görnüşidir.

Döwletiň maliýe syýasatynyň gysgamöhletli görnüşi bolan maliýe taktikasy, öňi bilen merkezleşdirilen maliýäniň deňagramlylygyny üpjün etmeklige gönükdirilendir.

Maliýe syýasaty şu aşakdakylaryň üsti bilen amala aşyrylýar:

- ozal maliýe strategiýasy tarapyndan kesgitlenen çözgütleri býujet meýilleşdirmesiniň üsti bilen ýerine ýetirmek;
- býujet ulgamyndaky we beýleki merkezleşdirilen pul gaznalaryndaky maliýe serişdelerini kesgitlenen ölçegler esasynda bahalandyrmak, dolandyrmak;
- çykdajylaryň meýilnamasynyň doly peýdalanylmadyk böleginiň hasabyna goşmaça maliýe serişdelerini ýüze çykarmak;
- döwlet karzyny dolandyrmak boýunça işleri durmuşa geçirmek;
- milli pul birliginiň daşary ýurtlaryň pullaryna bolan hümmetini durnukly derejede saklamak.

Maliýe syýasatynyň strategiýasy we taktikasy özara baglydyr. Strategiýa taktiki wezipeleri çözmek üçin amatly şertleri döredýär. Taktika öz gezeginde maliýe gatnaşyklarynyň usulyny olary gurnamagyň görnüşlerini öz wagtynda üýtgetmek arkaly maliýe strategiýasynda bellenen wezipeleri has gysga möhletlerde we az harajatlar bilen  çözmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň esasy maliýe strategiýasy hökmünde «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyny» görkezmek bolar.

Maliýe taktikasy ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, jemgyýetiň ösüşiniň anyk tapgyrynda ýüze çykýan meseleleri çözmäge gönük-

dirilýär. Ol, ilkinji nobatda, özüniň çeýeligi we depginliligi bilen tapawutlanýar. Adatça, maliýe taktikasynyň çözýän wezipesi uzak bolmadyk döwür bilen çäklenýär. Muňa ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasy bolup duran döwlet býujetini mysal hökmünde getirip bolar.

## 1-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Maliýe syýasatynyň mazmuny we onuň öz içine alýan bölekleri haýsylar?
2. Döwletiň maliýe syýasatynyň esasy ugurlary haýsylardan ybarat?
3. Maliýe syýasatynyň görnüşleri we ony amala aşyrmagyň mehanizmi nähili kesgitlenilýär.
4. Maliýe syýasatynyň dünýä konsepsiýalary haýsylar?
5. Ykdysadyýetde düzümleýin özgertmeleri amala aşyrmak diýip nämä düşünilýär?
6. Maliýe syýasatynyň öňünde goýýan esasy wezipeleri we olaryň ýurdumyzyň häzirki döwürdäki ykdysady strategiýasy bilen arabaglanyşygy nähili ýüze çykarylýar?
7. Maliýe mehanizminiň bölekleri haýsylar?
8. Maliýe syýasatynyň esasy gurallary nämelerden ybarat?
9. Maliýe mehanizmi diýlip nämä düşünilýär?
10. Direktiw maliýe mehanizmi näme?
11. Düzgünleşdiriji maliýe mehanizmi näme?
12. Maliýe syýasatynyň netijeliligi diýlip nämä düşünilýär? Maliýe strategiýasy diýlip nämä düşünilýär?
13. Maliýe taktikasy diýlip nämä düşünilýär?

# II bap DÖWLETIŇ BÝUJET SYÝASATY

## 2.1. Döwletiň býujet syýasatynyň manysy we wezipeleri

Döwletiň býujet syýasaty döwletiň maliýe syýasatynyň esasy düzüm bölegi bolup durýar.

Ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň derejesi, döwletiň maýa goýum mümkinçilikleri we telekeçilik işjeňligi döwlet býujetiniň hiline hem-de oňa girizilen ölçeglere bagly bolup durýar.

Döwletiň býujet syýasaty – bu döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmäge zerur bolan pul serişdeleri bilen üpjün etmek üçin býujet gatnaşyklaryny gurnamak çygryndaky çäreleriň jemidir.

Mundan başga-da, býujet syýasatyna şeýle kesgitleme bermek bolar: býujet syýasaty – bu býujetiň girdejilerini we çykdajylarynyň esasy wezipelerini hem-de san ölçeglerini emele getirmek boýunça döwletiň maksada okgunly işidir.

- Döwletiň býujet syýasatynyň netijeliligini häsiýetlendirýän esasy ölçegler hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:
- býujet girdejileriniň ýygnalyş derejesi;
- býujet ýetmezçiliginiň derejesi we döwlet bergisiniň ösüş depginleri;
- býujet ýetmezçiliginiň monetizasiýasynyň derejesi;
- býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmekde peýdalanylýan walýuta ätiýaçlyklarynyň derejesi;
- jemi içerki önümiň ösüş depginleri;
- býujet barada kanunçylygyň berjaý edilişiniň derejesi.

Şeýlelikde, býujet syýasatynyň esasy maksady bolup, umumy döwlet hajatlary üçin zerur bolan merkezleşdirilen pul gaznalaryny döretmek we peýdalanmak çykyş edýär. Bu pul serişdeleriniň merkezleşdirilen gaznasy döwlet býujeti diýen ada eýe boldy.

Döwlet býujeti döwlet maliýesiniň düzüm bölegi hökmünde çykyş edýär. Şoňa laýyklykda hem «maliýe» atly ykdysady kategoriýada bar bolan häsiýetli alamatlar döwlet býujetinde hem bardyr. Emma, şeýle hem bolsa döwlet býujetine özboluşly häsiýetli alamatlara eýe bolan özbaşdak ykdysady kategoriýa hökmünde seretmeli.

Birinjiden, döwlet býujeti bu bütin jemgyýetiň we onuň aýrybaşga toparlarynyň hajatlaryny kanagatlandyrmak maksady bilen döwletiň elinde jemlenýän milli girdejini gaýtadan paýlamagyň aýratyn bir görnüşidir.

Ikinjiden, döwlet býujetiniň üsti bilen milli girdejiniň (milli baýlygyň) ykdysadyýetiň pudaklarynyň, dolandyryş çäk-birlikleriniň, jemgyýetiň dürli durmuş gatlaklarynyň arasynda paýlanmagy bolup geçýär.

Döwlet gurluşly unitar häsiýetli bolan beýleki döwletleriň aglaba köpüsinde bolşy ýaly, Türkmenistanyň hem býujet gurluşy iki basgançakdan, ýagny merkezi we ýerli býujetlerden ybarat bolup durýar.

Türkmenistanyň býujet syýasaty ýurduň kanunçylygyna pugta eýermek esasynda amala aşyrylýar. Döwletimiziň býujet syýasatynyň hukuk esasy hökmünde 2014-nji ýylda kabul edilen «Býujet Kodeksi», Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda her ýylda kabul edilýän kanunlar, býujet babatynda gatnaşyklary düzgünleşdirýän Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk namalary we beýlekiler çykyş edýärler.

Býujeti meýilnamalaşdyrmak durmuş-ykdysady ösüşiň çaklamalaryna we ýurt derejesinde hem-de sebitleriň derejesindäki degişli strategik meýilnamalara laýyk gelýän maksatlaryň, wezipeleriň esasynda amala aşyrylar.

Býujet serişdeleri ýurduň ykdysady we durmuş ösüşiniň Milli strategiýalary, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň strategik meýilnamalarynda kesgitlenen maksatlar, wezipeler, netije görkezijileri bilen özara baglanyşykly çykdajylary kesgitleýän býujet maksatnamalary boýunça paýlanylýar.

Býujeti merkezleşdirmekden aýyrmak maksady bilen, býujetara gatnaşyklaryň netijeli ulgamy dörediler. Býujetara gatnaşyklar döwlet dolandyryş derejeleriniň arasynda wezipeleriň paýlanylyşy-

na laýyklykda gurlup, girdejileri, çykdajylary býujetleriň ähli derejeleriniň arasynda paýlamagyň ýeke-täk ýörelgelerine esaslanar we ýeke-täk aýdyň usullar bilen düzgünleşdiriler.

Edilýän çykdajylaryň netijeliligine baha bermek üçin, býujet serişdeleriniň peýdalanylyşyna gözegçilik edilýär.

Alnyp barylýan býujet syýasatynyň durnuklylygyny häsiýetlendirýän görkezijileriň biri hökmünde býujet ýetmezçiliginiň ululygy we döwlet bergisiniň derejesi çykyş edýär.

Türkmenistanda býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin, çeşmeler hökmünde şu aşakdakylar çykyş edip biler:

- döwletiň içerki we daşarky nesýeleriniň serişdeleri;
- býujet serişdeleriniň depozitlerden gaýtarylmagy, gymmatly kagyzlaryň satylmagynyň netijesinde gelip gowşan serişdeler;
- Türkmenistanyň Býujet kodeksinde kesgitlenilen şertleriň berjaý edilmegi bilen, býujet serişdeleriniň erkin galyndylary;
- Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasyndan transfertler.

Türkmenistanda Döwlet býujetiniň ýetmezçiligine diňe merkezleşdirilen býujetde ýol berilýär[1]. Türkmenistanyň ýerli býujetlerinde döräp biljek ýetmezçilikler merkezleşdirilen býujetden bölünip berilýän dotasiýalaryň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini ýapmagyň, şeýle hem býujet serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýan iri möçberli taslamalary maliýeleşdirmegiň iň bir netijeli gurallarynyň biri hökmünde döwlet bergisi çykyş edýär.

Türkmenistanyň döwlet bergisi döwletiň içerki we daşarky bergisinden ybarat bolup durýar.

Türkmenistanyň döwlet içerki bergisi – döwlet bergisiniň içerki döwlet karzlary boýunça bergiden hem-de Türkmenistanyň dahyllylarynyň-karz berijileriniň öňündäki Türkmenistanyň beýleki bergi-borçnamalaryndan durýan bölegidir.

Türkmenistanyň döwlet daşarky bergisi – döwlet bergisiniň daşarky döwlet karzlary boýunça bergiden hem-de Türkmenistanyň dahylsyzlarynyň-karz berijileriniň öňündäki Türkmenistanyň beýleki bergi-borçnamalaryndan durýan bölegidir.

[1] Türkmenistanyň Býujet kodeksi. 20-nji madda, 3-nji bölek. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

## 2.2. Býujet ykdysady we hukuk kategoriýasy hökmünde býujetiň jemgyýetçilik wezipeleri

Döwletiň býujet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde merkezleşdirilen pul gaznalaryny, ýagny döwlet býujetini döretmek we peýdalanmak bolup durýar.

Býujet maliýe serişdeleriniň jemlenmegine we döwletiň esasy wezipelerini ýerine ýetirmek üçin peýdalanmaga hyzmat edýär. Şeýlelikde, býujet jemgyýetiň bähbitlerini nazarda tutmak bilen jemi içerki önümi gaýtadan paýlamak boýunça alnyp barylýan býujet syýasatynyň esasy guraly hökmünde çykyş edýär.

Döwlet býujeti düşünjesine kesgitleme bermek jedelli soraglaryň biri bolmagynda galýar. Nazaryýetde, şeýle hem tejribede bu adalga kesgitleme bermek babatynda dürli çemeleşmeler bardyr.

Býujet diýlip, býujet gaznasyny emele getirmek we peýdalan_mak işinde ýüze çykýan imperatiw pul gatnaşyklar ulgamyna düşünilýär. Şol bir wagtyň özünde býujet gaznasy merkezleşdirilen pul gaznasy bolmak bilen, döwlet tarapyndan toplanýar hem-de kesgitli bir döwlet hajatlaryny – milli howpsuzlygy we goranmagy, ykdysadyýetiň pudaklaryny, ilaty durmuş taýdan goramagy, bilimi, saglygy goraýşy maliýeleşdirmek maksady bilen peýdalanylýar.

Türkmenistanyň Býujet kodeksinde býujet adalgasyna şeýle kesgitleme berilýär. Býujet – döwlet wezipelerini we işlerini maliýe taýdan üpjün etmek üçin niýetlenen pul serişdeleriniň emele getirilmeginiň we harajat edilmeginiň görnüşi[1].

Şeýle hem, Türkmenistanyň Býujet kodeksinde «Döwlet býujet» adalgasy şeýle mazmunda beýan edilýär. Türkmenistanyň Döwlet býujeti döwletiň meýilnama döwri üçin maliýe meýilnamasy bolup durýar, onda gelip gowuşmaly girdejileriň we döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini üpjün edýän çykdajylaryň maliýeleşdirilmeli möçberleri, maýa goýum we innowasion işiň maliýeleşdirilişi kesgitlenýär[2].

---

[1] Türkmenistanyň Býujet kodeksi. 1-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 1-nji bendi.
[2] Türkmenistanyň Býujet kodeksi. 8-nji maddasynyň 1-nji bölegi.

Býujet sözi agzalanda, onda döwletiň elindäki pul gaznasyna, şeýle hem ony emele getirmegiň we peýdalanmagyň tertibini kesgitleýän resminama düşünilýär.

Kesgitli bir döwür üçin merkezi we ýerli derejede döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýazgysyny kanunçylyk tertipde kesgitleýän resminama býujet meýilnamasy diýilýär. «Býujet gaznasy» diýlip atlandyrylýan pul serişdeleriniň merkezleşdirilen gaznasynyň emele getirilmegi we harçlanmagy býujet meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegi bolup durýar.

Býujet meýilnamasy ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan düzülýär, kanun çykaryjylar tarapyndan seredilýär we tassyklanylýar hem-de şondan kanunyň güýjüne eýe bolýar. Býujet hakynda kanun döwletiň esasy maliýe resminamasy bolup durýar. Ol kesgitli bir döwür üçin düzülýär we býujet döwri diýlip atlandyrylýar. Adatça, býujet döwri senenama ýylyna deň bolýar. Türkmenistanda maliýe ýyly senenama ýylyna deňdir (1-nji ýanwardan 31-nji dekabra çenli). ABŞ-da bolsa ol 1-nji oktýabrdan 30-njy sentýabra çenli dowam edýär.

Býujet bir wagtyň özünde hem hukuk hem-de ykdysady kategoriýa bolup durýar. Häzirki zaman şertlerde býujet ykdysadyýeti düzgünleşdirmekde, onuň durnukly ösüşini gazanmakda döwletiň elindäki esasy gural hökmünde hyzmat  edýär. Durmuş we ykdysady ulgamyň islendik ugrunda döwlet syýasatyny amala aşyrmak işi serişde üpjünçiligini talap edýär. Hut şonuň üçin býujet islendik döwlet üçin öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmeklik üçin obýektiw zerurlyk bolup durýar. Onuň aýratyn bölekleri mysal üçin, göni we gytaklaýyn salgytlar, nesýeler, döwlet dolandyryşyna goranmaga we beýlekilere çykdajylar adamzat taryhynyň dürli jemgyýetçilik formasiýalaryndan häzirki günlerimize çenli hereket edip gelýär.

Býujetiň üsti bilen döwlet jemi içerki önümi dürli pudaklaryň, ýurduň sebitleriniň, şeýle hem ykdysadyýetiň aýry-aýry subýektleriniň arasynda gaýtadan paýlamaklygy amala aşyrýar. Bu ýerde gaýtadan paýlamaklygyň maksatlary dürli-dürli bolýar. Olara aýratyn ähmiýet berilýän ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmek, onuň yzagalak we pes düşewüntli ýöne durmuş taýdan ähmiýetli böleklerine goldaw bermek, milli howpsuzlygy üpjün etmek, ýurduň aýry-aýry sebitleri-

niň durmuş-ykdysady şertlerini deňleşdirmek, ilatyň girdejileriniň arasyndaky aratapawudy peseltmek we başgalar degişlidir.

Býujetiň ýurduň ykdysady ösüşini düzgünleşdirmekdäki ýerine ýetirýän wezipeleri çylşyrymlydyr. Mysal üçin, salgyt salmak ulgamynyň üsti bilen ilatyň we guramalaryň girdejileriniň bir bölegine döwlet býujetine alynmagy bellibir derejede ýurtdaky ykdysady işjeňligiň derejesine täsir edýär. Emma, şol bir wagtyň özünde býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine mümkinçilikler artýar. Ýurduň durmuş-ykdysady taýdan has ýaramaz ýagdaýy bolan sebitlerine has baý sebitleriň serişdeleriniň merkezden gaýtadan paýlanmagy, bu baý sebitleriň nukdaýnazaryndan adalatsyz hasaplanylýar. Şeýlelikde, döwlet býujeti düzülende, jemgyýetiň dürli böleklerine bähbitlerini göz öňünde tutmak örän wajyp mesele bolup durýar.

Býujet ykdysady gatnaşyklarynyň ulgamy bolmak bilen iki sany özara baglanyşykly düzüm birliklere eýedir. Bu dürli çeşmeleriň hasabyna býujet gaznasyny emele getirmek we býujet çykdajylary peýdalanmak boýunça gatnaşyklardyr. Deslapky ýyldaky býujetiň girdejileri we çykdajylary býujet meýilnamasynyň esasy mazmuny görkezýär, ol döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Býujet girdejileri salgytlaryň, şeýle hem salgyt däl girdejiler (döwlet eýeçiligini satmakdan we peýdalanmakdan alynýan girdejiler, karzlaryň hasabyna emele getirilýän girdejiler we başgalar) diýlip atlandyrylýan beýleki gelip gowuşmalaryň hasabyna emele gelýär. Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň gurluşy hemişelik däldir. Ol ýurduň ösüşiniň anyk şertlerine, durmuş-ykdysady ýagdaýyna, şeýle hem döwlet syýasatynyň ugurlaryna laýyklykda üýtgedilip bilner. Mysal üçin, salgyt girdejiler ykdysady işjeňligiň ösmegi netijesinde artýar, döwlet eýeçiliginden alynýan girdejiler bolsa, hususylaşdyrmak işiniň depginleri artan ýagdaýynda ýokarlanýar.

Býujet çykdajylarynyň esasy maksady hökmünde döwletiň öz ykdysady wezipelerini (serişdeleri paýlamak, gaýtadan paýlamak we durnuklaşdyrmak) ýerine ýetiren ýagdaýynda onuň işini maliýe taýdan üpjün etmek bolup durýar. Býujet çykdajylary, ilkinji nobatda, maddy däl nygmatlary döredýän döwlet dolandyryş edaralarynyň

(goranmak, howpsuzlyk, jemgyýetçilik düzgün-tertip, bilim, ylym, saglygy goraýyş, medeniýet we başgalar) işini maliýeleşdirmeklige, şeýle hem döwlet eýeçiligindäki kärhanalara goldaw bermeklige gönükdirilýär.

Býujet ýurduň durmuş-ykdysady ýagdaýyna diňe bir göni täsir etmän, eýsem, gytaklaýyn hem täsir edýär.

Göni täsir etmek – bu ykdysadyýetde serişde paýlanyşyny üýtgetmekdir. Ol salgyt salmagyň we býujet çykdajylarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Gytaklaýyn täsir etme netijesi býujet resminamalarynda beýan edilen ýurduň ösüşiniň esasy çaklama görkezijileriniň (JIÖ, puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi, milli pul birliginiň hümmeti we başgalar), döwletiň maliýe syýasatynyň esasy ähmiýet berilýän ugurlarynyň we beýlekileriň öz hojalyk işini meýilleşdirenlerde bazaryň beýleki subýektleri tarapyndan göz öňünde tutulýandygynda ýüze çykýar.

Býujet syýasatynyň ýurduň bütin ykdysadyýetine, şeýle hem onuň aýratyn böleklerine ýetirýän täsiri diýseň uludyr, sebäbi ol ilatyň dürli gatlaklarynyň, hojalygy ýörediji subýektleriniň we döwlet dolandyryş edaralarynyň bähbitlerine degip geçýär. Hut şonuň üçin hem býujetiň meýilleşdirmesi we tassyklanmasy amala aşyrylanda, dürli toparlaryň bähbitleriniň arasynda bäsleşik ýüze çykýar. Býujet hakynda kanunlar ara alnyp maslahatlaşylanda bu diňe hünärmenleriň däl-de ilatyň giň köpçüliginiň hem gyzyklanmasyny döredýär. Jemi içerki önümiň býujetiň üsti bilen paýlanylýan böleginiň artmagy döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmekdäki wezipesiniň ýokarlanýandygyndan habar berýär. Tersine, onuň peselmegi liberal (erkin) ykdysady syýasatyň alnyp barylýandygynyň görkezijisi bolup çykyş edýär. Uzak möhletlerde bu agzalyp geçilen görnüşleriň arasyndan biriniň saýlanyp alynmagy  döwletiň saýlap alan durmuş-ykdysady strategiýasyna bagly bolup durýar.

Maliýe serişdelerini döwletiň elinde jemlemek we ony döwlet maksatnamalaryny maliýeleşdirmekde peýdalanmak býujetiň esasy wezipesini häsiýetlendirýär. Emma, şu wajyp wezipe bilen bir hatarda býujet başga hem dürli häsiýetli wezipeleri ýerine ýetirýär. Olaryň hatarynda indikileri görkezmek bolar:

1. **Gözegçilik wezipesi.** Býujet döwlet dolandyryş edaralarynyň işine gözegçilik etmeklige mümkinçilik berýär. Ol dürli görnüşlerde amala aşyrylyp bilner: ýagny ýöriteleşdirilen edaralaryň üsti bilen (mysal üçin, Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasy, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi) şeýle hem ýokary guramalar tarapyndan. Käbir Günbatar döwletlerinde jemgyýetçilik gözegçiligine hem aýratyn ähmiýet berilýär;
2. **Maglumat üpjünçilik wezipesi.** Býujet – bu ýurduň ykdysadyýetiniň durmuş ulgamynyň we syýasy ýagdaýynyň esasy görkezijisi. Býujetiň girdejiler we çykdajylar bölegi döwlet syýasatynyň esasy ähmiýet berilýän ugurlaryna, oňa jemgyýetiň aýry-aýry toparlarynyň ýetirýän täsirlerine baha bermäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem býujet geljek ýyl üçin düzülýän meýilnamalaýyn resminama bolup durýandygy bilen baglylykda, ol geljekki ykdysady ýagdaýyň çaklamasy hökmünde çykyş edýär. Onuň işlenip düzülmegi ýurduň ösüşiniň çaklama görkezijilerini hasaplamak bilen baglanyşykly bolup durýar. Bu görkezijilerden bolsa, diňe bir döwlet edaralary ugur alman, eýsem, ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegi bolan raýatlar hem ugur alýarlar;
3. **Jemgyýetçilik isleginiň institusionallaşmagy.** Dünýä döwletleriniň aglaba köpüsinde, şol sanda Türkmenistanda hem býujete ýurduň parlamentinde seredilip geçilýär. Şu tapgyrda saýlawçylarynyň bähbitlerine wekilçilik edýän parlamentiň deputatlarynyň tekliplerini nazarda tutup, hökümet tarapyndan düzülen býujete degişli üýtgetmeler girizilýär. Şeýlelikde, býujetiň gurluşy döwlet syýasaty babatynda jemgyýetçilik isleglerini häsiýetlendirýär diýlip netije çykarmak bolar. Wekilçilik demokratiýasynyň guralynyň üsti bilen jemgyýetçilik islegleri anyk girdeji we çykdajy maddalarynda durmuşa geçýär.
4. **Düzgünleşdiriji wezipesi.** Bazar ykdysady şertlerinde döwlet düzgünleşdirmesiniň esasy guraly hökmünde maliýe ulgamy çykyş edýär. Maliýe ulgamynyň iň esasy elementi bolup býujet

çykyş edýär. Ykdysady syýasaty durmuşa geçirmek babatynda kabul edilýän islendik ähmiýetli çözgüt maliýe üpjünçiligini talap edýär.

Saglygy goraýşa, bilimi, durmuş üpjünçiligine çykdajylary amala aşyrmak bilen döwlet durmuş ösüşine we ilatyň ýaşaýyş derejesine täsir edýär.  Ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryna goldaw bermek maksady bilen edilýän döwlet çykdajylary bazar nukdaýnazaryndan netijesiz bolup duran jemgyýetçilik ähmiýeti bolan harytlaryň, hyzmatlaryň we işleriň önümçiligini üpjün edýär. Býujet sebitleýin syýasaty durmuşa geçirmekligiň hem guraly hökmünde çykyş edýär. Onuň kömegi bilen ykdysady potensialy bolmadyk ýa-da tebigy heläkçilikleriň netijesinde zyýan çeken çäkler maliýeleşdirilýär.

Býujetiň täsiri diňe bir ykdysadyýetiň döwlet bölegi bilen çäklenmeýär. Düzgünleşdiriş täsir diňe bir býujet çykdajylarynyň üsti bilen amala aşyrylman, bu salgytlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Çünki salgytlar aýry-aýry pudaklaryň ösüşine oňyn hem-de oňyn bolmadyk täsirini ýetirýär.

Ady agzalyp geçilen býujet wezipeleri obýektiw häsiýete eýedirler we ol ösüş derejesine bagly ýa-da ykdysady syýasatyna bagly bolmazdan, dünýäniň ähli döwletleri üçin mahsusdyr. Mysal üçin, gözegçilik we maglumat üpjünçilik wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin býujet durnukly bolmaly, tersine, düzgünleşdiriji wezipesiniň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin ol durmuş-ykdysady ösüşiň gündelik şertlerine laýyklykda üýtgedilmeli. Býujetiň durnuklylygynyň ýa-da çeýeliginiň saýlanyp alynmagyna döwlet syýasatynyň öňünde duran wezipeleri täsir edýär.

Býujetiň netijeli işlemegi üçin onuň aşakdaky häsiýetleriniň bolmagy talap edilýär:

- aýdyňlyk;
- reglementirlenmek;
- dolulyk.

Sanalyp geçilen talaplaryň içinde iň wajyplarynyň biri hökmünde *aýdyňlyk* hasaplanylýar. Ol býujet ulgamynyň diňe döwlet edaralary üçin däl-de tutuş jemgyýet üçin maglumat taýdan

aýdyň bolmagyny, girdejileriň we çykdajylaryň doly görkezilmegini, onuň maddalaryny hasaplamagyň aýdyňlygyny, býujetiň ýerine ýetirilmegi hakynda taýýarlanylýan hasabatlaryň dogrulygyny we takyklygyny, onuň düzülişiniň, tassyklanylyşynyň, ýerine ýetirilişiniň tertibiniň anyk kesgitlenmegini, býujet işiniň ähli tapgyrlarynda gözegçilik mehanizminiň netijeli bolmagyny aňladýar.

Býujet işiniň aýdyňlygyny üpjün etmek üçin onuň her tapgyrynyň hem-de her bir gatnaşyjysynyň işiniň *reglementirlenmegi* zerur bolup durýar. Býujetiň işlenip taýýarlanmagyna we ýerine ýetirilmegine gatnaşýan her döwlet edarasynyň wezipesi hem-de olaryň býujet işiniň her bir tapgyryndaky özara gatnaşyklary kanunçylyk taýdan kesgitlenilýär.

Býujet maglumatlarynyň aýdyň bolmagy raýatlara we guramalara döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugurlary barada habardar bolmaklaryna mümkinçilik berýär. Býujetiň aýdyňlygy oňa bildirilýän *dolulyk* talaby bilen içgin baglanyşyklydyr. Býujet ähli döwlet edaralarynyň maliýe akymlaryny öz içine almalydyr. Ähli girdejiler býujete geçirilmelidir, soňra bu serişdeler döwlet edaralarynyň işini maliýeleşdirmek üçin gönükdirilmelidir. Eger-de şu talaplar doly derejede ýerine ýetirilmedik halatynda, onda býujet öz wezipelerini doly derejede ýerine ýetirip bilmeýär.

Býujetiň aýdyňlygyny we dolulygyny üpjün etmekligiň guraly hökmünde býujet toparlanmasy çykyş edýär.Türkmenistanyň Býujet kodeksinde býujet toparlanmasyna şeýle düşünje berilýär. Türkmenistanyň býujet toparlanmasy – esasy girdejileriň, esasy çykdajylaryň, maliýe we maliýe däl aktiwler bilen amallaryň, şeýle hem Türkmenistanyň býujet ulgamynyň hasaplar meýilnamasynyň birmeňzeş alamatlar boýunça toparlara jemlenmegi[1]. Býujet toparlanmasy býujet ulgamy baradaky maglumatlary ulgamlaşdyrmaga tapawutlanýar. Mundan başga-da, olar wagtyň geçmegi bilen hem üýtgäp bilýär, hususan-da, ol millileşdirmek ýa-da hususylaşdyrmak syýasaty geçirilende özgerýär. Ýöne ol üýtgedilende kanunçylyk taýdan berkidilmelidir.

---

[1] Türkmenistanyň Býujet kodeksi. 8-nji maddasynyň 1-nji bölegi.

## 2.3. Býujet gurluşynyň esaslary. Ýurduň býujet ulgamyny gurmagyň ýörelgeleri. Býujet girdejileri we býujet çykdajylary

Býujet gurluşy döwlet býujetini, ýurduň býujet ulgamyny gurnamagy, onuň düzüm birlikleriniň özara gatnaşygyny, býujet ulgamlaryna girýän býujetleriň hereket etmekliginiň hukuk esaslaryny, olaryň düzümini, gurluşyny, býujet serişdelerini döretmegiň we peýdalanmagyň düzgünlerini kesgitleýär.

Býujet gurluşynyň esasy düzüm bölegi bolup, býujet ulgamy çykyş edýär. Türkmenistanyň Býujet kodeksinde býujet ulgamyna şeýle düşünje berilýär: Türkmenistanyň býujet ulgamy-ähli derejedäki býujetleriň ykdysady gatnaşyklara we Türkmenistanyň döwlet gurluşyna esaslanýan jemi[1].

Türkmenistanyň Döwlet býujeti iki sany derejeden durýar: ýagny birinji we ikinji. Türkmenistanyň Döwlet býujet ulgamy düzümi boýunça iki derejä bölünip, olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) merkezleşdirilen býujet;

2) ýerli býujetler, olara şular degişlidir:

a) welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň, etrabyň, etrap hukukly şäheriň býujeti;
b) şäherdäki etrabyň býujeti;
ç) etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň býujeti.

Türkmenistanyň Döwlet býujeti döwletiň meýilnama döwri üçin maliýe meýilnamasy bolup durýar, onda gelip gowuşmaly girdejileriň, döwlet häkimiýet, dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini üpjün edýän çykdajylaryň maliýeleşdirilmeli möçberleri, maýa goýum we innowasion işiň maliýeleşdirilişi kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujeti – umumydöwlet wezipelerini hem-de döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň işini maliýe taýdan üpjün etmek üçin niýetlenen pul serişdelerini emele getirmegiň, harajat etmegiň görnüşidir.

---

[1] Türkmenistanyň Býujet kodeksi. 1-nji maddasynyň 1-nji böleginiň, 26-njy bendi.

Türkmenistanda ýerli býujetlere welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etrabyň býujetleri degişli bolup durýar.

Ýerli býujet – ýerli häkimiýet edaralarynyň wezipeleriniň, işleriniň maliýe taýdan üpjün edilmegi üçin niýetlenen pul serişdelerini emele getirmegiň we harajat etmegiň görnüşidir.

Türkmenistanyň Býujet kodeksinde ýurduň býujet ulgamyny düzmegiň şu aşakdaky ýörelgeleri kesgitlenilýär:

1) bitewülik ýörelgesi – Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ýeke-täkligi, ýeke-täk hukuk binýady pul ulgamy, býujet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň tertibi, býujet toparlanmasy, býujet işini amala aşyrmagyň düzgünleri bilen býujetleri ýerine ýetirmegiň, buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmagyň, hasabatlylygyň düzülmeginiň we berilmeginiň tertibi, Türkmenistanyň býujet kanunçylygynyň bozulandygy üçin ýeke-täk jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagy bilen üpjün edilýär;
2) býujetleriň girdejilerini we çykdajylaryny doly görkezmek ýörelgesi – ähli girdejileriň we çykdajylaryň degişli býujetlerde hökmany tertipde, doly möçberde görkezilmegi;
3) anyklaşdyryş ýörelgesi – býujetleriň girdejileri we çykdajylary olarda Türkmenistanyň býujet toparlanmasynyň gurluş düzümine laýyklykda görkezilýär;
4) aýdyňlyk ýörelgesi – Türkmenistanyň býujet kanunçylygy babatynda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem döwletiň fiskal syýasatyna degişli maglumatlary çap etmek, döwlet syry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda goralýan beýleki syr bolup durýan maglumatlar muňa degişli däldir;
5) netijelilik ýörelgesi–býujetleriň döwlet edaralarynyň strategik meýilnamalarynda göz öňünde tutulan netije görkezijilerini gazanmagyň zerurlygyndan ugur almak bilen, düzülmegi we ýerine ýetirilmegi;
6) peýdalylyk ýörelgesi – býujetleriň býujet serişdeleriniň çäkli möçberini peýdalanmak bilen has gowy göni netijäni üpjün et-

megiň zerurlygyndan ugur almak bilen, düzülmegi we ýerine ýetirilmegi;

7) býujetleriň özbaşdaklygy ýörelgesi:

a) döwlet häkimiýet, dolandyryş edaralarynyň, şol sanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň Türkmenistanyň býujet ulgamynyň degişli derejesinde, şu Kodeksde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, býujet işini özbaşdak amala aşyrmak, býujet serişdelerini, harajat etmegiň görnüşlerini, ugurlaryny özbaşdak kesgitlemek hukugy we borjy, beýleki býujetlerden berilýän grantlaryň hasabyna maliýe üpjünçiligi amala aşyrylýan çykdajylar muňa degişli däldir;

b) degişli býujetleriň girdejileriniň we olary emele getirmek boýunça ygtyýarlyklaryň kanunçylyk taýdan berkidilmegi;

8) deňeçerlik ýörelgesi – býujetiň çykdajylarynyň möçberiniň girdejileriň möçberi bilen deňeçer gelmegi;

9) jogapkärçilik ýörelgesi – netije görkezijileriniň hem-de býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň, býujet edaralarynyň, býujet serişdelerini alýan hojalyk ýörediji subýektleriň ýolbaşçylarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän çözgütleri kabul edendikleri üçin jogapkärçiliginiň üpjün edilmegini gazanmaga gönükdirilen zerur bolan dolandyryş we edara çözgütleriniň kabul edilmegi;

10) býujet serişdeleriniň salgylaýynlyk we maksatlaýyn häsiýetlilik ýörelgesi – býujet serişdeleriniň döwlet edaralarynyň strategik meýilnamalarynda göz öňünde tutulan netije görkezijileriniň gazanylmagy üçin býujet maksatnamalaryny dolandyryjylara gönükdirilmegi, olaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda peýdalanylmagy.

4. Sargyt № 1335

## 2.4. Býujetara gatnaşyklar

Türkmenistanyň býujet ulgamynyň düzümine girýän ähli býujetler býujetara gatnaşyklarynyň çäginde özara baglanyşykly bolup durýarlar.

Býujetara gatnaşyklar degişli býujetleri emele getirmek we peýdalanmak babatynda merkezi we ýerli döwlet dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasyndaky özara gatnaşykdyr.

Býujetara gatnaşyklarynyň maksady bolup – býujetleriň her bir derejesinde deňagramlylygy döretmek üçin başlangyç şertleri döretmek bolup durýar.

Býujet işinde şu aşakdakylaryň arasyndaky gatnaşyklar býujetara gatnaşyklar bolup durýar:

1) merkezleşdirilen býujet bilen welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleriniň;

2) merkezleşdirilen býujet bilen Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň;

3) merkezleşdirilen býujet bilen Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň;

4) welaýatlaryň býujetleri bilen etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň) býujetleriniň;

5) şäheriň býujeti bilen şäherdäki etraplaryň býujetleriniň;

6) etrabyň býujeti bilen Geňeşleriň býujetleriniň.

Býujetara gatnaşyklar döwlet dolandyryşynyň derejeleriniň arasynda wezipeleriň bölünişine laýyklykda amala aşyrylýar we Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ýörelgelerine we býujetara gatnaşyklara esaslanýar.

Býujetara gatnaşyklar şu ýörelgelere esaslanýar:

1) merkezleşdirilen býujetiň welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleri bilen, welaýatlaryň býujetleriniň etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň) býujetleri bilen, şäherleriň býujetleriniň şäherdäki etraplaryň býujetleri bilen özara gatnaşyklarynyň deňligi;

2) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň bellibir býujetleri boýunça býujetleriň esasy girdejileriniň çäklendirilmegi we berkidilmegi;

3) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň bellibir býujetleri boýunça býujetleriň esasy çykdajylarynyň çäklendirilmegi we berkidilmegi;

4) Türkmenistanyň býujet ulgamynyň býujetleriniň iň pes býujet üpjünçiliginiň derejeleriniň deňleşdirilmegi.

Merkezleşdirilen býujet bilen welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleriniň arasyndaky, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetleri bilen etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň) býujetleriniň arasyndaky gatnaşyklar: girdejileriň paýlanylmagynyň kadalyk ölçegleri, býujetara grantlar we subsidiýalar bilen düzgünleşdirilýär.

Býujetara grantlar gündelik we düýpli grantlara bölünýän şertsiz (umumy häsiýetli) grantlara, şertli (maksatlaýyn) grantlara bölünýär.

Býujetara şertsiz grantlar (deňleşdiriji grantlar) bu peýdalanmagyň kesgitlenen şertleri goýulmazdan berilýän we ýerli häkimiýet edaralarynyň wezipelerini ýerine ýetirmekleri bilen bagly gündelik çykdajylarynyň ödelmegi üçin gönükdirilýän grantlardyr.

Býujet dotasiýalary we býujet alynmalary deňleşdiriji grantlar bolup durýar.

Merkezleşdirilen býujetden welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetlerine, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetlerinden, degişlilikde, etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň), şäherdäki etraplaryň býujetlerine degişli býujetlerde tassyklanan pul möçberlerinde berilýän býujet serişdeleri býujet dotasiýalary bolup durýar.

Welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň býujetlerinden Merkezleşdirilen býujete, etraplaryň (etrap hukukly şäherleriň), şäherdäki etraplaryň býujetlerinden, degişlilikde, welaýatlaryň, şäherleriň býujetine degişli býujetlerde tassyklanan pul möçberlerinde berilýän býujet serişdeleri býujet alynmalary bolup durýar.

Býujetara gatnaşyklar ulgamy merkezi we ýerli häkimiýet edaralarynyň  häkimiýet ygtyýarlyklarynyň deňagramlylygyny häsiýetlendirýär. Eger-de merkezleşdirilen býujetiň tutýan orny ýokary bolan halatynda onuň üsti bilen diňe bir umumydöwlet işleri däl-de, sebitleýin maksatnamalar hem maliýeleşdirilýär. Eger-de tersine bolan ýagdaýynda, ýagny ýerli býujetleriň tutýan orny ýokary bolsa, onda ol ýa-da beýleki sebitiň durmuş-ykdysady ýagdaýyny has çeýelik bilen göz öňünde tutmaga mümkinçilik berýär. Emma, bu sebitleriň girdeji we çykdajy derejelerine deň gelmän biler.

## 2.5. Býujet işi we onuň esasy tapgyrlary

Býujeti işläp taýýarlamak we tassyklamak işi iki sany jähte eýedir. Bir tarapdan ol kesgitlenen çäklerde (JIÖ-niň, puluň hümmetsizlenmeginiň hakyky we meýilnama derejesi, ykdysadyýetiň döwlete degişli böleginiň möçberi, netijeliligi, daşky bergini üzmegiň tertibi we başgalar) girdejileriň we çykdajylaryň aýratyn maddalaryny häsiýetlendirýän görkezijileri esaslandyrmak üçin býujet meýilleşdirmesiniň tehnologiýasyny peýdalanmagy göz öňünde tutýan bolsa, başga bir tarapdan ol döwletiň durmuş-ykdysady syýasaty tarapyndan kesgitlenen maksatlardan ugur almaly.

Býujeti ykdysady taýdan esaslandyrmagyň hili býujet meýilleşdirmesiniň nazaryýetine we onuň tejribä ornaşdyrylyşyna, statistiki maglumatlaryň dolulygyna, hakykylygyna, maglumatlara seljerme geçirilende häzirki zaman tehnologiýalaryň peýdalanyşyna bagly bolup durýar. Şeýle esaslandyrmany taýýarlamak döwlet dolandyryş edaralarynyň wezipesi bolup durýar. Käbir daşary ýurt döwletlerinde ykdysadyýetiň ösüşine garaşsyz seljermäni berýän köpsanly guramalar hereket edýär. Olaryň çykaran netijeleriniň esasynda hem býujet taslamasy düzülýär. Häkimiýetiň bölünmek ýörelgesi hem býujet syýasatynyň çäginde birmeňzeş bolmadyk çaklamalaryň we tekliplериň berilmegine ýardam edýär. Mysal üçin, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanan býujetiň taslamasy kanunçykaryjylar tarapyndan tankydy göz bilen seredilmeli.

Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda, býujet işi diýlip, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, şol sanda ýerli häkimiýet edaralarynyň, şeýle hem býujet işine beýleki gatnaşyjylaryň býujet ulgamynyň ähli derejesinde býujetleriň taslamalarynyň düzülmegi, olara seredilmegi, olaryň tassyklanylmagy, ýerine ýetirilmegi we döwlet maliýe gözegçiligi boýunça Türkmenistanyň býujet kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýän işi diýlip düşünilýär.

Býujet işine esasy gatnaşyjylary hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň häkimleri, döwletiň maliýe gözegçilik edaralary, döwletiň býujetden daşary gaznalary, býujet

serişdeleriniň paýlaýjylary, býujet serişdelerini alyjylar we başgalar çykyş edýärler.

Býujet işiniň netijeli bolmagyny gazanmak üçin býujet işiniň her bir tapgyrynda onuň subýektleriniň özara gatnaşygynyň tertibini, çözgütleri kabul etmegiň düzgünlerini, işläp taýýarlanylýan resminamalaryň düzümini we olaryň berilmeli möhletini anyk kesgitlemek zerurdyr. Býujeti işläp taýýarlamak işiniň çylşyrymlydygyna garamazdan, her bir döwlet geljekki ýyla kabul edilen esasy maliýe resminamasy bilen girmeli. Hut şonuň üçin hem býujet işiniň aýratyn tapgyrlarynyň dowamlylygy we mazmuny kanunçylyk tarapyndan berk düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda, býujeti düzmegiň barşynda şular işlenip düzülýär:

1) meýilnama döwri üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy, ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edarasynyň ýerli býujet hakynda çözgüdiniň taslamasy;

2) döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynyň taslamalary;

3) býujet maksatnamalarynyň taslamalary.

Býujet işi dört tapgyrda amala aşyrylýar:

**1. Býujet taslamasyny işläp taýýarlamak.** Býujet hakynda kanunyň taslamasy ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan amala aşyrylýar. Onuň öňünden ykdysady ýagdaýa we häzirki ýyldaky býujetiň ýerine ýetirilişine baha berilýär, geljekki ýyla ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary çaklanylýar, maliýe ulgamynyň ösüşiniň çaklamasy düzülýär. Şeýle çaklamalaryň esasy maksady bolup, ykdysadyýetiň ösüş meýillerini çaklamak, jemi içerki önüm, puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi, milli pul birliginiň hümmeti we ş.m. onuň başga görkezijilerine hasaplama geçirmek bolup durýar. Bu görkezijileri soňra býujet meýilnamasy bilen baglanyşdyrýarlar.

Ykdysady çaklamalar hemişe ykdysady ösüşiň bolup biljek birnäçe görnüşlerinde düzülýär. Emma býujet meýilnamasy kanunçylyk taýdan tassyklanylýar we ýeke-täk bolýar. Şonuň üçin hökümet çaklamalaryň býujet hakynda kanunyň esasyna goýuljak görnüşini saýlap alýar. Eger-de ykdysadyýetiň ösüşiniň hakyky ýagdaýy çaklamalarda görkezilen görkezijilerden tapawutlansa, onda şol bir wagtyň özünde býujetiň ýerine ýetirilişiniň geljegine hem baha berilýär.

Býujetiň taslamasynyň işlenip düzülýän döwründe esasy üns geljek ýyl üçin býujet syýasatynyň maksatlarynyň beýan edilmegine we şol maksatlara ýetmekligiň usullaryna berilýär. Bu maksatlaýyn ýörelgeler durmuş-ykdysady syýasatyň has uzakmöhletli strategiki maksatlaryna esaslanmaly, olaryň durmuşa geçirilmeginiň yzygiderliligini üpjün etmeli. Şeýle uzakmöhletli maksatlar hökümetiň çykarýan aýratyn resminamalary bilen kesgitlenilýär. Taktiki we strategik maksatlaryň özara bagly bolmaklygy býujet işine has-da maksada okgunly häsiýet berýär.

Býujet hakynda kanunyň taslamasyny işläp taýýarlamak býujet serişdelerini alyjylaryň çykdajy sanawyny, maksatlaýyn ugurlaryň sanawyny, býujet transfertleriniň meýilnamalaýyn möçberlerini we serişdeleri çykdajy etmegiň beýleki ugurlaryny ylalaşmak işi bolup durýar. Onuň netijeliligi býujet serişdelerini tygşytlamak üçin höweslendiriji gurallary ornaşdyrmak arkaly gazanylýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi dowam edýän ýylyň 1-nji noýabryndan gijä galman meýilnama döwri üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetinde döwlet býujetiniň taslamasyna seredilenden soňra, Türkmenistanyň Prezidenti bu taslamany Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna we tassyklamagyna berýär.

2. Býujete garamak we tassyklamak işi Türkmenistanda häkimiýetiň kanunçykaryjy şahasy bolan Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar. Munda Türkmenistanyň Mejlisinde dürli sosial toparlara wekilçilik edýän deputatlar býujetiň taslamasy boýunça öz garaýyşlaryny bildirýärler, býujetiň taslamasyna üýtgetmeler we düzedişler girizmek boýunça öz tekliplerini berýärler.

Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň Mejlisiniň Dessurynda (reglamentinde) göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hödürlenen taslamasyna seredýär we meýilnama döwri üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny kabul edýär.

Meýilnama döwri üçin «Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çap edilýär.

3. Býujetiň ýerine ýetirilmegi býujet hakynda kanunynyň tassyklanylmagyndan soň başlanylýar. Býujete girdejileriň gelip gowuşmagyny üpjün etmegiň, maliýe we maliýe däl aktiwler bilen amallary, şeýle hem dowam edýän maliýe ýylynda beýleki amallary amala aşyrmagyň esasynda, döwletiň wezipelerini, borçlaryny durmuşa geçirmek üçin býujet maksatnamalarynda göz öňünde tutulan çykdajylary maliýeleşdirmek býujeti ýerine ýetirmek bolup durýar.

Býujeti ýerine ýetirmek işi kanunçylyk tarapyndan anyk kesgitlenen düzgünlere esaslanýar. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi öz ygtyýarlygynyň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetini, ýerli býujetleri ýerine ýetirmegiň meselelerini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar, olary ýerine ýetirmek, býujet hasaba alnyşyny alyp barmak, hasabatlylygy düzmek we bermek boýunça usulyýet ýolbaşçylygyny amala aşyrýar, býujeti ýerine ýetirmegiň, oňa kassalaýyn hyzmat etmegiň düzgünlerini kesgitleýär.

Býujetiň ýerine ýetirilmegi hökümetiň çäkli täsiri bolan daşky faktorlaryna bagly bolup durýar. Mysal üçin, býujet girdejileriniň peselmegine çaklamaklyk örän çylşyrymly bolan dünýä bazarlaryndaky (mysal üçin, uglewodorod serişdeleriniň bahalarynyň arzanlamagy) konýunkturanyň ýaramazlaşmagy täsir edip biler.

Býujetiň ýerine ýetirilmegi şu ýörelgelere laýyklykda amala aşyrylýar:

1) býujet serişdeleriniň maksatlaýyn peýdalanylmagy;

2) girdejileriň Türkmenistanyň Döwlet býujetine we ýerli býujetlere hem-de býujet serişdeleriniň olary alýanlaryň hasabyna doly, öz wagtynda geçirilmegi;

3) kassanyň ýeke-täkligi (Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilmegi boýunça amallaryň ýeke-täk gazna hasabyndan amala aşyrylmagy);

4) berginiň emele gelmegine ýol bermezlik maksady bilen, býujetiň girdejiler we çykdajylar boýunça deňeçer ýerine ýetirilmegi.

Býujetiň ýerine ýetirilmeginde salgytlaryň gelip gowuşmagyny üpjün edýän salgyt edaralary we býujetiň çykdajy böleginiň ýerine ýetirilmegini guraýan maliýe edaralary has-da wajyp orun eýeleýärler.

**4. Býujete gözegçilik etmek we netijelere baha bermek.** Býujetiň ýerine ýetirilişine, býujetiň girdejileriniň gelip gowuşmagy babatda çaklamalaryň düzülişine, çykdajylaryň ýerine ýetirilişine, girdejileriň býujete öz wagtynda gelip gowuşmazlygynyň sebäpleriniň ýüze çykarylyşyna, borçnamalaryň kabul edilişine we býujet maksatnamalary boýunça tölegleriň geçirilişine gözegçilik etmek maksady bilen, býujetiň ýerine ýetirilişi barada maglumatlaryň ulgamlaýyn toplanmagy, olaryň seljerilmegi býujete gözegçilik (monitoring) geçirmek bolup durýar.

Býujete gözegçilik etmek üç sany, ýagny deslapky, häzirki we soňraky gözegçilik görnüşlerde amala aşyrylýar. Deslapky gözegçilik býujet hakynda kanunynyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşylýan we tassyklanylýan döwründe amala aşyrylýar. Häzirki gözegçilik býujetiň ýerine ýetirilýän döwründe geçirilýär. Ol býujet çygrynda emele gelen düzgün bozmalary dessine ýüze çykarmaga we düzetmäge mümkinçilik berýär. Soňraky gözegçilik býujet döwrüniň tamamlanmagy bilen geçirilýär.

Döwlet edarasynyň we býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmäge edýän täsirine toplumlaýyn, dogry baha bermek döwlet edarasynyň, býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň, şol sanda döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamalaryny, býujet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça işiniň görkezijileriniň netijelerine baha bermek bolup durýar.

Netijelere baha bermek şulary göz öňünde tutýar:

1) netije görkezijileriniň dogry saýlanyp alnandygyny, olaryň aýdyň we takyk beýan edilendigini, býujet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi üçin zerur bolan serişdeleriň dogry meýilnamalaşdyrylandygynyň seljerilmegini;

2) döwlet edaralarynyň orta möhletli meýilnamalarynda we býujet maksatnamalaryny dolandyryjylaryň býujet maksatnamalarynda kesgitlenen netije görkezijileriniň gazanylan derejesiniň seljerilmegini;

3) alnan netijeleriň strategik ugurlara, döwlet edarasynyň orta möhletli meýilnamasynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyk gelýändigine baha berilmegini;

4) strategik maksatlaryň we netije görkezijileriniň gazanylmandygynyň sebäpleriniň seljerilmegini;

5) döwlet edarasynyň we býujet maksatnamalaryny dolandyryjynyň işiniň gowulandyrylmagyny, býujet maksatnamalaryny maliýeleşdirmegiň möçberleriniň artdyrylmagyny (kemelmegini) ýa-da olary býujetden aýyrmak boýunça maslahatyň berilmegini.

## 2.6. Ösüşiň häzirki tapgyrynda býujet özgertmeleriniň esasy ugurlary

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşymyzyň dürli ugurlarynda iri möçberli özgertmeler durmuşa geçirildi.

Ýurtda maliýe we makroykdysady durnuklylyk gazanyldy. Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 2014-nji ýylda kabul edilen «Býujet kodeksi» bilen ýurduň býujet ulgamynyň we býujet işiniň esaslary kesgitlenildi. Orta möhletli maliýe meýilnamalaşdyrylyşynyň esasy elementleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Bulardan başga-da, Merkezleşdirilen býujetiň girdejileriniň çykdajylaryndan artyk gelýän (profisit) bölegini netijeli ulanmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 22-nji oktýabryndaky Karary bilen Durnuklaşdyryş gaznasynyň döredilendigini belläp geçmek zerurdyr.

Türkmenistanda býujet özgertmelerini durmuşa geçirmek wezipeleri «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem kesgitlenildi.

Bu maksatnama laýyklykda, ýurduň Döwlet býujetini geljekki ýyllarda ykdysadyýet gurluş özgertmelerini işjeňleşdirmek üçin peýdalanmak göz öňünde tutulýar.

Geljek ýedi ýylda býujeti doldurmak, býujet çykdajylarynyň möçberiniň birsydyrgyn depginiň saklanylmagynda, ykdysadyýetiň durnukly, depginli ösmeginiň hasabyna üpjün etmek göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem, býujet çykdajylarynyň 70%-den gowragyny, ileri tutulýan tertipde, ozalkylar ýaly, durmuş ulgamyny – bilimi, saglygy

goraýşy, medeniýeti, pensiýa we durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmäge gönükdirmek göz öňünde tutulýar.

Uzak möhletlerde Türkmenistanyň býujet ulgamyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlary «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda» kesgitlenildi.

2030-njy ýyla çenli döwürde ýurduň býujet syýasatynyň esasy maksady ykdysady ösüşe, halkyň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň netijeli ulgamyny döretmekden ybarat bolup durýandygy sebäpli, aşakdaky wezipeleriň çözülmegi derwaýysdyr:

– býujeti makroykdysady we maliýe işiniň geljekki ösüşini hasaba almak bilen düzmek;

2030-njy ýyla çenli döwürde ýurduň býujet syýasatynyň esasy maksady ykdysady ösüşe we halkyň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň netijeli ulgamyny döretmekden ybarat bolar. Şu maksada laýyklykda, aşakdaky wezipeleriň çözülmegi derwaýysdyr:

- býujeti makroykdysady we maliýe işiniň geljekki ösüşini hasaba almak bilen düzmek;
- işlenip taýýarlanan strategik meýilnamalara laýyklykda, pudaklaryň ösüşiniň orta möhlete niýetlenen ileri tutulýan ugurlarynyň ösüşini dowam etdirmek;
- maliýe gurluşynyň esasynda emele getirilen bar bolan serişdelere laýyklykda, serişdeleri pudaklaryň arasynda paýlamak we býujetiň gutarnykly bellenen möçberini (limit) bellemek;
- takyk býujet wezipeleri we maksatnamalary (pudaklaýyn ileri tutmalaryň esasynda), şeýle hem olaryň ýerine ýetirilişi barada maglumatlar binýadyny döretmek;
- býujet serişdelerine gözegçilik etmek, baha bermek we audit ulgamlarynyň işlerini kämilleşdirmek;
- maliýe ulgamyny halkara derejesine çykarmak, halkara maliýe, bank-guramalarynyň karz serişdelerini we gaýry kömeklerini amatly ulanmak. Işlenip taýýarlanan strategik meýilnamalara laýyklykda, pudaklaryň ösüşiniň – orta möhlete niýetlenen ileri tutulýan ugurlarynyň ösüşini dowam etdirmek;

- maliýe gurluşynyň esasynda emele getirilen bar bolan serişdelere laýyklykda, serişdeleri pudaklaryň arasynda paýlamak we býujetiň gutarnykly bellenen möçberini (limit) bellemek;
- takyk býujet wezipeleri we maksatnamalary (pudaklaýyn ileri tutmalaryň esasynda), şeýle hem olaryň ýerine ýetirilişi barada maglumatlar binýadyny döretmek;
- býujet serişdelerine gözegçilik etmek, baha bermek we audit ulgamlarynyň işlerini kämilleşdirmek;
- maliýe ulgamyny halkara derejesine çykarmak, halkara maliýe we bank guramalarynyň karz serişdelerini we gaýry kömeklerini amatly ulanmak.

## 2-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Döwletiň býujet syýasaty diýip nämä düşünilýär?
2. Döwletiň býujet syýasatynyň netijeliligini häsiýetlendirýän esasy ölçegleri haýsylar?
3. Türkmenistanda býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek diýmek näme?
4. Türkmenistanyň döwlet bergisi diýmek nämäni aňladýar?
5. Döwletiň içerki we daşarky bergisiniň mazmuny nähili beýan edilýär?
6. Býujetiň ykdysady we hukuk kategoriýasy hökmünde mazmuny nähili düşündirilýär?
7. Býujetiň jemgyýetçilik wezipeleri näme? Gözegçilik wezipesi diýmek nämäni aňladýar?
8. Maglumat üpjünçilik wezipesi diýmek nämäni aňladýar?
9. Jemgyýetçilik isleginiň institusionallaşmagy diýmek näme?
10. Düzgünleşdiriji wezipe nähili beýan edilýär?
11. Býujet gurluşynyň esaslary nähili aňladylýar?
12. Ýurduň býujet ulgamyny guramagyň ýörelgeleri haýsylar?
13. Býujet girdejileri we býujet çykdajylary diýmek näme?
14. Býujetara gatnaşyklarynyň mazmuny nämeden ybarat?
15. Býujetara gatnaşyklarynyň ýörelgeleri diýmek näme?
16. Býujet işiniň esasy tapgyrlary haýsylar?
17. Býujet taslamasyny işläp taýýarlamak nähili tertipde amala aşyrylýar?
18. Býujete garamak we tassyklamak işine haýsy edaralar gatnaşýar?
19. Býujetiň ýerine ýetirilmegi diýmek näme?
20. Býujete gözegçilik etmek we netijelere baha bermek nähili tertipde amala aşyrylýar?

# III bap SALGYT SYÝASATY

## 3.1. Salgyt syýasatynyň düýp mazmuny we ähmiýeti

Maliýe-býujet ulgamy döwlet maliýesini – býujeti, býujetden daşary, ýörite maksatly gaznalary emele getirmek we peýdalanmak boýunça gatnaşyklary öz içine alýar. Salgytlar maliýe-býujet ulgamynyň möhüm bölegi hökmünde çykyş edýärler.

Salgytlar jemgyýetiň synplara bölünmegi we döwletleriň emele gelmegi bilen raýatlaryň häkimiýeti saklamak üçin zerur bolan gatançlary hökmünde döräpdir. Döwlete öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin maliýe serişdeleri zerurdyr, ol bu serişdeleri salgytlaryň üsti bilen alýar. Salgyt salmagyň esaslary Adam Smit tarapyndan emele getirilipdir: salgyt salmak töleýjiniň ýagdaýyna laýyk gelmelidir, salgyt almagyň usullary we wagty öňünden kesgitlenmelidir, salgytlary ýygnamak işi gymmata düşmeli däldir. Ykdysadyýeti dolandyrmak, goranyş, kazyýet, gümrük, tertibi goramak, muzdsuz saglygy goraýyş hyzmatlary we bilim bu ýurduň býujetiniň çykdajylarynyň gönükdirilýän ugurlarynyň doly bolmadyk sanawydyr, olary maliýeleşdirmek üçin salgytlary ýygnamak gerek bolýar. Şeýlelikde, döwletiň emele gelen döwründen bäri salgytlar ykdysady gatnaşyklaryň möhüm bölegine öwrülipdir. Raýatlaryň salgyt görnüşinde töleýän serişdesi jemgyýetiň agzasy hökmünde onuň özüne gaýdyp gelýär diýlip hasaplanylýar.

Salgyt döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenýän, edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir [1] diýlip «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynda bellenilip geçilýär.

Salgytlaryň gurluşy ýeterlik derejede çylşyrymlydyr. Salgytlaryň iki esasy topary tapawutlandyrylýar: *göni we gytaklaýyn* salgytlar.

---

[1] «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanuny. 7-nji maddasynyň 1-nji bölegi.

Birinji ýagdaýda salgytlary töleýjiler bolup önümçilik faktorlarynyň – maýanyň, zähmetiň, emlägiň eýeleri çykyş edýärler; ikinji ýagdaýda harytlary we hyzmatlary sarp edijiler salgyt töleýjiler bolup durýarlar.

*Göni salgytlara* şular degişlidir:

- edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;
- şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy;
- emläk üçin salgyt.

Göni salgytlar konýunkturany durnuklaşdyryjylar wezipesini ýerine ýetirýärler, sebäbi ykdysadyýetiň pese gaçýan döwürlerinde olardan gelip gowuşýan serişdeler öz-özünden azalýar, ýokary galyş şertlerinde döwlet göni salgytlar hökmünde has köp pul möçberlerini alýar. Peýdadan alynýan salgyt býujete firmanyň ähli borçnamalary üzülenden we ýyllyk girdeji kesgitlenenden soň geçirilýär.

*Gytaklaýyn salgytlara* şular degişlidir:

- goşulan baha üçin salgyt;
- goşmaça tölegler (aksizler);
- gümrük paçlary.

Gytaklaýyn salgytlaryň iň gadymysy goşmaça tölegler (aksiz) bolup durýar. Ony temmäki önümleri, spirtli içgiler satylanda alýarlar. Ykdysadyýetiň ösmegi bilen satuwlaryna salgyt salynýan harytlaryň we hyzmatlaryň topary hem giňelýär. Girdeji salgytlaryndan tapawutlylykda, gytaklaýyn salgytlaryň regressiw häsiýeti bardyr.

Döwlet salgytlary bellemek bilen, ilkinji nobatda, öz üstüne ýüklenen wezipeleri amala aşyrmak üçin zerur bolan maddy binýady üpjün etmäge çalyşýar, olar döwletiň maliýe syýasatynyň bir bölegi bolup duran salgyt syýasaty arkaly durmuşa geçirilýär.

Mälim bolşy ýaly, salgytlar döwletiň işiniň ähli ugurlaryny maliýeleşdiriş çeşmeleriniň biri we döwletiň ileri tutulýan ugurlaryny durmuşa geçirmegiň ykdysady guraly bolup durýar. Salgytlar döwletiň özygtyýarlylygynyň ýüze çykmalarynyň biridir.

Şunuň bilen olar döwlet emläginden we zaýomlardan alynýan girdejilerden tapawutlanýarlar. Salgyt töletdirmek hukugy döwletiň pul zikgelemek (ýasamak), adyl kazyýetliligi berjaý etmek ýaly özygtyýarly hukuklarynyň biridir, diýmek, salgytlar birtaraplaýyn tertipde bellenilýär, emma salgytlary bellemäge razylyk bilen olary

töletdirmegiň mejbury häsiýetiniň arasynda gapma-garşylyklar diňe daşyndan şeýle bolup görünýär. Salgytlar we olaryň wezipeleri hakyky bazisi, ýagny salgyt syýasatynda döwlet tarapyndan peýdalanylýan salgyt gatnaşyklarynyň hereketiniň obýektiw kanunalaýyklyklaryny görkezýär.

Salgyt hukugynyň düzgünleri salgyt syýasatyny amala aşyrmakda ugur alyş pursady bolup hyzmat edýär. Şeýlelikde, salgyt syýasaty – bu döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň salgyt kanunçylygyny peýdalanmak boýunça hukuk hereketleriniň jemidir. Şeýle hem bu döwlet girdejileri düzgünleşdirilende, meýilnamalaşdyrylanda we olara gözegçilik edilende salgyt tehnikasyny amala aşyrmagyň hukuk kadalarydyr. Salgyt syýasaty maliýe syýasatynyň bir bölegi bolup durýar. Salgyt syýasatynyň mazmuny we maksatlary jemgyýetiň durmuş-ykdysady gurluşy, häkimiýet başynda durýan sosial toparlar bilen şertlendirilendir. Ykdysady taýdan esaslandyrylan salgyt syýasaty serişdeleriň salgyt ulgamynyň üstünden merkezleşdirilişini amatly etmek maksadyny göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, döwletiň *salgyt syýasaty* ýurduň salgyt ulgamyny emele getirmek babatynda döwlet tarapyndan alnyp barylýan, jemgyýetiň öňünde durýan ol ýa-da beýleki wezipeleri çözmäge gönükdirilen ykdysady, maliýe we hukuk çäreleriniň jemidir. Şu syýasaty alyp barmak bilen, döwlet salgytlara mahsus bolan wezipelere daýanýar.

Salgyt syýasatynyň mazmuny häkimiýet edaralarynyň salgyt salmagy hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň netijeli we durnukly mehanizmlerini döretmek üçin şertleri üpjün etmek boýunça işi bolup durýar, olar, birinji nobatda, adamyň hukuklaryny we erkinliklerini ileri tutmak, şeýle hem döwletlilik ýörelgelerine esaslanmalydyr, salgyt gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmek amala aşyrylanda aýratyn, jemgyýetçilik bähbitleriniň gyşarnyksyz utgaşdyrylmagyny üpjün etmelidirler.

Ýokary derejede ösen bazar gatnaşyklary şertlerinde salgyt syýasaty döwlet tarapyndan önümçiligiň gurluşygyny, çäkleriň ykdysady ösüşini, ilatyň girdejilerini üýtgetmek maksatlarynda salgyt girdejilerini gaýtadan paýlamak üçin peýdalanylýar.

Salgyt syýasatynyň wezipeleri döwleti maliýe serişdeleri bilen üpjün etmekde, tutuş ýurduň hojalygyny düzgünleşdirmek üçin şert-

leri döretmekde, bazar gatnaşyklarynyň barşynda ilatyň girdejileriniň derejesinde ýüze çykýan deňsizligi azaltmakda jemlenýär.

Salgyt syýasatynyň üç görnüşini görkezip bolar:

*Birinji görnüşi* – aňrybaş salgytlar syýasaty, ol «alyp bolar ýaly zady almaly» diýen ýörelge bilen häsiýetlendirilýär. Şu ýagdaýda döwlet şeýle syýasatyň netijeleri barada alada etjek bolman, öz raýatlaryndan mümkin boldugyça köp maliýe serişdelerini almaga çalşyp, ýeterlik derejede ýokary salgyt möçberlerini belleýär, salgyt ýeňilliklerini azaldýar we köpsanly salgytlary girizýär. Elbetde, şunuň ýaly usul salgyt töleýjä hem-de tutuş jemgyýete hem iş ýüzünde ykdysady ösüş üçin hiç hili umyt goýmaýar. Şonuň üçin hem döwlet tarapyndan şunuň ýaly syýasat, düzgün bolşy ýaly, onuň ösüşiniň mysal üçin, ykdysady çökgünlik, uruş *ýaly adatdan daşary ýagdaýlarynda geçirilýär.*

*Ikinji görnüşi* – oýlanyşykly salgytlar syýasatydyr. Şu ýagdaýda döwlet telekeçiler üçin salgyt ýüküni ýeňledýär, özüniň çykdajylaryny, ilkinji nobatda bolsa, durmuş maksatnamalary üçin çykdajylaryny azaldýar. Şu syýasatyň maksady maýanyň ileri tutulyp giňeldilmegini üpjün etmekden, maýa goýum işjeňligini höweslendirmekden ybaratdyr. Şeýle syýasat ykdysadyýetde ykdysady çökgünlige geçmek howpy bolan stagnasiýanyň bolmagyna garaşylýan wagtda geçirilýär. Ol amatly salgyt ýagdaýyny üpjün etmek bilen, telekeçiligiň ösmegine ýardam edýär. Telekeçi salgyt salynmagyndan mümkin boldugyça çykarylýar, ýöne bu durmuş maksatnamalarynyň çäklendirilmegine getirýär, sebäbi döwlet gelip gowuşmalary azalýar.

*Üçünji görnüşi* – salgyt salmagyň ýeterlik ýokary derejesini göz öňünde tutýan salgyt syýasaty, ýöne bu degerli derejede durmuş goragy bolan mahalynda geçirilýär. Salgyt girdejileri dürli durmuş gaznalaryny artdyrmaga gönükdirilýär. Şeýle syýasat hümmetsizlenmegiň güýçlenmegine alyp barýar.

Güýçli ykdysadyýetde salgyt syýasatynyň görkezilen üç görnüşiniň ählisi üstünlikli utgaşýar.

Salgyt syýasatyna seljerme geçirilende, salgyt syýasatynyň gatnaşyjylary, ony emele getirmegiň ýörelgeleri, gurallary, maksatlary we usullary ýaly düşünjeleri tapawutlandyrmak zerurdyr.

Salgyt töleýji, salgyt töleýjiniň salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmagyna wekilçilik edýän beýleki taraplar, şeýle hem döwletiň salgyt syýasatyny amala aşyrýan ygtyýarly edaralar salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar bolup durýarlar.

Türkmenistanda salgyt syýasatyny amala aşyrýan ygtyýarly döwlet edaralary bolup, Türkmenistanyň döwlet salgyt müdiriýetiniň edaralary, Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugynyň edaralary, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň edaralary, şeýle hem salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralar çykyş edýärler.

Salgyt syýasatyny amala aşyrmaklyga gatnaşýan her bir subýekt Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenen ygtyýarlyklara eýedir.

Salgyt syýasatynyň netijeliligi köp babatda döwletiň onuň esasynda haýsy ýörelgeleri goýýandygyna baglydyr.

Salgyt syýasatyny gurmagyň aşakdakylar ýaly esasy ýörelgelerini tapawutlandyrýarlar:

1. **Salgytlaryň kanun tarapyndan girizilmek ýörelgesi.** Bu ýörelge birinjiden «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynda bellenenlerden başga täze salgytlary bellemek, şeýle hem hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak diňe «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýandygyny aňladýar[1]. Ikinji salgydyň girizilýän kanunynda kimiň salgyt töleýji bolup durýandygy, şeýle hem salgydyň şu aşakdaky alamatlary görkezilmeli:

– salgyt töleýjileriň topary;
– salgyt salynýan binýat;
– salgyt özeni;
– salgyt möçberi (möçberleri);
– salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri we tertibi[2].

---

[1] «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanuny. 3-nji madda, 1-nji bölek. Aşgabat, 2004.

[2] «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanuny. 7-nji madda, 1-nji bölek. Aşgabat, 2004.

2. **Salgyt töleýjileriň deňhukuklylyk ýörelgesi.** Bu ýörelge ähli salgyt töleýjileriň salgyt kanunçylygynyň öňünde deňligini häsiýetlendirýär.
3. **Adalatlylyk ýörelgesi.** Bu ýörelgä laýyklykda, her bir salgyt töleýji döwletiň harajatlaryny maliýeleşdirmäge özleriniň girdejilerine we mümkinçiliklerine laýyklykda gatnaşýar.
4. **Barabarlyk ýörelgesi.** Bu ýörelge salgyt ýüküniň ykdysady taýdan esaslandyrylan bolmalydygyny, şeýle hem salgyt töleýji bilen döwletiň bähbitleriniň deňagramlylygyny üpjün etmelidigini aňladýar.
5. **Deň salgyt ýüki.** Salgyt ýüki diýlip, salgytlary tölemek üçin serişdeleriň geçirilmeginden döreýän ykdysady çäklendirmelere düşünilýär[1]. Syýasy ygtykatlaryndan, milletinden, dini garaýyşlaryndan ugur almak bilen salgyt ýüküni bellemeklige ýol berilmeýär.
6. **Salgytlar we ýygymlar ykdysady taýdan esaslandyrylan bolmaly**. Bu ýerde birinjiden, ýygnalan salgytlar ony ýygnamaklyga edilýän harajatlardan birnäçe esse köp bolmaly. Ikinjiden, salgytlar girizilende onuň döwlet býujeti, ykdysadyýetiň ösüşi, şeýle hem salgyt töleýjiler üçin bolup biljek ykdysady netijesini göz öňünde tutmaly.
7. **Amatly salgyt salmak ýörelgesi**. Her bir salgyt töleýji salgytlaryň we ýygymlaryň haýsy görnüşlerini, haçan, nähili tertipde tölemelidigini bilmeli. Bu ýörelge salgyt töleýji tarapyndan öz borçlarynyň ýerine ýetirilmegine gönükdirilýär.
8. **Salgyt töleýjileriň we döwletiň bähbitleriniň goralmagynda deňligiň üpjün edilmek ýörelgesi**. Bu salgyt gatnaşyklarynyň her bir gatnaşyjysynyň özleriniň kanuny bähbitlerini we hukuklaryny goramaklyga Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen hukuklarynyň bardygyny aňladýar.

Görkezilen ýörelgeleri peýdalanmak bilen, döwlet durnukly ösüp barýan ykdysadyýet şertlerinde harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň öndürilýän möçberleriniň giňeldilmegini, maýa goýum işjeňligini, ykdysady ösüşiň hil görkezijilerini höweslendirýär. Ol ýa-da beýleki ýörelgeleriň ulanylmagy netijesinde gurluş we durmuş ugry

[1] *Шувалова Е.Б., Шувалов А. Е.* Налоги и налогообложение. –Москва, 2002. С. 34.

5. Sargyt № 1335

amala aşyrylýar. Çökgünlik ýagdaýy döwründe görkezilen ýörelgeleri peýdalanmagyň üstünden ykdysadyýeti çökgünlik ýagdaýyndan çykarmaga gönükdirilen wezipeleriň çözülmegine ýardam edýär.

Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň usullary döwletiň amala aşyrmaga çalyşýan maksatlaryna baglydyr. Häzirki zaman dünýä tejribesinde salgyt töleýjiniň üstüne düşýän salgyt ýüküni üýtgetmek, salgyt salmagyň bir usullaryny ýa-da görnüşlerini beýlekilerine çalyşmak, ol ýa-da beýleki salgytlaryň ulanylýan ugurlaryny ýa-da tutuş salgyt salmak ulgamyny üýtgetmek, salgyt ýeňillikleri we preferensiýalaryny girizmek ýa-da ýatyrmak, salgyt möçberleriniň differensirlenen ulgamyny girizmek ýaly usullary has giň ýaýrawa eýe boldy.

Salgyt syýasatynyň maksatlary birnäçe faktorlaryň täsiri bilen emele gelýär, olaryň arasynda has möhümleri ýurtdaky ykdysady we durmuş ýagdaýy, jemgyýetde durmuş-syýasy güýçleriň ýerleşişi bolup durýar. Häzirki şertlerde ösen bazar ykdysadyýeti bolan ýurtlar salgyt syýasatyny aşakdakylar ýaly möhüm salgyt maksatlaryna ýetmek üçin amala aşyrýarlar:

- döwletiň ykdysadyýeti hojalyk işini höweslendirmäge ýa-da çäklendirmäge gönükdirilen görnüşde düzgünleşdirmäge, şeýle hem jemgyýetçilik üznüksiz önümçiligine gatnaşmagy;
- häkimiýetiň ähli derejeleriniň zerurlyklaryny ykdysady, durmuş syýasatyny alyp barmak üçin, şeýle hem degişli häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan öz üstlerine ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin ýeterlik bolan maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek;
- girdejileri düzgünleşdirmek babatda döwlet syýasatyny üpjün etmek.

## 3.2. Salgyt syýasaty we salgyt düzgünleşdirmesi

Islendik döwletiň salgyt syýasaty diňe bir döwletiň maliýe ulgamynyň däl, eýsem, ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň umumy syýasatynyň hem möhüm bölegi bolup çykyş edýär. Salgytlar döwletiň maliýe syýasatyny durmuşa geçirmegiň netijeli guraly hökmünde peýdalanylýar. Salgytlaryň kömegi bilen durmuş-ykdysady işler düzgünleşdirilýär, ykdysadyýeti gurluş taýdan üýtgedip guramagyň bähbitlerinde ykdysadyýetiň ol ýa-da beýleki pudaklarynyň, işiň

görnüşleriniň ösüşi höweslendirilýär ýa-da tersine, gowşadylýar, durmuş-ykdysady ösüşiň umumy depginleri we ilatyň iş bilen üpjünçilik derejesi tassyklanýar.

*Salgytlary býujet ulgamynyň bölümleriniň arasynda paýlamak.* Dürli derejeleriň býujetleriniň girdejileri salgytlary we hökmany tölegleri paýlamagyň hasabyna emele getirilýär. Salgytlaryň, ýerli ýygymlaryň anyk görnüşleriniň merkezi we ýerli býujetlere berkidilmegi diňe bir býujetleriň özbaşdaklygyny üpjün etmän, eýsem, döwletiň sebit syýasatyny durmuşa geçirmekde olaryň ornuny işjeňleşdirýär, sebitlere öz býujetlerini emele getirmäge, uzakmöhletli geljek üçin öz durmuş-ykdysady ösüşiniň çaklamalaryny düzmäge mümkinçilik berýär.

Üznüksiz önümçilik ösüşiniň salgyt düzgünleşdirmesi salgyt salmak babatynda bazar ykdysadyýetine döwletiň goşulmagyna gönükdirilen aýratyn çäreler ulgamy görnüşinde amala aşyrylýar. Salgyt düzgünleşdirmesi diňe bir aýry-aýry pudaklara we önümçilik ulgamlaryna däl, eýsem, köp dürli görnüşlere eýe bolan tutuş milli ykdysadyýete hem täsir edýär.

Salgytlar ýurduň jemi içerki önümi (JIÖ) we jemi milli girdejini (JMG) gaýtadan paýlamak işinde möhüm orun tutýar.

Salgytlaryň ykdysadyýete edýän täsiri göni däl-de, başga ýagdaýlaryň üsti bilen bolup geçýär. Salgytlar JIÖ we JMG-ni gaýtadan paýlamagyň guraly hökmünde hereket edýän meýillerden, proporsiýalardan (paýlarda) we ykdysady ösüş depginlerinden biraz gijä galyp täsir edýär. Salgytlar ykdysadyýetiň döwürleýinlige garşy ösüşiniň möhüm serişdesi bolup durýar. Ykdysady ösüşiň depginlerini deňeçerlemek maksady bilen, köp ýurtlar maýa goýumlara bolan islegi düzgünleşdirmek üçin salgyt mehanizmini peýdalanýarlar (depressiýa döwründe höweslendirmek we aňrybaş ykdysady ýokary göteriliş döwründe çäklendirmek).

Salgyt gelip gowuşmalarynyň önümçiligiň möçberlerinden we depginlerinden biraz giç bolup geçýändigi sebäpli, salgytlaryň öz-özünden artdyrylmagy önümçilikde durgunlyk ýagdaýyna, hatda onuň pese gaçmagyna getirip biler. Şu ýagdaýda maýa goýumlaryny höweslendirmek maksady bilen, salgytlary peseltmek zerurdyr.

Salgyt düzgünleşdirmesi jemgyýetiň üznüksiz önümçiliginiň gurluşyna işjeň täsir etmäge niýetlenendir. Salgyt mehanizminiň

kömegi bilen döwlet ykdysadyýetiň has öňdebaryjy, ylmy-tehniki ösüşi kesgitleýän, şeýle hem önümçiligiň we hyzmatlaryň düşewündi pes, ýöne örän möhüm ulgamlarynda maýanyň tiz toplanmagy üçin zerur bolan şertleri döredýär.

Salgyt mehanizmi şol ýerlerdäki kärhanalary salgytlardan bölekleýin ýa-da doly boşatmak, olara esasy serişdelerden ulanyş tutumyny tiz almak ýaly mümkinçilikleri bermek ýoly bilen, ykdysady taýdan gowşak ösen etraplarda çalt depginler bilen ösüşi höweslendirmek arkaly ýurduň ösüşini sebitler boýunça deňeçerlemek üçin hem peýdalanylýar.

Salgyt düzgünleşdirmesi durmuş ulgamyna hem täsir edýär. Bu ekologiýa, durmuş amatlyklary, ilaty durmuş taýdan goramak ýaly ugurlara degişlidir. Şunuň ýaly çärelere maýa goýýan firmalaryň çykdajylary, düzgün bolşy ýaly, salgyt salynýan peýdadan aýrylýar.

Gytaklaýyn salgyt we girdeji salgydy ulgamynyň üstünden döwlet iň pes salgyt salynýan möçberleri bellemek, girdejileriň aýry-aýry görnüşlerini, harytlaryň bellibir toparlaryny degişli salgytlardan boşatmak ýoly bilen, şahsy sarp edişe we ilatyň tölege ukyply islegine täsir edýär. Ilatyň tölege ukyply islegini düzgünleşdirmek ýoly bilen, döwlet harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilişine we teklip edilişine, şahsy süýşürintgilere we maýa goýumlara täsir edýär.

Salgyt syýasaty durmuşa geçirilende, döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmäge gatnaşmagy salgyt möçberi, salgyt ýeňilligi, salgyt özeni we beýleki käbir gurallaryň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Düzgünleşdirmek we höweslendirmek çärelerine göni täsir etmegiň häsiýetli mysaly salgytlardan doly ýa-da bölekleýin boşatmak, ýagny salgyt ýeňilliklerini, preferensiýalary peýdalanmak bolup durýar. Özeni girdeji ýa-da peýda bolup durýan aýry-aýry salgytlary tölemekden doly boşatmak döwletler tarapyndan, düzgün bolşy ýaly, ykdysadyýetiň täze pudaklaryny ýa-da işiň täze ugurlaryny ösdürmek üçin, ýurduň özgerdiliş derejesi pes ýa-da ösüş ýagdaýy amatsyz sebitlerine maýa goýulmagyny höweslendirmek üçin peýdalanylýar.

Salgytdan doly boşatmakdan tapawutlylykda, salgytdan bölekleýin boşatmak telekeçilik girdejisiniň bellibir bölegi üçin salgyt ýeňillikleri ulgamy bolup durýar, bu ykdysadyýeti döwlet tarapyn-

dan düzgünleşdirmegiň ulanylýan görnüşleriniň çeýe bolmagyny üpjün edýär.

Girdejileri düzgünleşdirmek babatda döwlet syýasatyny amala aşyrmagyň möhüm serişdesi salgyt möçberi bolup durýar. Ol salgyt özenini kesgitleýär, onuň pul möçberi salgydyň ululygy bilen kesgitlenilýär. Şony üýtgetmek bilen, hökümet, tutuş salgyt kanunçylygyny üýtgetmän, diňe bellenen möçberlere düzediş girizmek arkaly salgyt düzgünleşdirmesini amala aşyrýar. Salgyt syýasatyny alyp barmakdan düýpli netije aýry-aýry sebitlerde salgyt töleýjileriň käbir toparlary üçin, aýry-aýry pudaklar we kärhanalar üçin salgyt möçberlerini differensirlemegiň hasabyna gazanylýar. Salgyt möçberi maliýe kanunçylygynyň ykjamlygyny üpjün edýär, hökümete girdejileri düzgünleşdirmek syýasatynda ileri tutulýan ugurlary çalyşmagy çalt we netijeli amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Salgyt özenini emele getirmek hem döwletiň salgyt syýasatynyň degerli guraly bolup durýar, sebäbi salgyt töleýjileriň dürli toparlarynyň salgyt borçnamalarynyň artmagy ýa-da azalmagy şoňa bagly bolup durýar. Bu bolsa önümçiligi giňeltmek, maýa goýum taslamalary üçin we ykdysady ösüşi degişli derejede ýokarlandyrmak (peseltmek) üçin goşmaça höweslendirmeleri ýa-da tersine, çäklendirmeleri döredýär.

Salgyt syýasaty köp babatda maliýe-hojalyk işleriniň barşyny we ugruny kesgitleýär, şonuň üçin döwlet ol ýa-da beýleki salgyt täsirlerine ykdysady institutlaryň garaýşyny hasaba almalydyr. Salgytlar we salgyt ýeňillikleri ulgamyny kämilleşdirmek bilen, ol bellibir ykdysady meýilleri, hojalygyň dürli pudaklarynyň ýa-da aýry-aýry haryt öndürijileriň ösüşini gowşadýar, ýa-da höweslendirýär, bu bolsa ahyr netijede, ykdysadyýetiň ýagdaýyna we ilatyň ýaşaýyş derejesine täsir edýär.

Bellibir derejede özbaşdaklyga eýe bolmak bilen, salgyt syýasaty salgytlaryň ylmy nazaryýetine daýanmalydyr. Şeýle bolmasa ol durmuşdan üzňe bolar.

Salgytlar salgyt töleýjileriň bähbitlerine doly derejede laýyk gelmeýär. Emma şol bir wagtyň özünde döwlet salgytlary alman hem bilmez. Salgytlaryň üsti bilen pul-haryt gatnaşyklary şertlerinde jemgyýetçilik önüminiň bir bölegini paýlamak boýunça döwletiň düýpli

(fundamental) wezipeleri ýerine ýetirilýär. Salgytlar bu pul däldir, ol maliýe gatnaşyklarydyr, üstesine-de bir tarap tarapyndan döredilen önümiň köp bölegininiň beýleki tarap tarapyndan alynýan halatyndaky ýakymly bolmadyk gatnaşyklardyr. Salgytlar paýlama kategoriýasydyr. Döwletiň we kärhanalaryň, firmalaryň, kompaniýalaryň salgyt babatda garşy durmaklary düzgünleşdirilýän ýagdaýdyr. Salgyt düzgünleşdirmesiniň çygry ähli zady öz içine alýar. Olaryň derejesi boýunça salgyt alynmalarynyň çägi girdejileriň toplumy bilen däl-de, hojalygyň maliýe durnuklylygyny we önümçilik-täjirçilik ösüşini üpjün etmekdäki zerurlyklary bilen kesgitlenilýär.

Durnuksyz ykdysady şertlerde maliýe serişdeleriniň ýetmezçilik edýän halatynda, salgyt syýasaty bu serişdeleri aňryçäk möçberlerde ýygnamaklykdan ugur alýar.

Önümçilik sarp edişiniň we onuň üsti bilen önümçiligiň salgyt düzgünleşdirmesi ulgamy ýurduň býujet gaznasynyň emele getirilmegi bilen üznüksiz baglanyşyklydyr. Býujet syýasatyna salgyt syýasaty hökmünde hem seredip bolar. Býujet gaznasy salgyt gaznasyny öz içine alýar, önümçilik sarp edilişiniň salgyt düzgünleşdirmesi ulgamy salgytlaryň üstünden býujet düzgünleşdirmesi hökmünde çykyş edýär. Önümçilikde býujet gaznasynyň göni we gytaklaýyn çykdajylaryna üns berlende, býujetiň haryt önümçiligine düzgünleşdiriji täsiriniň ählumumylygyň salgyt täsirinden kem bolman, eýsem, ondan ýokarydygy görünýär. Bu bolsa býujet düzgünleşdirmesiniň çygryny diňe býujet çykdajylaryna syrykdyrylmaly däldigini  aňladýar, olar girdejilerden gelip çykýar.

Salgytlar babatynda býujet çykdajylarynyň hereketiniň kanunalaýyklyklary bardyr. Olardan iň esasylary salgyt gelip gowuşmalarynyň mukdarynyň salgyt möçberine baglydygy bolup durýar.

Salgyt alynmalary üçin tölegleriň ýokarky çäkleri bolup bilermi? Köplenç halatlarda, salgytlaryň tölenmeýändigi bilen bagly býujet ýetmezçilikleriniň artmagyna bolan meýil, maliýe çökgünlikleri, görünmeýän (salgyt tölemeýän) bölegiň ýaýramagy, salgyt düzgün-nyzamynyň ýaramazlaşmagy we ahyr netijede, ykdysady ösüşiň depginleriniň pese gaçmagy salgyt çäklerini kesgitlemegiň peýdasyna bolan mysallardyr.

Ýokarky çägiň ululygy dürli-dürli bolup biler. Eger girdeji salgytlaryny göz öňünde tutsaň, onda bu ýerde ýokarky çäkleriň jan başyna düşýän milli girdejileriň derejelerine, däplere, durmuş-syýasy faktorlara baglylygy görünýär.

Salgyt ýüküniň seljermesi bilen käbir ykdysatçy alymlar meşgullanýarlar. Olar şu işleriň arasyndaky özara baglanyşykdan (korrelýasiýa) ugur alýarlar: salgytlaryň peselmegi bar bolan girdejiniň köpelmegine we degişlilikde, zähmet, maýa bazarlarynda teklibiň artmagyna, maýa goýumlaryň ýokarlanmagyna alyp barýar. Onuň netijesinde ýokary ykdysady ösüş bolup geçýär. Salgyt ýüküniň seljermesi bilen meşgullanýan alymlaryň hatarynda amerikan ykdysatçysy Lafferi görkezmek bolar. Ol özüniň egri çygynyň üsti bilen girdeji salgydyň aňryçäk möçberini girizmekligi teklip etdi (*2-nji surat*).

Gelip gowuşmalar diňe bir salgyt möçberine däl, köp babatda **salgyt özenine** hem baglydyr. Möçberiň (stawkanyň) ýokarlanmagy bilen belli çäge ýetilýär, şondan soň ony ýokarlandyrmak önümçiligiň

**Salgyt möçberiniň üýtgedilmeginiň salgyt gelip gowuşmalaryna ýetirýän täsiri**




Aňlatmasy:
L – başlangyç möçberi
M – aňryçäk oňyn möçberi
N – salgyt gelip gowuşmalarynyň başlangyç derejä çenli peselýän möçberi

***2-nji surat***

ýokarlanmagy bilen däl-de, peselmegi, ýagny salgyt özeniniň kemelmegi, salgyt gelip gowuşmalarynyň peselmegi bilen bilelikde bolup geçýär.

Käbir ykdysatçy alymlaryň salgyt ulgamlarynyň gurluşyny üýtgedip guramak babatynda teklip edýän çäreleriniň üç ugruny görkezip bolar:

- salgyt möçberini aňryçäk derejä çenli peseltmek;
- ýokary girdejiler üçin möçberleri peseltmek, ýagny salgytlary az derejede «ýokarlanýan» etmek;
- önümçilik faktorlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak arkaly harytlaryň we hyzmatlaryň teklibiniň ýokarlanmagyny höweslendirmek.

Salgyt düzgünleşdirmesiniň möhüm ugry bolup nyrh emele getirmek çykyş edýär. Eger önümçilik bahany emele getirýän bolsa, onda bu bäsleşigiň, maýanyň pudagara geçmeginiň netijesinde, gymmat kanunynyň, hyrydarlyk bilen hödürlemäniň deňagramlylyk kanunynyň hereketiniň üstünden bolup geçýär.

Peýdanyň gymmatyň üstüne goşundy bolman, harydyň gymmatynyň düzüm bölegi bolup çykyş edýändigi sebäpli, harydyň bahasy peýdany içine alýar, şeýle peýda bolup goşmaça gymmat çykyş edýär. Syýasy ykdysady nazaryýetiniň nusgawy wekilleri meseläni ine, şunuň ýaly çözüpdirler. Peýdanyň ortaça kadasynyň emele gelmegi üçin we häzirki döwürde harydyň gymmatynyň hojalykdaky önümçiligiň bahasyna öwrülmegi üçin obýektiw şertler görünmeýär. Öndürijiniň peýda kadasy pudakda peýdanyň ortaça kadasy bilen däl-de, erkin satuw bahasy bilen kesgitlenilýär, onuň emele geliş mehanizmi eýýäm sosialistik däl, ýöne heniz kapitalistik bolup ýetişmedik mehanizmdir. Peýdany önümçiligiň maksady diýip ykrar etmek görnüp duran ýaly hem bolsa, ählumumy häsiýeti bolan maksat hasap etme hökmünde anyk düşündirilip bilinmez.

## 3.3. Salgyt syýasatynyň strategiýasy we taktikasy

Salgyt gatnaşyklarynyň döwletde emele gelen ol ýa-da beýleki kanunalaýyklyklary maliýe syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýan salgyt syýasatynyň taktikasyny we strategiýasyny görkezýär. Salgyt

syýasatynyň mazmuny, maksatlary jemgyýetiň durmuş-ykdysady gurluşy we döwletiň öňünde duran wezipeler bilen şertlendirilendir.

Ýokary derejede ösen bazar gatnaşyklary şertlerinde salgyt syýasaty döwlet tarapyndan artykmaç girdejileri, köplenç, durmuş maksatlarynda gaýtadan paýlamak üçin, şeýle hem çäkleriň ykdysadyýetini ösdürmek, ilatyň girdejilerini düzgünleşdirmek üçin peýdalanylýar. Salgyt syýasatynyň wezipeleri döwleti maliýe serişdeleri bilen üpjün etmekde, tutuş ýurduň hojalygyny düzgünleşdirmek üçin şertleri döretmekde, ilatyň girdejileriniň derejesinde bazar gatnaşyklarynyň barşynda ýüze çykýan ykdysady deň gelmezlikleri azaltmakda jemlenýär.

Salgyt syýasaty häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ylmy taýdan esaslandyrylan, ykdysady taýdan maksadalaýyk taktiki, strategik hukuk hereketleriniň jemi hökmünde üznüksiz önümçiligiň zerurlyklaryny, jemgyýetçilik baýlygynyň artmagyny üpjün etmäge ukyplydyr. Munuň başlangyç maksady diňe bir salgyt töleglerini töletdirmegiň hukuk tertibini berjaý etmek bolup durman, eýsem, salgyt salmagyň täsiri bilen emele gelýän hojalyk-ykdysady gatnaşyklaryna ählitaraplaýyn baha bermegi geçirmek bolup durýar. Diýmek, salgyt syýasaty – bu salgyt kanunlarynyň görkezmeleriniň öz-özünden ýerine ýetirilmegi däl-de, eýsem, olary kämilleşdirmek bolup durýar.

Eger döwlet jemgyýetçilik, korporatiw we şahsy ykdysady bähbitlerini laýyk getirmäge çalyşýan bolsa, salgyt taktikasy, strategiýasy zerurdyr.

Alymlaryň ykdysadyýetiň ösüş meýillerine, obýektiw hakykata, jemgyýetdäki durmuş-ykdysady ýagdaýa degişli çaklamalaryny hasaba almak bilen, döwlet tarapyndan işlenip taýýarlanýan *salgyt strategiýasy* şu maksatlary göz öňünde tutýar:

- ykdysady maksatlar-ykdysady ösüşi üpjün etmek, önümçiligiň döwürleýinligini gowşatmak, ösüşdäki deň gelmezlikleri ýok etmek, hümmetsizlenme ýagdaýyny ýeňip geçmek;
- durmuş maksatlary – milli girdejini peýdany artdyrmagy höweslendirmek we ilatyň girdejileriniň pese gaçmagyna ýol bermezlik ýoly bilen bellibir sosial toparlaryň bähbitlerinde gaýtadan paýlamak;

- fiskal maksatlar – döwletiň girdejilerini ýokarlandyrmak;
- halkara maksatlar – beýleki ýurtlar bilen ykdysady aragatnaşyklary pugtalandyrmak, töleg balansy üçin amatsyz şertleri ýeňip geçmek.

Dolandyryş gurluşlarynyň taktiki hereketleri bilen salgyt salmagyň döwletiň konstitusional hukuk namalarynda tassyklanan umumy strategiýasynyň arasyndaky gapma-garşylyklar býujetiň deňeçerliginiň bozulmagyna, hojalyk mehanizmindäki bökdençliklere, üznüksiz önümçilik prosesleriniň peselmegine we ahyrky netijede, ykdysady çökgünlige getirýär.

Salgyt syýasaty geçirilýän mahalynda taktiki hereketleriň esaslandyrylmagy býujetiň girdejilerini emele getirmekde ägirt uly orun tutýar. Nobatdaky maliýe ýyly üçin býujet tabşyryklary salgyt salmagyň umumy strategiýasy bilen laýyk gelmelidir.

## 3.4. Salgyt syýasaty bilen salgyt mehanizminiň özara baglanyşygy

Salgyt syýasaty salgyt mehanizminiň üstünden amala aşyrylýar, bu mehanizm salgyt salmagy dolandyrmagyň guramaçylyk – hukuk kadalarynyň we usullarynyň jeminden ybarat bolup, dürli görnüşdäki gurallary (salgyt möçberlerini, salgyt ýeňillikleri, salgyt salmagyň usullaryny we ş.m.) öz içine alýar. Döwlet özüniň salgyt mehanizmine salgyt kanunçylygy arkaly hukuk görnüşini berýär we ony düzgünleşdirýär. Salgyt mehanizmi salgyt hukugyna, salgyt salmagy dolandyrmagyň esaslaryna daýanmak bilen, salgyt gatnaşyklaryny tertipleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Şunuň bilen birlikde, salgyt mehanizmi – bu salgyt nazaryýetiniň guramaçylyk-ykdysady kategoriýasy hökmünde häsiýetlendirilýän bölegi bolup, jemgyýetçilik önümçiliginiň barşynda döredilen milli girdejiniň gaýtadan paýlamak gatnaşyklaryny dolandyrmagyň obýektiw zerurlyk işi bolup durýar. Gatnaşyklaryň şu ulgamyny üç kiçi ulgama bölüp bolar: salgydy meýilnamalaşdyrmak, salgyt düzgünleşdirmesi we salgyt gözegçiligi.

Salgyt mehanizmi, hojalyk mehanizmi ýaly, iki gapma-garşylykly esasy birleşdirýär:

- meýilnamalaşdyrmak, ýagny ähli pudaklaryň ösüşinde gyradeňligi üpjün etmek, ykdysady prosesleri jemgyýetçilik önümçiliginiň ösüşiniň maksatlaýyn ugruna laýyklykda utgaşdyrmak ýoly bilen, obýektiw hereket edýän ykdysady kanunlary hasaba alyp, ykdysadyýeti merkezi häkimiýet tarapyndan düzgünleşdirmek;
- tebigy-bazar bäsleşigi, bu ýerde öndürijiler we sarp edijiler göni hem gaýdymlaýyn aragatnaşyklaryň esasynda özara hereket edýärler.

Öndürijileriň aýrybaşgalygy we olaryň bähbitleriniň gapma-garşylygy netijesinde zyýanly hadysalar ýüze çykýar. Şeýlelikde, bazar gatnaşyklary bir tarapdan, berk güýçli bäsleşik şertlerinde aýry-aýry subýektleriň önümçiliginiň ösmegine, beýleki tarapdan, harydyň öndürilen möçberiniň onuň ýerleşdirilişi bilen laýyk gelmezligi netijesinde aýrybaşgalanan kärhanalaryň arasyndaky hojalyk aragatnaşyklarynyň bozulmagyna getirýär. Şundan önümçilikde bökdençlikleriň we bazarda çökgünlik meýilleriniň öňüni almak üçin bazar gatnaşyklaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň zerurlygy gelip çykýar. Häzirki wagtda şunuň ýaly düzgünleşdiriji ähli ýurtlarda ykrar edilen salgyt mehanizmi bolup durýar.

Salgyt mehanizminden peýdalanmagyň netijeliligi döwletiň salgytlaryň içki manysyny we olaryň gapma-garşylygyny näderejede hasaba alýandygyna baglydyr.

Salgyt syýasatynda döwletiň bellibir özbaşdaklygy ýüze çykýar. Salgyt syýasatyny üýtgetmek, salgyt mehanizminden ýagdaýa görä peýdalanmak (manipulirlemek) bilen döwlet ykdysady ösüşi höweslendirmek ýa-da ony gowşatmak mümkinçiligini alýar. Salgyt düzgünleşdirmesi ýurduň hojalyk durmuşyny gurşap alýar, sebäbi salgyt çäreleri ýokarda durýan institutlaryň (nadstroýka) bazis gatnaşyklaryna täsir edişiniň has ählumumy guraly bolup durýar. Şunuň ýaly düzgünleşdirmegiň maksady – şereketiň içerki, daşarky işi, aýratyn hem maýa goýum işi üçin umumy salgyt ýagdaýyny döretmek, ileri tutulýan pudaklary we maýanyň hereketiniň sebit ugurlaryny höweslendirmek üçin ýeňillikli salgyt şertlerini üpjün etmek bolup durýar.

Salgyt syýasatynyň we salgyt mehanizminiň esasynda agalyk edýän konsepsiýa goýlandyr. Konsepsiýanyň dogrulygy tejribede barlanylýar. Eger salgyt nazaryýeti meşhurlykdan peýdalanmaýan we ol özüniň durmuşa geçirýän mahalynda ýaramaz netijelere getirýän bolsa, onda ony täze konsepsiýa çalyşmak zerurdyr.

## 3.5. Salgyt syýasatyny we ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmak

Dolandyryş hakynda ylmyň nukdaýnazaryndan döwlet dolandyryş obýekti hökmünde şu babatda hususy şereketlerinden hiç hili tapawutlanmaýar. Eger maksatlar dogry saýlanyp alnan hem-de bu maksatlara ýetmek üçin serişdeler bar bolsa, onda olary diňe netijeli peýdalanmak galýar. Döwletiň esasy maliýe serişdesi salgytlar bolup durýar, şonuň üçin salgytlaryň netijeli dolandyrylmagyny, umuman, döwlet dolandyrylyşynyň esasy diýip hasap edip bolar.

Eger döwlet öz raýatlarynyň ýokary durmuş-ýaşaýyş şertlerini üpjün etmekligi maksat edinýän bolsa, onda döwlet häkimiýeti şu iki strategik ugurlaryň birini saýlap alyp biler: ýokary salgyt ýygnamaly we öz raýatlarynyň abadançylygy üçin ýokary jogapkärçiligi öz üstüne almaly ýa-da raýatlaryň döwlet goldawyna bil baglaman, öz abadançylygynyň aladasyny özleri etmelidigini göz öňünde tutup, pes salgytlary almaly. Şunda ilatyň zerurlyklarynyň derejesiniň möhüm ähmiýeti bardyr, şuňa laýyklykda, ykdysady ösüşiniň başky tapgyrlarynda döwletler bellibir derejede pes salgytlara ýykgyn edýärler, soňky tapgyrlarda, jemgyýetçilik sarp edilişiniň görnüşleriniň ösmegi bilen, salgytlaryň ýokary möçberlerine geçýärler. Emma şu umumy meýliň çäklerinde döwletler öz maliýe ulgamlaryny dürlüçe gurýarlar: bir topary döwlet gurluşlarynyň gözegçiligi astynda maliýe serişdelerini ulanmagyň has ýokary netijeliligi konsepsiýasyndan ugur alyp, jemgyýetiň ähli girdejileriniň 50%-ine golaýyny salgytlar görnüşinde (salgytlaryň we hökmany tölegleriň ähli görnüşlerini, şol sanda durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlary hem goşmak bilen) almagy mümkin diýip hasap edýärler; beýlekileri salgyt babatda «ýükleri» JIÖ-niň bary-ýogy 25–30%-i möçberinde çäklendirýärler.

## 3.6. Türkmenistanyň salgyt ulgamy

Ýurdumyzyň salgyt ulgamyna Türkmenistanda kabul edilen salgytlaryň we ýygymlaryň, şeýle hem bu salgytlary, ýygymlary ýygnamak boýunça ygtyýarly edaralaryň, töleýjileriň jemi hökmünde seretmek bolar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamy ony emele getirýän bölekleriň, ýagny salgytlaryň, ýygymlaryň, olary töleýjileriň we salgydyň hukuk esaslarynyň özara gatnaşygyny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamyny şertli iki derejä bölmek bolar:

- merkezi (umumydöwlet) salgytlar;
- ýerli salgytlar (ýerli ýygymlar).

Salgydyň derejesi onuň gelip gowuşýan býujetiniň derejesine laýyklykda kesgitlenilýär.

Türkmenistanda merkezi salgytlara:

- goşulan baha üçin salgyt;
- edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;
- goşmaça tölegler (aksizler);
- ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt degişlidir.

Biziň ýurdumyzda ýerli býujetlere berkidilen salgytlar (ýerli ýygymlar) hem Salgytlar hakynda Türkmenistanyň Bitewi Kanuny bilen kesgitlenilýär. Olara aşakdakylary görkezmek bolar:

- şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy;
- emläk üçin salgyt;
- mahabatlandyrma üçin ýygym;

şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen ýygym;

- awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym;
- awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym;
- awtoulag serişdeleriniň eýelerinden alynýan ýygym.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanyň salgyt ulgamy öňi bilen bölekleriň özara gatnaşygyny göz öňünde tutýar. Onuň düzüm bölekleri Türkmenistanyň salgyt ulgamyny emele getirýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamy şu aşakdaky düzüm birliklerden ybarat bolup durýar:

– «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynda bellenen hem-de biziň ýurdumyzda hereket edýän salgytlaryň we ýygymlaryň ähli görnüşleri;
– salgytlaryň we ýygymlaryň salynýan subýektleri;
– salgyt gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy-hukuk binýat;
– salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar.

Häzirki wagtda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunyna laýyklykda ýurdumyzda salgytlaryň 6 sany görnüşi bolup, olaryň esasy bölegi döwletimiziň merkezi býujetine gönükdirilýär.

Ýurdumyzda salgytlaryň görnüşleri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1) goşulan baha üçin salgyt;
2) goşmaça töleg;
3) edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;
4) emläk üçin salgyt;
5) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt;
6) şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy.

Ýerli ýygymlar ýerli býujetleriň girdeji bölegini üpjün etmekde wajyp wezipäni ýerine ýetirýärler. Häzirki wagtda Türkmenistanda ýerli ýygymlaryň diňe bäş sany görnüşi hereket edip, olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Mahabatlandyrma üçin ýygym;
2. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen ýygym;
3. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym;
4. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym;
5. Awtoulag serişdelerinden alynýan ýygym.

Ýurdumyzda salgyt salmak işiniň subýektleri hökmünde hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt tölemek borçlary üstüne ýüklenen şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplar, olaryň wekilleri, ýagny salgyt töleýjiler hem-de salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly döwlet edaralary çykyş edýärler.

Türkmenistanda salgyt hukuk gatnaşyklary salgyt hukugynyň çeşmeleriniň esasynda düzgünleşdirilýär. Salgyt hukugynyň esasy çeşmeleri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1. *Türkmenistanyň Konstitusiýasy.* Esasy kanunymyzda, ýurdumyzda salgytlary tölemek boýunça adamlaryň konstitusion borçlary beýan edilýär. Hususan-da, onda her bir adamyň kanunda bellenen tertipde we möçberlerde salgytlary tölemek, gaýry tölegleri amala aşyrmak boýunça borçlary bellenip geçilýär[1].
2. «*Salgytlar hakynda*» *Türkmenistanyň Bütewi Kanuny.* Bu kadalaşdyryjy hukuk namasy salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän iň bir wajyp hukuk çeşmeleriniň biri bolup durýar. Hususan-da, bu kanuna laýyklykda, täze salgytlary bellemek, şeýle hem hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak diňe «Salgyt hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýandygy görkezilip geçilýär[2].
3. «*Türkmenistanyň Býujet kodeksi*». Bu Kodekse laýyklykda, salgytlar Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň esasy girdejilerine degişli bolup durýar[3].
4. *Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky Kodeksi.* Beýan edilýän kodeksiň degişli maddalary bilen Türkmenistanyň salgytlar hakynda kanunçylygynyň tertibiniň bozulmagy üçin administratiw temmi çäreleri beýan edilýär.
5. Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň käbir kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary. Mysal üçin, aýratyn kabul edilýän Döwlet býujeti hakynda Türkmenistanyň Kanunlary we başgalar.
6. *Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary*. Muňa mysal hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Salgyt salmagy we

---

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 59-njy maddasy (30-njy sahypa). – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

[2] «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanuny. 12-nji madda, 1-nji bölek. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

[3] Türkmenistanyň Býujet kodeksi. 14-nji madda. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

maliýe çärelerini ulanmagy tertipleşdirmek hakynda» 2001-nji ýylyň 23-nji noýabryndaky № PP-3506 Permanyny görkezmek bolar.

7. *Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary.* Bu ýerde mysal bolup, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň Tertibini tassyklamak hakynda» karary çykyş edip biler.
8. *Halkara şertnamalar*. Iki gezek salgyt salmany aradan aýyrmak baradaky biziň ýurdumyzyň beýleki döwletler bilen baglaşýan ylalaşyklary hem salgyt hukuk gatnaşyklarynyň esasy hukuk çeşmeleriniň biri hökmünde çykyş edýär.
9. Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň salgyt babatynda çykarýan kadalaşdyryjy-hukuk häsiýetine eýe bolan namalary. Bu ýerde esasy orun Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetine degişli bolup durýar.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynda, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar kesgitlenilýär. Olara aşakdakylar degişlidir:

a) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň edaralary;
b) Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň edaralary;
ç) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň edaralary.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýeti döwletiň salgyt syýasatyny durmuşa geçirýän, salgyt salmak işini düzgünleşdirýän we dolandyrýan edarasy bolup durýar. Onuň düzümine welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň, etraplaryň, şäherlerdäki etraplaryň, şäherleriň döwlet salgyt bölümleri girýär.

Salgytlary, gümrük paçlaryny we gümrük ýygymlaryny kanunda bellenen tertipde töletmek Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň esasy wezipeleriniň hataryna goşulýar.

Salgyt syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça teklipleri işläp düzmek, Türkmenistanyň Kanunynda degişli ýyl üçin bellenen ölçegler boýunça döwlet salgytlaryny býujetleriň arasynda paýlamagy amala aşyrmak, iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmak, gytak-

laýyn salgytlar boýunça, salgyt kanunçylygyny berjaý etmek meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk we özara kömek hakynda ylalaşyklary, salgyt salmak babatda beýleki ylalaşyklary işläp düzmäge gatnaşmak Türkmenistanyň ygtyýarlygyna degişli wezipeler bolup durýar.

## 3.7. Telekeçilik işiniň subýektlerine salgyt salmak ulgamynyň aýratynlyklary

Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligine aýratyn ähmiýet berilýändiginiň esasy maksady erkin bäsleşigi ösdürmek, ýurdumyzyň ilatynyň giň köpçüligini telekeçilik işi bilen meşgullanmaga çekmek, şeýle hem ýurdumyzda goşmaça iş orunlaryny döretmekden ybaratdyr.

Häzirki wagtda dünýä tejribesinde kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine kimlere degişli bolup durýandygyny kesgitlemegiň ýeke-täk ölçegi ýokdur. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenip geçilýär. Hususan-da, bu Kanunyna laýyklykda, kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri hökmünde şu aşakdakylar ykrar edilýär.

1) telekeçi edara görnüşli taraplara:

a) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk mikrokärhanalara;

b) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalara;

ç) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 100 adama çenli bolan orta kärhanalara.

2) işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 10 adamdan geçmeýän, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslara – hususy telekeçilere[1].

---

[1] «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 5-nji madda, 1-nji bölek, (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009-njy ý., № 3, 58-nji madda).

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, edara görnüşli tarap döremezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga haklydyr[1]. Şeýlelikde, şahsy taraplar (fiziki şahslar) salgytlaryň käbir görnüşlerinde töleýjiler hem bolup durýarlar.

*Şahsy tarap* – hususy telekeçiniň ýaşaýan ýeri ýa-da Türkmenistanyň çäginde alyp barýan iş ýeri boýunça salgyt gullugy edarasynda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynyň 24-nji maddasyna laýyklykda, salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişli bolup durýar.

Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýlan salgyt töleýjä hususy salgyt belgisi berilýär.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynyň 14-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi 183 we ondan hem köp senenama güni bolan halatynda, ol Türkmenistanyň dahyllysy hasap edilýär diýlip bellenip geçilýär.

Hususy telekeçileriň girdejilerine salgyt salmagyň giňden ulanylýan ýeňillikli ulgamy göz öňünde tutulandyr.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynyň 200-nji maddasynda salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän işleriň sanawy boýunça telekeçilik işiniň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmakdan girdeji alýan hususy telekeçilere degişlidigi beýan edilip geçilýär. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyna degişli işleriň sanawy bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2015-nji ýylyň 27-nji iýunyndaky 14313-nji Karary bilen tassyklanyldy.

Şahsy tarap telekeçi salgyt töleýjiniň hasaba duran ýerindäki salgyt gullugy salgyt töleýjä döwlet tarapyndan bellenen nusga boýunça bellenen patent tölegini töländigine şaýatlyk edýän resminama (patent) berýär. Patent salgyt töleýjiniň telekeçilik işlerini amala aşyrmagy niýet edýän döwri başlanmanka berilýär.

Ýene-de bir bellemeli zat, eger-de şahsy tarap telekeçi salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyna degişli işleriň birnäçe görnüşi bilen

[1] «Türkmenistanyň Raýat kodeksi». 28-nji madda, 1-nji bölek. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1998. № 2, 39-njy madda.

meşgullanýan bolsa, ol üç aýdan az bolmadyk döwür üçin bellenen patent töleginiň her görnüşi üçin aýratynlykda däl-de, bellenen patent töleginiň iň ulusyny töleýär.

Salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen ulgamy boýunça bellenen telekeçilik işinden alnan girdeji salgydynyň möçberi (goşmaça patent tölegi) umumy girdejiniň 2 %-i möçberinde bellenilýär.

Edara görnüşli tarapy döretmän telekeçilik işi bilen meşgul bolýan şahsy taraplara salgyt salmagyň obýekti bolup, olaryň alýan jemi girdejileri çykyş edýär.

Salgyt töleýjiniň jemi girdejisine ýerlenen önümlerden, ýerine ýetirilen işlerden, edilen hyzmatlardan alnan girdejiler, şeýle hem ýerlenmekden daşarky amallardan alynýan girdejiler goşulýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunyna laýyklykda, ýerlemekden daşarky girdejilere aşakdakylar degişlidir:

a) islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler;
b) beýleki edara görnüşli taraplara we şereketlere paýçy bolup gatnaşmakdan alnan düşewüntler we beýleki serişdeler;
ç) ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary boýunça ätiýaçlyk öwezini doluş puly;
d) ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki çäreler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle hem ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagyndan alnan pullar;
e) öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pullar;
ä) Türkmenistanyň Raýat kodeksinde kesgitlenen, awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) iş nyşany ýa-da senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak;
f) ätiýaçlygyň hasabyna gümanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan alnan serişdeler;
g) hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň möçberi, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bütewi Kanunynyň 57-nji

maddasyna laýyklykda salgytlar (puşmana tölegler, jerimeler) boýunça umytsyz bergileriň hasapdan öçürilen möçberleri muňa girmeýär;

h) daşary ýurt pulundaky amallar boýunça, şeýle hem pul gymmatlyklarynyň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçlar arzanladylanda oňyn hümmet tapawutlary: eger-de daşary ýurt pulunyň taraplaryň ylalaşmagy bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerlenen (girdeji edilen) senesinde bellenilen hümmeti boýunça hasaplanan borçnamalaryň we talaplaryň emele gelen möçberi, manatda hakyky gelip düşen (tölenen) möçbere laýyk gelmäninde salgyt töleýjide döreýän oňyn tapawut;

i) hasabat ýylynda ýüze çykarylan geçen ýyllaryň girdejileri;

j) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunyna laýyklykda hasapdan aýyrma düzüminde göz öňünde tutulan, salgyt döwrüniň ahyryna çenli peýdalanylmadyk ätiýaçlyk we gaznalaryň serişdeleri;

ž) ulanmakdan aýrylýan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan materiallaryň we beýleki emläkleriň bahasy;

k) haýyr-sahabat maksatly alnan, bellenen maksada laýyk peýdalanylmadyk serişdeleriň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy;

l) tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artygynyň bahasy;

m) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynda görkezilenlerden başga, emläk hukugyny hem goşmak bilen, muzdsuz alnan emläk (işler, hyzmatlar). Girdejä goşmak üçin şunuň ýaly emläge (işlere, hyzmatlara) baha kesmek «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunynyň 36-njy maddasynyň düzgünlerini hasaba almak bilen, hakyky bazar bahalaryndan ugur alnyp amala aşyrylýar;

n) beýleki ýerlemekden daşary girdejiler.

*Edara görnüşli taraplara salgyt salmak.* «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bütewi Kanunyna laýyklykda hususy eýeçilikdäki

edara görnüşli taraplar üçin hem amatly şertleri döredildi, ýagny olar öň öz işlerini amala aşyranlarynda, goşulan baha üçin salgydy, peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hem-de emläk üçin salgydy tölän bolsalar, onda häzirki wagtda hususy eýeçilikdäki «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine degişli edara görnüşli taraplar girdeji salgydy 2% möçberinde töleýärler we olar ýokarda görkezilen salgytlaryň ählisinden boşadylýar[1].

Degişlilikde, ýokarda görkezilen hususy kärhanalar hem, hususy telekeçilik işi bilen meşgullanýan (ýönekeýleşdirilen ulgam boýunça) şahsy taraplar hem salgyt tölemek babatynda deňleşdirildi.

Salgyt töleýji edara görnüşli taraplar hem öz gezeginde iki topara, ýagny Türkmenistanyň dahyllylaryna we dahylsyzlaryna bölünýärler.

Edara görnüşli şahslar eger-de ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen (esaslandyrylan) bolsa ýa-da onuň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdüriýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa, Türkmenistanyň dahyllysy hasaplanylýar.

Daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilip, onuň baş edarasy hem daşary ýurt döwletlerinde ýerleşýän bolsa, şeýle edara görnüşli taraplary Türkmenistanyň dahylsyzlary bolup durýarlar.

Türkmenistanyň dahyllylary hem-de dahylsyzlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde şahamçalary we wekillikleri döredip bilýärler.

## 3-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Salgyt syýasatynyň düýp mazmuny we ähmiýeti nähili beýan edilýär?
2. Göni salgytlara haýsy salgytlar degişli bolup durýar?
3. Gytaklaýyn salgytlar diýmek nämäni aňladýar?
4. Salgyt syýasatynyň wezipeleri haýsylar we olaryň mazmuny nähili aňladylýar?
5. Salgyt syýasatynyň görnüşleri nähili beýan edilýär?
6. Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň esasy ýörelgeleri haýsylar?
7. Salgyt syýasatynyň maksatlary nämeden ybarat?

---

[1] «Türkmenistanyň Salgyt ulgamy» maglumat analitiki žurnaly. 2016-njy ýylyň 1-nji sany, 3-nji sahypa.

8. Salgyt düzgünleşdirmesi diýmek nämäni aňladýar?
9. Salgyt ulgamlarynyň gurluşyny üýtgedip guramaklygyň esasy ugurlary haýsylar?
10. Salgyt syýasatynyň strategiýasynyň we taktikasynyň özara baglanyşygy nähili ýüze çykarylýar?
11. Salgyt strategiýasynyň esasy maksatlary haýsylar?
12. Salgyt syýasaty bilen salgyt mehanizminiň özara baglanyşygy nämeden ybarat?
13. Salgyt mehanizminiň bölekleri haýsylar?
14. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň düzümi nähili beýan edilýär?
15. Salgyt syýasatynyň üsti bilen ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmak diýmek nämäni aňladýar?
16. Telekeçilik işiniň subýektlerine salgyt salmak ulgamynyň aýratynlyklary nähili aňladylýar?

# IV bap DÖWLETIŇ PUL-KARZ SYÝASATY

## 4.1. Pul – karz syýasatynyň mazmuny we kadalaşdyrylyşynyň nazaryýeti

Häzirki zaman ykdysady nazaryýetde, bazar ykdysadyýetiniň kadalaşdyryş mehanizminde pul-karz syýasatynyň ornuny kesgitlemek üçin birnäçe çemeleşmeleri tapawutlandyrýarlar. Olaryň esasylary hökmünde iki sany ugry: häzirki zaman monetarizmi we keýnsian doktrinasyny hasap edýärler.

Keýnsiançylyk çemeleşmesi bazar ykdysadyýetiniň «awtomatik öz-özüňi kadalaşdyrmak» düşünjesiniň durnuksyzlygyny ýüze çykaran (1929–1933) dünýä ykdysady çökgünliginden soň emele geldi. J. Keýns (1936) «Iş bilen üpjünçiligiň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti» diýen işinde ýetmezçilikli maliýeleşdirmegiň nazaryýetini öňe sürýär, onda ykdysady çökgünligiň öňüni almak we iş bilen üpjünçiligi guramak üçin kadalaşdyryjy maliýe gurallary arkaly döwletiň ykdysadyýete hemişe goşulyşmagyny teklip edýär. Pul-karz syýasatyna aýratyn orun berilýär: ol «arzan pul» syýasatynyň alnyp barylmagyny, ýagny şahsy sarp etmek üçin netijeli hyrydarlyk we maýa goýum meselesini çözmek üçin pes göterim derejesini üpjün etmelidi. Keýns döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň we merkezi bankyň pul emissiýasynyň giňeldilmeginiň tarapdary hökmünde çykyş edýärdi, ýagny puluň satyn alyp bilijilik ukybyny durnuklaşdyrmagy üpjün etmek meselesini ret edýärdi.

J. Keýns we onuň yzyny eýerijiler, maliýe çökgünligi döwründe pul-karz syýasaty fiskal syýasata ýa-da başgaça býujet-salgyt syýasatyna garanyňda ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň pes netijeli serişdesi diýip hasap edýärdiler.

Bu nazaryýetiň esasynda telekeçileriň maýa goýumlary bilen ilatyň süýşürintgileriniň arasyndaky baglanyşygyň ýoklugy goýlandyr, bu olaryň dürli maksatlar üçin niýetlenenligi bilen düşündirilýär. Süýşürintgiler hemişe banklara goýum edilmeýär, şonuň üçin hem telekeçiler tarapyndan ssuda hökmünde ulanylyp bilinmeýär. Maýa

goýumlardaky şeýle gyşarmalar hakyky önümçilik, iş bilen üpjünçilik we nyrhlar derejesinde üýtgemeleri emele getirýärler.

Keýnsianlar, häzirki zaman bazar hyrydarlygy we hödürlemäni, nyrhlar bilen zähmet hakynyň arasyndaky gatnaşygy awtomatik usulda kadalaşdyrmaga ukypsyz diýip hasap edýärler. Käbir ýagdaýlarda monopoliýalar hyrydarlygyň pesligine garamazdan, ýokary nyrhlary emeli görnüşde saklap bilýärler. Bu bolsa, bazar kadalaşdyrylyşynyň çeýe däldigini görkezýär we harytlara hyrydarlyk peselende, nyrhlaryň peselmegine getirýär, emma zähmet haky möçberiniň peselmeginiň hökmanylygyna getirmeýär.

Bazaryň özi ykdysadyýeti kadalaşdyryjy bolup çykyş etmeýänligi sebäpli, döwlet bu wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin işjeň orun eýelemeli. Döwletiň ykdysadyýete gatyşmagyny, gaýtalanyp durýan önümçiligiň peselmegini we ýokarlanmagyny ýumşadýan fiskal syýasatyny ýöretmek arkaly amala aşyrylmaly.

Keýnsiançylar pul-karz syýasatyny ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň wajyp guraly diýip hasap etmändirler we pullar ykdysadyýeti durnuklaşdyrmakda hiç hili orun eýelemeýänligini tassyklapdyrlar. Bu tassyklama Keýnsiň konsepsiýasyna tankydy garaýşy emele getirdi, ol, esasan hem, Ikinji jahan urşundan soň başlanan hümmetsizlik ýagdaýynda ýiti ýüze çykdy.

Köpsanly ykdysatçylar hümmetsizlik bilen ugurdaş ykdysady döwri seljerýän, monetar konsepsiýasyna ýykgyn edip başladylar. 1970-nji ýyllaryň ortalaryndan başlap bazar ykdysadyýetini kadalaşdyrmak çygrynda agalyk ediji ykdysady pikirler hökmünde, amerikan ykdysatçysy M. Fridmeniň monetar konsepsiýasy çykyş edip başlaýar, ol hem ykdysadyýeti pul-karz syýasaty arkaly düzgünleşdirmegiň nazaryýet esasyny emele getirýär.

Monetaristler ýurtda ykdysady işjeňligiň derejesini kesgitleýän ýeke-täk faktor hökmünde, ykdysadyýetiň pul-karz kadalaşdyrylyşy çykyş edýär diýip hasaplaýarlar. Dolanyşykda bar bolan puluň mukdaryny üýtgetmek bilen, önümçiligiň derejesine, iş bilen üpjünçilige we bahalara täsir edip bolýar. Şonuň üçin hem Merkezi bankyň monetar çäreleri hususan-da hümmetsizlenmä garşy syýasatyny geçirmekde ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň netijeli guraly bolup hyzmat edýär. Bu nazaryýetiň yzyna eýerijiler «çeýe» pul-karz syýasatyny geçirmek howply ýagdaýa getirer diýip pikir edipdirler, sebäbi kada-

laşdyrmak hadysasynyň dowamynda geçirilýän monetar çäreleriň netijesini ýüze çykarmak üçin, pul toplumy bilen önümçilik çygryndaky degişli netijeleriň arasyndaky gijä galmak häsiýeti mahsusdyr: gaýtalanýan çökgünlilik ýagdaýynda 5-den 21 aýa çenli, gaýtalanýan ösüşde 13–14 aý. Şunuň bilen baglylykda monetaristler, merkezi banklar pul toplumynyň ýokarlanmagyny deňölçegli geçirmeli diýen netijä gelýärler, ýagny pul toplumynyň ýokarlanmagy ýyllyk 3–5%-den ýokary däl. Monetarizm, konýunkturanyň ýagdaýyna bagly bolmadyk we hümmetsizligiň çäklendirilmegine gönükdirilen ýiti pul-karz syýasatyny geçirmekligiň tarapdary bolup çykyş edýär. Bu syýasatyň esasy wezipesi – kesgitli düzgünlere laýyklykda dolanyşyga çykarylýan puluň möçberine gözegçiligi amala aşyrmak, ýagny dolanyşyga çykarylýan puluň möçberi ykdysadyýetiň uzakmöhletli ösüş depginine laýyk derejede bolmaly.

Häzirki zaman monetarizm keýnsianlyga garşy duran taglymat hökmünde emele geldi. J. Keýnsiň eýerijileriniň garşysyna, M. Fridmen dogry alnyp barylýan monetar syýasat diňe bir hümmetsizlik döwründe däl, eýsem, depressiýa döwründe hem wajyp orun eýeleýändigini subut etdi.

Monetaristler ykdysadyýete döwletiň goşulmagyna garşy çykyş edýärler, keýnsiançylar, tersine, bazar öz-özüni kadalaşdyrmaga ukyply däl ulgam we döwletiň bazar mehanizmine aralaşmagy, ykdysadyýetiň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy döwründe fiskal syýasaty arkaly amala aşyrylmaly diýip hasaplaýarlar. Berlen çemeleşmeler ykdysady ösüşiň dürli jähtlerini häsiýetlendirýärler we şonuň üçin hem olary biri-birinden aýyrman, eýsem, bir-biriniň üstüni dolmaly.

## 4.2. Pul dolanyşygynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirmesiniň tejribesinde nazaryýet konsepsiýalarynyň ulanylmagy

Keýnsiň konsepsiýasy jemi hyrydarlygy kadalaşdyrmak meselesini ilkinji nobatda goýýardy. Kadalaşdyryjy çäreleri ulanmagyň nazaryýeti esasy hökmünde Fillipsiň egrisi ulanylýardy, oňa laýyklykda hümmetsizlik bilen işsizligiň arasynda baglylyk emele gelýär. Şonuň üçin döwletiň ykdysady syýasatynyň ahyrky maksadyna laýyk bolar ýaly, hümmetsizlik bilen işsizligiň arasyndaky amatly gatnaşyga ýetmekligiň zerurlygy barada teklip berilýärdi. Netijede, hümmet-

sizlenmä garşy hereketiň iki görnüşi öňe sürüldi: deflýasiýa we girdejiler syýasaty.

Deflýasiýa syýasaty hyrydarlyk hümmetsizligiň faktorlary bilen göreşmäge gönükdirilendi we döwlet çykdajylaryny kemeltmek, salgytlary ýokarlandyrmak, ýokary göterim möçberlerini saklamak ýaly çäreleri öz içine alýardy.

J. Keýns maýa goýum hyrydarlygynyň göterime bolan gatnaşygynyň çeýe däldigini hasaba alýardy, şonuň üçin hem fiskal syýasaty ulanmagy teklip berilýärdi. Emma bu ugurda çözgüdiň kabul edilmegi kyn bolmak bilen biraz wagty talap edýär, sebäbi bu çözgütleriň kabul edilmegi döwlet edaralaryndan geçmeli bolýar.

Bu manyda pul-karz çäreleri has operatiw we şol bir wagtyň özünde çeýe häsiýete eýe bolup, ykdysadyýetiň esasy görkezijilerine has ýumşak täsir edýärler.

Keýnsiýançylar harajatlaryň hümmetsizlik faktorlaryna garşy, bahalary we zähmet haklaryny doňdurmak ýa-da olaryň bellibir derejede ösüşine gözegçilik etmek boýunça çärelerini göz öňünde tutýan, girdejiler syýasatyny ulanypdyrlar. Öňünde goýlan maksada ýetmek üçin, telekeçiler bilen işgärleriň arasynda baglaşylýan şertnama ulanylýardy ýa-da bahalaryň, zähmet haklarynyň we peýdanyň ösüş çäginiň saklanylmagy boýunça kanunçylyk gözegçiligi tassyklanýardy.

Deflýasiýa (restriksiýa) syýasatyny geçirmek bilen, döwlet häkimiýeti döwlet býujetiniň çykdajylaryny azaldyp, salgytlary we döwlet gymmatly kagyzlaryň satylmagyny bolsa ýokarlandyrýar (*3-nji surat*).




***3-nji surat***

Emma, deflýasiýa syýasatynyň geçirilmegi maýa goýum işjeňliginiň we önümçiligiň peselmegi bilen obýektiw baglanyşyklydyr. Puluň hümmetsizlenmegine daşary ykdysady faktorlaryň ýetirýän täsirini çäklendirmek üçin, töleg balansynyň deňagramlylygyny saklamak, walýuta hümmetini durnuklaşdyrmak ýaly dürli çäreler göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, hümmetsizlenmä garşy göreş ykdysady ösüşe ýaramaz täsir edýän we önümçiligiň pese düşmeginiň, işsizligiň ýokarlanmagyna getirýän çäreler arkaly amala aşyrylýar. Şol bir wagtyň özünde önümçiligi ösdürmek üçin höweslendirmeler, hümmetsizligiň ýokarlanmagyna getirýär. Iki ýagdaýda hem kadalaşdyrmagyň usullary birmeňzeş bolup, emma hereket edende bolsa garşy ugurlara gönükdirilmeli (ýagny salgytlary, hasap möçberini, hökmany ätiýaçlyklary, gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagyny we satylmagyny we ş.m. hem ýokarlandyrmaly hem peseltmeli).

Köp halatlarda deflýasiýa çäreleri, ykdysady ösüşi höweslendirmek çäreleriň garşysyna jedelli ýagdaýda bolýandygy sebäpli, döwlet häkimiýeti elmydama ykdysady syýasatyň ugruny üýtgetmeli bolýarlar.

Ykdysady ösüşi höweslendirmek çäreleriň hatarynda girdeji syýasatyny geçirmeklik hem telekeçiler tarapyndan bildirilýän otrisatel gatnaşygy hökmünde birnäçe kynçylyklara getirdi. Sebäbi girdejiler syýasaty işçiler bilen telekeçileriň bilelikdäki ylalaşyklarynyň ähmiýetini ýitirýär. Netijede, ykdysady syýasaty alyp barmagyň keýnsian görnüşleri hem, köplenç, ähmiýetsiz bolýar.

Girdejiler syýasaty, bahalara we zähmet hakyna gözegçiligi amala aşyrmagyň netijesinde, bazar mehanizminiň hereketiniň düzgünini bozýandygynyň we ykdysady ýitgilere getirýändiginiň esasynda ret edildi. M. Fridmen girdejiler syýasatynyň has ýiti basylan hümmetsizlige getirýändigini kesgitleýär we «açyk hümmetsizlige garanyňda ýapyk hümmetsizlik ykdysadyýet üçin has agyr» diýip belleýär.

Şeýlelikde, pul dolanyşygyny kadalaşdyrmagyň esasy çemeleşmeleri keýnsian ýa-da monetaristleriň taglymatlaryndan gelip çykýan, nazaryýet konsepsiýalara esaslanýar. Şol bir wagtyň özünde iki tarapyň nusgawy nazaryýet çemeleşmeleri absolýut uniwersallyga dalaş edip bilmeýär, sebäbi hödürlenýän çäreleriň netijeliligi degişli ykdysady ulgamyň hereket etmeginiň anyk şertlerine bagly bolýar.

Emma başga tarapdan hödürlenýän iki tarapyň çäreleri hem ret edilmeýär.

Sebäbi pul dolanyşygyny ykdysadyýetiň beýleki çygyrlary bilen birlikde seretmek zerurdyr, hümmetsizligi bolsa köp görnüşli hadysa hökmünde, pul-karz syýasatyny bolsa ykdysadyýeti kadalaşdyrmak boýunça umumy çäreler bilen bir wagtda işläp taýýarlamaly.

## 4.3. Döwletiň pul-karz syýasatynyň esaslary: maksatlary, görnüşleri, düzgünleşdirmegiň usullary

Ykdysatçylar «pul-karz syýasaty» düşünjesine iki hili baha berýärler. Bir tarapdan, oňa tutuş ykdysadyýetiň ýagdaýyna döwletiň täsir edişiniň nazaryýet usullarynyň haýsydyr bir toplumy hökmünde seredilýär, beýleki tarapdan – bu anyk netijeleri gazanmak üçin degişli döwlet we döwlete dahylsyz institutlar tarapyndan geçirilýän bellibir hereketler, çäreler bolup durýar. Ol ýa-da beýleki çäreleri saýlap almak döwletiň ahyrky maksady bilen kesgitlenýär, bu maksat ykdysadyýetde hümmetsizlenme ýagdaýlaryny peseltmek ýa-da jemgyýetçilik önümçiliginiň ösüşini gazanmak maksady, ýa-da bir wagtda birnäçe maksatlar bolup biler. Pul-karz düzgünleşdirmegiň maksatlaryndan we wezipelerinden ugur almak bilen, pul-karz syýasatynyň köpsanly kesgitlemeleri bolýar.

Käbir alymlar pul-karz syýasatyny ykdysady ýagdaýa täsir etmek maksady bilen, dolanyşykda bolýan pullaryň mukdaryna täsir edýän döwlet syýasaty diýip hasap edýärler. Pul-karz syýasaty olaryň kömegi bilen ol ýa-da beýleki ýurtlaryň hökümetleriniň pul toplumyny artdyrmak ýa-da azaltmak bilen makroykdysady şertlere täsir edýän hereketlerinden ybaratdyr.

Pul-karz syýasatynyň şu kesgitlemesi bellibir ykdysady netijäni gazanmak maksady bilen, pul toplumynyň ululygyny düzgünleşdirmegi döwletiň işiniň esasynda goýýar.

Beýleki hünärmenler pul-karz syýasatyny dolanyşykdaky pul toplumyny, karzlaryň möçberlerini, göterim möçberleriniň derejesini we pul dolanyşygynyň beýleki görkezijilerini, karz maýalar bazaryny üýtgetmäge gönükdirilen çäreleriň jemi diýip hasap edýärler. Bu ýerde pul-karz syýasatyna öňünden bellenen aralyk we ahyrky maksatlara ýetmäge gönükdirilen anyk çäreleriň jemi hökmünde sere-

dilýär. Şeýlelikde, pul-karz syýasaty bu konýunkturany we üznüksiz önümçilik işini düzgünleşdirmek maksady bilen, monetar häkimiýetler tarapyndan pul-karz ulgamynda geçirilýän çäreleriň toplumydyr.

Pul-karz syýasatynyň esas goýujy maksady önümçiligiň umumy derejesini gazanmakda ykdysadyýete ýardam bermek bolup durýar, bu kömek doly iş bilen üpjünçilik, hümmetsizlenmegiň pesligi we ykdysady ösüş bilen häsiýetlendirilýär.

Netijeli pul-karz syýasatyny alyp barmak önümçiligiň jemi möçberini, iş bilen üpjünçiligi we bahalaryň derejesini toplumlaýyn durnuklaşdyrmak maksady bilen, pul teklibini üýtgetmegi göz öňünde tutýar. Köplenç halatda, iki tarapa urunmak bolup geçýär: esasy wezipe käte önümçiligiň pese gaçmagyny togtatmak, kähalatda bolsa hümmetsizlenmäni «düýbünden aradan aýyrmak» diýlip yglan edilýär.

Döwletiň pul-karz syýasaty garyşyk ykdysadyýete täsir etmegiň örän ýumşak guralydyr, ol telekeçilik ulgamynyň subýektleriniň köpüsiniň özygtyýarlylygyny bozmaýar. Şunda olaryň ykdysady erkinliginiň çäklerini çäklendirmegiň bolup geçýändigine garamazdan (şeýle etmezden hojalyk işini haýsydyr bir görnüşde düzgünleşdirmek mümkin däldir), bu subýektler tarapyndan kabul edilýän esasy çözgütlere döwlet diňe gytaklaýyn görnüşde täsir edýär.

Döwlet tarapyndan ykdysadyýeti pul-karz babatda düzgünleşdirmegiň esasy alty maksady bardyr:

- iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesi;
- ykdysady ösüş;
- bahalaryň durnuklylygy;
- göterim möçberiniň durnuklylygy;
- maliýe bazarlarynda durnuklylyk;
- daşary ýurt puly bazarynyň durnuklylygy.

Döwletiň monetar syýasatynyň ýokarda görkezilen maksatlarynyň köp babatda nazaryýet garaýyşlary bolup durýandygyny belläp geçmek gerek. Iş ýüzünde döwlet ykdysady ýagdaýa we konýunktura baglylykda ileri tutulýan ugurlary saýlap almaly bolýar, sebäbi görkezilen maksatlara ýetmek üçin gönükdirilen çäreleriň iki hili täsiri bolup biler. Meselem, iş ýüzünde iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesini we ykdysady ösüşi şertlendirýän jemgyýetçilik önümçili-

giniň ösüşiniň gereginden ýokary çalt depginleri ykdysadyýetde hümmetsizlenme bilen bilelikde bolup geçýär, bu bolsa bahalaryň durnuklylygyna howp salýar. Ahyr netijede pul-karz düzgünleşdirmegiň netijeleri bir wagtda haýsydyr bir anyk maksatlara ýetip we şol bir wagtda beýleki ugurlarda köp möçberde yza galynmagyna getirip biler. Şu ýerden döwletiň monetar syýasatynyň netijeliliginiň esasy görkezijisi gelip çykýar, bu maksatlary dogry, öz wagtynda saýlap almakdan we şeýle syýasatdan aňrybaş gowy netije gazanmak üçin monetar syýasaty sowatly alyp barmakdan ybaratdyr.

Pul-karz syýasatyny alyp baryjy hökmünde döwletiň merkezi emissiýa banky çykyş edýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Merkezi banky, Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky, Angliýanyň Banky, Ýaponiýanyň Banky, Moldowanyň Milli banky şular ýaly banklar bolup durýarlar. Käbir ýurtlarda merkezi pul-karz edarasynyň wezipesini banklaryň tutuş bir topary ýerine ýetirýär (ABŞ-da, mysal üçin, Federal ätiýaçlyk ulgamy). Monetar syýasatyň esasy obýekti bolan pul toplumyna täsir etmek bilen, merkezi maliýe edarasy bazar ykdysadyýetini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmekde esasy rollaryň birini oýnaýar. Döwlet tarapyndan emissiýa etmek hukugy berlen merkezi bank ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak, haryt-pul deňeçerligini gazanmak syýasatyny durmuşa geçirýär.

Pul-karz syýasatynyň bellenen maksatlaryna ýetmek üçin, şu syýasaty alyp baryja olaryň kömegi bilen pul-karz düzgünleşdirmesi amala aşyrylýan bellibir serişdeler zerurdyr. Pul-karz düzgünleşdirmesiniň gurallary şonuň ýaly serişdeler bolup durýar. Pul-karz düzgünleşdirmesiniň ykdysady gurallary degişli ygtyýarlyklar berlen ol ýa-da beýleki edara tarapyndan peýdalanylýar (mysal üçin, ABŞ-da – Federal ätiýaçlyk ulgamy, Türkmenistanda – Merkezi bank we ş.m.).

Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallary şular bolup durýar: resmi hasaba alyş möçberi; hökmany ätiýaçlyklar; açyk bazardaky amallar; döwlet gözegçiligi; maýa bazarlaryna gözegçilik; mukdar çäklendirmeleri; pul interwensiýalary; pul toplumynyň görkezijileriniň ösüşiniň maksatlaýyn ugurlaryny bellemek (tarifleşdirmek); döwletiň gymmatly kagyzlaryna maýa goýmagyň kadalary. Pul-karz düzgünleşdirmesiniň gurallaryny iki görnüşe bölýärler: bazar we bazar däl (dolandyryş) gurallary.

Olary peýdalanýan tarapyň hem ol babatda şu guralyň ulanylýan tarapynyň hem bazarda emele gelýän ol ýa-da beýleki meýillere seslenmek (mysal üçin, açyk bazarda döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak ýa-da satmak) bilen ýüze çykýan özara ykdysady gatnaşyklara meýletin gatnaşýan mahalynda gural *bazar guraly* bolup durýar.

Degişli ygtyýarlyklar bilen üpjün edilen, guraly ulanýan edara, pul-karz syýasatyny amala aşyrmak maksady bilen öz şertlerini belleýän mahalynda ulanylýan gurallar *bazar däl* görnüşde çykyş edýärler. Şu guralyň täsiri gönükdirilen edaralar bolsa, olaryň öz ykdysady ýagdaýlaryna oňyn ýa-da ýaramaz täsir edýändigine garamazdan, bellenen talaplary ýerine ýetirmäge mejbur bolýarlar (mysal üçin, hökmany ätiýaçlyklar talaplary, hasaba alyş stawkasy).

Merkezi bankyň düzgünleşdiriji işi esasy makroykdysady görkezijileriň, öňi bilen, jemi milli önümiň we milli girdejiniň, bahalaryň indeksiniň, döwlet býujetiniň derejesiniň, ýetmezçiliginiň depginini seljermäge esaslanýar. Merkezi bank tarapyndan alnyp barylýan takyk pul-karz syýasaty bolmasa, ykdysadyýet netijeli hereket edip bilmez. Ykdysadyýetiň peselýän we işsizligiň ýokarlanýan, önümçiligiň pese gaçýan döwürlerinde önümçilige maliýe serişdelerini goýmak işini, şeýle hem sarp ediş çykdajylaryny höweslendirmek üçin pul teklibini artdyrmak gerek. Hümmetsizlenme bilen bilelikde bolup geçýän ykdysady ösüş döwründe pul teklibi azaldylmalydyr. Emissiýa edýän banklary şu iş bilen meşgullanýarlar.

Puluň karz häsiýetiniň bardygy sebäpli (pul toplumy, esasan, banklaryň karz-depozitar işiniň barşynda emele getirilýär), Merkezi bank pul dolanyşygynyň düzümini we möçberini düzgünleşdirmegi ikinji derejeli banklary dolandyrmak, degişli gurallaryň, usullaryň kömegi bilen depozit emissiýasynyň şertlerini kesgitlemek arkaly amala aşyrýar.

Döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölegi bolup duran, Merkezi bankyň pul-karz syýasaty *dolanyşykdaky pul toplumyny, karzlaryň möçberini, göterim möçberleriniň derejesini pul dolanyşygynyň beýleki görkezijilerini we karz maýalar bazaryny üýtgetmäge gönükdirilen çäreleriň jeminden* ybaratdyr. Onuň maksady-ykdysadyýeti pul dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly düzgünleşdirmek bolup durýar.

Ykdysadyýeti pul-karz düzgünleşdirmegiň çeýe mehanizminiň emele getirilmegi bank ulgamyny ösdürmegiň we onuň durnukly hereket etmeginiň esasy bolup durýar. Pul-karz syýasaty merkezi banka hojalyk işine netijeli täsir etmäge, bank institutlarynyň işine gözegçilik etmäge, pul dolanyşygynyň durnuklylygyny gazanmaga mümkinçilik berýär.

Merkezi bank tarapyndan pul-karz düzgünleşdirmegiň esasy obýekti bolup ykdysadyýetdäki nagt we nagt däl pul toplumynyň jemi çykyş edýär, jemi tölege ukyply islegiň dürli komponentleriniň üýtgemegi onuň depginine baglydyr.

Döwlet tarapyndan emissiýa hukugy berlen merkezi bank ykdysadyýeti, haryt-pul deňeçerligini durnuklaşdyrmak boýunça umumydöwlet syýasatyny alyp baryjy bolup durýar. Merkezi bankyň wezipeleriniň biri hem makroykdysady derejede banklaryň amallaryny dolandyrmak işlerini guramak, ýurduň ykdysadyýetiniň derejesinde banklaryň, gaýry karz-maliýe edaralarynyň işini utgaşdyrmak, ýurduň bank we pul ulgamynyň durnukly hereket etmegini saklap galmak bolup durýar.

Merkezi bank tarapyndan bank işiniň maksatlary, ileri tutulýan ugurlary saýlanyp alynýar, pul-karz syýasatynyň degişli strategiýasy, taktikasy işlenip taýýarlanýar, olar bellibir usullar we gurallar saýlanyp alnan mahalynda anyklanýar.

Banklaryň arasynda özara gatnaşyklary guramagyň ýörelgeleri bank kanunçylygynda kesgitlenilýär, anyk görnüşleri, olaryň toplumy we tabynlyk derejesi bolsa bellibir tapgyrda üýtgäp, takyklanyp bilner. Merkezi bank hökmany ýa-da maslahat beriş häsiýeti bolan degişli resminamalary çykarýar, şolaryň esasynda täjirçilik banklaryna merkezi bank tarapyndan pul-karz düzgünleşdirmegiň saýlanyp alnan mahalynda üýtgetmeler, aýry-aýry täsir ediş gurallarynyň ähmiýetliliginiň modifikasiýasy barada habar berilýär.

Merkezi bankyň düzgünleşdiriji işi esasy makroykdysady görkezijileriniň depginini seljermäge esaslanandyr, jemi pul toplumynyň ýagdaýyna gözegçiligi amala aşyrmaga gönükdirilendir we onuň pul toplumynyň artýan çäklerini bellemek ýoly bilen jemi pul dolanyşygyny netijeli dolandyrmak maksady bardyr.

Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň çäreleriniň jemi ikinji derejäniň bank edaralarynyň depozit-karz amallaryny we beýleki amallaryny düzgünleşdirmek ýoly bilen nagt hem-de nagt däl puluň hem emissiýasynyň çäklerini kesgitlemegi öz içine alýar.

Häzirki zaman maliýe-karz sözlüginde pul-karz syýasaty «döwlet tarapyndan merkezi bankyň wekilçiliginde amala aşyrylýan, ykdysadyýetiň durnukly ösmegine, milli pulda satyn alyjylyk ukybyny güýçlendirmäge gönükdirilen çäreler» hökmünde kesgitlenilýär.

«Çäkli» we «giňişleýin» pul-karz syýasaty tapawutlandyrylýar. Çäkli syýasat diýip daşary ýurt pul bazarynda interwensiýalaryň, hasaba alyş syýasatynyň we gysgamöhletli göterim möçberlerine täsir edýän beýleki gurallaryň kömegi bilen puluň amatly hümmetiniň gazanylmagyna düşünilýär. Giňişleýin syýasat dolanyşykdaky pul toplumyna täsir etmek arkaly hümmetsizlenmä garşy göreşmäge gönükdirilendir.

Hojalyk konýunkturasynyň ýagdaýyna baglylykda, pul-karz syýasatynyň iki esasy görnüşi bölünip görkezilýär, olaryň her biri üçin özüniň gurallar toplumy we düzgünleşdirmegiň ykdysady, dolandyryş usullarynyň bellibir utgaşmasy häsiýetlidir.

**Restriksion pul-karz syýasaty** («gymmat» pul syýasaty, karz restriksiýasy, deflýasiýa syýasaty) şertleriň berkleşdirilmegine we täjirçilik banklarynyň karz amallarynyň möçberiniň çäklendirmäge, göterim möçberleriniň derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Onuň durmuşa geçirilmegi salgytlaryň artmagy, döwlet çykdajylarynyň azalmagy bilen bilelikde bolup geçýär. Ol hümmetsizlenmä garşy göreşmek üçin peýdalanylýar.

**Ekspansionistik pul-karz syýasaty** («arzan» pul syýasaty, karz ekspansiýa, hümmetsizlenme syýasaty) karzlaşdyrmagyň gerimleriniň giňelmegi, dolanyşykdaky pullaryň mukdarynyň artyşyna gözegçiligiň gowşamagy, salgyt möçberleriniň azalmagy, göterim möçberleriniň derejesiniň peselmegi bilen bilelikde bolup geçýär.

Ekspansionistik hem-de restriksion görnüşdäki pul-karz syýasatynyň ählumumy (total) ýa-da selektiw (seçimleýin) häsiýeti bolup biler. Ählumumy pul-karz syýasatynda merkezi bankyň çäreleri bank ulgamynyň ähli edaralaryna, selektiw syýasatda aýry-aýry

7. Sargyt № 1335

karz institutlaryna ýa-da bolmasa bank işiniň aýry-aýry görnüşlerine degişli bolýar.

Merkezi bankyň täsir ediş derejesine baglylykda, pul-karz syýasatynyň maksatlarynyň aşakdaky ýaly toparlanmasy bardyr:

*amallaýyn maksatlary* (hökümeti, täjirçilik banklaryny karzlaşdyrmagyň möçberi, bankara karzlar boýunça göterim möçberi);

*aralyk maksatlar* (pul toplumynyň möçberi, täjirçilik banklarynyň göterim möçberiniň derejesi, beýleki pul birlikleri babatynda manadyň hümmeti, bahalaryň derejesi);

*ahyrky maksatlar* (hümmetsizlenme depgini, jemi içerki önümiň ösüş depgini, maýa goýumlaryň ösüş depgini, iş bilen üpjünçiligiň derejesi) *(4-nji surat)*.




***4-nji surat***

Pul-karz syýasatynyň doly iş bilen üpjünçilige we ykdysady ösüşe gönükdirilen ugry umumy kabul edilen *ahyrky maksatlar* bolup durýar, olar umuman, döwletiň ykdysady syýasatynyň maksatlary bilen gabat gelýär, şonuň üçin hem diňe bir monetar syýasatyň däl, eýsem, fiskal, gurluş, daşary ykdysady iş syýasatlarynyň çärelerini durmuşa geçirmegiň netijesinde gazanylýar. Degişlilikde, pul-karz syýasatynyň netijeliligini goýlan ahyrky maksatlara tarap hereketiň derejesi boýunça ölçemek gerek.

Aralyk maksatlar gönüden-göni pul-karz ulgamynda goýulýar. Olaryň kesgitlenmegi ykdysady ösüş strategiýasyny durmuşa geçirmek, merkezi bank tarapyndan özüniň işiniň golaýdaky ýyl we

soňky ýyllar üçin esasy ugurlaryny anyklamak üçin zerurdyr. Şular ýaly maksatlaryň köpçülikleýin yglan edilmegi adamlaryň ykdysady umytlaryna düýpli täsir edýär, hökümetiň we merkezi bankyň üstüne goşmaça jogapkärçilik ýükleýär. Aralyk maksatlar dürli-dürli bolup biler: pul toplumynyň ösüş depgini, berilýän karzyň möçberi, göterim möçberi, önümçiligiň nominal möçberiniň ösüş depgini, bahalaryň derejesi, daşary ýurt pulunyň hümmetiniň ulylygy. Maksatlary saýlap almak çylşyrymly wezipe bolup durýar, sebäbi ol ýurduň içerki we daşarky ykdysady ýagdaýyny, ahyrky maksatlarda ileri tutulýan ugurlary, şeýle hem maliýe ulgamynyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň özara baglylygyny hasaba almak bilen amala aşyrylmalydyr.

Şunda aralyk maksatlaryň käbiri ahyrky maksatlara golaýdyr, ýöne merkezi bankyň oňa edýän täsiri gowşak bolýar, beýlekileri merkezi bankyň gözegçiliginde bolýarlar, ýöne umumy ykdysady maksatlaýyn görkezijilerden daşda durýarlar. Meselem, merkezi bank pul toplumyny dolandyryp bilýär, emma ol pul multiplikatoryna we pullaryň dolanyşygynyň tizligine, ýagny pullara bolan islege gözegçilik edip bilmeýär. Başga sözler bilen aýdylanda, merkezi bankyň ygtyýarynda bar bolan gurallar, köplenç halatda, oňa hatda gönüden-göni aralyk maksatlara ýetmäge-de mümkinçilik bermeýär. Şonuň üçin hem amal maksatlary diýilýänleri (pul binýady, gaýtadan maliýeleşdiriş möçberi, göterim möçberleri) öňe sürmek zerurlygy ýüze çykýar, olar pul-karz syýasatynyň täsirini gowy duýýarlar.

Ykdysadyýetiň pul-karz düzgünleşdirilmegiň mehanizmi nagt we nagt däl bank amallaryny düzgünleşdirmegiň usullaryny, gurallaryny, şeýle hem pul toplumynyň, banklaryň göterim möçberleriniň depginine, mikro, makro derejelerde bank geçginliligine gözegçilik etmegiň anyk görnüşlerini öz içine alýar.

Merkezi bank öz wezipelerini durmuşa geçirmegiň barşynda banklaryň işine täsir etmegiň ***göni*** (dolandyryş) we ***gytaklaýyn*** (ykdysady) usullaryny peýdalanyp biler.

**Dolandyryş usullaryna** merkezi bank tarapyndan mikroderejede banklaryň işiniň mukdar we hil ölçegleri babatynda bellenilýän göni çäklendirmeler ýa-da gadagan etmeler degişlidir. Şu gurallar has giň ulanylýar: passiw we aktiw amallaryň aýry-aýry görnüşlerine kwota (paý) bermek; karzlaryň dürli görnüşlerini bermegiň, karz serişdeleri

çekmegiň iň ýokary çägini (ýa-da bellenen möçberini) girizmek; şahamçalary we bölümleri açmagy çäklendirmek; komission hak-heşdekleriň möçberlerini, hyzmatlaryň dürli görnüşlerini etmek üçin tarifleri, göterim möçberlerini çäklendirmek; üpjünçilik görnüşlerini, şeýle hem amallaryň aýry-aýry görnüşlerini geçirmäge rugsat berlen banklaryň sanawyny kesgitlemek; täjirçilik banklarynyň bazar möçberlerine göni gözegçilik etmek; karz maržasyny görkezme esasynda kesgitlemek.

Jemi pul dolanyşygyny dolandyrmagyň we bank amallaryny düzgünleşdirmegiň **ykdysady usullaryna** peýdalanylmagy, esasan, gytaklaýyn täsir edýän we göni gadagan etmeleri ýa-da çäkleri bellemegi göz öňünde tutmaýan çäreler degişlidir. Dolandyrmagyň ykdysady usullarynyň esasy üç topary bölünip görkezilýär:

- salgyt çäreleri (olary peýdalanmak maliýe edaralarynyň ygtyýarlygynda bolup durýar);
- kadalaşdyryjy çäreler (karz serişdelerini düzgünleşdiriş gaznasyna geçirimler, bank maýasynyň geçginlilik, ýeterlilik koeffisiýentleri, geçirimleriň we koeffisiýentleriň ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kada görnüşinde bellenilýän beýleki görnüşleri). Girizilýän kadalardan alynýan netije bellibir derejede uzak wagtyň dowamynda ýüze çykýar;

düzediş girizýän çäreler (karz amallaryny (hasaba alyş syýasaty) we gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmek). Şu usullar çeýeligi, dessineligi, höweslendiriji we çäklendiriji täsir etmek mümkinçiligi bilen tapawutlanýar.

Meýilnamalaýyn ykdysadyýet üçin dolandyryş usullarynyň agdyklyk etmegi häsiýetlidir, şunda Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary hökmany görnüşde talap edilýär.

Ykdysady usullar köp babatda bazar görnüşli ykdysadyýete mahsusdyr. Şeýle-de bolsa, kähalatda ýurtlaryň birnäçesinde karzy mukdar taýdan çäklendirmek boýunça arassa dolandyryş çäreleri ulanylypdy (kesgitli çäkleri, ösüş depginlerini bellemek we ş.m.). Mysal hökmünde pul-karz syýasatynyň ýapon görnüşini (takmynan, 1970-nji ýyllara çenli), 1972-nji ýyldan 1986-njy ýyllar aralygynda Fransiýadaky monetar gözegçiligi görkezip bolar. Ýöne karzy kadalaşdyrmagyň tiz netije berip bilýändigine garamazdan, bu ýerde onuň çendenaşa

bolmak howpy bardyr. Munuň üstesine-de, JIÖ bilen karzyň gatnaşygy durnuksyz bolman biler. Hususan-da, ABŞ-da 1950-nji ýyllarda peýdalanylan karz maksatlaryna hümmetsizlenmegiň ýokarlanmagy sebäpli, 1982-nji ýylda gaýdylyp gelnipdi. Emma karz gözegçiliginiň berkleşdirilmegi ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň pese gaçmagyna getirdi.

Russiýada täjirçilik banklary tarapyndan bank kanunçylygy, bank amallaryny geçirmegiň kadalary bozulanda, işde özleriniň paýdarlarynyň, goýumçylarynyň, müşderileriniň hukuklarynyň bozulmagyna alyp barýan beýleki düýpli ýetmezçilikler bolanda Merkezi bank täjirçilik banklary babatynda banklary ýatyrmaga çenli iň berk dolandyryş çärelerini ulanyp biler.

Şunda Merkezi bank tarapyndan täjirçilik banklary babatynda dolandyryş täsiriniň peýdalanylmagy ulgamlaýyn häsiýete eýe bolman, aýratyn mejbur ediş çäreleri tertibinde ulanylmalydyr.

## 4.4. Döwletiň pul-karz syýasatynyň gurallary

Merkezi bankyň *pul-karz syýasatynyň esasy gurallary* aşakdakylardan ybarat:

**1. Hökmany (iň pes) ätiýaçlyk talaplaryny bellemek.**

Hökmany (iň pes) ätiýaçlyklar bu täjirçilik banklarynyň Merkezi bankdaky goýumlarynyň hökmany kadasydyr, ol kanunçylyk tertibinde bellenýär we täjirçilik banklarynyň goýumlarynyň (hasaplaşyk, gündelik hasaplardaky wagtlaýyn erkin pul serişdeler, goýumlardaky serişdeler, kärhanalaryň we raýatlaryň depozitleri) umumy möçberiniň göteriminde kesgitlenilýär.

Merkezi bank hökmany ätiýaçlyk kadalaryny üýtgetmek bilen, täjirçilik banklarynyň karz syýasatyna we dolanyşykdaky pul toplumynyň ýagdaýyna täsir edýär. Hökmany ätiýaçlyk kadalary goýumlaryň we depozitleriň görnüşine, ululygyna hem möçberine baglylykda tapawutlanýar.

Karz edaralarynyň ählisiniň şol bankyň özi tarapyndan kesgitlenýän banklaryň kassasyndaky nagt pul görnüşinde ýa-da Merkezi bankdaky depozitler görnüşinde ýa-da başga bir geçginliligi ýokary bolan görnüşlerde iň pes ätiýaçlyklarynyň bolmagy hökmanydyr.

Ätiýaçlyk talaplarynyň kadalary iň pes ätiýaçlyklaryň pul möçberiniň passiw (depozit) ýa-da aktiw (karz goýumlar) amallarynyň

absolýut (möçber), ýa-da otnositel (artýan) görkezijilere göterim gatnaşygy bolup, ol kanunçylyk tertibinde bellenilýär.

Iň pes ätiýaçlyklar iki esasy wezipäni ýerine ýetirýär.

Birinjiden, olar täjirçilik banklarynyň özleriniň müşderileriniň depozitleri boýunça borçnamalarynyň üpjünçiligi bolup hyzmat edýär. Merkezi bank hökmany ätiýaçlyklaryň kadalarynyň döwürleýin üýtgetmek bilen, ýurtdaky ykdysady ýagdaýa görä, täjirçilik banklarynyň geçginlilik derejesini ýol berilýän iň pes derejede saklaýar.

Ikinjiden, iň pes ätiýaçlyklar ýurtda pul toplumynyň möçberini düzgünleşdirmek üçin Merkezi bank tarapyndan peýdalanylýan guraly bolup durýar.

Hökmany ätiýaçlyklaryň kadalary dürli ýurtlarda birmeňzeş däldir. Her ýurduň içinde olar çekilýän serişdeleriň «hiline», bank ulgamynyň durnuklylygyna, ykdysadyýetdäki we pul bazaryndaky ýagdaýa bagly bolýar.

Ätiýaçlykdaky serişdeleriň kadalaryny üýtgetmek arkaly Merkezi bank täjirçilik banklarynyň aktiw amallarynyň (esasan, olar tarapyndan berilýän karzlaryň) möçberini, diýmek, olar tarapyndan depozit emissiýasyny amala aşyrmak mümkinçiligini düzgünleşdirýär. Karz institutlarynyň Merkezi bankdaky hökmany ätiýaçlyklary bellenen kadadan artyk bolsa, olar karz amallaryny giňeldip bilerler. Dolanyşykdaky pullaryň toplumynyň (nagt we nagt däl pullar) zerur bolan islegden ýokary bolan mahalynda Merkezi bank geçirim kadalaryny, ýagny Merkezi bankda ätiýaçlykda durmaly serişdeleriň göterimini ýokarlandyrmak ýoly bilen karz restriksiýasy syýasatyny geçirýär. Şeýlelikde, ol banklary aktiw amallaryň möçberini azaltmaga mejbur edýär.

Hökmany ätiýaçlyklaryň kadalarynyň üýtgemegi karz edaralarynyň düşewüntliligine täsir edýär. Meselem, hökmany ätiýaçlyklaryň ýokarlandyrylan halatynda peýda doly alynmaýan ýaly bolýar. Şonuň üçin hem günbatar ykdysatçylarynyň köpüsiniň pikirine görä, şu usul hümmetsizlenmä garşy has netijeli serişde bolup hyzmat edýär.

Hökmany ätiýaçlyklaryň kadalary bozulan mahalynda Merkezi bankyň karz guramasyna doly geçirilmedik serişdeleri, şeýle hem bellenen möçberdäki, ýöne gaýtadan maliýeleşdirmegiň iki esse möçberinden (stawkasyndan) köp bolmadyk jerimäni hökmany tertipde

töletmäge hukugy bardyr. Türkmenistanyň karz edaralarynyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri 2-nji tablisada görkezilen.

Bank amallaryny geçirmek üçin ygtyýarnama yzyna alnanda Merkezi bankda deponirlenen serişdeler karz guramasynyň goýumçylaryň we karzdarlaryň (kreditorlaryň) öňündäki borçnamalaryny üzmek üçin peýdalanylýar.

*2-nji tablisa*

**Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri[1]**

| Bellenilen senesi | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi | Bellikler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 19.01.2001 | 5% | – edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça: |
| | 25% | – edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| | 8% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| 20.07.2006 | 3% | – edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 20% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| | 5% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 8% | – edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça; |

[1] «Bank habarlary» žurnaly. №1, 2016.

*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 03.04.2009 | 3% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 15% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| | 5% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 8% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| 17.02.2011 | 3% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 10% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| | 5% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 8% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| 11.02.2015 | 5% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 12% | – edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça; |
| | 6% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça; |
| | 9% | – edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça. |

**2. Hasaba alyş (göterim) syýasaty (täjirçilik banklaryny gaýtadan maliýeleşdirmek).**

Gaýtadan maliýeleşdirmek ulgamy diýip, bank ulgamynyň geçginliligini düzgünleşdirmek üçin Merkezi bank tarapyndan karz edaralaryny karzlaşdyrmagyň görnüşlerine, tertibine, şertlerine, möhletlerine we çäklerine düşünilýär.

Merkezi bankyň hasaba alyş syýasaty iki esasy görnüşleriň resmi (binýatlyk) göterim möçberini, ýagny *gaýtadan diskontirleme* (gymmatly kagyzlary gaýtadan hasaba almak) boýunça möçberi we *gaýtadan maliýeleşdirmek* (bank edaralaryny karzlaşdyrmak) boýunça möçberi bellemek, gaýtadan seretmek arkaly geçirilýär.

Merkezi bank iň soňky karz beriji bolup durýar, ýagny täjirçilik banklaryna karz berýär. Merkezi bank döwletiň bir bitewi pul-karz syýasatynyň kabul edilen ugurlaryna laýyklykda olara berilýän karzlaryň umumy möçberini düzgünleşdirýär. Ol amallaryň dürli görnüşleri boýunça bir ýa-da birnäçe göterim möçberlerini belläp ýa-da göterim möçberini bellemezden, göterim syýasatyny geçirip biler.

Merkezi bankyň göterim möçberleri iň pes möçberler bolup durýar, ol öz amallaryny şolar boýunça amala aşyrýar.

Gaýtadan maliýeleşdiriş möçberleriniň üýtgemegi Merkezi bank tarapyndan beýleki banklara berilýän goşmaça karz serişdeleriniň bahasynyň üýtgemegi bolup durýar. Merkezi bank gaýtadan maliýeleşdirmek möçberini pul-karz syýasatynyň guraly hökmünde işjeň peýdalanýar. Soňky ýyllarda ýurtda gaýtadan maliýeleşdirmek möçberiniň durnukly peselme meýli bardyr.

Wekseller Merkezi bank tarapyndan gaýtadan maliýeleşdirmek möçberi boýunça gaýtadan hasaba alynýar. Bu möçberi resmi diskont möçberi diýip hem atlandyrýarlar, adatça, ol karzlar boýunça möçberlerden (gaýtadan maliýeleşdirmek) azalma tarap ujypsyz derejede tapawutlanýar. Merkezi bank bergi borçnamasyny täjirçilik bankyna garanyňda has pes baha boýunça satyn alýar.

Göterim möçberi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul--karz syýasatynyň möhüm gurallarynyň biri bolup durýar. Bank ulgamyndaky göterim derejesini peseltmek arkaly ykdysady işjeňligi ýokarlandyrmak Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ileri tutulýan ugurlaryndan biri bolup TMB muny amala aşyrmak üçin gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesinden peýdalanýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi dürli ýyllarda dürli möçberde kesgitlenildi, häzirki günde gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi 5%-e deňdir (*3-nji tablisa*).

*3-nji tablisa*

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi[1]**

| Hereket eden döwri | Göterimiň derejesi, %-de | Esas |
|---|---|---|
| 08.07.97–05.08.98 | 35 | TMB-niň 08.07.97 senesinden 125 belgili buýrugy |
| 06.08.98–02.08.99 | 30 | TMB-niň 06.08.98 senesinden 196 belgili buýrugy |
| 03.08.99 – 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.99 senesinden 212 belgili buýrugy |
| 12.02.2000-24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.00 senesinden 39 belgili buýrugy |
| 25.05.2000-01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.00 senesinden 161 belgili buýrugy |
| 02.01.2001-09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.01 senesinden 1 belgili buýrugy |
| 10.12.2001-01.02.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.01 senesinden 304 belgili buýrugy |
| 01.02.2003-01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.03 senesinden 1 belgili buýrugy |
| 01.06.2004-dan | 5 | TMB-niň 25.05.04 senesinden 133 belgili buýrugy |

Gaýtadan maliýeleşdirmegiň we gaýtadan diskontirlemegiň resmi möçberlerini bellemekden başga-da, Merkezi bank *lombard karzlary,* ýagny haýsydyr bir girewiň (adatça, girew hökmünde gymmatly kagyzlar çykyş edýärler) hasabyna berilýän karzlar boýunça göterim möçberini belleýär. Diňe hili şübhe döretmeýän gymmatly kagyzlaryň girew hökmünde kabul edilip bilinjekdigini göz öňünde tutmak gerek. Daşary ýurtlaryň banklarynyň tejribesinde şular ýaly gymmatly kagyzlar hökmünde döwletiň dolanyşykdaky gymmatly kagyzlary, birinji derejeli söwda wekselleri we bank akseptleri (olaryň gymmaty

[1] «Bank habarlary» žurnaly. №1, 2016.

milli pulda görkezilmelidir, üzülmeli möhleti bolsa üç aýdan köp bolmaly däldir), şeýle hem bergi borçnamalarynyň merkezi banklar tarapyndan kesgitlenilýän käbir beýleki görnüşleri peýdalanylýar.

Pul serişdelerine bolan islegiň artan we bahalaryň çalt ýokarlanýan halatlarynda Merkezi bank «gymmat pullar» syýasatyny alyp barýar, gaýtadan maliýeleşdiriş möçberini ýokarlandyrýar, şeýle etmek bilen täjirçilik banklary, diýmek, olaryň müşderileri tarapyndan karzlara bolan islegi peseldýär, dolanyşykdaky pullaryň möçberini azaldýar, bahalaryň ýokarlanyşyny gowşadýar, maýa goýumlarynyň goýluşyny, önümçiligiň ösüşini haýalladýar, bu bolsa işsizligiň ýokarlanmagyna sebäp bolup biler.

Pul serişdelerine bolan islegiň peselen, önümçiligiň durgunlyk (stagnasiýa) ýagdaýyna düşen we işsizligiň ýokarlanan wagtynda Merkezi bank «arzan» pullar syýasatyny alyp barýar, ýagny gaýtadan maliýeleşdiriş möçberini peseldýär, banklar, olaryň müşderileri üçin karzlary arzanladýar, onuň möçberlerini giňeldýär, diýmek, dolanyşykdaky pullaryň mukdaryny köpeldýär, harytlara, hyzmatlara bolan islegi artdyrýar, maýa goýumlary, önümçiligiň ösüşini höweslendirýär, bu bolsa işsizligi azaldýar, ýöne bahalaryň ýokarlanmagyna sebäp bolup biler.

**3. Açyk bazardaky amallar**

Köp ýurtlarda Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň esasy guraly açyk bazardaky amallar bolup durýar.

Açyk bazardaky amallar diýlip, Merkezi bank tarapyndan täjirçilik we beýleki wekselleriň, döwlet obligasiýalarynyň, gaýry göterimli gymmatly kagyzlaryň satyn alynmagyna-satylmagyna düşünilýär. Gymmatly kagyzlary satyn almak bilen, Merkezi bank dolanyşykdaky pullaryň mukdaryny köpeldýär, satmak bilen bolsa olaryň bir bölegini dolanyşykdan çykarýar.

Konýunktura «aşa ýokarlananda», pul toplumy giňelende we bahalar ýokarlananda Merkezi bank  döwletiň gymmatly kagyzlaryny satýar we şeýlelikde, banklaryň ätiýaçlyk serişdelerini azaldýar, müşderilere karz bermek mümkinçiligini, dolanyşykdaky pullaryň mukdaryny azaldýar, karz gymmatlaýar, konýunkturany «gowşadýar», bahalaryň pese gaçmagyny höweslendirýär. Ýöne şol bir wagtda bu

önümçiligiň durgunlaşmagyna (stagnasiýasyna) we işsizligiň köpelmegine sebäp bolýar.

Konýunkturanyň «aşa sowuk» ýagdaýynda, dolanyşykdaky pullar ýetmezçilik edende we işsizlik ýokarlananda Merkezi bank karz ekspansiýasy syýasatyna geçýär, ýagny döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alýar, olaryň tölegini geçirmek bilen karz bermek mümkinçiligini, pul toplumyny artdyrýar, ykdysadyýetiň ösmegini höweslendirýär, işsizligiň ýokarlanmagyny haýalladýar, ýöne bu bahalaryň ýokarlanmagyna sebäp bolup biler.

Geçirmegiň görnüşi boýunça Merkezi bankyň gymmatly kagyzlar bilen bazar amallary göni ýa-da gaýdymlaýyn (tersine) bolup biler.

*Göni amal* gymmatly kagyzlary adaty satyn almak ýa-da satmak bolup durýar. *Gaýdymlaýyn amal* öňünden bellenen hümmet (kurs) boýunça gaýdymlaýyn geleşigi hökmany amala aşyrmak bilen, gymmatly kagyzlary satyn almakdan-satmakdan ybarat bolýar. Gaýdymlaýyn amallaryň çeýeligi, olaryň täsiriniň has ýumşak netijesi düzgünleşdirmegiň şu guralynyň giň ýaýramagyna getirýär. Özüniň düýp manysy boýunça bu amallar gymmatly kagyzlary girew goýmak bilen gaýtadan maliýeleşdirmäge meňzeşdir. Merkezi bank täjirçilik banklaryna auksion (bäsleşikli) söwdalarda kesgitlenýän esaslarda, dört-sekiz hepdeden olary hökman yzyna satmak şerti bilen, özüne gymmatly kagyzlary satmagy teklip edýär. Şunda şol gymmatly kagyzlaryň Merkezi bankyň eýeçiliginde bolýan döwründe olar boýunça «toplanan» göterim tölegleri täjirçilik banklaryna degişli bolar.

Açyk bazardaky amallar göterim syýasaty we hökmany ätiýaçlyklar syýasaty bilen deňeşdirilende onuň düzgünleşdirmegiň has çeýe guraly bolup durýandygy sebäpli, möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Mundan başga-da, döwletiň olaryň kömegi bilen ýurduň pul-karz syýasatyna täsir edip biljek gurallarynyň giden toplumy bardyr.

*Pul (walýuta) interwensiýasy* – puluň hümmetine, ykdysadyýetde pula bolan jemi islege we teklibe täsir etmek üçin Merkezi bankyň bankara ýa-da birža bazarlarynda milli puluň ýerine daşary ýurt puluny satyn almaga, ýa-da tersine.

Daşary ýurt puly amallary daşary ýurt pulundaky geleşikleriň islendik görnüşlerini peýdalanmak bilen amala aşyrylyp bilner. Gyzyl pul ätiýaçlyklarynyň hasabyna milli puly satyn almak bilen Merkezi

bank oňa bolan islegi artdyrýar, diýmek, onuň hümmetini ýokarlandyrýar. Milli puly satmak bilen bolsa, ol onuň teklip edilişini ýokarlandyrýar we milli puluň hümmetini peseldýär. Daşary ýurt pulunyň hümmetini düzgünleşdirmek bilen, Merkezi bank eksporta, importa, daşary söwda bahalaryna we içerki bahalara (elbetde, milli puldaky bahalara), ykdysadyýetiň beýleki köp ölçeglerine täsir edýär. Mysal üçin, milli puluň hümmetiniň ýokarlanmagy önümleriň importynyň giňelmegine (sebäbi daşary ýurt harytlary bellibir derejede arzanlaýar) we eksportyň azalmagyna (sebäbi eksport edýäniň şol bir haryt üçin milli puldaky girdejisi ozalkylara garanyňda azalýar) ýardam edýär. Tersine, milli puluň hümmetiniň peselmegi eksportyň ýokarlanmagyna (milli pulda düşewündiň azalmagyna) we importyň kemelmegine (içerki bazarda milli pulda bahalaryň ýokarlanmagynyň hasabyna) ýardam edýär. Daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi bergi borçnamalarynyň we nagt puluň «gymmatynyň» üýtgemegine alyp barýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göni mukdar çäklendirmeleri diýlip, karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmäge we olar tarapyndan bank amallarynyň aýry-aýry görnüşlerini geçirmäge çäkleriň bellenilmegine düşünilýär[1].

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, «Türkmenistanyň Merkezi banky aýratyn halatlarda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp, ähli karz edaralaryna deň derejede degişli göni mukdar çäklendirmelerini ulanmaga haklydyr[2] ».

Pul-karz düzgünleşdirmesiniň bu guraly berlen karzlaryň möçberini mukdar taýdan çäklendirmekden ybaratdyr we banklaryň işine täsir etmegiň göni usuly bolup durýar.

Karz bermek babatda çäklendirmeler karz serişdelerini ahyrky sarp edijileriň (karz alyjy kärhanalar) birmeňzeş bolmadyk ýagdaýa düşmeklerine getirýär. Banklar karzlary, ilkinji nobatda, özleriniň däp bolan müşderilerine, düzgün bolşy ýaly, iri kärhanalara bermäge

---

[1] «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 33-nji madda, 1-nji bölek. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 1, 11-nji madda).

[2] «Şol ýerde, 3-nji bölek.

çalyşýarlar. Kiçi we orta derejedäki firmalarda şu syýasatyň esasy pidalary bolmaň howpy döreýär.

Görkezilen syýasatyň kömegi bilen bank işini haýallatmagy we pul toplumynyň aram derejede köpelmegini gazanmaga çalşyp, döwlet ýurtda işewürlik işjeňliginiň peselmegine ýardam edýär, şonuň üçin aýry-aýry ýurtlarda pul-karz syýasatynyň şu guraly çäkli peýdalanylýar, käbir ýurtlarda bolsa ol asla ýatyrylandyr.

*Targetirleme* – pul toplumynyň bir ýa-da birnäçe görkezijileriniň ýokarlanmagynyň maksatlaýyn ugurlaryny bellemek, hökmany maržany bellemek ýoly bilen gazna amallaryny, döwletiň gymmatly kagyzlaryna hökmany maýa goýmagyň kadalaryny kadalaşdyrmakdyr.

Targetirlemegiň barşynda pul möçberiniň maksatlaýyn ugrunyň ornunda çykyş etmäge ukyply anyk agregatyny kesgitlemek meselesi degerli kynçylyk bolup durýar. Dürli ýurtlaryň tejribesinde dürli agregatlar ýa-da birbada birnäçe pul agregatlary peýdalanylypdyr.

Pul möçberiniň artýan ugurlaryny bellemek has giň ýaýran nukdaýnazar bolup durýar, ol dolanyşykdaky pullaryň M2 (M1+möhletli hasaplar) pul agregatynyň ululygy bilen kesgitlenýän mukdaryny düzgünleşdirmekden ybaratdyr. Pul toplumynyň artýan ugurlary kesgitlenende merkezi banklar hakyky jemi içerki önümiň (JIÖ) çak edilýän depgininden, hümmetsizlenme derejesinden we pullaryň dolanyşygynyň tizliginden ugur alýarlar. Birinji iki görkeziji M2 göni baglylykda, soňky görkeziji tersine baglylykda bolýar.

1970-nji ýyllarda hümmetsizlenme ýagdaýlarynyň güýçlenmegi bilen baglylykda, ösen ýurtlarda targetirleme ýaly gural giňden ýaýrady. Peýdalanylyp başlan wagtyndan targetirlemegiň häsiýeti we usullary köpdürlüligi bilen tapawutlanýardy. Kähalatda, maksatlaýyn ugurlary bellemek ýüzleý (formal) häsiýetde bolmak bilen, ol adaty çaklama öwrülýär. Şol bir wagtda birnäçe ýurtlarda ol has möhüm ähmiýete eýe boldy. Maksatlaýyn ugurlaryň özi dürli hili kesgitlenýärdi – geljekki döwür (çärýek, ýyl) üçin bir ýa-da birbada birnäçe pul agregatlarynyň ýol berilýän artyşynyň berk gözegçilik sany bilen, ýa-da üýtgemeleriň ýokarky we aşaky çägi bolan «geçelge» bilen bellenýärdi.

Nusgawy çemeleşmä laýyklykda, targetirlemä düzgünleşdirmegiň uzakmöhletli guraly hökmünde seredilýär, ol konýunkturanyň

üýtgäp durýandygyna garamazdan, pul toplumynyň durnukly artmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir, bu bolsa deňeçer ykdysady ösüş üçin amatly şertleri döretmelidir. Emma pula bolan islegiň durnuksyz bolmagy pul toplumynyň artyş depginlerini kesgitli bellemek syýasatynyň netijesiz bolmagyna getirýär. Pula bolan islegiň göterim boýunça ýokary çeýeliginiň bolýan ýagdaýy barada hem şony aýdyp bolar. Eger göterim möçberiniň peselýändigi ýa-da ýokarlanýandygy sebäpli, pula bolan isleg hem peselýän, ýokarlanýan bolsa, onda bahalaryň we önümçiligiň derejesine täsir ediş derejesi hem üýtgär. Pula bolan islegdäki üýtgemeler pul toplumy bilen bahalaryň özara baglanyşygyndaky bozulmalara alyp barar.

Ýokarda sanalyp geçilen gurallar döwletiň elinde ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň güýçli gurallarynyň bardygyny görkezýär. Pul-karz syýasatynyň gurallary diňe fiskal syýasat bilen kanunçylygyň ýakyn arabaglanyşykda bolýan şertlerinde netijeli bolup biler.

## 4.5. Ýurduň maliýe syýasatynyň gurluşynda pul-karz syýasatynyň orny

Pul-karz syýasaty döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölekleriniň biri bolup durýar, Merkezi bank bolsa onuň durmuşa geçirilmegi üçin jogap berýär. Emma pul-karz syýasaty diňe döwletiň maliýe syýasatynyň çäklerinde býujet-salgyt we gurluş çäreleri laýyk derejede berkidilen halatynda netijeli bolar. Şonuň üçin hem strategik çözgütleriň kabul edilýän ugurlarynda döwlet dolandyryş edaralarynyň ählisiniň hereketleriniň ýakyndan utgaşdyrylmagy zerurdyr.

1990-njy ýyllaryň başlarynda maliýe taýdan durnuklaşdyrmak düşünjesiniň özi köpsanly nazaryýet jedellerine sebäp bolupdy. Köp alymlar tarapyndan goldanylan bir nukdaýnazara laýyklykda, hakyky makroykdysady durnuklaşdyrmak diýip býujet ulgamynyň durnuklylygynyň, bank sektorynyň we maliýe bazarynyň dürli segmentleriniň, pul dolanyşygynyň kadaly hereketiniň, kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygynyň üpjün edilmegine düşünilýär. Şu ýagdaýda Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň diňe döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölekleriniň biri hökmündäki orny aýdyň bolýar.

Beýleki bir nukdaýnazara laýyklykda, maliýe taýdan durnuklylyk soňundan maýa goýum işini işjeňleşdirmek, önümçiligi durnuk-

laşdyrmak we ösdürmek maksady bilen hümmetsizlenmegi bellibir derejede saklamak bilen meňzeş hasap edilýär. Şu ýagdaýda Merkezi bankyň ykdysadyýetdäki orny açyk gipertrofirlenen bolýar. Şeýle-de bolsa, 1990-njy ýyllaryň başyndaky we ortalaryndaky iş tejribesi şu konsepsiýanyň ýaramsyzdygyny görkezdi.

Merkezi bank pul-karz syýasatyny özüne kanunçylyk arkaly berkidilen gurallaryň kömegi bilen amala aşyrýar, bu gurallar şulardan ybaratdyr: Merkezi bankyň amallary boýunça göterim möçberleri; Merkezi bankda deponirlenýän hökmany ätiýaçlyklaryň kadasy; açyk bazardaky amallar; banklary gaýtadan maliýeleşdirmek; daşary ýurt puly interwensiýasy; pul toplumynyň artyş ugurlaryny bellemek; göni mukdar çäklendirmeleri; öz adyndan obligasiýalary emissiýa etmek (çykarmak).

Sanalyp geçilen gurallar diňe bir ýurduň Merkezi bankynyň «oýlap tapan zady» bolman, eýsem, dünýä tejribesinde peýdalanylýan gurallara laýyk gelýär. Merkezi bankyň pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça taktiki hereketleri ýokary hünärlilik bilen yzygiderli amala aşyrylýar. Şunuň bilen birlikde, käbir ýurtlaryň ykdysadyýetiniň aýratynlygy pul-karz syýasatynyň birnäçe gurallarynyň ulanylmagyny bellibir derejede çäklendirýär. Çökgünlik döwründen soň maliýe bazarlarynyň bellibir segmentlere bölünmegi we daralmagy pul-karz syýasatynyň giňden ulanylmagyna, olaryň ykdysadyýete edýän täsiriniň ýaýramagyna päsgel berýär. Maliýe bazarlarynyň segmentlere bölünmegi her bir maliýe guralynyň özüniň ulanylýan çäkli çygrynyň bolýandygyny we iş ýüzünde beýleki gurallar bilen çalşylyp bilinmejekdigini aňladýar. Häzirki wagtda hökmany ätiýaçlyklar kadalary, gaýtadan maliýeleşdirmek, depozit amallaryny geçirmek, daşary ýurt puly interwensiýalary hakykatdan hereket edýän gurallar bolup durýar.

Merkezi bank tarapyndan ol ýa-da beýleki düzgünleşdiriş gurallarynyň ulanylmagy döwletiň maliýe syýasatynyň baş wezipelerini çözmäge durnukly, uzakmöhletleýin ykdysady ösüşi we ilatyň ýaşaýyş derejesini ep-esli ýokarlandyrmaga tabyn edilendir.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bank gözegçiligi we kadalaşdyryjy gurama hökmünde çykyş etmek bilen, Türkme-

nistanyň Merkezi banky 2009-njy ýylda bank ulgamynyň kadaly işlemegine gönükdirilen çäreleri geçirmegini dowam etdi. Türkmenistanyň bank ulgamynyň öňünde goýýan esasy meselesiniň biri bu goýumçylaryň, algydarlaryň bähbitlerini goramak, bank ulgamy tarapyndan ilatyň we guramalaryň serişdelerini mundan beýläk-de saklamak, netijeli ulanmak, olaryň karzlaşdyrmaklyga, maýa goýumlara gönükdirilmegi boýunça netijeliligini ýokarlandyrmak, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga, terrorçylygy maliýeleşdirmek üçin banklaryň ulanylmagynyň öňüni almak hem-de edilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, täze görnüşlerini girizmek, şeýle hem ykdysadyýetiň ösmegine ýardam bermekdir.

Türkmenistanyň çäginde eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli 12 sany bank işleýär, olaryň 5-isi döwlet täjirçilik banklary, 3-üsi paýdarlar täjirçilik banklary, 2-si daşary ýurt maýasy 100% bolan daşary ýurt banklarynyň bölümleri, 1 maliýe instituty (Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky) we Merkezi bank. 2008-nji ýylyň dowamynda Kommersbankyň wekilçiligi bellige alynmagy bilen, şu günki güne iki sany daşary ýurt döwletleriniň Doýçebankyň we Kommersbankyň wekilçilikleri Türkmenistanda öz işjeňligini amala aşyrýar.

Bank edaralary tarapyndan müşderilere edilýän hyzmatlaryň köp bölegi şahamçalaryň we bank gulluklarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. 2019-njy ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna olaryň sany artmagyny dowam edip, şu günki günde Türkmenistanyň çäginde täjirçilik banklarynyň 147 sany şahamçasy we 27 sany gulluklary hereket edýär. Şahamçalaryň has giň gerimi «Daýhanbank» we «Türkmenistan» DTB degişlidir.

Pul-karz syýasatynyň strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmek üçin bellibir şertler zerurdyr: dünýä bazarlarynda amatly konýunkturanyň saklanyp galmagy; maliýe bazarlaryny sagdynlaşdyrmak, býujet syýasatyny amatly etmek, daşarky bergä hyzmat etmek we üzmek; bank sektoryny özgertmek. Ykdysadyýetiň ähli sektorlary tarapyndan islegiň giňelmegi we kärhanalaryň maýa goýum işjeňliginiň ýokarlanmagy birinji derejeli wezipe bolup durýar.

8. Sargyt № 1335

## 4.6. Pul-karz syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary

Pul-karz, walýuta, maliýe we salgyt býujet ulgamlaryny kämilleşdirmek maksadynda türkmen döwletiniň Baştutanynyň başlangyjy bilen görülýän toplumlaýyn çäreler uly ähmiýete eýedir. Olar ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan sazlaşykly ösdürmek üçin mäkäm binýat bolup hyzmat edýär. Milli ykdysadyýetimiziň esasyny düzýän ygtybarly bank ulgamyny kemala getirmek türkmen döwletiniň syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ulgamyň durnukly işlemegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny we onuň çalt ösmegini, dünýäniň ykdysady giňişligine işjeň goşulmagy üçin kesgitleýji ähmiýete eýedir.

Ýurduň pul-karz syýasatyny mundan beýläk hem kämilleşdirmek şu ugurlar boýunça amala aşyrylmalydyr:

1. Ykdysadyýetiň monetizasiýa derejesi we esasy sterilizasiýa mehanizmleri: býujetiň artyklygy (profisit), Durnuklaşdyryş gaznasy we maýanyň çykarylmagy.

2. Pul-karz syýasatynyň gurallary, hususan-da, gaýtadan maliýeleşdiriş ulgamy we hökmany ykdysady kadalar.

3. Hümmetsizlenmä garşy çäräniň bir bölegi hökmünde nyrh syýasaty.

**Ykdysadyýetiň monetizasiýa derejesi we esasy sterilizasiýa mehanizmleri.** Ýakyn ýyllarda pul-karz düzgünleşdirmesiniň ileri tutulýan wezipesi *ykdysadyýetiň monetizasiýa derejesini ýokarlandyrmak* bolmalydyr.

**Pul-karz syýasatynyň gurallary.** Gaýtadan maliýeleşdirmegiň häzirki wagtda hereket edýän ulgamyna geçirilen seljerme Merkezi bankyň karz bermek hem-de geçginligi absorbirlemek bilen baglanyşykly gurallarynyň bazara gatnaşyjylara deň ýagdaýda elýeter bolmagyny üpjün eder ýaly derejede düýpli döwrebaplaşdyrmagyň gerekdigini ýüze çykardy.

Düzgünleşdirmegiň netijeli mehanizmini gurmak üçin, işleri iki ugurda alyp barmak talap edilýär:

lombard sanawyny giňeltmek;

täjirçilik banklaryny olaryň karz bukjalaryny girew goýmagyň hasabyna karzlaşdyrmak mümkinçiligini üpjün etmek.

Döwletiň dolanyşykda bolýan gymmatly kagyzlarynyň möçberiniň az bolan, esasy paketleriň (bukjalaryň) gatnaşyjylaryň az sanlysynyň elinde jemlenen şertlerinde, şeýle hem býujetiň artyklygy (profisit) sebäpli, bu bazaryň geljekki ösüşiniň oňyn däldigini göz öňünde tutmak bilen, Merkezi bankyň karzlaryny üpjün etmek üçin kabul edilýän gymmatly kagyzlaryň lombard sanawyny düýpli giňeltmek zerurdyr.

Onuň mundan beýläk hem birinji derejeli gymmatly kagyzlaryň hasabyna giňelmegi gaýtadan maliýeleşdiriş ulgamynyň şu aktiwleriň uly bukjalaryna eýelik edýän birinji topara girýän banklar üçin elýeter bolmagyna ýardam eder. Şol sebäbe görä, lombard sanawy senagat müşderileriniň we banklaryň wekselleri ýaly möhüm aktiwi goşmagyň hasabyna giňelmelidir.

Şunuň bilen birlikde karz bukjalaryny goşmak bilen, aktiwleriň has giň toplumyny girew goýmagyň hasabyna täjirçilik banklarynyň karz almak mümkinçiliklerini giňeltmek örän möhüm bolup durýar. Degişli kadalaşdyryjy binýadyň bardygyna garamazdan, şeýle guraly ulanmak tejribesiniň ýokdugy we karz talaplarynyň girewiniň çäklerinde onuň bahasynyň ýokarydygy sebäpli, serişdeler iş ýüzünde banka gelip gowuşmaýar. Bu guralyň ulanylmagy bolsa, diňe bir kagyz pullaryň (üpjün edilmedik pullar) däl-de, karz pullaryň emissiýasyna geçmäge mümkinçilik bermän, eýsem, merkezleşdirilen serişdeleriň ykdysadyýetiň hakyky bölegine maksatlaýyn gelip gowuşmagyny üpjün edýär, şunuň bilen birlikde ol kärhanalar üçin karzlaryň gymmatyny peseldýär.

Şunda karz bukjasynyň Bütewüligi ýörelgesini berjaý etmegiň zerurdygyny belläp geçmek gerek, bu ýörelge goýlan aktiwleriň karz guramalaryň Merkezi bank bilen ähli karz amallary boýunça üpjünçiligi hökmünde peýdalanylyp bilinjekdiginden ybaratdyr.

Gatnaşyjylaryň giň topary üçin gaýtadan maliýeleşdirmegiň gowy elýeter bolmagy bankara bazarynda gysgamöhletli möçberleriň (stawka) ýokarky çäginiň emele gelmegine ýardam eder we gysgamöhletli näsazlyklarda bank ulgamyny düýpli durnuklaşdyryjy bolup durar.

Bank ulgamy üçin serişdeleriň çeşmesi hökmünde gaýtadan maliýeleşdirmegiň orny babatynda aýdylanda, Merkezi bank

ykdysadyýeti uzakmöhletli karzlaşdyrmak maksatlary üçin täjirçilik banklaryna uzakmöhletli karzlary bermelidir diýen garaýyşlary iş ýüzünde durmuşa geçirmek mümkinçiligi ýok diýip bolar. Gysgamöhletli gaýtadan maliýeleşdiriş gurallary bolsa aktiwleri artdyrmak üçin serişde çeşmesi däl-de, köp babatda ätiýaçlandyryş mehanizminiň ornunda bolmalydyr.

Gaýtadan maliýeleşdirmegiň teklip edilýän ulgamynda bank ulgamynyň serişde binýadyny giňeltmek meseleleriniň çözgüdi uzakmöhletli passiwleriň hasabyna uzakmöhletli maliýeleşdirmegi amala aşyrmak ýörelgesine gaýtadan seretmek bolup bilerdi. Bu ýörelge, beýlekiler bilen birlikde, Merkezi bankyň H4 ýaly hökmany kadasynda goýlup biler, ol uzakmöhletli karzlaşdyrmagy uzakmöhletli serişde binýady bilen çäklendirmegi göz öňünde tutýar.

Häzirki zaman ykdysatçylarynyň birnäçe ylmy işlerinde uzakmöhletli karzlaryň esasynda uzak möhletlere çekilen depozitleriň bolmagynyň hökmany däldigi, şunda depozitleriň durnuklylygynyň has ýokary ähmiýetiniň bardygy subut edildi. Durnuklylyk nukdaýnazaryndan depozitleriň ählisiniň esasy (durnukly) (olar banka berkidilýär we ondan çykyp gitmeýär) we «göçýän» depozitlere bölünýär. Tejribe talap edilýänçä goýumlarynyň arasynda durnukly böleginiň ýokarydygyny görkezýär, sebäbi möhletli goýumlar boýunça ýokary möçberler bellenilýär, olar bolsa dürli banklarda dürli hili bolýar, şonuň netijesinde olar köp babatda hereketde bolmaly bolýarlar. Umuman alnanda, gysgamöhletli depozitleriň we talap edilýänçä goýumlaryň bellibir hemişelik ýagdaýy bolup, olar anyk bank üçin azalmaýan bölek bolup durýar, ol uzak möhletli karzlaşdyrmak we H4 kadasyny hasaplamak üçin peýdalanylyp bilner. Bu durnukly bölek birnäçe usullar bilen kesgitlenip bilner: empiriki (tejribe), matematiki statistika we ähtimallyk nazaryýeti usullary.

Diýmek, pul-karz syýasatynyň hereket edýän gurallaryny kämilleşdirmegiň ýene bir möhüm ugry hökmany ykdysady kadalary gowşatmak bolup durýar, bu öňi bilen uzakmöhletli karzlara gysgamöhletli depozitleriň durnukly bölegine «daýanmak» mümkinçiligini berer ýaly görnüşde, bankyň H4 uzakmöhletli geçginlilik kadasyny hasaplamagyň usulyýetine gaýtadan seretmek ýoly bilen geçirilip bilner.

Şeýle hem hökmany ykdysady kadalaryň umumy sanyny azaltmak maksadalaýyk bolar. Meselem, käbir seljerijilere geçginliligiň bir-birine golaý dört kadasynyň bolmagy artykmaç bolup görünýär. Tiz we umumy geçginlilik kadalary bolan H2 we H5 görkezijileriniň arasynda aralyk orny eýeleýän H3 gündelik geçginlilik kadasyny ýatyrmak (ýa-da ony hökmany görnüşden baha beriş görkezijisine geçirmek) kyn bolup biler.

Şeýle hem hökmany ykdysady kadalaryň köpüsi üçin binýat bolup duran, karz guramalarynyň öz serişdeleriniň (maýasynyň) ululygyny hasaplamagyň usulyna gaýtadan seretmek gerek. Banklaryň öz maýasyny aşakda getirilýän görkezijileriň ululygynda azaltmagyň manysy ýokdur:

- karz guramalarynyň maýa goýmak üçin satyn alnan golçur we özlerine garaşly edara görnüşli taraplaryň paýnamalaryna (gatnaşma paýlary) (şol sanda dahylly rezident däl karz guramalaryň paýnamalaryna) goýulýan bölegi babatynda (karz guramasyna degişli paýnamalar bukjasynyň emitent guramanyň esaslyk maýasynyň 20 %-inden geçmeýän halatynda);
- dahylly rezident karz guramalaryň esaslyk maýasyna goýumlar babatynda, sebäbi gaýtadan maliýeleşdirmek ulgamynyň we goýumlary ätiýaçlandyrmak ulgamynyň kadaly ösýän mahalynda golçur kärhanalaryň hem, esasy bankyň hem çökgünlige düşmek ähtimallygy iş ýüzünde nola deň bolýar.

Mundan başga-da, maddy däl aktiwleriň gymmatyny hususy maýanyň ululygynyň hasaplamasyndan çykarmak maksadalaýyk bolmaz, sebäbi bu banklar tarapyndan häzirki zaman maglumat tehnologiýalarynyň, programma üpjünçiliginiň satyn alynmagyny we işlenip taýýarlanmagyny höweslendirmeýär.

**Nyrh syýasaty hümmetsizlenmä garşy çäreleriň bir bölegi hökmünde.** Hümmetsizlenme tebigy monopoliýalaryň tarifleriniň ýokarlanmagy we energiýa göterijileriň içerki bahalarynyň ýokarlanmagy, ýagny ähli öndürijileriň çykdajylaryna täsir edýän harytlaryň, hyzmatlaryň gymmatlamagy ýaly faktorlar bilen şertlendirilendir. Diýmek, hümmetsizlenmä garşy çäreleriň arasynda baha syýasaty aýratyn orun eýelemelidir, sebäbi ykdysadyýetde bahalaryň köpüsi ol ýa-da beýleki görnüşde göni, ýa-da gytaklaýyn düzgünleşdirilýär.

Tebigy monopoliýalaryň önümleriniň tarifleriniň çäklendirilmeginiň özi – gürrüňsiz, oňyn çäre bolup durýar, sebäbi monopol ygtyýar etmegiň esasynda tarifleriň görkezilen çäklerden ýokary gözegçiliksiz galdyrylmagynyň öňüni alýar.

Islendik ýagdaýda tebigy monopoliýalaryň tarifleriniň ýokarlanmagy hakyky sebäpleriniň nähilidigine garamazdan, olary çözmegiň hümmetsizlenmä getirmeýän usullary bardyr. Tebigy monopoliýalaryň hyzmatlarynyň tarifleriniň beýleki harytlaryň we hyzmatlaryň bahalaryna täsir edýän ýokarlanmagynyň hümmetsizlenmäni has-da ýokarlandyrmazlygy üçin monopolistleriň hyzmatlarynyň tarifleriniň artyşynyň ýokary çägi hümmetsizlenmegiň islenilýän depgini bilen çäklendirilmelidir, iň gowy ýagdaýda bolsa, ondan pes bolmalydyr.

Şeýlelikde, hümmetsizlenmä garşy baha syýasatynyň möhüm ädimi *tebigy monopoliýalaryň tarifleriniň ösüş depginini hümmetsizlenmegiň depgini bilen çäklendirmek* bolup durýar.

Hümmetsizlenmä garşy syýasatyň ikinji ugry barada aýdylanda, onuň birža söwdasyny guramak, salgyt ýüküni peseltmek we pudaklaryň tehnologiýa taýdan täzelenmegini höweslendirmek ýoly bilen bäsleşigi höweslendirmek – bularyň zerur, ýöne ýangyç-çalgy ýag materiallarynyň bahasyny düzgünleşdirmek üçin ýeterlik bolmadyk çäreler bolup durýandygyny bellemek gerek.

Şeýlelikde, eger tebigy monopoliýalaryň hyzmatlarynyň tarifleriniň ösüşini hümmetsizlenmegiň çäklerinde saklamak we energiýa göterijileriň içerki bahalarynyň ýokarlanmagyna ýol bermezlik başartsa, baha syýasatynyň açyk görnüp duran hümmetsizlenmä garşy netijesi bolar. Munuň üçin bäsleşige ýardam etmegiň bazar usullary bilen bir hatarda monopoliýa garşy işjeň düzgünleşdirmek we bazar ýagdaýyndan hyýanatçylykly peýdalanýan kärhanalara administratiw zor salmak gerek bolar.

Gaýtadan maliýeleşdiriş möçberi karzlaşdyrmagyň gerimini düzgünleşdirmegiň guraly bolup durýar. Şunda karz alyjylar üçin esasy orunda göterimiň nominal möçberi däl-de, onuň hümmetsizlenme derejesini hasaba alnan hakyky ululygy durýar.

Ykdysadyýetiň bellibir derejede durnukly şertlerinde uzakmöhletleýin strategik meýilnamalaşdyrmak we pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek meselesi durýar. Ykdysadyýeti ösdürmek maksatlarynda

geljege niýetläp (çaklama) we gündelik meýilnamalaşdyrmagy, pul dolanyşygyny düzgünleşdirmegi üpjün etmek möhümdir.

Hümmetsizlenmegiň pes bolmagy milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek, ykdysady agentleriň oňyn garaşmalaryny emele getirmek, töwekgelçilikleri peseltmek, degişlilikde, tygşytlamalar, maýa goýumlar we sarp ediş çykdajylary babatynda esaslandyrylan çözgütleri kabul etmek üçin esas bolup durýar. Şonuň üçin hem hümmetsizlenmegi durnukly peseltmäge gönükdirilen pul-karz syýasaty ykdysady ösüşiň potensialyny güýçlendirmäge we ykdysadyýetiň gurluşyny döwrebaplaşdyrmaga düýpli goşant goşýar.

Merkezi bank pul-karz düzgünleşdirmegiň bazar usullaryna esasy üns bermek bilen, pul-karz syýasatynyň öz ygtyýarynda bar bolan ähli gurallarynyň kömegi bilen pul maksatnamasynyň ölçegleriniň (parametrleriniň)berjaý edilmegini üpjün edýär.

## 4-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Pul-karz syýasatynyň «Keýnsiançylyk» çemeleşmesiniň aýratynlyklary nähili beýan edilýär?
2. Monetaristik çemeleşmäni düşündiriň.
3. Deflýasiýa syýasaty diýmek näme?
4. Deflýasiýa syýasatyny durmuşa geçirmegiň ýollary haýsylar?
5. Döwletiň pul-karz syýasatynyň düýp manysy, maksatlary, görnüşleri nämeden ybarat?
6. Döwletiň pul-karz syýasatynyň üsti bilen ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň usullary haýsylar?
7. Döwlet tarapyndan ykdysadyýeti pul-karz babatda düzgünleşdirmegiň maksatlary nämeden ybarat?
8. Pul-karz syýasatynyň esasy gurallary nämeden ybarat?
9. Restriksion pul-karz syýasaty diýmek nämäni aňladýar? Ekspansionistik pul-karz syýasaty nämäni aňladýar?
10. Döwletiň pul-karz syýasatynyň gurallary näme we olaryň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
11. Hökmany (iň pes) ätiýaçlyk talaplaryny bellemek diýmek näme?
12. Hasaba alyş (göterim) syýasaty (täjirçilik banklaryny gaýtadan maliýeleşdirmek) näme?
13. Açyk bazardaky amallar diýmek näme?
14. Ýurduň maliýe syýasatynyň gurluşynda pul-karz syýasatynyň tutýan orny nähili?
15. Türkmenistanda pul-karz syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary haýsylar?

# V bap NYRH SYÝASATY

## 5.1. Nyrh syýasatynyň mazmuny, maksatlary we wezipeleri

Ykdysadyýeti bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerine esaslanýan döwletlerde nyrhlar döwletiň esasy üns merkezinde saklanylýar hem-de döwlet düzgünleşdirmesiniň obýekti hökmünde çykyş edýär. Nyrhlar ykdysady, durmuş we syýasy giňişlikde önüm öndürijileriň, sarp edijileriň, döwletiň hem telekeçileriň bähbitleriniň çaknyşýan wajyp nokatlarynyň biri bolup durýar.

Nyrhlara täsir etmek döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmek babatynda alyp barýan işiniň baş maksatlarynyň biri hökmünde seredilýär. Döwlet nyrhlara täsir etmek bilen, puluň hümmetsizlenmegine garşy göreşmäge, dünýä bazarlarynda milli haryt öndürijileriň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we ýüze çykyp biljek dürli durmuş dartgynlylyklarynyň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmäge mümkinçilige eýe bolýar. Döwletiň nyrh syýasatynyň täsiri bahalaryň emele gelşinde şöhlelenýär.

Nyrhlar babatynda amala aşyrylýan anyk çäreler gysga döwür üçin maksatlara eýe bolup biler hem-de edil şol döwürde döwletiň beýleki maksatlaryna laýyk gelmän hem biler, emma ahyrky netijede olar hemişe ykdysady ösüşiň we durmuş ulgamynyň durnuklaşdyrylmagy ýaly döwletiň öňünde durýan baş maksatlaryna gabat gelmelidir.

Mälim bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetinde nyrhlar teklibiň we tölege ukyply islegiň gatnaşygy esasynda erkin emele gelýär. Emma hakykat ýüzünde nyrh emele getirmekde doly erkinlik berilmeýär. Bu ýerde gürrüň nyrhlaryň erkin emele gelmeginiň derejesi we formalary barada gidýär. Ykdysady gatnaşyklaryň tutuş taryhynda döwlet nyrhlara az ýa-da köp derejede öz täsirini ýetirdi. Bulara demir ýol, poçta, telegraf ýaly hyzmatlaryň, şeýle hem döwlet tarapyndan öndürilýän çörek, duz, benzin elektroenergiýa we ş.m. harytlaryň nyrh-

larynyň döwlet tarapyndan bellenýändigi bilen düşündirip bolar. Şeýle-de döwletiň gümrük we salgyt syýasaty hem ýeterlik derejede içerki bazardaky nyrhlary derejesine öz täsirini ýetirýär.

Geçen asyryň başynda bolup geçen Birinji Jahan urşy, şeýle hem onuň yzysüre emele gelen çökgünlik nyrhlaryň döwletler tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň baş sebäbine öwrüldi.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda bazar ykdysadyýetli döwletleriň aglabasynda döwlete nyrhlara täsir etmäge ygtyýarlyk berýän kanunlar kabul edildi. Nyrhlara täsir etmeklik döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň esasy elementine öwrüldi. Döwlet tarapyndan nyrhlara täsir etmek boýunça amala aşyrylýan çäreler kanunçylyk, administratiw (dolandyryş) we kazyýet häsiýetine eýe boldy. Ýurtlaryň parlamentleri tarapyndan kabul edilen bu kanunlar nyrh emele getirmek çygrynda hojalyk subýektleriniň öz arasynda şeýle, olaryň döwlet bilen ýüze çykýan gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň hukuk binýady hökmünde hyzmat edýär. Bu kanunlar toplumy raýat hukugynyň bir bölegi bolup duran nyrh hukugyny emele getirdi. Şu hukugyň esasynda ygtyýarly döwlet edaralary nyrh düzgünleşdirmek babatynda administratiw (dolandyryş) işi amala aşyrýarlar. Nyrh babatynda kadalaryň bozulan halatynda düzgün bozujylar kazyýet jogapkärçiligine çekilip bilinýärler.

Ynsaply nyrh bäsleşigini üpjün etmek, monopoliýalaryň (esasan hem, tebigy) nyrh emele getirmek işine gözegçilik etmek, şeýle hem nyrhlaryň ýokarlanmagynyň önümçilige we ýurduň ykdysadyýetiniň bäsleşige ukyplylygyna ýetirýän täsirini öwrenmek döwlet tarapyndan nyrhlary düzgünleşdirmegiň baş maksady bolup durýar.

Döwlet nyrhlara daşary söwda gatnaşyklarynda gümrük çäklendirmelerini girizmek, olary aýyrmak, integrasion bileleşmelerine girmek, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmek derejesini, salgytlary üýtgetmek, pul serişdeleriniň emissiýasyny amala aşyrmak we başga çäreler arkaly täsir edýär.

Nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek işi gytaklaýyn we göni görnüşlerde amala aşyrylýar.

Döwletiň düzgünleşdiriş çäreleriniň üsti bilen nyrhlara gytaklaýyn täsiri edilýär.

Nyrh emele getirmek işine döwletiň göni goşulmagy nyrhlary dolandyryş gurallarynyň üsti bilen göni kesgitlenmegi esasynda amala aşyrylýar.

Nyrhlaryň emele gelmegine döwlet subsidiýalary özüniň gönüden-göni täsirini ýetirýär. Mysal üçin, nyrh subsidiýalarynda haryt öndürijilerine ýa-da sarp edijilerine goşmaça tölegleri tölemek arkaly bahalaryň peseldilmegi gazanylýar.

Bulardan başga-da, döwlet edaralary harytlaryň bellibir görnüşiniň satyn alyjylary bolup durýandygy sebäpli, bu harytlaryň anyk nyrhlaryny kesgitleýär.

Nyrhlary düzgünleşdirmegiň iň bir netijeli usullarynyň biri bolup, önüm öndürijileriň harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhyna goşýan, goşulan baha üçin salgyt çykyş edýär. Salgydyň bu görnüşiniň üýtgedilmegi nyrhlara gönüden-göni öz täsirini ýetirýär.

Döwlet tarapyndan nyrhlara täsir etmegiň aýratyn ugurlarynyň biri bolup, döwletiň daşary söwda nyrhlaryna täsir etmesi çykyş edýär. Käbir ýurtlarda döwlet eksporty goldamak maksady bilen harytlary we hyzmatlary eksport edijilere eksport subsidiýalaryny, ýeňillikli karzlary berýär. Bu dünýä bazarynda milli haryt öndürijilerine bäsleşik artykmaçlyklaryna eýe bolmakda düýpli täsir edýär.

Döwlete dahylsyz bölekde nyrhlary bellemek ýa-da olaryň aňryçäk möçberlerini kesgitlemek, administratiw hojalyk düzgünleşdirmesiniň bir görnüşi bolup durýar. Bu uzak we orta möhletli jähtde bazar gatnaşyklarynyň netijesiz bolan şertlerinde ulanylýar. Esasan hem, ol bazar ykdysadyýetiniň ýaramaz täsirlerinden ilaty goramak maksady bilen peýdalanylýar.

## 5.2. Nyrhlar we tarifler ulgamynyň esaslary. Makro we mikro derejedäki nyrhlar

Ähli nyrhlar özara baglanyşykly bolup durýar hem-de bütewi nyrh ulgamyny emele getirýär. Bazar faktorlarynyň täsiri astynda nyrhlar üýtgäp bilýärler.

Haryt dolanyşygynyň çägine baglylykda, nyrhlary şu toparlara bölmek bolýar (*5-nji surat*):

– senagat harytlarynyň lomaý bahalary;
– gurluşyk önümleriniň bahalary;

– oba hojalyk önümleriniň we çig malyň beýleki görnüşleriniň satyn alyş nyrhlary;
– bölek-satuw nyrhlary;
– ýük we ýolagçy ulaglarynyň hyzmatlary üçin tarifleri;
– jemagat we durmuş hyzmatlarynyň tarifleri;
– daşary söwda dolanyşygynyň nyrhlary (eksport we import).




***5-nji surat***

Hereket edýän çägine baglylykda, nyrhlar bütin ýurduň çägindäki nyrhlara, şeýle hem aýratyn sebitlerdäki nyrhlara bölünýärler.

Sarp edijiler tarapyndan ulag harajatlarynyň öwezini dolmagyň häsiýetleri boýunça nyrhlar önümiň öndürilen ýerindäki, äkidip getirmek boýunça harajatlaryň goşulmagyndaky nyrhlara bölünýärler.

Senagat önümleriniň lomaý bahalary diýlip, önüm öndüriji kärhananyň hut özünden satyn alynýan nyrhlara aýdylýar.

Öz gezeginde, senagat önümleriniň lomaý bahasy kärhananyň lomaý bahasyna (başgaça goýberilýän baha) we şuňa meňzeş önümiň bütin senagat pudagyndaky ortaça bahasy diýen toparlara bölünýär.

Önümleriň lomaý nyrhlarynyň görnüşleriniň biri bolup transfert nyrhlary çykyş edýär. Bu nyrh şol bir kärhananyň içinde harytlaryň hereketi bolup geçende ulanylýar. Bulara ýarym taýýar önümleriň dolandyryş we maglumat hyzmatlarynyň nyrhlaryny degişli edip bolar.

Lomaý söwdada nyrhlar şertnamanyň şertlerinde kesgitlenilýär. Bu şertler şertnamanyň baglaşylan wagtynda kesgitlenilýär we şertnamanyň tamamlanýan wagtyna çenli dowam edýär. Nyrhlary kesgitlemegiň häsiýetine baglylykda, lomaý nyrhlaryň birnäçe görnüşleri bolýar.

*Üýtgemeýän* (durnukly, kepillendirilen) nyrh – bu şertnama baglaşylanda kesgitlenilýän nyrh bolup durýar. Ol şertnamanyň hereket edýän döwründe üýtgedilmeýär.

*Üýtgeýän nyrh* – bu şertnama baglaşylanda kesgitlenip, harydyň hakykat ýüzünde satyn alyja gelip gowşanda onuň bazar bahalarynyň üýtgemegi esasynda gaýtadan seredilýän nyrh bolup durýar. Bu ýerde hasaplamalar anyk ýagdaýdaky nyrhlar esasynda amala aşyrylýar. Şertnamada, adatça, şertnama bahasyndan bazar bahasynyň üýtgemesiniň aňryçäk möçberleri hem kesgitlenilýär. Şeýle üýtgemeler, adatça, 2–5 % çäklerinde bolup geçýär.

*Durnuksyz nyrh* – bu şertnamanyň baglaşylan wagtyndan onuň ýerine ýetirilmeli döwri aralygynda önümçilik harajatlarynyň üýtgemegi sebäpli, gaýtadan seredilen nyrh bolup durýar. Şeýle nyrhlar, adatça, uzak möhletiň dowamynda ýerine ýetirilýän önümler üçin goýulýar.

*Şertnamanyň ýerine ýetirilýän döwründe kesgitlenilýän nyrh* harytlaryň täze tapgyrynyň üpjün edilmeginiň ýa-da maliýe ýylynyň başlamagynyň öňünden bellenilýär. Şertnamada bahany kesgitlemegiň usuly bellenilýär.

Birža harytlary üçin geleşikler baglaşylanda harytlaryň bahasynyň haýsy biržanyň kotirowkasy esasynda we nähili kesgitlenýändigi, şeýle hem satyn alyjynyň satyja şertnama bahany bellemek

boýunça teklibini haýsy möhletde habar bermelidigi görkezilýär. Satyn alyjynyň başlangyjy esasynda kesgitlenilýän nyrhlara onkol nyrhlar diýlip atlandyrylýar.

*Opsionlaryň nyrh emele gelmesi.* Opsion ol ýa-da beýleki bir aktiwiň öňünden göz öňünde tutulan möçberlerini kesgitli bir möhletiň içnde kesgitli bir bahadan satyn almaga bolan hukugy (ýöne borç bolup durmaýar) aňladýar. Opsiony ýerlemek baradaky çözgüt opsiony saklaýjy tarapyndan özbaşdak kabul edilýär.

*Arbitraž nyrh emele gelmesi* şereketleriň ygtyýaryndaky gymmatly kagyzlaryň girdejililigini seljermek we çaklamak maksady bilen amala aşyrylýar.

*Anyk we modifisirlenen nyrhlar.* Ol ýa-da beýleki harydy üpjün etmek boýunça şertnamalaryň taýýarlanylýan tapgyrynda şertnamada beýan ediljek nyrhlary kesgitlemek üçin çap edilýän nyrhlara ýa-da hasaplama nyrhlaryna esaslanmaly.

*Çap edilýän nyrhlar* şereketiň ýörite maglumat çeşmelerinde ýerleşdirilýär we hemmelere elýeter häsiýete eýe bolýar. Adatça, bu nyrhlar önümiň şeýle görnüşiniň dünýä bahasyny görkezýär hem-de tanymal üpjün edijiler tarapyndan ulanylýar. Çap edilýän nyrhlara aşakdakylar degişli bolýar:

- birža söwdasynyň obýekti bolup duran harytlaryň bahasyny häsiýetlendirýän *birža kotirowkalary*;
- anyk bir wagtda hasaba alnan *auksionlaryň* we *eksport-import geleşikleriniň nyrhy;*
- iri söwda we beýleki satyjy-kärhanalaryň *teklip edýän nyrhlary;*

Gurluşyk önümleriniň nyrhlary, adatça, üç sany görnüşde bolýar:

- çykdajy çenlik (smeta) nyrhy, ýagny taslamada obýektiň gurluşygy üçin bolup biljek çykdajylaryň iň ýokary möçberi göz öňünde tutulýar;
- preýskurant nyrhy, ýagny gurluşygyň obýektiniň nusgawy görnüşi üçin taslamada göz öňünde tutulan, taslama çenlik (smeta) nyrhy;
- şertnamalaýyn nyrh, her aýratyn ýagdaýda buýrujy bilen potratçynyň arasynda baglaşylan nyrh;

Satyn alyş nyrhlary – oba hojalyk kärhanalarynyň, daýhanlaryň we çig mallary öndüriji beýleki şahslaryň öz öndüren önümlerini ýerleýän nyrhy bolup durýar. Ýerlenişine (satylyş usulyna) baglylykda, (mysal üçin, önüm taýýarlaýjy guramalaryň üsti bilen, göni alyja satmak, lomaý satmak we başgalar) olaryň nyrhlary biri-birlerinden düýpli tapawutlanyp bilýärler. Satyn alyş nyrhlary erkin ýagdaýda islegiň we teklibiň gatnaşygyna laýyklykda, şertnamalaýyn esasda hem kesgitlenip bilýär.

Daşary söwda dolanyşygyna hyzmat edýän nyrhlar iki häsiýete eýe bolýarlar. Birinjiden, olar döwletiň daşary ykdysady syýasatyna we içerki bazaryň daşary bazarlar bilen amala aşyrýan gatnaşyklaryna laýyk gelmeli. Ikinjiden bolsa, bu nyrhlar dünýä bazarlarynda emele gelýän dünýä nyrhlaryna bagly bolup durýar.

Dünýä nyrhlary harydyň şu görnüşine dünýä bazarynda bar bolan islegiň we tölege ukyply teklibiň esasynda şeýle walýuta hümmetleriniň üýtgemeginiň esasynda emele gelýär. Dünýä nyrhlaryna ygtyýarlandyrmak, kwotalaşdyrmak, eksporty we importy subsidiýalaşdyrmak gurallarynyň üsti bilen döwletler hem düýpli täsir edip bilýärler.

*Bölek nyrhlar* ahyrky nyrh bolup durýar. Bu nyrhlar boýunça dürli söwda ugurlarynyň üsti bilen harytlar göni sarp edijilere gelip gowuşýar.

Harydyň her gezek ýerlenen wagtynda onuň bölek satuw nyrhyna goşulan baha üçin salgyt goşulýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, goşmaça töleg (aksiz) tölenmegi degişli harytlarda bu salgyt hem nyrhyň üstüne goşulýar. Goşulan baha üçin salgydyň we goşmaça tölegiň ahyrky töleýjisi bolup harydy bölek satuwyň üsti bilen satyn alýan çykyş edýär.

Ýük we ýolagçy ulaglarynyň tarifleri – bu ýükleri we ýolagçylary bir nokatdan başga bir nokada äkitmegiň nyrhy bolup durýar. Onuň tölegi ýükleri iberijiler we ýolagçylar tarapyndan amala aşyrylýar.

Ýaşaýyş-jemagat tarifleri şeýle hyzmatlary amala aşyrýan (ýylylyk, suw, gaz, elektroenergiýa we beýleki tölegler) kärhanalaryň we gulluklaryň edýän hyzmatlarynyň nyrhy bolup durýar.

Satyjylary, satyn alyjylary höweslendirmek maksady bilen, artdyrylan, ýeňillikli, arzanladylan we hasaplama nyrhlary giňden peýdalanylýar.

Artdyrylan nyrh (baýrak) – satyn alyjylaryň ol ýa-da beýleki ýörite isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen harydyň baha-

synyň ýokarlandyrylmagy bolup durýar. Mysal üçin, bu ýere sargydyň üýtgeşik häsiýetini, onuň ýerine ýetirilmeginiň gyssaglylygyny, hiline bolan aýratyn bir talaby, serwis hyzmatlarynyň mazmunyna we uzaklygyna bildirilýän aýratyn bir talaplary, satyn alyjy üçin tölegiň amatly bir görnüşini we başgalary degişli etmek bolar.

Ýeňillikli nyrhlar bu bellibir bazarlarda ýa-da bazar segmentlerinde satyn alyjylaryň aýratyn bir topary üçin käbir harytlara nyrhlaryň peseldilmegi bolup durýar. Ýeňillikli nyrhlaryň kesgitlenmeginiň esasy maksady bolup, bellibir harytlaryň käbir sebitlerde satylmagyny höweslendirmek ýa-da ilaty durmuş taýdan goramak bolup durýar.

Bazar ýagdaýyna çeýe jogap bermekde nyrhlaryň arzanladylmagy ýaly gurallar örän möhüm orun eýeleýär. Şoňa laýyklykda nyrhlaryň arzanladylmagynyň şu aşakdaky görnüşlerine seredip geçeliň.

*Ýönekeý arzanladyş (ösmeýän).* Arzanladyşyň bu görnüşi satyn alyjylaryň harydyň bahasyny nagt tölemäge taýýar bolanlarynda ulanylýar. Şeýle arzanladyş, adatça, harydyň bahasynyň 2-3%-ine deň bolup bilýär.

Harytlary köp möçberlerde satyn alýan alyjylar üçin *satyn alýan harydynyň möçberleri üçin arzanladyş* ulanylýar. Sarp edişiň ýokary wagtynda harytlary ownuk möçberlerde satyn almak amatly bolmaýar. Bu ýere bellibir wagt aralygynda dolanyşygyň möçberine edilýän arzanladyşy hem degişli edip bolar. Şunda arzanladyşyň möçberi dolanyşygyň 15–30 %-ine barabar bolup biler.

*Wezipeleýin arzanladyş ýa-da araçyllar üçin arzanladyş.* Bu ýerde harytlary saklamak, gaplamak, hasabyny ýöretmek we ş.m. wezipeleri ýerine ýetirýändigi üçin araçyllar üçin arzanladyş göz öňünde tutulýar.

*Ösýän (progressiw) arzanladyş* – bu harytlaryň satyn alynýan möçberlerine laýyklykda, amala aşyrylýan arzanladyş bolmak bilen bu ýerde harytlar näçe köp satyn alynsa arzanladyş hem şonça ösýär.

*Diller arzanladyşy* – arzanladyşyň bu görnüşi önüm öndürijiler tarapyndan harydy ýerlemek işlerini ýerine ýetirýän araçyllara edilýär. Diller arzanladyşynyň ululygy harydyň bölek satuw nyrhynyň 15–20%-i çäklerinde goýulýar.

Ýörite arzanladyş satyn alyjylaryň ýörite toparynyň harytlaryny satyn almagynda aýratyn gyzyklanma bildirýän satyjylar

tarapyndan edilýär. Bu ýere synag harytlarynyň nyrhyny hem degişli etmek bolar.

*Eksport arzanladyş* – bu içerki bazarda hereket edýän daşary ýurt satyn alyjylary üçin edilýän arzanladyş bolup durýar.

*Möwsümleýin arzanladyş* işewürligiň işjeň däl möwsüminde amala aşyrylýan arzanladyş bolup durýar. Bu, esasan, syýahatçylyk pudagynda işleýän kärhanalar üçin mahsus bolup durýar.

*Serwis arzanladyşy* harydyň ulanylýan döwründe mugt ýa-da arzan bahadan edilýän serwis hyzmatlarynyň edilmegi bolup durýar.

*Klub (jemgyýetçilik) arzanladyşy* – bu dürli sarp ediş jemgyýetleriniň agzalary üçin edilýän arzanladyş bolup durýar. Özleriniň sarp ediş jemgyýetiniň agzasy bolup durýandygyny tassyklaýan resminamalaryny görkezen halatlarynda bu jemgyýetleriň agzalary 10–50% möçberinde haryt arzan baha bilen satyn alyp bilýärler.

*Hasaplama nyrhlary* hem arzanladyşyň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär. *Haryt alyş-çalyş hasaplamasy* diýlip köne harydyň tabşyrylan halatynda täze harydyň arzanladylmagyna düşünilýär. Ýerlemegi düzgünleşdirmek üçin amala aşyrylýan hasaplama dillerlere olaryň mahabatlandyryş çärelerine gatnaşýandyklary üçin edilýär.

## 5.3. Nyrh emele getirmegiň usullary

Telekeçilik işinde peýda almak bilen baglanyşykly esasy meseleleriň biri bolup, bazarda ýerlenilýän harytlara (hyzmatlara) baha bellemek işi bolup durýar. Elbetde, ol ýa-da beýleki nyrh syýasatyny saýlap almak telekeçilik işiniň amala aşyrylýan bazaryna hem bagly bolup durýar.

Nyrhy hasaplamagyň ol ýa-da beýleki usuly saýlanyp alnanda nyrh emele getirmäniň usullary aşakdaky üç sany topara bölünýär (*6-njy surat*):

- harajatlar usuly (önümçilik harajatlary);
- bazar usuly (bazar konýunkturasy);
- ölçeg usuly (önümiň tehniki-ykdysady ölçeglerine harajatlaryň normatiwleri).

Nyrh emele getirmegiň harajatlar usuly toparyna doly harajatlar, göni harajatlar, aňryçäk harajatlar, maýa goýumlarynyň




***6-njy surat***

9. Sargyt № 1335

düşewüntliligini hasaba almak, bahanyň üstüne goşmak zyýansyzlygyň seljermek ýaly nyrhy kesgitlemegiň usullaryny goşmak bolýar.

Sarp edijä ugurlanmak esasynda nyrhy kesgitlemek, bazardaky bäsdeşlerden ugur almak esasynda nyrh kesgitlemek usullaryny nyrh kesgitlemegiň bazar usulyna degişli etmek bolýar.

Nyrhy emele getirmegiň ölçeg usullaryna udel görkezijiler, regressiw seljerme, bal we agregat usullaryny degişli etmek bolýar.

**1-nji topar.** Nyrh emele getirmegiň harajatlar usulyna has içgin seredip geçeliň. Şu usullar nyrh emele getirmekligi harajatlaryň umumy ululygyna girdejiniň bellibir ululygyny goşmaklygy göz öňünde tutýar.

Mysal üçin, doly harajatlary («harajatlary goşmak» usuly üýtgeýän we hemişelik, göni we gytaklaýyn) geljekde alynmaly girdejiniň üstüne goşmak arkaly çykarylýar.

Eger-de önümçiligiň düşewüntliliginiň belli göterimi kesgitlenen bolsa, onda ýerlemegiň nyrhy şu aşakdaky formula arkaly kesgitlenilýär:

$$P = C \cdot (1 + R / 100),$$

bu ýerde $P$ – satuw bahasy; $C$ – önüm birligine doly harajatlar; $R$ – düşewüntliligiň kadasy.

Hemişelik harajatlary harydyň özüne düşýän gymmatyna degişli etmek önümçilikdäki işçileriň zähmet haklaryna, material harajatlaryny we üýtgeýän harajatlara gatnaşygynda amala aşyrylýar.

Doly harajatlaryň esasynda nyrhlary hasaplamak häzirki wagtda döwlet kärhanalary tarapyndan giňden peýdalanylýan usullaryň biri bolup durýar.

Bu usulyň artykmaç taraplary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

– bäsleşigiň peselmegi (bellibir pudagyň çäginde hereket edýän kärhanalar bu usuldan näçe köp peýdalansalar, olaryň harytlara goýýan bahalary hem meňzeş bolýar, bu bolsa olaryň arasyndaky baha bäsleşigini peseldýär);
– bazarda hyrydarlygyň we hödürlemäniň ýokarlanandygyna ýa-da peselendigine garamazdan, nyrhlar durnukly derejede saklanýar.

Şonuň bilen birlikde, bu usul birnäçe ýetmezçiliklere hem eýedir:

– nyrh kesgitlenende haryda bolan isleg we bazardaky bäsleşik göz öňünde tutulmaýar (şoňa laýyklykda, haryt bu bahadan geçmän hem bilýär);
– şertli bolup duran hemişelik harajatlary harydyň özüne düşýän gymmatyna degişli etmeklik netijesinde her bir harydyň kärhananyň girdejilerini emele getirmekde tutýan obýektiw orny ýoýulýar.

Göni harajatlar (iň pesi harajatlar usuly) usulynyň esasynda kesgitlenen peýdany üýtgeýän harajatlara goşmak arkaly nyrh kesmeklik ýatandyr. Şonuň bilen birlikde, hemişelik harajatlar önümiň ýerlenen nyrhy bilen önümçiligiň üýtgeýän harajatlarynyň arasyndaky tapawudyň hasabyna ýapylýar. Bu usul harydy ýerlemegiň önümçiligiň möçberiniň, ýerlemegiň bahasynyň, önüm öndürmek boýunça çykdajylaryň laýyk gatnaşygyny kesgitlemeklige mümkinçilik berýär. Emma bu usul kärhanalarda ulanylman, ýatan önümçilik kuwwatlyklarynyň bolan ýagdaýynda peýdalanyp bilner.

Sanalyp geçilen usullardan tapawutlylykda, aňryçäk harajatlar usulynda nyrh kesgitlenende, goşmaça gymmat önümiň özüne düşýän gymmatynyň aňryçäk möçberine bölünýär.

Şeýlelikde, bu usuly haçanda harytlary täjirlik harajatlary ýapyp bolar ýaly gymmat satmak mümkinçiligi bolan halatynda ulanyp bolýar. Zerur bolan peýdany üpjün etmek ýitgisizligiň seljermesiniň esasynda nyrh hasaplananda mümkindir.

Bu usul ýerlemekden alynýan jemi girdejileriň hasabyna hemişelik harajatlaryň ýapylýan halatynda zyýansyzlyk nokadyny tapmaklygy göz öňünde tutýar, ýagny

$$BEP = FC / TR,$$

bu ýerde *BEP* – zyýansyzlyk nokady; *FC* – hemişelik harajatlar; *TR* – jemi girdeji.

Harytlar köp görnüşlerde (giň nomenklaturaly) çykarylan halatynda zyýansyzlyk nokady aşakdaky görnüşde çykarylýar:

$$BEP = FC / ((S \cdot TR)^{a} + (S \cdot TR)^{b} + (S \cdot TR)^{c} + (S \cdot TR)^{d}),$$

bu ýerde *S* – her bir *a, b, c, d* harytlaryň satuwynyň umumy möçberindäki göterimi.

Zyýansyzlygyň seljermesi usulyny kärhanada bazar bahasy mälim bolan täze harytlary çykarmak barada çözgüt kabul edilende

peýdalanmak maksadalaýyk bolýar. Ol maliýe serişdeleriň töleglidigini göz öňünde tutýar.

Bu usulyň esasy ýaramaz taraplary hökmünde puluň hümmetsizlenmegi şertlerinde diýseň kesgitsiz göterim derejeleriniň ulanylýandygy bilen düşündirip bolýar.

Nyrha goşma usuly esasynda nyrh emele getirmegiň hasaplamasy hem tejribede giňden peýdalanylýar:

$$P_s = P_p(1 + m),$$

bu ýerde $P_s$ – satuw nyrhy; $P_p$ – satyn alyş nyrhy; $m$ – ýokarlandyryjy koeffisiýent (söwdada goşulýan gymmat), %.

Harajatlar usulynyň ählisiniň esasy ýetmezçilik taraplary hökmünde olaryň bazar konýunkturasyny hasaba almaýandygyny görkezmek bolar, emma şol bir wagtyň özünde olar harydyň (hyzmatyň) binýatlaýyn bahasyny esaslandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýokarda görkezilen 6-njy suratdaky toparlama laýyklykda, nyrhy kesgitlemegiň sarp ugrukdyrylan, ýagny bazar usulyna seredip geçeliň.

Harydyň ykdysady gymmatlylygyna seljerme bermek esasynda nyrhyň hasaplamasyny geçirmegiň aşakdaky tapgyrlary bardyr:

- satyn alyjynyň iň amatly hasaplaýan nygmatlary (harytlar, tehnologiýalar) bilen baglylykda nyrhy kesgitlemek;
- saýlanyp alnan harydyň şoňa meňzeş bolan beýleki bir harytlardan tapawutlandyryjy alamatlaryny kesgitlemek;
- ýüze çykarylan alamatlaryň gymmatlyklaryny bahalandyrmak;
- saýlanan hem şoňa meňzeş beýleki bir harydyň nyrhyny deňeşdirmek we gymmatlyklaryny (oňyn we oňyn däl) bahalandyrmak.

Harydyň gymmatlylygyny kabul etmek arkaly nyrh kesgitlenende, köplenç halatlarda, harydyň nyrhynyň aňrybaş derejede ýerlikliligini bahalandyrmak usuly peýdalanylýar. Harydyň nyrhynyň aňrybaş derejede ýerlikliligi diýlip, harajatlarda tygşytlamanyň edilmezligine düşünilýär. Nyrhy kesgitlemegiň tertibi öz içine harydy peýdalanmagyň şertlerini, satyn alyjy üçin harydyň baha däl artykmaçlyklaryny, satyn alyjynyň harydy peýdalananda ýüze çykyp biljek ähli baha däl harajatlaryny kesgitlemekligi göz öňünde tutýar.

Eger-de önüm öndüriji nyrh kesgitlände hyrydarlygyň netijesinde emele gelen nyrhlara esaslanýan bolsa, onda nyrhyň hasaplamasy geçirilende çäkleriň seljermesi usulyndan peýdalanylýar. Şu ýagdaýda, satuwlaryň möçberlerini bilmek bilen aňryçäk girdejileriň we çykdajylaryň gabat gelýän nokadynda nyrhy kesgitlemek zerur bolup durýar.

Seredilip geçilen usulyň alternatiwasy hökmünde nyrh hasaplamagyň girdejileriň we çykdajylaryň seljerme usuly çykyş edýär. Ol girdejileriň we çykdajylaryň umumy jeminiň deň bolan halatynda, önümçiligiň hem satuwlaryň möçberlerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Bäsdeşleriň nyrhlaryny deňeşdirmek hem-de seljermek esasynda bäsdeşleriňe ugrukmak esasyndaky nyrh kesgitlenilýär. Bulara bazar nyrhlaryna eýerme, bazaryň öňdebaryjylarynyň nyrhlaryna eýerme, nyrhlary hasaplamagyň bazarda kabul edilen tejribesine esaslanmak, ýörgünli nyrhlar we çekişmeli (ýaryşly) nyrhlar degişli bolup durýar. Bu usullaryň peýdalanylmagy bazardaky bäsleşik şertlerinde we kärhananyň bäsleşik ýagdaýynda nyrhlaryň kesgitli bir derejesiniň emele gelmegini göz öňünde tutýar. Öz gezeginde kärhananyň bazardaky bäsleşik ýagdaýy, köplenç halatda, onuň öndürýän harytlarynyň bäsleşige ukyplylygy bilen kesgitlenýär. Bäsleşige ukyplylyk düşünjesiniň birnäçe kesgitlemeleri bardyr. Bu harytlaryň (hyzmatlaryň) sarp ediş, nyrh we hil ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň toplumy bolmak bilen harydyň içerki hem daşarky bazardaky üstünligini kesgitleýär. Ykdysatçylaryň aglaba köpüsi bäsleşige ukyplylyk hökmünde öndürilen önümleriň bazaryň talaplaryna laýyk gelip bilmek derejesine düşünýärler.

Şeýle hem bolsa, islendik bäsleşige ukyplylygyň esasy ölçegi bolup, harydyň öndürilmeginiň netijesinde gazanylýan girdejiniň möçberi çykyş edýär. Harydyň bäsleşige ukyplylygy bolsa, öz gezeginde harydyň nyrhynyň derejesi bilen üpjün edilýär.

Sarp edijiniň nukdaýnazaryndan harydyň bäsleşige ukyplylygynyň esasy ölçegi bolup, onuň bahasy we peýdalylyk derejesi çykyş edýär.

Bäsdeşler bilen göreşiň ýitileşýän şertlerinde şereketleriň aglaba köpüsi öz girdejilerini goramak maksady bilen öz harajatlaryny

azaltmaga hem-de harytlarynyň görnüşlerini köpeltmäge çalyşýarlar. Şeýle ýagdaýda iň amatly gural hökmünde dogry saýlanyp alnan nyrh strategiýasy çykyş edýär.

Bazaryň gatnaşyjylary üçin dogry saýlanyp alnan nyrh strategiýasynyň nusgawy görnüşleri aşakdaky ýaly bolup durýar:

- bazara ornaşmagyň strategiýasy;
- nyrhlary bäsdeşleriň goýan nyrhlarynyň derejesinde saklamak;
- wezipeleýin arzanladyşlaryň kesgitlenmegi;
- nyrh we hiliň arasyndaky deňagramlylygy saklamak;
- açyk nyrh bäsleşigi;
- nyrh differensiasiýasy;
- harytlaryň assortimentlerine laýyklykda, nyrhlaryň peseldilmegi;
- iki gezek nyrh emele getirmek ulgamy we başgalar.

Soňky wagtlarda iki gezek nyrh emele getirmek strategiýasy giňden peýdalanylyp başlady. Iki gezek tarifleriň kesgitlenilmegi öz öndürýän harytlaryňa ýa-da hyzmatlaryňa bütewi nyrh goýanyňdan köp girdeji getirýär. Mysal üçin, telefon aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän kärhanalar öz hyzmatlary üçin kesgitlenen nyrhy, şeýle hem gürleşen wagtyňa görä töleg alýar. Bu bolsa, telefonda köp wagtlap gürleýän müşderileriň hasabyna goşmaça girdeji almaga mümkinçilik berýär.

Seredilip geçilen strategiýalardan başga-da, dünýä tejribesinde nyrh differensiasiýasynyň strategiýasy hem giňden peýdalanylýar. Bu ýagdaýda girdejini köpeltmek üçin bazaryň her bir segmenti üçin aýratyn nyrh kesgitlemeli. Nyrhlardaky aratapawut bazaryň dürli segmentlerinde bu harydy (hyzmaty) dürli görnüşlerde kabul edilýändigi bilen düşündirmek bolýar.

Indi bolsa, täze harydyň nyrhyny kesgitlemekde peýdalanylýan nyrhy emele getirmegiň ölçeg usulyna seredip geçeliň. Harydyň birligine harajatlaryň kadasyny (normatiwini) hasaba almak bilen harydyň sarp ediş häsiýetlerine baglylykda, nyrh kesmekde ölçeg usullary bilen nyrh kesmegiň mazmuny ýüze çykýar.

Harytlaryň käbir toparlarynda olaryň esasy ölçeglerini ýüze çykarmaga mümkinçilik bolan halatynda, udel görkezijiler usuly peýdalanylýar. Onuň ululygy bolsa, nyrhlaryň derejesini kesgitleýär.

Udel nyrh $P_{ud}$ aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

$$P_{ud} = P_b / N_b,$$

bu ýerde $P_b$ – bazis önümiň bahasy; $N_b$ – bazis önümiň ölçeginiň ululygy.

Şoňa laýyklykda, täze önümiň bahasy $P_{\text{täze}}$ deň bolýar:

$$P_{\text{täze}} = P_{ud} \cdot N_{\text{täze}},$$

bu ýerde $N_{\text{täze}}$ – täze önümiň ölçeginiň ululygy.

Bu usulyň diňe bir ölçegi göz öňünde tutýandygyny nazarda tutsak, onda onuň harytlaryň az sanly görnüşleri üçin kabul ederliklidigine göz ýetirýäris.

Nyrh hasaplamagyň agregat usulynda ölçeg hatarlaryna degişli bolan önümiň aýratyn bölekleriniň bahalaryny, ony gurnamak boýunça harajatlary hem-de normatiw peýdany jemlemek arkaly nyrh kesgitlenilýär.

Ölçeg usullarynyň görnüşleriniň biri hökmünde regressiw seljerme usuly çykyş edýär. Nyrhy hasaplamagyň bu usuly nyrhyň tehniki-ykdysady ölçeglere esaslanýandygy bilen kesgitlenilýär.

Bu ýerde wezipeleýin baglylyk şu görnüşe eýedir:

$$P = f(X_1, X_2, \dots, X_n),$$

bu ýerde $X_1; X_2, \dots, X_n$ – önümiň ölçegleri.

Regressiw seljerme usuly ölçeg usullarynyň içinde iň kämil we takyk görnüşleriniň biri bolup durýar. Tehniki-ykdysady ölçegleri içgin seljermek esasynda saýlap almak onuň amala aşyrylmagynyň hökmany şertleriniň biri bolup durýar.

Nyrhyň saýlanyp alnan ölçeglere baglylygynyň regressiw modelini gurnamagyň algoritmi ölçegleri saýlap almaklygy, nyrhyň ölçeglere baglylygynyň görnüşini saýlap almaklygy, nyrhyň ölçeglere baglylygynyň regressiw hasaplamasyny öz içine alýar.

Nyrhy hasaplamagyň bal usulynyň esasynda ölçegleriň ähmiýetiniň bilermen bahalandyrmasy ýatandyr. Ekspertizanyň netijesi boýunça her bir ölçege kesgitli bir bal berilýär. Şol bir wagtyň özünde ballaryň ($b_i$) umumy jemi normalaşdyrmagyň şertlerine laýyk gelmeli.

Bu ýerde bir balyň nyrhy $P_1$ şeýle kesgitlenilýär:

$$P_1 = P_{baz} / \sum N_{baz.}\, i \cdot b_i,$$

bu ýerde $P_{baz}$ – bazis önümiň nyrhy; $N_{baz.\,i}$ – $i$ ölçegler boýunça bazis önümiň balynyň möçberi.

Şoňa laýyklykda, täze önümiň nyrhy $P_H$ deňdir:

$$P_H = P_1 \cdot \sum NHib_i = P_{baz} \cdot \sum N_{H_i} b_i \,/\, N_{baz.\,i}\, b_i\,,$$

bu ýerde: $N_{baz.\,i}$ – $i$ ölçegli önümler boýunça bazis önümiň ballarynyň möçberi.

Bu usulyň esasy ýetmezçilik taraplary hökmünde ölçegiň ballaryny kesgitlemegiň subýektiwligi we harydyň nyrhynyň diňe hil häsiýetleri boýunça (bu ýerde bäsdeşleriň umumy nyrh syýasaty göz öňünde tutulmaýar) kesgitlenýändigini görkezmek bolar.

## 5.4. Salgyt salmak we nyrhlar

Bazar ykdysadyýetli döwletleriň aglaba köpüsinde döwlet býujetiniň girdeji böleginiň emele gelmeginiň esasy çeşmesi hökmünde nyrh emele getirmek mehanizminiň üsti bilen salgytlar çykyş edýär.

Salgyt salmagyň obýektine laýyklykda, ähli salgytlary şertli üç topara bölmek bolýar: dolanyşykdan alynýan salgytlar, peýdadan alynýan salgytlar we maýadan alynýan salgytlar.

Dolanyşykdan alynýan salgytlary köpsanly we depginli ösýän salgytlaryň hataryna goşmak bolýar. Muňa goşulan baha üçin salgydy degişli etmek bolýar. Dolanyşykdan alynýan salgytlaryň möçberleriniň artmagy kärhanalaryň ygtyýaryndaky erkin serişdeleriň möçberiniň azalmagyna getirýär. Netijede, kärhananyň peýdasy azalýar ýa-da harajatlary peselýär.

Maýa salynýan salgytlar salgytlaryň durnukly görnüşleriniň biri bolup durýar. Oňa emläk salgydyny degişli etmek bolýar. Salgydyň bu topary kärhanalara öz ygtyýaryndaky esasy gaznalaryny has rejeli peýdalanmaklaryna itergi berýär hem-de esasy gaznalaryny täzelemek boýunça maýa goýum babatda çözgüt kabul edenlerinde aýgytly rol oýnaýar.

Telekeçiligiň hem edil işewürligiňki ýaly esasy maksady peýda almak bolup durýar. Şoňa laýyklykda alnan peýdanyň möçberi

telekeçilik işiniň netijeliligini we möçberini häsiýetlendirýär. Peýda salgydy döwlet býujetiniň girdejilerini emele getirmekde hem wajyp wezipeleri ýerine ýetirýär.

Önümçilikde gazanylýan girdejilere göni (edara görnüşli taraplaryň peýdasyna, şahsy taraplaryň girdejilerine salynýan salgytlar) şeýle hem gytaklaýyn (emläk salgydy, ygtyýarnama ýygymlary, tebigy serişdeleri peýdalanmak üçin tölegler we başg.) salgytlar salynýar.

Döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlaryň mukdar bahalandyrmasy gönüden-göni telekeçilik işiniň subýektleriniň harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyny emele getirmek boýunça amala aşyrýan işleri bilen baglanyşykly bolup durýar.

Salgytlaryň, ýygymlaryň, paçlaryň we beýleki tölegleriň nyrhda şöhlelenmesi dürli-dürli bolýar: olar önümiň özüne düşýän gymmatynyň (göni salgytlar) ýa-da harydyň gymmatynyň üstüne (gytaklaýyn) goşulýar. Şoňa laýyklykda, salgytlaryň we beýleki tölegleriň nyrhyň emele gelmeginiň mehanizmine ýetirýän täsirini öwrenmek döwlet bilen telekeçilik subýektleriniň bähbitleriniň deňagramlylygyny üpjün edýän salgyt gelip gowuşmalarynyň ululygyny, salgydyň derejesini bahalandyrmaga mümkinçilik berýär.

Döwlet tarapyndan nyrhlara maliýe goldawynyň berilmeginiň (şol sanda, döwlet býujetinden goýberilýän subsidiýalaryň hasabyna) hödürlemä we islege öz täsirini ýetirýändigini belläp geçmek zerurdyr. Şol bir wagtyň özünde hödürlemäniň we islegiň çeýeliginiň ähmiýeti uludyr.

Salgyt derejeleriniň üýtgemegi salgyt gelip gowuşmalarynyň möçberlerine gönümel täsirini ýetirýär.

Hereket edýän salgyt derejeleriniň onuň döwlet býujetine gelip gowşuşynyň netijeliligine ykdysatçylar tarapyndan dürli seljermeler edilýär.

Hususan-da, fiskal tölegleriniň üç sany görnüşi öwrenildi: peýda salgydy, goşulan baha üçin salgyt we býujetden daşary gaznalara geçirimler.

Şunuň üçin kärhananyň salgyt tölemeginiň ýönekeý modeli işlenip düzüldi. Onuň mazmuny şu aşakdakylardan ybarat.

Goý, $H$ bu kärhananyň $t$ göterim derejesi boýunça tölemeli tölegi bolsun. Göterimleriň 5 derejä çenli peseldilmeginden soň, onda

beýleki deň şertlerde tölegleriň möçberi $t$ esse azalýar. Döwletiň salgyt ýitgileriniň möçberi aşakdakylardan ybarat bolar:

$$A = H - H(t - 5) / t = 5H / t.$$

Eger-de salgyt ýüküniň peseldilmegi netijesinde kärhananyň önümçiligi $(1 + q)$ esse artýan bolsa, onda döwletiň ýokarda agzalyp geçilen ýitgileriniň öwezi salgyt salynýan binýadyň ýokarlanmagynyň hasabyna dolup biler. Bu ýerde salgyt binýady önümçiligiň möçberine deňölçegde ösýär. Şu ýagdaýda salgyt ýitgileriniň öweziniň dolunyşynyň möçberi aşakdaky ýaly bolup geçer:

$$B = qH(t - 5) / t,$$

bu ýerde $H(t - 5)/t$ – kärhananyň salgytlaryň derejesiniň peseldilen, şeýle hem önümçiligiň ozalky derejesinde saklanan halatynda tölemeli tölegleriniň möçberi.

Salgydyň bir görnüşiniň derejesiniň üýtgedilmegi netijesinde beýleki salgytlaryň binýadynyň üýtgeýändigini hasaba almak üçin «öwezini doluşyň umumy ululygy» $C$ diýen düşünjäni girizeliň:

$$C = qH_1(t - 5) / t + qH_2 + qH_3,$$

bu ýerde $H_i$ – salgyt özgertmeleriniň başlanmagyna çenli $i$ görnüşli tölegleriň ululygy bolup durýar.

Salgytlaryň we nyrhlaryň özara gatnaşygynyň wajyp jähtleriniň ýene-de biri hem salgyt salmagyň üsti bilen girdejileriň gaýtadan paýlanmagy bolup durýar. Bazar ykdysadyýetli döwletleriň hiç biri hem girdejileri paýlamaklygy bazar mehanizminiň üstüne dolulygyna ýükläp bilmeýär. Ilatyň girdejileriniň deňagramly paýlanylmagynyň häsiýetnamasyna italýan ykdysatçysy Korrada Jiniň ady bilen, ýagny Jiniň koeffisiýenti diýip atlandyrýarlar. Koeffisiýentiň derejesi näçe birlige golaý bolsa, girdejileriň paýlanylmagy şonça hem deňagramly bolýar. Ilatyň girdejilerine salgyt salmagyň islendik görnüşi (progressiw, regressiw, proporsional) sarp edişiň düzümine täsir edýär we hyrydarlygyň düzüminde üýtgemelere getirýär. Hyrydarlygyň üýtgemegi hökmany suratda harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň derejesine öz täsirini ýetirýär.

Şeýlelikde, salgytlar nyrhyň özbaşdak bölegi bolmak bilen, hojalygy ýörediji subýektleriň işini höweslendirmäge ýa-da çäklendir-

mäge, býujetiň girdejilerini üpjün etmäge, jemgyýetiň bähbitlerini goldamaga ukyply bolup durýar. Salgyt ýeňilliklerini üýtgetmek nyrhyň düzümine täsir etmäge hem-de nyrh emele getirmek mehanizminiň üsti bilen önümçiligiň, maýa goýumlarynyň, ösüş depginlerini kesgitlemäge, şeýle hem girdejileriň adalatly paýlanylmagyna täsir edýär.

## 5.5. Puluň hümmetsizlenmegi we nyrh

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda eýýäm birnäçe ýyl bäri milli pul birligimiz bolan manadyň durnukly hümmeti saklanyp gelýär. Çünki ýurdumyzda amala aşyrylýan pul-karz syýasatynyň esasy maksady ýurdumyzda manadyň durnukly hümmetini saklamaklyga gönükdirilýär. Tejribäniň görkezişine görä, bu maksat üstünlikli amala aşyrylýar.

Puluň hümmetsizlenmegi – bu puluň gymmatyny gaçyrmasy, onuň tölege ukyplylygynyň peselmegi bolup durýar. Adatça, puluň hümmetsizlenmeginiň bir däl-de birnäçe özara baglanyşykly sebäpleri bolýar. Olar bolsa diňe bir nyrhlaryň ýokarlanmagynda ýüze çykmaýar. Açyk hümmetsizlik bilen birlikde ýapyk göze görünmeýän hümmetsizlenme hem bardyr. Ýapyk hümmetsizlenme öňi bilen harytlaryň ýetmezçiliginde, şeýle hem olaryň hiliniň peselmeginde ýüze çykýar. Puluň hümmetsizlenmegi, ýagny inflýasiýa latyn dilinden terjime edilen çişme diýen manyny berýär. Bu ýerde dolanyşygyň haryt bilen üpjün edilmedik pullar bilen doldurylmagy göz öňünde tutulýar.

Puluň hümmetsizlenmeginiň sebäpleri köpdürlüdir. Adatça, puluň hümmetsizlenmeginiň esasynda pul bilen harydyň gatnaşygynyň deň bolmazlygy, ýagny dolanyşyga goýberilen pul toplumynyň harytlardan (hyzmatlardan) artyk bolmagy ýatandyr. Bu bolsa, öz gezeginde haryt öndürijileriň öz harytlarynyň nyrhlaryny ýokarlandyrmaklary üçin şert döredýär. Isleg bilen hödürlemäniň arasyndaky deňagramsyzlygyň ýüze çykmagynyň we girdejileriň sarp ediş harajatlaryndan artyk gelmeginiň birnäçe sebäpleri bardyr. Olar aşakdakylardan ybarat:

- döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň bolmagy;
- ykdysadyýetiň pudaklaryna çendenaşa maýa goýmaklyk (maýa goýumlarynyň möçberiniň ykdysadyýetiň mümkinçiliklerinden artyk bolmagy);

– zähmet haklarynyň zähmet öndürijiliginiň ösüş depginlerinden ýokary galdyrylmagy;
– döwlet tarapyndan bellenilýän nyrhlaryň çendenaşa ýokarlandyrylmagy we başgalar.

Puluň hümmetsizlenmegine seljerme bermek bilen ykdysatçylar onuň iki sany görnüşiniň arasyndaky aratapawudy, ýagny satyn alyjylar üçin hümmetsizlenmäni (islegiň hümmetsizlenmesini) we satyjylaryň hümmetsizlenmesini (harajatlaryň hümmetsizlenmegi) ýüze çykardylar. Hümmetsizlenmäniň bu iki sany görnüşi özara baglanyşykly bolup durýar, emma olaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri dürli-dürli bolup durýar, hususan-da olaryň biri isleg (satyn alyjylarda pul serişdeleriniň artykmaç bolmagy), beýlekisi bolsa, hödürlemäniň (önümçilik harajatlarynyň artmagy) esasynda ýüze çykýar.

Puluň hümmetsizlenmeginiň häsiýetine laýyklykda, onuň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolýar:

1) kadaly hümmetsizlenmede nyrhlar, takmynan, ýylda 10%-e çenli ýokarlanýar. Hümmetsizlenmäniň şeýle görnüşi bazar ykdysadyýeti ösen döwletleri üçin mahsusdyr. Bu döwletlerde hümmetsizlenmäniň kadaly derejesi hökmünde ýylda 3–3,5 % hasaplanylýar;
2) *aýaga galýan hümmetsizleme (galapirlenýän).* Hümmetsizlenmäniň bu görnüşinde nyrhlar ýylda 50%-e çenli ýokarlanýar. Hümmetsizlenmäniň bu görnüşi 1980-nji ýyllarda Latyn Amerikanyň, şeýle hem Günorta Aziýanyň döwletlerinde bolup geçdi. Aýaga galýan hümmetsizlenme bir görnüşli bolup geçmeýär hem-de onuň ýüze çykmagynyň kesgitli bir san ölçegleri ýokdur. Puluň hümmetsizlenmegi ýurduň ösüş derejesi, durmuş-ykdysady ulgamyň düzümi, nyrh proseslerini düzgünleşdirmegiň görnüşleri ýaly faktorlara bagly bolup durýar;
3) *giper hümmetsizlenme.* Bu görnüş hümmetsizlenmeleriň içinde iň howplusy bolup durýar. Onuň aýlyk çägi 50%-den hem geçýär. Ýyllyk çägi bolsa müňlerçe göterime barabar bolýar. Giper hümmetsizlenmäniň esasy tapawutly aýratynlygy hökmünde onuň dolandyryp bolmaýanlygy çykyş edýär,

ýagny nyrhlara täsir etmäniň adaty gurallary oňa täsir etmeýär. Hümmetsizlenmäniň bu görnüşini aradan aýyrmak ýa-da ony gowşatmak üçin hökümet tarapyndan dürli çäreler işlenip düzülýär.

Puluň hümmetsizlenmegi ykdysadyýetiň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär. Olara aşakdakylar degişlidir:

– ilatyň hakyky girdejileriniň peselmegi;
– pul süýşürintgileriniň gymmatynyň ýitmegi;
– haryt öndürijiler tarapyndan ýokary hilli önümleri öndürmeklige gyzyklanmanyň ýitmegi;
– kesgitli bir derejede girdeji alýan ilatyň böleginiň durmuş ýaşaýyş şertleriniň peselmegi we başgalar.

Puluň hümmetsizlenmeginiň derejesini kesgitlemek üçin işiň dürli görnüşlerinde nyrhlaryň derejesiniň üýtgemegini häsiýetlendirýän nyrhlaryň indeksiniň ulgamy peýdalanylýar. Has giňden ýaýran indeksler hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1. *Sarp ediş harytlarynyň indeksi.* Bu ýurduň içinde öndürilen hem-de daşary ýurtlaryndan getirilýän harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň ortaça indeksi bolup durýar. Ol adaty öý hojalyklary tarapyndan sarp edilýän hem sarp ediş gutusyny düzýän harytlardan we hyzmatlardan ybaratdyr. Köplenç halatlarda, hümmetsizlenme diýlip atlandyrylýan sarp ediş harytlarynyň indeksi ykdysadyýetde wajyp wezipäni ýerine ýetirýär. Ol, köplenç halatlarda, zähmet haklary, pensiýalary, döwlet kömek pullary, talyp haklary we döwlet tarapyndan tölenýän beýleki tölegler indeksirlenende ulanylýar.
2. Senagat önümlerini öndürijileriň nyrhlarynyň indeksi bu içerki sarp ediş üçin senagat pudagynda öndürilýän harytlar toplumynyň (çig mallar we materiallar, aralyk we ahyrky harytlar) nyrhlarynyň ortaça indeksi bolup durýar. Öndürijileriň nyrhlarynyň indeksi ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda hem hasaplanylýar. Öndürijileriň nyrhlarynyň indeksiniň hasaplanylmagynyň esasy maksady bolup, içerki bazarda öndürijileriň nyrhlaryny gözegçilikde saklamaklyk çykyş edýär. Indeksleriň bu topary sarp edijileriň harajatlaryny çaklamak üçin

peýdalanylýar hem-de tebigy monopoliýalaryň harytlarynyň we hyzmatlarynyň nyrhlaryny we tariflerini düzgünleşdirmekde esasy ugrukdyryjy hökmünde hyzmat edýär.

3. Indeks-deflýator bu içerki bazarda sarp edilýän, şeýle hem eksporta niýetlenen harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň deňölçegli üýtgemegini häsiýetlendirýän nyrh indeksi bolup durýar. Indeks deflýatorlar jemi içerki önümiň çaklamasynyň gymmat we maliýe görkezijilerini, şeýle hem ilatyň girdejileriniň, çykdajylarynyň hem süýşürintgilerini hasaplamak üçin peýdalanylýar.

Puluň hümmetsizlenmegine gözegçilik etmek döwletiň amala aşyrýan ykdysady syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup durýar, sebäbi nyrhlaryň ýokarlanmagy ykdysadyýete ýaramaz täsir edýär we jemgyýetiň maddy hal-ýagdaýynyň peselmegine getirýär.

Dünýäde puluň hümmetsizlenmegi babatynda köpsanly ylmy işleriň alnyp barlandygyna garamazdan, onuň ykdysadyýete ýetirýän zyýanynyň san taýdan bahalandyrylmagynyň bütewi usulyýeti ýokdur. Bu bolsa onuň esasynda döreýän ýitgileriň dürli häsiýetiniň bardygy bilen düşündirilýär. Ykdysatçylaryň köpüsi puluň hümmetsizlenmegi bilen baglanyşykly ýitgileri iki topara bölýärler: birinjisi, puluň hümmetsizlenmeginiň depginleriniň we nyrhlaryň dinamikasynyň kesgitsizligi bilen baglanyşykly ýitgiler; ikinjisi, puluň hümmetsizlenmeginiň takyk çaklanmagy netijesindäki ýitgiler.

Uzak möhletiň içinde dowam edýän we durnukly hümmetsizlenmek şertlerinde kesgitsizligiň netijesinde ýüze çykýan ýitgileriň öwezini indeksasiýanyň dürli görnüşleriniň hasabyna dolup bolar diýip, netije çykarmak bolýar. Takyk çaklanan puluň hümmetsizlenmegi esasynda emele gelýän ýitgileri bahalandyrmagyň hem ýönekeý usullary häzire çenli işlenip taýýarlanylmandyr. Puluň hümmetsizlenmeginiň dürli görnüşleriniň modellerine seljerme geçirilende, olaryň köpüsiniň hümmetsizlenmäniň san bahalandyrmasyny geçirmek üçin ulanyp bolmaýandygyna göz ýetirip bolýar.

Puluň hümmetsizlenmegine gözegçilik etmek we ony dolandyrmak döwletiň ykdysady syýasatynyň wajyp meseleleriniň biri bolup durýar. Şunda dolandyrmagyň usullary we onuň netijeleri birmeňzeş bolmaýar. Bir tarapdan artyp barýan  hümmetsizlenmäni saklamaly,

başga bir tarapdan bolsa, önümçiligi höweslendirmek we bazary harytlardan doldurmak boýunça şertleri döretmeli.

Umuman, puluň hümmetsizlenmegini dolandyrmak üçin ykdysady syýasatyň iki görnüşi ulanylýar:

1) býujet ýetmezçiligini azaltmaga, bank karzlaryny çäklendirmäge we pul emissiýasyny azaltmaga gönükdirilen syýasat. Bu ýerde puluň emissiýasyny jemi içerki önümiň ösüş depginlerine laýyklykda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar;
2) ilatyň girdejilerini we nyrhlary düzgünleşdirmäge gönükdirilen syýasat. Bu ýerde zähmet haklaryny, ösüşini nyrhlaryň ösüşi bilen baglanyşdyrýarlar. Onuň esasy gurallary hökmünde sarp ediş gutusyna girýän harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlaryny ösüş depginlerine laýyklykda, girdejileriň indeksasiýasynyň geçirilmegi çykyş edýär.

Hümmetsizlenmäni dolandyrmak nyrhlaryň uly bolmadyk ýokarlanmasyny girdejileriň durnuklaşdyrylmagy bilen belli derejede baglanyşdyrmaga ýardam berýän çäreleri toplumynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu ýerde dolandyrmagyň gurallary hümmetsizlenmäniň häsiýetine we derejesine, dürli ýurtlarda hojalyk mehanizminiň aýratynlyklaryna, ykdysadyýetiň ýagdaýyna laýyklykda, biri-birlerinden tapawutlanýarlar.

Şol bir wagtyň özünde hümmetsizlenmäni diňe bir guramaçylyk çäreleriniň üsti bilen saklamagyň örän kyn mesele bolup durýandygyna dünýä tejribesi şaýatlyk edýär. Bu meseläni çözmek üçin ykdysadyýetde emele gelen düzümleýin we nyrh deňagramsyzlygy aradan aýyrmaklyga gönükdirilen özgertmeleri durmuşa geçirmek zerur bolup durýar.

## 5.6. Nyrhlaryň döwlet düzgünleşdirmesiniň usulyýeti

Nyrh düzgünleşdirmesine döwletiň tutuş ykdysadyýeti düzgünleşdirmesiniň düzüm bölegi hökmünde seretmek bolar. Ösen bazar ykdysadyýetli döwletleriň tejribesiniň görkezişi ýaly, nyrh düzgünleşdirmesiniň derejesi we onuň anyk ýüze çykmasy birmeňzeş bolmaýar

hem-de ilkinji nobatda, döwletiň durmuş-ykdysady ösüşi we öňde goýýan maksatlary bilen kesgitlenilýär.

Nyrh emele getirmek işine täsir etmegiň usulyna baglylykda nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi göni (buýruk beriji) we gytaklaýyn görnüşlere bölmek bolýar. Emma olary şeýle görnüşde toparlara bölmek şertli bolup durýar. Onuň şertliligi bolsa, islendik düzgünleşdirmede dolandyryşyň elementleriniň bardygy bilen düşündirip bolýar. Şu düzgünleşdirmeleri olaryň derejelerine laýyklykda, ýagny makro we mikro derejede seredip geçeliň.

1. Makroykdysady düzgünleşdirme (gytaklaýyn usul) indiki ugurlar boýunça geçirilýär:

a) nyrhlary we nyrh emele getirmäniň ýörelgelerini we konsepsiýasyny işläp düzmek;

– bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän hem ösýän şertlerinde nyrh syýasatynyň maksatlaryny we wezipelerini işläp düzmek hem-de bazarda nyrhlaryň bäsleşikli emele gelmegini gorap saklamak;
– döwlet tarapyndan nyrhlary düzgünleşdirmegiň ugurlaryny, çäklerini, görnüşlerini we usullaryny kesgitlemek;
– döwletiň nyrh we nyrh emele getirmek babatynda syýasaty durmuşa geçirmekdäki wezipesini kesgitlemek.

b) nyrh syýasatyny we döwlet tarapyndan nyrhlary düzgünleşdirmek işini kanunçylyk, kadalaşdyryjy-hukuk taýdan üpjün etmek. Bu bazar subýektleriniň özara gatnaşyklarynyň durnuklylygyny üpjün edýän we hojalygy ýörediji subýektleriň eýeçilik hukuklaryny kepillendirýän, şeýle hem bäsleşik gurşawynyň hem-de şertnama gatnaşyklarynyň emele gelmegine täsir edýän kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň işlenip düzülmegi hem kabul edilmegi bolup durýar.

ç) puluň hümmetsizlenmesiniň öňüni almak we nyrhlary durnuklaşdyrmak maksady bilen çeýe monetar syýasatyny durmuşa geçirmek:

– puluň hümmetsizlenmesiniň öňüni almaklyga we nyrhlaryň durnuklaşdyrylmagyna gönükdirilen özara baglanyşykly we utgaşykly çäreler toplumyny işläp düzmek;

– pul karz syýasaty durmuşa geçirilende, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň özara ylalaşykly hereketlerini üpjün etmek;
– çeýe pul karz mehanizmini döretmek;
– gymmatly kagyzlaryň gazna bazaryny ösdürmek we ony umumy hyrydarlygy düzgünleşdirmek üçin peýdalanmak.

d) nyrhlaryň durnuklaşmagyna täsir edýän býujet syýasaty:
– çalt özüni ödeýän pudaklary maliýeleşdirilýän netijeli býujet syýasatyna geçmek;
– býujet ýetmezçiliginiň ýokarlanmasyna ýol bermezlik;
– salgyt düzgünleşdirmesiniň üsti bilen önümçiligi höweslendirmek;
– ykdysadyýetiň önümçilik pudaklaryna nyrhlary kadaly derejede saklamak üçin býujet subsidiýalaryny bermek.

e) milli manadyň hümmetini we Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt walýutasynyň dolanyşygyny düzgünleşdirmek:
– eksportyň we importyň netijeliligine täsir etmek;
– daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalşynyň we ýurtda hereket etmeginiň tertibini, şeýle hem manatdaky, daşary ýurt pulundaky nyrhlaryň gatnaşygyny kesgitlemek.

1. Mikro düzgünleşdirmek (gytaklaýyn usullar) öz içine aşakdakylary alýarlar:

a) bäsleşikli nyrh emele gelmesini döretmek we goldamak;
– monopol (ýekemen) nyrh emele gelmesini ýüze çykarmak we olaryň işine gözegçilik etmek;
– bäsleşigiň ösmegine täsir etjek täze kärhanalary we önümçilikleri döretmek;
– kiçi we orta telekeçilige goldaw bermek we olarda maýanyň ilkibaşdaky toplanmagyna ýardam etmek;
– haryt, çig mal we gazna biržalarynyň işini düzgünleşdirmek;
– türkmen bazarynyň daşary ykdysady gatnaşyklardaky açyklygynyň we goraglylygynyň derejesini kesgitlemek.

b) şertnama nyrh emele gelmesini döretmek, ösdürmek we goramak:

10. Sargyt № 1335

– nyrhlaryň derejesi barada pudagara ylalaşyklarynda döwletiň arada durmagy;
– şertnama gatnaşyklaryny, şol sanda nyrh emele getirmek babatyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylygy döretmek;
– bazarlary we nyrhlary düzgünleşdirmek babatynda emele gelýän talaplara laýyklykda, arbitraž, kazyýet ulgamyny kämilleşdirmek.

ç) döwlet telekeçiligini hyrydarlyga we hödürlemä täsir etmek üçin peýdalanmak:
– bazarda haryt täsirini güýçlendirmek;
– harytlary (hyzmatlary) öndürmegiň maksatnamasynyň kabul edilmegi;
– döwletiň maýa goýum maksatnamalarynyň kabul edilmegi;
– harytlaryň öndürilmegi üçin döwlet sargytlarynyň edilmegi;
– ylmy-tehniki maksatnamalaryň amala aşyrylmagyny maliýeleşdirmek.

d) daşary-ykdysady dolanyşykda nyrhlary düzgünleşdirmek (eksportyň we importyň aýry-aýry harytlary babatynda):
– hökümetara ylalaşyklary esasynda nyrhlary düzgünleşdirmek;
– milli ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryny goldamaklyga gönükdirilen ýa-da erkin söwda gatnaşyklaryny amala aşyrmaga gönükdirilen gümrük syýasatyny amala aşyrmak.

e) telekeçilik töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyryş ulgamynyň ösdürilmegi:
– ätiýaçlandyryş işini goldamak we bu işde nyrhlary dogry ulanmak, şeýle hem nyrhlaryň üýtgemegi netijesinde ýüze çykjak töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak;
– telekeçilik töwekgelçiligini, şeýle hem olaryň nyrha ýetirjek täsirini bahalandyrmagyň usulyýetini we hukuk kadalaryny işläp taýýarlamak;
– bazar nyrhlarynyň durnuklaşdyrylmagy üçin ätiýaçlandyryşy peýdalanmak.

3. Göni düzgünleşdirmek (administratiw) usullar:

a) harytlaryň aýry-aýry toparlaryna we görnüşlerine kesgitli nyrhlaryň goýulmagy:

– bazar hyrydarlygynyň we hödürlemesiniň çäklerinde harytlaryň aýry-aýry toparlarynyň kesgitli bir nyrhlaryny bellemek;
– bellibir döwür aralygynda nyrhlary üýtgetmän saklamak (doňdurmak);
– bellibir döwür aralygynda önüm öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda nyrhlar barada ylalaşyklaryň baglaşylmagy;
– sarp edişiň ýa-da önümçiligiň normalaşdyrylmagy (diňe durmuş ähmiýeti bolan harytlar we hyzmatlar babatynda ulanylýar).

b) harytlaryň aýry-aýry görnüşlerini subsidiýalaşdyrmak:
– her bir natural harydyň göterimine görä;
– dolanyşygyň göterimine görä;
– nyrhdaky tapawuda görä.

Bu usullar, hödürlemäniň we hyrydarlygyň deňagramlylygy esasynda üýtgemeýän, şeýle hem üýtgeýän nyrhlar babatynda ulanylýar.

ç) harytlaryň aýry-aýry görnüşlerine goşmaça tölegleriň (aksizleriň) girizilmegi:
– her bir natural harydyň göterimine görä;
– dolanyşygyň göterimine görä;
– nyrhdaky tapawuda görä.

d) harytlaryň anyk görnüşlerine ýa-da toparlaryna aňryçäk nyrhlary kesgitlemek;
– öndürilýän önümiň birligini hasaplamak;
– sarp edilýän çig malyň ýa-da materialyň birligini hasaplamak.

e) ilatyň pes üpjünçilikli gatlagyny durmuş taýdan goldamak we durmuş kepilliklerini bermek:
– ilatyň pes üpjünçilikli gatlaklaryna maksatlaýyn durmuş subsidiýalarynyň berilmegi;
– hökmany suratda zerur bolan harytlaryň nyrhlarynyň fiksirlenen (kesgitli) ýa-da aňryçäk möçberlerini bellemek;
– aýratyn durmuş ähmiýeti bolan käbir harytlary ilata muzdsuz bermek;
– nyrhlaryň ýokarlanmagyndan ugur almak bilen ilatyň pul girdejilerini we süýşürintgilerini indeksirlemek;
– nyrh paritetini (deňagramlylygyny) saklamak.

ä) nyrhlar, salgytlar we tölegler babatynda ekologik syýasat:

- ýerden we beýleki tebigy serişdelerden peýdalanylandygy üçin tölegleriň bazar ulgamyna geçilmegi;
- daşky gurşawyň hapalanandygy üçin jerimeleri girizmek.

f) harytlar ýerlenende normatiwleriň (kadalaryň) ulanylmagy:
- anyk harytlar babatynda önümiň özüne düşýän gymmatynyň aňryçäk normatiwini kesgitlemek;
- nyrhyň düzümine täsir edýän kärhananyň gaznalarynyň düşewüntliligini kesgitlemek.

g) nyrhlaryň indeksasiýasy:
- nyrhlaryň aňryçäk ösüş depginlerini kesgitlemek;
- çig mallaryň täsiri esasynda nyrhlaryň üýtgeýän halatynda fiksirlenen nyrhlara indeksasiýa geçirmek;
- nyrhlary we girdejileri bir wagtyň özünde indeksasiýa etmek.

h) döwlet gaznalarynyň hasabyna (býujet we ýörite) sarp edijileriň we önüm öndürijileriň nyrhlarynyň arasyndaky tapawudy düzgünleşdirmek.

i) nyrhlara gözegçilik etmek olary çaklamak:
- nyrhlara statistiki synlama geçirmek we degişli maglumatlar binýadyny döretmek;
- nyrhlara seljerme we çaklama geçirmek.

j) nyrhlara gözegçilik etmek.

## 5-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Nyrh syýasatynyň maksatlary we wezipeleri nämeden ybarat?
2. Nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek işiniň maksatlary nämeden ybarat?
3. Nyrhlar we tarifler ulgamynyň esaslary nähili beýan edilýär?
4. Makro we mikro derejedäki nyrhlaryň aýratynlyklary nähili kesgitlenilýär?
5. Senagat harytlarynyň lomaý bahalarynyň aýratynlyklary nämeden ybarat?
6. Gurluşyk önümleriniň bahalary diýmek näme?
7. Oba hojalyk önümleriniň we çig malyň beýleki görnüşleriniň satyn alyş nyrhlarynyň mazmuny nähili beýan edilýär?
8. Bölek-satuw nyrhlary diýmek näme?
9. Ýük we ýolagçy ulaglarynyň hyzmatlary üçin tarifleriň mazmuny nähili düşündirilýär?

10. Jemagat we durmuş hyzmatlarynyň tarifleriniň aýratynlyklary nähili kesgitlenilýär?
11. Daşary söwda dolanyşygynyň nyrhlary (eksport we import) diýmek näme?
12. Üýtgemeýän (durnukly, kepillendirilen) nyrh diýmek näme?
13. Üýtgeýän nyrh diýmek näme?
14. Durnuksyz nyrh diýmek näme?
15. Şertnamanyň ýerine ýetirilýän döwründe kesgitlenilýän nyrhyň emele geliş aýratynlyklaryny beýan ediň?
16. Opsionlaryň nyrh emele gelmesi nähili bolup geçýär?
17. Arbitraž nyrh emele gelmesi diýmek näme?
18. Anyk we modifisirlenen nyrhlaryň aýratynlyklary nähili beýan edilýär?
19. Çap edilýän nyrhlar diýlip nämä aýdylýar?
20. Nyrh emele getirmegiň harajatlar usulynyň (önümçilik harajatlary) aýratynlyklary nähili düşündirilýär?
21. Nyrh emele getirmegiň bazar usulynyň (bazar konýunkturasy) aýratynlyklary nämeden ybarat?
22. Ölçeg usuly diýlip nämä aýdylýar?

# VI bap MAÝA GOÝUM SYÝASATY

## 6.1. Maýa goýum syýasatynyň mazmuny we ýurduň maýa goýum mümkinçiligi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda uly özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeleriň netijesinde milli ykdysadyýetimiz çalt depginler bilen öňe tarap batly gadam basýar. Milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde ýurdumyzyň içinden we daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň ähmiýeti örän ýokary bolup, ol birnäçe wezipeleri üstünlikli çözmäge mümkinçilik berýär. Ýagny biziň ykdysadyýetimiziň pudaklaryna öňdebaryjy daşary ýurt tejribesini, tehnikalary we innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga, ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny çalt özleşdirmäge, dünýä bazaryna bäsleşige ukyply taýyn önüm bilen çykmaga, şeýle, hem goşmaça iş ýerlerini döretmäge, ýokary hilli önümçilik, durmuş maksatly obýektleri gurmaga, işe girizmäge, döwlet bähbitli meseleleriň çözülmegine oňyn täsirini ýetirýär.

«***Maýa goýum***» – ***latynça*** «***investire***», ***nemesçe*** «***investition***» diýen daşary ýurt sözlerinden gelip çykyp, türkmençe terjime edeniňde – «geýindirmek», «geýinmek» diýen manyny aňladýar. Bu düşünje öz gözbaşyny feodalizm döwründen alyp gaýdýar. Inwestitura diňe bir özüne berlen ýerlerdäki baýlyklardan peýdalanmaga mümkinçilik alman, eýsem, şol ýerlerde berkiden adamlaryň üsti bilen özleriniň pikirlerini ýaýratmak arkaly, şol sebiti dolandyrmak hukugyny hem edinipdirler. Netijede, bu çäre ilaty ruhy taýdan özüne garaşly etmäge mümkinçilik beripdir we ol ýerden alynýan girdejiniň möçberini has-da artdyrypdyr. «Inwestisiýa» diýen halkara adalganyň ýerine Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyk namalarynda «maýa goýum» düşünjesi peýdalanylyp, ol bazar ykdysadyýetine geçýän Türkmenistan döwletimizde giňden ulanylyp başlandy. Maýa

goýum düşünjesi has giňden ýaýran görnüşinde şeýle manyda duş gelýär: bu pul serişdelerini öz ýurduň içinde ýa-da daşary ýurtlarda dürli görnüşli desgalaryň işlerine, telekeçilik taslamalaryna, jemgyýetçilik-ykdysady maksatnamalara peýda almak hem-de işiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen uzakmöhletleýin maýa goýmaklykdyr.

Maýa goýum işiniň dürli jähetlerden birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

- ✓ *emläkleýin maýa goýum* (maddy maýa goýum). Maddy maýa goýum diýlip, gönümel önümçilik hadysasyna gatnaşýan maýa goýuma düşünilýär. Mysal üçin, enjamlara, desgalara, maddy ätiýaçlyklaryna maýa goýmaklyk;
- ✓ *maliýe maýa goýum.* Maliýe maýa goýum diýlip, edaranyň maliýe aktiwlerini satyn almak we munuň netijesinde şol edaranyň alyp barýan işine gatnaşmaga hukuk gazanmak üçin goýulýan maýa goýuma düşünilýär. Mysal üçin, paýnamalary we beýleki gymmatly kagyzlary satyn almaklyk hem-de paýdarlaryň umumy ýygnagynda ses bermek hukugyny edinmek;
- ✓ *Maddy däl maýa goýum.* Maddy däl maýa goýum diýlip, maddy däl gymmatlyklara goýlan maýa goýumlara düşünilýär. Mysal üçin, edaranyň işgärleriniň hünär derejesini kämilleşdirmek, dürli oýlap tapyşlar, ylmy işler, mahabatlandyrma we ş.m. beýleki taslamalar.

Hususan-da, «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, «Telekeçilik işiniň hem-de başga görnüşdäki işleriň obýektlerine goýum edilip goýulýan, şonuň netijesinde hem peýda (girdeji) alynýan ýa-da durmuş netije gazanylýan emläk we intellektual (ruhy)» gymmatlyklaryň hemme görnüşi maýa goýumlar hasaplanylýar[1].

Şeýle gymmatlyklara aşakdakylar degişlidir:

- ➢ pul serişdeleri, belli maksat üçin niýetlenen bank goýumlary, paýlar, paýnamalar we beýleki gymmatly kagyzlar;

---

[1] Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda (Türkmenistanyň 12.04.1993 ý. № 832-XII we 18.08.2015 ý. № 274-V Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen).

- gozgalýan we gozgalmaýan emläk (jaýlar, desgalar, enjamlar hem-de beýleki maddy gymmatlyklar);
- awtorlyk hukugyndan gelip çykýan emläk hukugy, «nou-hau» tejribesi (guramaçylyk, ylmy-tehniki, tehnologik, täjirçilik bilimleri) hem-de beýleki intellektual gymmatlyklar;
- ýerden hem-de beýleki tebigy baýlyklardan peýdalanmak hukugy, şeýle hem beýleki emläk hukuklary;
- beýleki gymmatlyklar.

Esasy gaznalary artdyryp, täzeläp durmakda maýa goýumlar düýpli maýa goýumlary görnüşinde amala aşyrylyp bilner. «Maýa goýumlar» kategoriýasy «düýpli goýumlar» düşünjesinden bellibir derejede tapawutlanýandyr. Düýpli goýumlara garanyňda, maýa goýumlar has giň düşünje bolmak bilen, öz içine esasy gorlary öndürmäge harç edilýän çykdajylardan daşary pul maýalaryny hem alýar. Gönükdirilýän zadyna baglylykda maýa goýumlar iki topara: portfel (bukjalaýyn) we real (hakyky) goýumlara bölünýär.

***Portfel (bukjalaýyn)*** – bu daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemeginiň aratapawudyndan peýda gazanmak we (ýa-da) diwident almak maksady bilen gymmatly kagyzlara maýa goýmaklyk, şeýle hem hojalyk birlikleri dolandyrmak işine gatnaşmak bolup durýar. Portfel (bukjalaýyn) maýa goýum işi gymmatly kagyzlary we beýleki aktiwleri satyn almak arkaly emele getirilýär. Portfele (bukja) gymmatly kagyzlaryň haýsy hem bolsa bir görnüşi (mysal üçin, paýnama) ýa-da dürli gönüşli maýa goýum gymmatlyklar (paýnama, obligasiýa, depozit sertifikatlary, girew şahadatnamalary, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy we beýlekiler) degişli bolup biler.

***Göni (hakyky) maýa goýum*** – bu hususy kärhanalara ýa-da döwlet eýeçiligindäki önümçilik kärhanalaryna maýa goýulmagy. Göni (hakyky) maýa goýum iki sany dürli bölekden ybaratdyr. Olaryň birinjisi – esasy kapitala maýa goýum, ýagny önümçilik enjamlaryna, kompýuterlere we önümçilik maksatly desgalara, ikinjisi bolsa, dolanyşyk kapitala (haryt-material ätiýaçlyklara), ýagny önümçilik hadysasynda ulanmaga degişli edilen toplanan çig mal ätiýaçlyklary

ýa-da ýerleşdirilmedik taýýar önümlere maýa goýum degişli bolup biler.

Ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek, beýleki ýagdaýlar bilen bir hatarda, maýa goýum ýagdaýy bilen hem kesgitlenýär. Ýurduň maýa goýum ýagdaýy bu milli ykdysadyýetiň durnukly ösmeginiň binýatlyk düýpli esasy bolup durýar. Soňky ýyllarda ykdysady ösüşde ýetilen sepgitleri saklap galmagyň we olaryň durnukly depgine geçmeginiň esasy şerti maýa goýum işi bolup durýar, ol önümçiligi gurluş taýdan üýtgedip guramagy, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmagy amala aşyrmaga, ykdysadyýeti üstünlikli ösdürmäge mümkinçilik berer. Esasy önümçilik gaznalaryny täzelemek we önümçiligi tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak boýunça toplumlaýyn maksatlaýyn maýa goýum taslamasy bolmalydyr. Döwletiň maýa goýum syýasaty maýa goýumçylary ýurduň bazarynda işlemegi üçin zerur bolan ähli şertleri bilen üpjün etmäge gönükdirilmelidir.

Milletiň maýa goýum kuwwatyny emele getirmek we ony netijeli peýdalanmak köp babatda döwlete, onuň öndürilen jemgyýetçilik önüminiň gündelik sarp etme bilen tygşytlamagyň arasynda barabarlygy düzgünleşdirmek ukybyna baglydyr. Döwletiň goşulyşmagy has netijeli jemgyýetçilik önümçiligini gazanmak üçin jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň bähbitlerine laýyk gelmelidir. Jemgyýetçilik önümçiligi diňe jemgyýetiň ähli gurluş düzümleriniň sazlaşykly ösmeginiň bolup geçýän ýagdaýynda, ýagny önümçilik sektory bilen bir hatarda maýa goýumlaryň durmuş, ykdysady we medeni ulgamyň zerur bolan ösüşini üpjün edýän mahalynda netijeli hasap edilip bilner.

## 6.2. Döwletiň maýa goýum syýasatynyň durmuş wezipeleri we maksatlary

Hormatly Prezidentimiziň maýa goýum syýasaty ähli geçirilýän özgertmeleriň dolandyrylyşyny üpjün etmeklige, differensirlenen (tapawutlandyrylan), durnukly ösýän ykdysadyýeti döretmeklige, döwlet maksatnamalaryny, maýa goýum taslamalaryny jemgyýetiň

talaby we ykdysady bähbitler bilen baglanyşdyrmaklyga gönükdirilendir. Maýa goýum syýasaty öz-özünden, döwletiň durmuş we ykdysady syýasatyndan aýratynlykda amala aşyrylyp bilinmez. Bu ýagdaýda Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň wajyp bölegi hökmünde uzakmöhletleýin goýulýan maýa goýumlary çykyş edýär. Bu ugurda ýurdumyzda alnyp barylýan oňyn işler milli ykdysadyýetiň depginli ösüşine, ykdysady we önümçilik mümkinçilikleriniň artmagyna, döwrebap durmuş, ulag-aragatnaşyk, inženerlik infrastrukturalarynyň döremegine hem ýardam edýär.

Maýa goýum işiniň esasy maksady we wezipesi: girdeji almak, maýa goýumyň howpsuzlygyny üpjün etmek, onuň ösüşi we likwidliligi bolup durýar. Täjirçilik banklarynyň maýa goýum işiniň esasy tapgyrlary: maýa goýmaklygyň ileri tutulýan maksadyny kesgitlemek, maýa goýum syýasatynyň esasy ugruny we ony durmuşa geçirmegiň mehanizmini işläp taýýarlamak, maýa goýum işiniň strategiýalaryny (tapgyrlaryny) saýlamak, maýa goýum bukjasynyň diwersifikasiýasynyň esasyny işläp düzmek, maýa goýumyň seljermesini amala aşyrmak, maýa goýum bukjasyny düzmek, wagtly-wagtynda täzelemek bilen bagly gös-göni amallar degişli bolup durýar.

Maýa goýumy meýilnamalaşdyrmak öňde goýlan maksada ýetmek üçin kesgitli döwürde maliýe serişdeleri gönükdirmegiň we ýerleşdirmegiň ýoluny tapmaklygy talap edýär (*7-nji surat*).

Ýokary derejede ösen ýurtlarda maýa goýumlaryň möçberine milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň möhüm ölçegi hökmünde, maýa goýumlaryň depginine bolsa, netijeli jemiň islegiň ýagdaýynyň görkezijisi, geljekde milli önümçiligiň möçberine, iş bilen üpjünçiligiň we ilatyň sarp edişiniň derejesine, bank ulgamynyň ösüş ugurlaryna täsir edýän faktor hökmünde seredilýär.

Banklar häzirki zaman karz ulgamynyň öňdebaryjy institutlary hökmünde maýa goýum işleri bilen işjeň meşgullanýarlar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda maýa goýum işleriniň maliýe-karz institutlarynyň arasynda bölünişigi häsiýetlidir. Maýa goýum işleri bilen meşgullanýan banklar bilen bir hatarda, şol banklaryň başga görnüşleri hem bar, olar maliýe bazarynda diňe gymmatly kagyzlar

### Maýa goýumy meýilnamalaşdyrmagyň tertibi

deslapky maglumatlaryň bolmagy

düşewüntliligiň derejesine baha bermek

tölegiň möhleti we pul serişdesiniň gelip düşmesi barada maglumat almak

çykdajyny we dürli maýa goýum taslamalarynyň netijelerini seljermek hem-de taslamak

maýa goýum meýilnamasyny tassyklamak prosesini işlemek

seljermäniň netijesiniň işlenen kadasynyň bolmagy we taýýar meýilnama gaýtadan seretmeklik

***7-nji surat***

bilen amallary ýerine ýetirýärler. Ikinji görnüşli amallar bolsa bank maýa goýumlary diýlip atlandyrylýar.

Halkara bank tejribesinde maýa goýumlar (inwestisiýalar) uzak wagtyň dowamynda serişdeleriň gelmegini üpjün etmek maksady bilen bankyň gymmatly kagyzlara maýa goýmaklygydyr. Şeýle geleşikleriň başyny başlaýjy bolup, müşderiler çykyş edýärler. Maýa goýum işlerinde bankyň bähbidi serişdeleriň uzakmöhletli saklanylmagyndan, olaryň diwersifikasiýasyndan hem-de girdejililigiň we likwidliligiň üpjün edilmeginden gelip çykýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýa goýum işleri banklaryň maliýe-karz institutlary hökmündäki işi bilen baglydyr, sebäbi karz özüniň tebigaty boýunça maýa goýum resursy görnüşinde şu sferanyň meselelerine has dogry gabat gelýär (*8-nji surat*).

### Maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça esasy serişdelere düýpli maýa goýumlary, göterimde[1]




***8-nji surat***

**Maýa goýum işiniň obýektleri.** Maýa goýum işiniň obýektlerine hojalyk işiniň ähli pudaklarynda we ugurlarynda täzeden döredilýän hem-de döwrebaplaşdyrylýan (täzelenýän) esasy gaznalar, dolanyşyk serişdeleri, gymmatly kagyzlar, belli maksada niýetlenen pul goýumlary, ylmy-tehniki önümler, intellektual gymmatlyklar, beýleki eýeçilik obýektleri, şeýle hem emläk hukuklary girýär.

Eger döredilýän we ulanylýan obýektler ýertitremesine (seýsmik taýdan) çydamlylygy, ýangyn partlama howpsuzlygy baradaky kadalara, sanitariýa-gigiýena, ekologiýa, şäher gurluşygy baradaky talaplara laýyk gelmeýän bolsa, raýatlaryň, edara görnüşli taraplaryň we döwletiň kanun arkaly goralýan hukuklaryna, bähbitlerine zyýan ýetirýän bolsa, şeýle obýektleri maýa goýmak gadagan edilýär.

[1] Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. – Aşgabat, 2019.

**Maýa goýum işiniň subýektleri.**

1. Daşary ýurt döwletleriniň şahsy taraplary hem-de edara görnüşli taraplary, şeýle hem gös-göni şol döwletleriň özleri maýa goýum işiniň subýektleri (maýa goýujylary we oňa gatnaşýanlar) bolup bilerler.

2. Hususy, karz alnan we çekilen emläk hem-de intellektual gymmatlyklary goýuma goýmak hakynda kararlary kabul edýän maýa goýum işiniň subýektleri – maýa goýujylar bolup durýarlar. Maýa goýujylar goýumçylar, algydarlar, satyn alyjylar hökmünde çykyş edip, şeýle hem maýa goýum işine gatnaşýan her bir subýektiň wezipesini ýerine ýetirip bilerler.

3. Maýa goýumlaryň buýurmalary ýerine ýetirijiler hökmünde ýa-da maýa goýujynyň tabşyrmagy esasynda amala aşyrylmagyny üpjün edýän Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň şahsy we edara görnüşli taraplary maýa goýum işine gatnaşýanlar hasaplanýar.

Maýa goýum işi durmuş ulgamy bilen gönüden-göni baglydyr. Tejribäniň görkezişi ýaly, ilat tarapyndan maýa goýum işjeňliginiň ýokarlanmagy – bu döwletiň sowatly maýa goýum syýasatynyň, şol sanda durmuş ulgamyndaky syýasatynyň netijesidir. Umuman aýdylanda, maýa goýum işi bu serişdelere maýa goýmaklyk we peýda almak hem-de peýdaly netije almak bilen bagly işjeňligi tejribe ýüzünde amala aşyrmaklykdyr.

Maýa goýum işi diýlende, döwletiň, şahsy we edara görnüşli taraplaryň maýa goýumlary durmuşa geçirmek barada edýän tejribelik hereketleriniň tutuş jemine düşünilýär. Maýa goýum işi şu aşakdakylar esasynda amala aşyrylýar:

– eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, şahsy taraplaryň, hojalyk assosiasiýalarynyň, jemgyýetleriň, şereketleriň, şeýle hem jemgyýetçilik we dini guramalaryň, gaýry edara görnüşli taraplaryň amala aşyrýan maýa goýmak işi esasynda;
– Türkmenistanyň häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerli döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan býujet serişdeleriniň, býujete degişli däl gaznalaryň hem-de karz serişdeleriň hasabyna, şeýle hem döwlet kärhanalary, edaralary tarapyndan

öz serişdeleriniň hem-de karz serişdeleriň hasabyna döwletiň amala aşyrýan inwestirleme işi esasynda;
- daşary ýurt döwletleriniň, edara görnüşli we şahsy taraplaryň, şeýle hem raýatlygy bolmadyk adamlaryň amala aşyrýan maýa goýma işi esasynda;
- Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň, edara görnüşli hem-de şahsy taraplaryň, şeýle hem raýatlygy bolmadyk adamlaryň bileleşikli amala aşyrýan maýa goýmak işi esasynda.

Durmuş meselelerini maýa goýum usullary bilen, ýagny täze iş orunlaryny döretmek (işgärleri innowasion okatmak we gaýtadan taýýarlamak), zähmet öndürijiligini, hakyky zähmet hakyny, işgärleriň we telekeçileriň toplanan adam maýasyny (ýaşaýyş hiliniň ýokarlanmagyny) netijeli peýdalanmakda ykdysady taýdan gyzyklanmalaryny ýokarlandyrmak ýoly bilen çözmek gerek. Döwletiň maksady depginli ösýän ykdysadyýeti we oýlanyşykly durmuş syýasaty bolan bütewi hereket edýän, birsyhly ösýän, durnukly hereket edýän jemgyýetçilik ulgamyny döretmekden ybarat bolmalydyr.

**Türkmenistanda alnyp barylýan maýa goýum syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:**

- nebitgaz pudagynda türkmen ýangyjyny dünýä bazaryna çykarmagyň differensirlenen ulgamyny döretmek üçin, dürli ugurlar boýunça turbageçirijiler ulgamyny gurmak, öňdebaryjy halkara kompaniýalary bilen nebitiň we gazyň tebigy gorlaryny rejeli peýdalanmak, çuň gözleg işlerini amala aşyrmak, uglewodorod serişdeleriniň ýataklaryny gury ýerde, şeýle-de Hazar deňziniň ýalpaklarynda özleşdirmek boýunça uzakmöhletli hyzmatdaşlygy tebigy baýlyklary gazyp almagyň, gaýtadan işlemegiň hem-de eksport etmegiň möçberini artdyrmak maksady bilen alyp barmak;
- dokma senagatynda ýokary öndürijilikli täze dokma kärhanalaryny döretmegiň, täze tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň hasabyna pagta süýümini ýurduň içinde gaýtadan işlemekligiň möçberini artdyrmak, şeýle-de içerki we daşarky bazarlar üçin bäsleşige ukyply önümleri öndürmek;

- himiýa senagatynda mundan beýläk hem himiýa önümçiligini ösdürmeklik, şol sanda karbamid zawodlarynyň, kaliý hloridini, kaliý sulfatyny, kaustik sodany we hlory öndürmek boýunça himiýa toplumynyň gurluşygy göz öňünde tutulýar. Geljekde Garabogazköl aýlagynyň tükeniksiz himiki çig mal gorlaryny özleşdirmeklik;
- senagatyň beýleki pudaklarynda ösüşiň differensirlenen ugry saýlanyp alyndy, ýagny esasy ugur çig mal önümçiliginden taýýar önüm öndürmeklige gönükdirildi, netijede, eksporta niýetlenen önümçilik bilen bilelikde importy çalyşmaga ukyply önümçilikler hem ösdüriler. Şunuň bilen baglylykda maýa goýumlaryň görnüşleri we maksatlary kesgitlenildi, olar ýurduň ýangyç-energetika mümkinçiligini, himiýa, metallurgiýa, gurluşyk materiallary senagatlaryny ösdürmeklige gönükdirilýär;
- agrosenagat toplumynda maýa goýum syýasaty dänäni öndürmeklik we gaýtadan işlemeklik bilen bir hatarda pagtaçylygy mundan beýläk hem ösdürmekligi, şeýle-de ýüňi we derini taýýarlamaklygy, gaýtadan işlemekligi göz öňünde tutýar. Bellenen esasy ugurlaryň içinde däne öndürmekligi artdyrmak we ony gaýtadan işlemekligiň ýokary tehnologiýaly ulgamyny döretmek – degirmenler, un we unaş önümlerini öndürýän toplumlaryny gurmak, ýokary hilli iýmit önümlerini öndürmek, içerki sarp edijiler bazaryny doly üpjün etmek ýaly ugurlar hem bardyr;
- ulag we aragatnaşyk ulgamynda esasy maýa goýum akymy awtomobil, howa, demir ýol, derýa hem deňiz ulaglaryny, awtomobil ýollarynyň gurluşygyny ösdürmeklik, şeýle-de telekommunikasiýa ulgamyny, poçta-elektron aragatnaşygyny kämilleşdirmeklik;
- bilim ulgamynda okuw edaralarynyň material-tehniki binýadyny täzelemek we giňeltmek, täze mekdepleriň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurluşygyny alyp barmak, maglumatlar, kompýuter tehnologiýasyny ornaşdyrmak, internet ulgamyndan peýdalanmagyň mümkinçiliklerini artdyrmak;

– saglygy goraýyş ulgamynda we derman senagatynda hereket edýän edaralaryň durkuny täzelemek hem-de täze, döwrebap ýöriteleşdirilen klinikalary, merkezleri, şypahanalary gurmak, şeýle-de ýerli derman senagatynyň çaltlaşdyrylan ösüşini gazanmak;
– şäher gurluşygynda ýurt Baştutanymyzyň maýa goýum syýasaty birnäçe maksatlary, ýagny şäherleriň, ilatly ýerleriň abadançylygyny hem gök öwüsmegini berjaý etmek, şäheriň, ýaşaýjylarynyň aýlanyp görýän, dynç alýan ýerlerine öwrüljek täze baglary, seýilgähleri, suw çüwdürimlerini we beýleki arhitektura toplumlaryny gurmak ýaly işleri göz öňünde tutýar.[1]

Şeýlelikde, döwletiň maýa goýum syýasaty ýurtda amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmäge, milli hem-de daşary ýurt hususy maýasyny çekmegi höweslendirmäge, şeýle hem geljegi bolan taslamalara bilelikde (hususy we döwlet) maýa goýmagyň täze görnüşlerini tapmaga gönükdirilmelidir.

Häzirki wagtda Türkmenistan daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine örän ýokary derejede gyzyklanýar:

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny özleşdirmekde;

– Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrap şäherleriniň we merkezleriniň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek üçin 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasyny amala aşyrmakda;

«Demirgazyk-Günorta» Halkara transport koridoryna degişli bolan türkmen böleginde demir ýol gurluşygyny alyp barmakda;

– Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň durkuny täzelemekde;

– suwuklandyrylan gazyň önümçiligini gurnamakda;

– ýod-brom zawodynyň gurluşygynda;

– magistral gazgeçirijileriň gurluşygynda;

– hereket edýän gazgeçirijileriň durkuny täzelemekde;

– himiýa zawodynyň gurluşygynda;

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

– nebithimiýa senagatyny ösdürmekde;
– awtomobil ýollarynyň gurluşygynda;
– maşyngurluşyk senagatyny ösdürmekde;
– agrosenagat toplumyny ösdürmekde;
– deri-gön önümçiligini we gaýtadan işlenilmegini ösdürmekde;
– dokma senagatyny ösdürmekde;
– azyk önümleriniň önümçiligini gurnamakda;
– habar beriş tehnologiýalaryny ösdürmekde, tehnoparklary döretmekde.

***Maýa goýum işjeňligi.*** Ykdysady strategiýanyň bu ugrunda ýurdumyzda amatly maýa goýum şertleri döredilер, Türkmenistanyň maýa goýum goýmak babatynda özüne çekijiligini ygtybarly derejelerde saklamak üçin degişli çäreler geçiriler. Maýa goýumlar milli ykdysadyýetiň innowasion häsiýetli ösüşine gönükdiriler. Şeýle-de, maýa goýumlaryň maliýe çeşmelerini diwersifikasiýalaşdyrmak we kämilleşdirmek, gazna bazaryny döretmek, daşary ýurt maýadarlarynyň goýumlaryny çekmek syýasatyň ileri tutulýan ugurlary bolmagynda galar.

Syýasatyň esasy maksatlary aşakdakylardan ybarat:

- ykdysadyýetiň pudaklarynyň maliýe ýagdaýlaryny we maýa goýum ukyplylygyny berkitmek boýunça çäreleri yzygiderli durmuşa ornaşdyrmak;
- ykdysadyýete gönükdirilýän maýa goýumlarynyň maliýe çeşmelerini kämilleşdirmek we onuň depginli ösüşini gazanmak;
- daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekligiň hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmek we netijeli hojalyk usulyny döretmek, ýokary depginlerde amala aşyrmak, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilýän ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, ýurduň ileri tutulyp ösdürilýän ugurlaryna gönükdirmek;
- maýa goýumlarynyň düzüminde hususy eýeçiligiň we telekeçileriň serişdeleriniň paýyny düýpgöter artdyrmak, döwlet maýa goýumlarynyň esasy bölegini ýaşaýyş-durmuş ulgamlarynyň ösüşine gönükdirmek;

11. Sargyt № 1335

- ykdysadyýete gönükdirilen maýa goýumlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak;
- maýadarlaryň, ilkinji nobatda bolsa, ýerli maýadarlaryň sanyny we goýýan maýa goýumlarynyň möçberlerini artdyrmak;
- innowasiýa, ylma, bilime, maliýe ulgamyna, hyzmatlara we kommunikasiýalara maýa goýumlaryny gönükdirmegiň döwrebap usulyny döretmek;
- düýpli maýa goýumlarynyň ýurduň geljegi uly bolan ugurlaryna we pudaklaryna gönükdirilmegini, netijeli özleşdirilmegini gazanmak, uzakmöhletli innowasion taslamalara maýa goýumyny goýmagyň mümkinçiliklerini artdyrmak.

Milli strategiýanyň bu tapgyrynda şu wezipeleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar:

– girdejileriň düzüminde maýa toplamagyň we sarp edişiň iň amatly gatnaşygyny üpjün etmek, bu gatnaşygy ösen döwletleriň derejesine ýetirmek;

– innowasion ösüşe maýa goýum goýulmagy üçin ýeňillikleri döretmek;

– täze iş orunlaryny döretmegi göz öňünde tutýan uly möçberlerdäki maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan goldamak;

– maýa goýum syýasatynda ýurduň sebitleriniň öndüriji güýçleriniň gyradeň ösüşine gönükdirilýän maýa goýumlaryň paýyny ýokarlandyrmak;

– daşary ýurt maýa goýumlaryny innowasion we ösen tehnologiýaly pudaklaryň döredilmegine we ösdürilmegine gönükdirmek;

– maýa goýum taslamalarynyň ýokary netijeliliginiň girewi hökmünde, gazna bazarlaryny döretmek we ösdürmek.[1]

Işe gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberi we düzümi ykdysady ösüşiň durnukly hem sazlaşykly bolmagyny, esasy gorlaryň yzygiderli hem-de wagtly-wagtynda täzelenip durulmagyny, ýurduň ykdysadyýetiniň düýpli döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün edýär. Ýur-

---

[1] Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy.

dumyzda alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasaty, baý tebigy gorlar, ýurduň maýa goýumlary jähtinden özüne çekiji bolmagy bilen Türkmenistany hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly ýurda öwrüp, milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklige ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň maýa goýum syýasaty ähli geçirilýän özgertmeleriň dolandyrylyşyny üpjün etmeklige, differensirlenen (tapawutlandyrylan), durnukly ösýän ykdysadyýeti döretmeklige, döwlet maksatnamalaryny, maýa goýum taslamalaryny jemgyýetiň talaby we ykdysady bähbitler bilen baglanyşdyrmaklyga gönükdirilendir.

## 6.3. Maýa goýum işini maliýeleşdirmek

Maliýe taýdan üpjün edilýän çeşmelerine, maýalaryň gönükdirilýän ugruna baglylykda maýa goýum düzümleriniň şu aşakdaky görnüşlerini belleýärler:

- *ykdysadyýetiň ulgamlary boýunça* – önümçilik we medeni-durmuş maksatly;
- *ykdysady pudaklar boýunça* – senagat, oba hojalyk, gurluşyk, ulag-aragatnaşyk, geologiýa hem beýlekiler, söwda, senagatyň içerki ugurlary (nebiti gazyp çykarmak, nebiti gaýtadan işleýän, gaz, gurluşyk materiallary senagaty, himiýa we nebit-himiýa, ýeňil, azyk, agajy gaýtadan işleýän, sellýuloza-kagyz, aýna hem-de beýleki önümçilikler);
- *tilsimatlar boýunça* (çykdajylaryň we işleriň görnüşine laýyklykda) – gurluşyk-gurnama işleri, esasy gorlary (enjamlary, maşynlary we mehanizmleri) satyn almak, beýleki düýpli işler we çykdajylar (geologiýa-gözleg, taslama-gözleg, inžiniring hyzmatlary we ş.m.);
- *gaýtalanýan önümçilik* – täze gurluşyk, düýpli abatlamak, bar bolan önümçilikleri tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we giňeltmek;
- *maliýeleşdirmegiň çeşmelerine baglylykda* – hususy (girdeji we amortizasiýa, beýleki toplanan serişdeler), çekilen – býujet serişdeleri, karzlar, göterimli karzlar, döwlet gorlarynyň serişdeleri;

– *emlägiň görnüşine laýyklykda* – döwlet (döwlet kärhanalarynyň, guramalaryň, şahsy taraplaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň serişdeleri, haýyr-sahawat kömegi we ş.m.).
– «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, maýa goýum işini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:
– maýadaryň hususy pul serişdeleriniň we hojalyk içre mümkinçilikleriniň (girdeji, amortizasiýa maksadyna geçirilen serişdeler, toplanan pul serişdeleri, raýatlaryň we edara görnüşli taraplaryň süýşürintgileri döwlet ätiýaçlandyrmasy edaralary tarapyndan awariýalaryň tebigy betbagtçylyklaryň öwezini dolmak maksady bilen töleýän pullary we beýleki serişdeleriň);
– maýadar tarapyndan karz alnan maliýe serişdeleriniň (bank we býujet karzlary, obligasiýa karzy we ş.m.);
– maýadaryň çeken maliýe serişdeleriniň (aksiýalaryň satylmagy netijesinde alnan serişdeler, zähmet kollektiwleriniň agzalarynyň, edara görnüşli taraplarynyň raýatlarynyň paýlyk we beýleki goşantlarynyň);
– kärhanalaryň birleşmeleri tarapyndan bellenilen tertipde merkezleşdirilen pul serişdeleriniň;
– döwlet býujetinden, ýerli býujetlerden we býujete degişli bolmadyk gorlardan ýörite goýberilýän maýa goýum serişdeleriniň;
– daşary ýurt maýa goýumlarynyň.[1]
– Banklar häzirki zaman karz ulgamynyň öňdebaryjy institutlary hökmünde maýa goýum işleri bilen işjeň meşgullanýarlar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda maýa goýum işleriniň maliýe-karz institutlarynyň arasynda bölünişigi häsiýetlidir. Maýa goýum işleri bilen meşgullanýan banklar bilen bir hatarda, şol banklaryň başga görnüşleri hem bar, olar maliýe bazarynda diňe gymmatly kagyzlar bilen amallary ýerine ýetirýärler. Ikinji görnüşli amallar bolsa bank maýa goýumlary diýlip atlandyrylýar.

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. *Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy*. I tom. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

Halkara bank tejribesinde maýa goýumlar (inwestisiýalar) uzak wagtyň dowamynda serişdeleriň gelmegini üpjün etmek maksady bilen bankyň gymmatly kagyzlara maýa goýmaklygydyr. Şeýle geleşikleriň başyny başlaýjy bolup müşderiler çykyş edýärler.

Maýa goýum işlerinde bankyň bähbidi serişdeleriň uzakmöhletli saklanylmagyndan, olaryň diwersifikasiýasyndan hem-de girdejililigiň we likwidliligiň üpjün edilmeginden gelip çykýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýa goýum işleri banklaryň maliýe-karz institutlary hökmündäki işi bilen baglydyr, sebäbi karz özüniň tebigaty boýunça maýa goýum resursy görnüşinde şu sferanyň meselelerine has dogry gabat gelýär (*9-njy surat*).

**Häzirki wagtda Türkmenistanyň bank ulgamynda maýa goýum karzyny bermekligiň aşakdaky ýaly umumy ýörelgeleri ulanylýar**




***9-njy surat***

Maýa goýum karzynyň mazmuny boýunça pul karzyndan aýratynlygy onuň ýetmezçilik edýän resurs hökmünde ulanylyp bilmeýänligidir. Onuň esasy wezipesi maýa goýum gurşawynda serişdeleriň aýlanyşygyny çaltlandyrmaga täsir etmekdir. Şonuň üçin karz üzmekligiň taslamanyň özüni ödemek möhletinden gyşarmasy diňe maýa goýumlardan gelýän pul akymlary taslamada göz öňünde tutulandan ýokary bolsa, ýüze çykyp biler. Tersine bolan halatynda karz maýa goýum häsiýetini ýitirýär, ýagny ykdysady ösüşi höweslendirmekligi bes edýär.

Belli bolşy ýaly, önümçiligiň esasy gorlary wagtyň geçmegi bilen könelişýänligi sebäpli, öz bahasyny bölekleýin täze öndürilýän önüme geçilýär. Şunuň bilen baglylykda, dünýä tejribesinde döwlet derejesinde amala aşyrylýan amortizasiýa syýasaty önümçilige yzygiderlilik häsiýetini bermegiň esasy gurallarynyň biri bolup durýar, ýagny amortizasiýa maksatlaryna gönükdirilýän geçirimleriň derejesini rejelemek arkaly döwlet ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagyny, ykdysady pudaklaryň sazlaşykly ösmegini gazanýar. Amortizasiýa kadalarynyň ýokarlanmagy, geçirimleriň möçberiniň artmagy kärhanalaryň maliýe mümkinçiligini we olaryň maýa goýum babatyndaky işjeňligini artdyrýar.

Amortizasion hasaplamalary geçirmek işiniň dikeldilmegi we kärhanalaryň amala aşyrýan amortizasiýa geçirimleriniň ulgamynyň indeksirlenmegi, ýagny olaryň esasy gorlarynyň baha görkezijisiniň dürs kesgitlenmegi maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleriniň birini gaýtadan dikelder. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde önümçilik maýa goýumlarynyň ýaryndan gowragy amortizasiýa geçirimleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Iň esasysy – bu çäre önümçiligiň goşmaça harajatlaryny üpjün etmäge ýardam berýär, munuň özi bolsa önüm öndürijä öz önüminiň içerki we daşarky bazarlarda bäsdeşlige ukyplylygyny saklamakda, ýurda abraýly maýadarlary, ýokary hilli maýa goýum taslamalaryny we harytlary çekmekde kuwwatly goltgy bolýar.

Maýa goýum işini goldamagyň ileri tutulýan ugurlarynyň ýene-de biri maliýe lizinginiň ösdürilmegi bilen baglydyr. Maliýe lizingi maýa goýum taslamalary bilen işlemäge niýetlenen ulgamyň möhüm elementleriniň biridir. Ýagdaýlaryň aglabasynda lizing guramalary maýa goýum serişdelerini, şol sanda daşary ýurt banklary tarapyndan berilýän göterimli karzlary herekete getirip, olary anyk maýa goýum taslamalaryna gönükdirmegiň aňrybaş amatly guramaçylyk usuly bolup çykyş edýär. Kärhanalarda ýokary tehnologiýaly esasy gorlaryň ýüze çykýan ýetmezçiligi hut enjamlaryň maliýe esasynda kärendesine (lizinge) almagy bilen üstünlikli çözülip bilner. Maýa gönükdirmegiň beýleki usullaryna garanyňda lizingiň artykmaçlyklary kärhanalara olaryň ýeterlik serişdesi bolmadyk ýagdaýynda hem göterimli karzlary almasa öz önümçiliginde täze, öňdebaryjy enjamlary we teh-

nologiýalary ulanmaga mümkinçilik berýändigi bilen baglydyr. Lizingi ösdürmek üçin önümçilik enjamlarynyň ol ýa-da beýleki görnüşine bildirilýän islegleri düýpli öwrenmeli bolýar. Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan maliýe lizingi boýunça hyzmatlary amala aşyrýan guramalara maýa goýum potensialyny toplamaga ýardamyň berilmegi hem esasy şertleriň biri bolup durýar. Türkmenistanda lizing hyzmatlarynyň bazary, esasan hem, ykdysadyýetiň döwlet böleginde netijeli hereket edýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi we çuňlaşmagy bilen bazaryň bu görnüşi ykdysadyýetiň döwlete degişli däl böleginde hem özüniň mynasyp ornuny tutar.

Ilatyň tölemek ukybynyň ýokary derejesi bilen şertlendirilen möhüm potensial maýa goýum çeşmeleriniň ýene-de biri adamlaryň süýşürintgileridir. Ykdysady taýdan ösen dünýä döwletlerinde adamlaryň banklarda saklanylýan süýşürintgileri gönükdirilýän maýalaryň diňe bir esasy çeşmeleriniň biri bolmak bilen çäklenmän, maýa goýum işini has janlandyrýan, tijendirýän (islegi artdyrmak arkaly) şert hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Ỳagdaýlaryň aglabasynda maýa goýmak üçin amatly şertlerde peýdalanylýanlygy sebäpli, ilatyň we kärhanalaryň süýşürintgileri has giňden peýdalanylýan maýa goýum çeşmeleri bolup çykyş edýär. Maýa goýmak üçin amatly şertleriň bolmadyk ýagdaýynda, olara goşmaça sarp edilýän harytlary we hyzmatlary satyn almaga peýdalanylýar ýa-da haryt-pul gatnaşyklaryna düýbünden girizilmeýär.

Türkmenistanda maýa goýmakda peýdalanmak maksady bilen ilatda bar bolan süýşürintgileri bir ýere ýygnamagyň mehanizmini kemala getirmek işi durnukly ýola goýulýar. Garalýan döwürde ýurduň ilaty özünde bar erkin pul serişdelerini ýaşaýyş jaýlaryny gurmaga we awtoulag satyn almaga gönükdirdi. Şonuň bilen bir hatarda, banklaryň işiniň we gozgalmaýan emlägi goramak mehanizmiň yzygiderli kämilleşdirilmegi netijesinde subýektlerde bar bolan mümkinçilikleri has giňden amala aşyrmaga ýol açyldy. Dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesine daýanmak bilen, Türkmenistanda ilatyň süýşürintgilerini artdyrmak maksady bilen adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, girdejilerini köpeltmek, maýa goýmak üçin bar bolan şertleri yzygiderli kämilleşdirmek boýunça düýpli çäreler alnyp barylýar.

Maýa goýum akymlaryny kadalaşdyrmakda we olaryň işini has-da janlandyrmakda bank edaralaryna hem uly orun degişlidir. Döwlet maýa goýum serişdelerini bir ýere ýygnaýan we olary netijeli dolandyrýan banklaryň işiniň düzgünini özgertmek arkaly maýa goýumlarynyň möçberine we düzümine oňyn täsir edip bilýär. Şol sebäpden hem ilatda bar bolan süýşürintgileri şäheriň ýa-da obanyň ykdysadyýetine çekmek maksady bilen bank ulgamyny ösdürmek üçin oňaýly şertler döredilýär.

Hususy telekeçiligiň ýola düşýän häzirki şertlerinde maýa goýumlarynyň esasy çeşmeleriniň biri hökmünde uzakmöhletleýin göterimli karzlar çykyş edýär. Uzakmöhletleýin bank karzlary, ilkinji nobatda, ykdysadyýetiň strategik ähmiýetli maksatlaryny amala aşyrmak üçin peýdalanylýar. Uzakmöhletleýin göterimli karzlary guramak işinde binýatlaýyn ýörelgeleriň üçüsine daýanylýar, olar: üpjünçilik, möhletlilik, töleglilik şertleridir. Häzirki ýagdaýda gürrüň göterimli karzy bermegiň tertibi, ony öçürmegiň usullary, ylalaşyk şertleriniň berjaý edilişine bank tarapyndan degerli gözegçiligi ýola goýmagyň düzgünleri dogrusynda barar. Bu düzgünleriň dürs berjaý edilmegi goýumyň möçberiniň, müşderileriň sanynyň we olaryň ynamynyň artmagyny üpjün edýär.

Iri möçberli ylmy-tehniki meseleleriň oňyn çözülmegini üpjün edýän möhüm maliýe çeşmeleriniň esasysy döwlet býujetidir. Biziň ýurdumyzda döwlet býujetiniň hasabyna iri maksatnamalaýyn meýilnamalar amala aşyrylýar, ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlaryna we ulgamlaryna iri maýa goýumlar gönükdirilýär. Şeýle taslamalaryň aglaba bölegini medeni-durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy tutýar. Býujet serişdeleri ýygymlaryň we emlägiň ähli görnüşlerine degişli subýektleriň alyp barýan hojalyk işine salynýan salgytlaryň hasabyna ýygnalýar, maýa goýum maksatlaryna dolandyrmaly däl şerti bilen gönükdirilýär.

Milli ykdysadyýetleriň daşary ýurt maýadarlarynyň özüne çekijiligi gönüden-öni ýurtda döredilen maýa goýumlyk ýagdaýa bagly bolýar. Maýa goýumlyk ýagdaý diýlip, daşary ýurt maýa goýumlarynyň netijeli goýulmagy, peýdalanylmagy üçin döredilen syýasy, ykdysady, kanunçylyk we maddy şertleriň jemine düşünilýär. Häzirki döwürde daşary ýurda kapital çykarmak şeýle-de daşary ýurt

maýa goýumlaryny çekmek ähli ýurtlaryň halk hojalygynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň biridir. Munuň özi islendik milli ykdysadyýet üçin umumy kadadyr. Daşary ýurda kapital çykarmagyň esasy sebäbi bolup, kapitalyň deňeşdirme «artykmaçlygy» çykyş edýär. Ol kapital has köp peýda almak maksady bilen daşary ýurtlaryň ykdysadyýetine aralaşýar.

Goýlan möhleti boýunça daşary ýurt maýa goýumlary gysgamöhletleýin, ortamöhletleýin, uzakmöhletleýin goýumlara bölünýärler. Peýdalanylyş häsiýeti boýunça daşary ýurt maýa goýumlary telekeçilik we ssuda görnüşlerine bölünýär. Birinji ýagdaýda kapital beýleki ýurtlaryň senagat, oba hojalyk, söwda, jemagat we maliýe kärhanalaryna goýulýar. Ol dürli ýollar arkaly amala aşyrylýar:

1) daşary ýurtlarda öz hususy kärhanaňy gurmak;
2) gatyşyk kärhanalary gurmak;
3) hereket edip ýören kärhanalary öz doly eýeçiligiňe satyn almak.

Ähli ýagdaýlarda daşary ýurt kapital goýujy tarapyndan goýlan kapital üçin eýeçilik hukugy we onuň peýdalanylyşyna gös-göni gözegçilik etmek hukugy saklanyp galýar. Öndürijilikli kapitaly çykarmakdan alynýan girdejä, telekeçilik peýdasy diýilýär. Telekeçilik kapitalynyň eksporty kesgitlenilmedik möhletde amala aşyrylýar.

## 6-njy bap boýunça barlag soraglary

1. «Maýa goýum» adalgasynyň mazmuny nähili beýan edilýär?
2. Emläkleýin maýa goýum diýlip nämä aýdylýar?
3. Maliýe maýa goýum diýlip nämä aýdylýar?
4. Maddy däl maýa goýum diýlip nämä aýdylýar?
5. Döwletiň maýa goýum syýasatynyň durmuş wezipeleri we maksatlary nämeden ybarat?
6. Maýa goýumy meýilnamalaşdyrmak diýmek näme?
7. Maýa goýum işiniň subýektleri hökmünde kimler çykyş edýär?
8. Türkmenistanda alnyp barylýan maýa goýum syýasatynyň esasy ugurlary haýsylar?
9. Maýa goýum syýasatynyň esasy maksatlary haýsylardan ybarat?
10. Maýa goýum işini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri haýsylardan ybarat?

# VII bap DURMUŞ SYÝASATY

## 7.1. Döwletiň durmuş syýasatynyň düýp mazmuny

Durmuş syýasaty diýlip, ilatyň dürli gatlaklarynyň durmuş goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen alnyp barylýan döwletiň içerki syýasatyna düşünilýär. Durmuş syýasaty jemgyýetçilik durmuşynyň durmuş-ykdysady şertlerini sazlaşdyrmak boýunça döwletiň alyp barýan işiniň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar[1].

Döwletde alnyp barylýan uzakmöhletli döwür üçin durmuş syýasatynyň esasy maksatlary bolup ilatyň ýaşaýşynyň hilini gyşarnyksyz, yzygiderli ýokarlandyrmak, jemgyýetdäki durmuş deňsizligini azaltmak, döwletiň iň pes durmuş kepilliklerini we ilatyň zähmete ukypsyz toparlaryna durmuş kömegini bermek boýunça netijeli hereket edýän ulgamyň bolmagy, medeni gymmatlyklary gorap saklamak hem artdyrmak çykyş edýär. Şunda döwletiň durmuş syýasatynyň ahyrky maksady adamyň özüni ählitaraplaýyn ösdürmek, onuň barha ýokarlanýan köpdürli hajatlaryny aňrybaş derejede kanagatlandyrmak bolmalydyr. Bu bolsa döwletiň özüniň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny ilatyň durmuş zerurlyklaryndan ugur almak bilen kesgitlemelidigini we ykdysady ösüşiň maksatlaryny anyklaşdyrmalydygyny aňladýar.

Durmuş syýasatyny amala aşyrmak jemgyýetiň jemi girdejisini emele getirmegiň we paýlamagyň mehanizmlerini peýdalanmak arkaly ýerine ýetirilýär. Şunda jemgyýetiň maddy taýdan üpjünçiligi nazaryýetinde goýlan ýörelgelerden ugur alynmalydyr. Gürrüň girdejileri ýa-da baýlygy paýlamagyň maksadynyň ilatyň ýaşaýşynyň hilini ýokarlandyrmak, garyplygy kem-kemden azaltmak, jemgyýetde adamlaryň durmuş taýdan deňligini üpjün etmek, jemgyýetde ilatyň durmuş derejesi boýunça düýpli tapawutlanmagyna ýol bermezlik, ba-

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. *Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy*. I tom. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

zar gatnaşyklarynyň ýaramaz netijelerinden ilaty goramagyň netijeli ulgamyny döretmek, bilimiň, saglygy goraýyş we ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlarynyň ilatyň gurby pes gatlaklary üçin elýeter bolmagyny kepillendirýän döwletiň iň pes durmuş ülňüleriniň degerli ulgamyny emele getirmek boýunça çäreleri amala aşyrmakdan ybaratdygy barada gidýär[1].

Döwletimiz 20-nji asyryň ahyrlarynda meýilnamalaýyn buýruk beriji ykdysadyýetden durmuşa gönükdirilen garyşyk görnüşli bazar ykdysadyýetine çylşyrymly geçiş döwrüne gadam basdy. Türkmenistanda geçiş döwründe alnyp barlan oýlanyşykly syýasatyň netijesinde, ýurdumyzda ozalky SSSR-iň käbir döwletlerinden tapawutlylykda syýasy, ykdysady we durmuş durnuklylygy saklamaklyk başartdy.

Islendik özgertme, goý, ol ykdysady, syýasy ýa-da durmuş özgertmeleri bolsun, tapawudy ýok, adamlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak bilen tamamlanmalydyr, sebäbi ilkibaşda, olar şol adamlaryň özleri tarapyndan geljege bolan umytdan ugur alnyp makullanylýar.

Jemgyýetde geçirilýän özgertmeleriň baş maksady jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberlerini ykdysady ösüşi gazanmagyň hatyrasyna däl-de, ilatyň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmagyň, onuň barha ýokarlanýan durmuş we beýleki hajatlaryny kanagatlandyrmagyň hatyrasyna artdyrmak bolup durýar.

Özgertmeler geçirilende önümçilige maýa goýmak, ony gurluş taýdan üýtgedip guramak, esasy gaznalary täzelemek, ylmy, bilimi, saglygy goraýşy, medeniýeti ösdürmek, durmuş kepillikleri we durmuş taýdan goramak ýaly meseleler çözülýär.

Sözüň giň manysynda jemgyýete, adamlara, olaryň durmuşyna gönüden-göni degişli zatlaryň ählisini durmuşy diýip atlandyrmak kabul edilendir. Şunuň bilen birlikde ykdysadyýetiň has çäkli, durmuşda bolup geçýän wakalar bilen gönüden-göni bagly we durmuş ulgamy diýlip atlandyrylýan ugry hem bardyr. *Durmuş ulgamyna* ykdysady obýektleri we prosesleri, ykdysady işiň adamlaryň ýaşaýşy bilen gönüden-göni bagly, oňa degişli bolan görnüşlerini, ilat tarapyndan maddy hem ruhy nygmatlaryň, hyzmatlaryň sarp edilmegini,

[1] Seret: *Магомаев М.М.* Качество жизни населения (теория, методология и механизмы). Монография. – Махачкала: ДНЦ РАН, 2006.

adamyň, maşgalanyň, kollektiwiň, toparlaryň, tutuş jemgyýetiň esasy islegleriniň kanagatlandyrylmagyny degişli etmek kabul edilendir.

Durmuş ulgamy zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň görnüşlerini, zähmetkeşleriň önümçilik işini dolandyrmaga gatnaşmaklaryny, köpçülikleýin zähmet şertnamalary, döwletiň durmuş üpjünçiligi we durmuş hyzmatlary ulgamyny (kömek pullary, pensiýalar), hususy maýanyň durmuş gaznalaryny döretmäge, durmuş amatlyklaryna (bilim, saglygy goraýyş, ýaşaýyş jaýy bilen üpjünçilik we ş.m.), şeýle hem durmuş adalatlylygy ýörelgesini durmuşa geçirmäge gatnaşmagyny öz içine alýar.

Emele gelýän bazar hojalygynda döwletiň durmuşa gönükdirilen ykdysadyýetiniň iň wajyp wezipesi jemgyýetiň ähli gatlaklaryny durmuş taýdan goramak boýunça we netijeli durmuş syýasatynyň strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça iş bolup durýar. Döwletiň ýurtda ykdysady gatnaşyklarynyň ähli ulgamlaryny gurşap alýan durmuş syýasatynda beýanyny tapýan hereketleri ony durmuşa geçirmegiň görnüşi bolup çykyş edýär.

Durmuş syýasaty bu durmuş ulgamyny düzgünleşdirmek syýasaty bolup, ol jemgyýetde maddy üpjünçiligi gazanmaga gönükdirilendir.

Durmuş syýasatynyň subýektleri (hökümet) jemgyýetde maddy üpjünçiligiň gazanylmagyny üpjün etmek bilen, durmuş adalatlylygy ýörelgesini durmuşa geçirmelidirler. Durmuş syýasaty ilata iň pes girdejini kepillendirmäge, ilaty kesellerden, maýyplykdan, işsizlikden, garrylykdan durmuş taýdan goramaga niýetlenendir. Şunda döwlet tarapyndan ýaşaýşyň iň pes şertlerini üpjün etmek diňe ony özbaşdak amala aşyryp bilmeýän adamlara degişlidir.

Döwletiň durmuş syýasaty durmuş üpjünçiligi we durmuş hyzmatlary ulgamy mehanizminiň üstünden durmuşa geçirilýär. Ony alyp barmagyň esasy ýörelgeleri aşakdakylardan ybarat:

- nyrhlar ýokarlanan halatynda öwezini doluş tölegleriniň dürli görnüşlerini girizmek we indeksasiýa geçirmek ýoly bilen ýaşaýyş derejesini goramak;
- maddy üpjünçiligi pes bolan maşgalalara kömek bermegi üpjün etmek;
- işsizlik ýagdaýynda kömek bermek;

– ilaty durmuş taýdan goramak syýasatyny üpjün etmek, iň pes zähmet hakyny bellemek;
– döwletiň hasabyna bilimi, saglygy goraýşy, daşky gurşawy goramagy ösdürmek;
– işleýänleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagy üpjün etmek.

Durmuş taýdan düzgünleşdirmekde esasy orun döwlete degişlidir, ol durmuş syýasatynyň umumy konsepsiýasyny we esasy ugurlaryny emele getirýär, onuň kanunçylyk we hukuk binýadyny döredýär. Durmuş meselelerini çözmäge döwletden başga-da, aýry-aýry kärhanalar, guramalar, jemgyýetçilik, syýasy we kärdeşler arkalaşygy birleşikleri, şeýle hem haýyr-sahabat we meýletin başlangyçlara esaslanýan guramalar, şahsy adamlar gatnaşýarlar.

Makroderejede durnukly durmuş we ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryna şular degişli edilip bilner:

- iň pes oňňut möçberi babatynda zähmet hakynyň we pensiýalaryň möçberlerini artdyrmagyň, köpçülikleýin isleg bildirilýän sarp ediş harytlarynyň bahalaryny peseltmegiň, mätäç adamlara salgylaýyn kömek bermek, garyplygy azaltmak üçin býujetiň, telekeçileriň serişdelerini jemlemegiň, gurply ýaşaýyş derejesine kem-kemden çykmak üçin şertleri döretmegiň hasabyna ilatyň esasy böleginiň hakyky girdejileriniň artmagyny üpjün etmek;
- bar bolan iş orunlaryny saklap galmak we ykdysadyýeti gurluş taýdan üýtgedip guramagyň, telekeçiligi (aýratyn hem kiçi we orta telekeçiligi) ösdürmegiň, tölege ukyply islegden peýdalanýan bäsleşige ukyply önümleri çykarýan önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmagyň hasabyna, gerekli kärleri hem hünärleri bolan işgärleri öz wagtynda taýýarlamagyň, adam maýasyna goýulýan maýa goýumlary köpeltmegiň hasabyna ilaty iş bilen netijeli üpjün etmek üçin täze iş ýerlerini döretmek;
- ykdysadyýetiň pudaklarynda işleýän adamlaryň zähmete ukyplylygyny we saglygyny goramak, daşky gurşawy gorap saklamak, iş orunlarynyň talabalaýyk bolmagy, düzgün-nyzamy we zähmetiň howpsuzlygyny höweslendirmek üçin zäh-

met şertlerini gowulandyrmak, onuň howpsuzlygyny üpjün etmek;

- pensiýa ýaşyna ýetilende, zähmete ukypsyzlyk ýüze çykanda, ekleýjisini ýitirende, çaga doglanda hem-de beýleki durmuş ýagdaýlarynda hünär we durmuş töwekgelçiliklerinden durmuş taýdan goramak, ol ätiýaçlandyryş ulgamlaryny giňden ösdürmegiň esasynda pul görnüşinde-de, raýatlaryň goraglylygynyň durmuş kepillendirmeleri, durmuş howpsuzlygyny üpjün etmek hökmünde durmuş taýdan hyzmat etmek görnüşinde hem amala aşyrylýar[1].

Soňky ýyllarda jemgyýetde ýurduň ykdysadyýetini durmuşa gönükdirmekde döwletiň ornunyň güýçlenmegi bilen bagly oňyn özgermeler bolup geçýär. Hormatly Prezidentimiziň saglygy goraýyş, bilim, sport we bedenterbiýe, medeniýet, ilaty ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek, ilatyň girdejilerini yzygiderli ýokarlandyrmak babatynda alyp barýan netijeli durmuş syýasatynyň esasynda ýurdumyzyň ilatynyň durmuş hal-ýagdaýy yzygiderlilik bilen ýokarlanýar.

## 7.2. Ilatyň girdejilerini emele getirmekde we zähmet bazarynda döwletiň syýasaty

Senagat taýdan ösen ýurtlaryň durmuş-ykdysady syýasaty ykdysadyýetiň ösmegi diňe onuň (ykdysadyýetiň) önümçilik pudaklaryny ösdürmegiň esasynda, girdejileriň paýlanyşyndaky deňsizligi peseltmäge we jemgyýetde ýokary durmuş jebisligini gazanmaga ýardam edýän «salgyt salmak – durmuş ýeňillikleri» ulgamyny peýdalanmak arkaly adam faktoryna ep-esli döwlet maýasyny goýmagyň netijesinde üpjün etmegiň mümkindigini görkezýär.

Daşary ýurtlaryň tejribesine laýyklykda, ilatyň girdejileriniň differensirlenmegi (tapawutlylygy) düzgünleşdirilende, şu aşakdaky ýörelgeler peýdalanylýar:

1) differensirlenen (tapawutly) salgyt salmak ýoly bilen ilatyň baý we örän baý toparlarynyň girdejileriniň köpelmegini çäklendirmek;

---

[1] Seret: *Слезингер Г.Э.* Социальная экономика. Учебник. – М.: «Дело и сервис», 2001.

2) ilatyň oňňut möçberiniň çäklerinde girdeji alýan bellibir toparlaryny salgytlardan boşatmak;

3) salgylaýyn kömek bermek we dürli durmuş ýeňilliklerini bermek ýoly bilen ilatyň girdejisi pes toparlaryny maliýe we durmuş taýdan goldamak;

4) ýokarda görkezilen ýörelgeleriň utgaşdyrylmagyny göz öňünde tutýan we «salgyt salmak – durmuş ýeňillikleri» ulgamyny rejeli peýdalanmaga gönükdirilen ýoly has gowy bolup durýar. Soňky görnüşlerinden peýdalanmagyň ileri tutulmalydygyny girdejiler boýunça belli hünärmenler bolan W. Žerebin we Romaşewskaýa, A. N. Romanow hem ykrar edýärler. Hususan-da, W.M. Žerebin bilen A. N. Romanow «Ösen ýurtlarda garyplygy ýeňip geçmegiň has möhüm we ählumumy serişdesi, girdejileri gaýtadan paýlamak mehanizmleri we öňi bilen bolsa, «salgyt salmak – durmuş ýeňillikleri» ulgamynyň hereket etmegi bolup galýar» diýip adalatly hasap edýärler. «Salgyt salmak – durmuş ýeňillikleri» arabaglanyşygyny öwrenmegiň esasynda salgyt salmak ulgamynyň amatly ýagdaýa getirilmegi hümmetsizlenmegiň ýaramaz netijelerini aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär. Salgyt möçberleriniň peseldilmegi, bir tarapdan, ykdysadyýetiň janlanmagyna, ilatyň girdejileriniň köpelmegine, beýleki tarapdan, eger gysga döwür barada aýtmaly bolsa, durmuş maksatnamalarynyň serişdeler bilen üpjünçiliginiň peselmegine alyp barýar. Tersine, salgytlaryň artdyrylmagynda ykdysady ösüşiň gowşamagy, girdejileriň azalmagy ýaly netijeler ýüze çykýar, ýöne şol bir wagtyň özünde durmuş maksatnamalaryny giňeltmek üçin goşmaça serişdeleri bölüp bermäge we hümmetsizlenmegiň derejesini peseltmäge mümkinçilik berýär»[1].

Ilatyň jemi girdejileri, olaryň derejesi, gurluşy, almagyň usullary we biri-birinden tapawudy jemgyýetiň ykdysady we durmuş taýdan abadançylygynyň görkezijileri bolup durýar. Olaryň paýlanylyşynyň aýdyň görünýän durmuş-ykdysady öwüşgini bolup, bu ýagdaý emläk we durmuş taýdan jemgyýetiň biri-birinden tapawutlanmagyny öňünden kesgitleýär.

---

[1] *Жеребин В.М., Романов А.Н.* Уровень жизни населения. – М.: Юнити-Дана, 2002.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň ugry hökmünde girdejiler syýasaty – täze döredilen gymmatyň umumy möçberine we paýlanyşyna merkezleşdirilen görnüşde täsir etmek serişdeleriniň biridir. Zähmetiň bahasy, peýdanyň kadasy, zähmet çekmek islegi we teklibi, bäsdeşlik – bularyň ählisi zähmet bazarynyň öz-özüni düzgünleşdiriş faktorlary bolmak bilen, ilatyň girdejilerini emele getirýärler, jemgyýetçilik baýlygyny paýlaýarlar.

Günbataryň tanymal ykdysatçylary girdejileriň we baýlygyň paýlanyşyndaky deňsizligi ykrar edýärler. Şeýle-de olar baýlyk diýip, bar bolan gozgalýan we gozgalmaýan emläge, pula, gymmatly kagyzlara, maddy däl gymmatlyklara düşünýärler.

Dürli ýurtlaryň statistikasy dünýäniň ilatynyň köp böleginiň az mukdarda, az böleginiň bolsa örän ýokary girdeji alýandyklaryny görkezýär. Döwlet çykdajylary döwlet zerurlyklary üçin harytlary, hyzmatlary, işleri satyn almak boýunça çykdajylardan we transfert çykdajylaryndan ybarat bolup durýar. Döwlet satyn almalary, düzgün bolşy ýaly, jemgyýetçilik harytlaryny satyn almakdan ybarat bolýar (goranmak, howpsuzlyk, bilim, awtomobil ýollaryny, ylmy merkezleri we ş.m. gurmak we saklamak üçin harajatlar). Transfert çykdajylary bu salgyt töleýjileriň ählisinden alnan salgyt girdejilerini gaýtadan paýlaýan, ýagny ilatyň bellibir gatlaklaryna döwlet kömek pullaryny bermek bilen bagly tölegler we ş.m. görnüşindäki töleglerdir.

Girdejiler syýasatynyň aýry-aýry düzgünleriniň beýan edilişi dürli ýurtlarda dürli hili bolýar. Bu syýasatyň aýratynlygy her bir anyk döwletde şular bilen kesgitlenýär:

- ol ýa-da beýleki ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy taýdan ösüşi bilen;
- döwletiň zähmet hakyny düzgünleşdirmek meselelerine goşulyşmagynyň derejesi we häsiýeti bilen;
- köpçülikleýin şertnamalary baglaşmak däpleri bilen;
- jemgyýetdäki durmuş dartgynlylyk bilen.

Girdejiler syýasatynyň ähli görnüşleriniň esasy obýekti, umuman alanyňda, işgäriň zähmet haky, şol sanda zähmet hakynyň möçberi, iş wagtyndan daşary işlenendigi üçin tölenýän hak, durmuş tölegleri we ş.m. bolup durýar. Girdejiler syýasaty iş ýüzünde, köplenç halatda, zähmet hakynyň hereketine täsir edýär.

Ilatyň girdejileri diýip, bellibir wagt aralygynda öý hojalyklary tarapyndan alynýan pul serişdeleriniň we maddy nygmatlaryň ýa-da olar tarapyndan öndürilýän maddy nygmatlaryň jemine düşünilýär. Ilatyň sarp ediş derejesi girdejileriň derejesine göni baglydyr.

*Ilatyň pul girdejileri* işleýän adamlaryň zähmetine tölenýän hak, telekeçilik işinden alynýan girdejiler, pensiýalar, talyp haklary, dürli kömek pullary, göterimler, diwidentler, renta görnüşinde emläkden alynýan girdejiler, gymmatly kagyzlary we gozgalmaýan emlägi satmakdan alnan pul möçberleri görnüşinde gelip gowuşýan ähli pullary öz içine alýar.

*Nominal girdejiler* salgyt salynmagyna we bahalara garamazdan, pul girdejileriň derejesini häsiýetlendirýär.

*Ygtyýaryndaky girdejiler* – bu salgytlar we beýleki hökmany tölegler aýrylan nominal girdejilerdir. Ygtyýaryndaky girdejileriň depginini ölçemek üçin hakyky paýlanýan girdejiler görkezijisi ulanylýar. Ol bahalaryň indeksini hasaba almak bilen hasaplanyp çykarylýar.

Girdejileri paýlamagyň iki jähti bardyr: wezipeleýin we şahsy.

*Girdejileriň wezipeleýin paýlanylyşy* jemgyýetiň pul girdejileriniň *zähmet hakyna,* renta, göterime we peýda bölünýändigi bilen baglydyr. Jemi girdejiler girdeji alýan tarapyň *ýerine ýetirilýän wezipesine* laýyklykda paýlanýar. Wezipeleýin paýlamak ilatyň ilkinji girdejilerini emele getirýär. Garyşyk ykdysadyýetde, ösen ýurtlaryň tejribesiniň görkezişi ýaly, umumy girdejiniň esasy bölegi zähmet hakynyň paýyna düşýär. Ownuk hususyýetçileriň girdejisi, şol sanda lukmanlaryň, aklawjylaryň, auditorlaryň, daýhanlaryň, kiçi kärhanalaryň özbaşdak işinden alynýan girdejisiniň *düýp manysy zähmet hakynyň, peýdanyň, rentanyň we göterimiň* ählisiniň utgaşmasynyň bolup geçýänligindedir.

Girdejileriň şahsy paýlanylmagy jemgyýetiň jemi girdejisini aýry-aýry öý hojalyklarynyň arasynda paýlamakda ulanylýan usul bilen baglydyr. Şahsy paýlamak sarp edýän topar hökmünde öý hojalyklary bilen baglydyr. Ilatyň girdejileriniň bir bölegi aýratyn salgytlar hökmünde döwlete gelip gowuşýar, galan bölegi bolsa şahsy sarp etme we süýşürintgiler diýlip bölünýär. Girdejileri almak paýlamakdaky deňsizlik bilen bilelikde bolup geçýär. Girdejileri paýlamakdaky deňsizligiň sebäplerine seredeliň.

12. Sargyt № 1335

*obýektiw sebäpler:* işleriň umumy peýdalylygyny, zähmete hak tölemegiň çäkleri, pudaklar boýunça we kärleriň arasyndaky differensirlenişini, bilim derejesini, emläge eýeçilik etmekdäki deňsizligi görkezýär;

*subýektiw sebäpler:* şahsyýetiň häsiýeti, gatnaşyklar, töwekgelçilik etmek islegi we ş.m. bilen baglydyr.

Zähmetkeşleriň girdejileri ýokarda sanalyp geçilen çeşmeler bilen çäklenmeýär. Bazar ykdysadyýetinde öwezini doluş tölegler ulgamy bolup, ol girdejileriň möhüm bölegini emele getirýär. Şunuň ýaly ulgam islendik ýurtda hümmetsizlenmegiň ilatyň pul girdejilerine ýaramaz täsir edýänligi bilen baglydyr.

Hakykatyň hatyrasyna hümmetsizlenmegiň käbir oňyn taraplarynyň bardygyny hem belläp geçmek gerek. Ol önümçilik, söwda ulgamynyň kärhanalaryna, täjirçilik gurluşlaryna haýsydyr bir sepgitde saklanmaga we onuň bilen kanagatlanmaga mümkinçilik bermeýär. Olar harytlary we hyzmatlary barha köp mukdarda öndürmäge, olaryň hilini kämilleşdirmäge mejbur bolýarlar.

Emma ilatyň, düzgün bolşy ýaly, zähmet çekmek bilen özüni üpjün etmek we şeýlelikde, öz maddy ýagdaýyny öz zähmetiniň hasabyna ýokarlandyrmak ýa-da iň bolmanda bellibir derejede saklamak mümkinçiliginden mahrum bolan, üpjünçiligi pes toparlary üçin gorag mehanizmlerini girizmek arkaly, hümmetsizlenmegiň esasy güýjüni gowşatmak zerurdyr.

Hümmetsizlenmeden goranmagyň belli usuly girdejileri indeksirlemek bolup durýar. Ýöne indeksirleme bilen hümmetsizlenmegiň arasynda göni deňölçegli baglanyşyk bolmaly däldir, başgaça aýdylanda, hümmetsizlenmegiň öwezini doly derejede dolmak maksady goýulmaly däldir. Bellibir ýol bermeler bilen bazaryň deňeçerligi bahalaryň ýokarlanmagy bilen girdejileri indeksirlemegiň arasynda emele gelýän «boşlugyň» hasabyna gazanylar diýip tassyklap bolar.

Girdejileri indeksirlemek döwlet hem-de kärhanalar tarapyndan hem amala aşyrylyp bilner, kärhanalar munuň üçin peýdanyň bir bölegini gönükdirýärler.

Indeksasiýa tertibinde tölegleriň paýyna zähmetkeşleriň umumy girdejileriniň ujypsyz bölegi düşýär. Tersine bolan ýagdaýynda, zähmete we döredilen gymmata görä, hak tölemegiň höweslendiriji ornu-

nyň pese gaçmagy üçin şertler döredilýär. Girdejileri indeksirlemek bolsa, özüniň esasy wezipesiniň durmuş taýdan goramak çäresiniň oýlanyşykly çäklerinden gelip çykýar. Dünýä tejribesinde indeksasiýa bellibir wagt geçenden soň, ýagny bir çärýek ýa-da ýarym ýyl ýaly bellibir wagt aralygyndan soň amala aşyrylýar. Käbir ulgamlarda zähmet hakyna goşmaça hak üýtgeýän şkala boýunça geçirilýär: bahalaryň indeksiniň öňünden bellenen nokatlaryň ýa-da göterimleriň sanyna laýyk ýokarlanan halatynda zähmet haky hem kesgitlenen, öňünden şertleşilen ululygyň möçberinde ýokarlanýar.

Indeksirleme mehanizmi birnäçe on ýyllyklaryň dowamynda ABŞ-da, Ýaponiýada, Kanadada we ondan gowrak Günbatar Ýewropa ýurtlarynda, soňky wagtlarda bolsa Gündogar Ýewropanyň ozalky sosialistik ýurtlarynda peýdalanylýar, ilatyň köp bölegi babatynda gorag wezipesini ýerine ýetirýär.

*Döwletiň zähmet bazaryndaky syýasaty.*

XXI asyrda zähmet bazaryny öz erkine goýbermekligiň ýalňyşdygyny häzirki döwrüň tejribesi tassyklady. Döwletiň iş bilen üpjünçilik ulgamyndaky alyp barýan işini ösdürmegiň we işjeňleşdirmegiň iň möhüm sebäpleri indikiler boldy:

1) ylmy-tehniki öwrülişigiň bolmagy we jemgyýetçilik önümçiliginde adamyň rolunyň ýokarlanmagy;

2) üznüksiz önümçilik, şol sanda işçi güýjüniň üznüksiz önümçiligi üçin umumy şertleriniň döredilmegi;

3) telekeçilik işiniň hünärli işgärler bilen üpjün edilmegi;

4) durmuş dartgynlylyklaryny gowşatmagyň we eglişige gelmegiň zerurlygy;

5) jemgyýetiň intellektual potensialynyň ösmegine we kämilleşdirilmegine ýardam berilmegi;

6) kapitalizmiň garaýyşlarynyň we anyk sosial üstünlikleriniň täsiri (birinji nobatda açyk işsizligiň bolmazlygy).

Zähmet bazaryny ösdürmegiň iki ýoly bardyr. Birinji ýol, hemmelere deň derejede az hak tölemekden ybaratdyr. Ikinji ýol, zähmet hakynyň derejesini önümçilige hakyky goşandyna baglylykda tölemek bolup durýar. Şunda zähmeti tygşytlaýan tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmak, artyk işgärleri kemeltmek, mugtuna başga hünäri öwrenmek mümkinçiligini bermek, işe ýerleşmäge kömek

etmek zerurdyr. Ikinji ýol ösen ýurtlaryň ählisinde ulanylýar. Gürrüň işçi güýjüň konsepsiýasyny üýtgetmek barada, ýagny doly iş bilen üpjünçilik konsepsiýasyndan ýüz öwürmek we iş bilen netijeli üpjünçilik konsepsiýasyny kabul etmek barada gidýär.

*Iş bilen netijeli üpjünçilik* – bu hünärli, ýokary hak tölenýän, ykjam işçi güýjüni ösdürmek we peýdalanmak modelidir. Iş bilen netijeli üpjünçilik konsepsiýasyny durmuşa geçirmekde işe ýerleşdirmek baradaky döwlet gullugyna uly orun degişli bolmalydyr. Zähmete bolan isleg teklip ulgamynda bolup geçýän ýagdaýlary çaklaýyş gullugyny guramak, işçileri okatmagyň we öwretmegiň, taýýarlamagyň, gaýtadan taýýarlamagyň derejeleriniň ähli görnüşlerini özgertmek maksatnamalaryny işläp taýýarlamak zerurdyr. Iş bilen netijeli üpjünçilik syýasaty has-da durmuşa gönükdirilen bolup durýar we işçi güýji bazarynyň talaplaryna laýyk gelýär.

Özleri öz içinde goşmaça iş orunlaryny döredýän we işden çykarylýan işgärleri işe ýerleşdirýän, olary gaýtadan okadýan kärhanalara ykdysady taýdan ýeňillikleri bermek ulgamy, şeýle hem geljegi netijeli ulgam bolup biler. Şular ýaly kärhanalar «sylag» hökmünde salgytlaryň bir böleginden boşadylyp, iş ýerleriniň artdyrylmagy üçin ýeňillikli maýa goýumlary we beýleki ýeňillikleri alyp bilerler.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, kärhana ýatyrylanda, iş beriji – şahsy adam tarapyndan iş bes edilende, kärhananyň işgärleriniň sanyny ýa-da wezipe sanyny gysgaltmak bilen zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) işden boşadylýan işgärlere ortaça aýlyk zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puly berýär[1].

Iň pes zähmet haky işçi güýjüniň üznüksiz önümçiliginiň we ony höweslendirmegiň möhüm gurallarynyň biridir. Mundan başga-da, iň pes zähmet hakynyň esasynda döwlet kömek pullary, pensiýalar we ş.m. bellenilýär. Zähmet hakynyň iň pes derejesi bellenen mahalynda işçileriň we olaryň maşgalalarynyň zerurlyklaryny, ýaşaýyş jaýynyň gymmatyny, durmuş tölеglerini, hümmetsizlenme derejesini, şeýle hem iş bilen üpjünçiligiň derejesine täsir edýän görkezijileri nazara almak maslahat berilýär. Zähmet hakynyň iň pes derejesiniň esasy hökmünde

[1] Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. 54-nji madda 4-nji bölek, (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009-njy ý., № 2, 30-njy madda).

aýratyn adamyň ýa-da mysaly maşgalalaryň (bir çagaly, iki çagaly we ş.m.) esasy fiziologik we durmuş hajatlaryny kanagatlandyrýan esasy harytlaryň, hyzmatlaryň toplumy kabul edilýär.

Oňňut möçberiniň absolýut derejesini kesgitlemek üçin sarp ediş torbasy usuly has takyk usul bolup durýar.

Zähmet bazarynda köpçülikleýin we tarif ylalaşyklarynyň uly ähmiýeti bardyr. Hakyna tutulýan işgärler üçin zähmet haky tarif ylalaşyklarynyň kömegi bilen düzgünleşdirilýär. Meseleleriň has giň topary köpçülikleýin ylalaşyklar arkaly düzgünleşdirilýär. Olarda işçi güýjüne hak tölemekden başga-da, iş gününiň, zähmet rugsatlarynyň dowamlylygy, zähmet şertleri babatynda anyk kepillendirmeler, iş wagtyndan daşary işlenendigi üçin goşmaça haklar, goşmaça iýmit bermek we ş.m. ýazylyp bellenilýär. Tarif ylalaşygynda ol ýa-da beýleki pudaklarda zähmet hakynyň iň pes derejesi we dürli hünär derejesi bolan işgärler üçin zähmet hakynyň derejesiniň iň pes kepillendirmeleri bellenilýär. Tarif ylalaşygy kärhananyň we işgärleriň wekilleriniň gatnaşmagynda döwletiň araçyllyk etmeginde baglaşylýar. Döwlet ylalaşygyň ýerine ýetirilmeginiň kepili bolup çykyş edýär.

## 7.3. Döwletiň durmuş kepillendirmeleri we ätiýaçlandyryş

Döwlet ilatyň goraglylygyny üpjün etmek üçin öňi bilen, kanunçylyk tertibinde esasy durmuş kepillendirmelerini, olary durmuşa geçirmegiň mehanizmlerini we durmuş taýdan goldaw bermek wezipelerini kesgitlemelidir.

*Ilaty durmuş taýdan goramak* – islendik döwletiň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar, bu wezipe döwletiň öz raýatlaryny durmuş taýdan goramak üçin hakyky mümkinçilikleri jemgyýetçilik-syýasy gurluşynyň häsiýetine, ýurtdaky durmuş-ykdysady ýagdaýa baglylykda tapawutlanýan hem bolsa, hemişe we islendik ýagdaýda amala aşyrylýar.

Garyp ýurtlara garanyňda milli baýlygynyň ýokary möçberi bolan senagat taýdan ösen ýurtlaryň şu maksatlar üçin uly mümkinçilikleriniň bardygyna şübhe bolup bilmez.

Bütewi ulgam hökmünde jemgyýetiň ösüşi diňe ykdysady ösüş bilen çäklenip bilmez. Dünýä tejribesi geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň sosial netijelerine kembaha garamaklygyň iru-giç jemgyýetçilik-ykdysady ösüşi gazanmak ýolunda päsgelçilige öwrülýändigini görkezýär.

*Durmuş taýdan goramak ulgamy* bu islendik ýurduň ilatynyň möhüm durmuş bähbitleriniň ulgamydyr. Onuň mukdar we hil häsiýetnamalary jemgyýetçilik-syýasy gurluşyň netijeliligine, döwletiň, jemgyýetiň durmuş-ykdysady, hukuk we medeni taýdan ösüşiniň derejesine baha bermegiň baş ölçegi bolup durýar. Durmuş taýdan goralmaga bolan hukuk bu her bir adamyň özüniň dürli görnüşdäki zerurlyklaryny mynasyp ýaşaýşy üpjün etmek üçin zerur bolan möçberde kanagatlandyrmaga bolan hukugydyr, bu halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen hem-de döwlet tarapyndan kanunçylyk arkaly kepillendirilen hukukdyr. Ýurtdaky tertip, jemgyýetdäki durmuş parahatçylygy, durmuş-ykdysady ösüşiň durnuklylygy we depgini köp babatda ilaty durmuş taýdan goramagyň döwlet tarapyndan saýlanyp alnan modeline baglydyr.

Konstitusion, zähmet we durmuş hukugy ilaty durmuş taýdan goramagyň kanunçylykda berkidilen görnüşlerini, derejesini görkezýär, başgaça aýdylanda, durmuş taýdan goramagyň milli konsepsiýasyny kesgitleýär.

Durmuş taýdan goramak ulgamy garyplygy ýeňip geçmek we ilatyň ýaşaýşynyň hilini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly örän möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär. Olara jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady, durmuş-reabilitasion, öňüni alyş-duýduryş wezipeleri degişli edilip bilner.

*Jemgyýetçilik-syýasy wezipesi* ýurtda durmuş durnuklylygyny goramagyň, üpjün etmegiň Konstitusiýada we kanunçylykda kepillendirilen durmuş-hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, ilaty durmuş taýdan goramagyň degerli institutlaryny we mehanizmlerini döretmegi göz öňünde tutýar.

*Ykdysady wezipe* zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýa-da hemişelik ýitirilen halatynda (näsaglyk, betbagtçylykly ýagdaý, gartaşan ýaşa ýetendigi sebäpli), ýa-da ekleýjiniň ýitirilen ýagdaýynda (işgäriň maşgala agzalary üçin) ýitirilen zähmet hakynyň, ýa-da girdejiniň öwez

tölegini, şeýle hem bejergi almak we maýyplyk bilen baglanyşykly goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmagy göz öňünde tutýar.

*Durmuş-reabilitasion wezipe* ýitirilen saglygy we zähmete ukyplylygy dikeltmek maksady bilen, işgärleri saglygy goraýyş, hünär, durmuş taýdan dikeltmek boýunça çäreler toplumynyň geçirilmegini üpjün etmäge niýetlenendir.

Öňüni alyş-duýduryş wezipesi işgärleriň saglygy goramagy we zähmete ukyplylygyny saklamagy üpjün edýän guramaçylyk-tehniki, saglygy goraýyş çäreleriniň toplumyny amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Häzirki wagtda ýurtda ilaty durmuş taýdan goramak ulgamyny maliýeleşdirmek döwlet býujetiniň döwletiň býujetden daşary gaznalarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Durmuş kepillendirmeleri we iň pes durmuş ülňüleri ilaty durmuş taýdan goramak ulgamynyň wajyp bölekleriniň hataryna degişli bolup, ol şulary öz içine alýar: oňňut möçberi, iň pes sarp ediş býujeti (oňa iň pes durmuş ölçeginiň beýleki hasaplamak üçin esasy, ugur alyş elementi hökmünde seredilýär), zähmet hakynyň iň pes möçberi, pensiýalaryň, kömek pullarynyň, talyp haklarynyň iň pes möçberi. Döwlet tarapyndan dürli görnüşdäki birwagtlaýyn durmuş tölegleri, dotasiýalar we ýeňillikler, bilim, saglygy goraýyş, ulaglar, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy babatda, durmuş ulgamynyň beýleki pudaklarynda mugt ýa-da ýeňillikli hyzmatlar hem kepillendirilýär.

Ýurtda raýatlara durmuş kepillendirmeleri Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda üpjün edilýär. Husus-da, Esasy Kanunymyzyň 5-nji maddasynda «Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir» diýlip bellenip geçilýär[1].

Döwletiň iň pes durmuş ülňüleri (standartlary) diýlip, ýurduň kanunlarynda wagtyň bellibir döwri üçin bellenen, ilatyň dürli durmuş-demografik toparlarynyň ýaşaýyş nygmatlaryna we hyzmatlaryna bolan iň möhüm zerurlyklaryny görkezýän, ylmy taýdan esaslandyrylan iň pes durmuş ölçeglerine, kadalaryna düşünmek kabul edilendir.

Döwlet derejesindäki durmuş ülňüleri birinjiden, döwletiň ilatyň esasy maddy nygmatlara we durmuş hyzmatlaryna bolan iň möhüm

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen durmuş syýasatyny durmuşa geçirmek, ikinjiden, ýurtda ýeke-täk durmuş giňişligini, ýurduň çäklerinde ýaşaýyş derejesini deňleşdirmek maksady bilen belleňýär.

Häzirki wagtda dürli derejeleriň býujetleri emele getirilende, görkezijileriň giň topary boýunça durmuş kadalary we ölçegleri peýdalanylýar. Olaryň ep-esli bölegi zähmet ulgamynda iň pes döwlet kepillendirmelerini, zähmete hak tölemegi, iş bilen üpjünçiligi we durmuş üpjünçiligini kesgitleýär. Şol bir wagtda bu kadalara we ölçeglere hümmetsizlenmegiň depginlerine, bar bolan maliýe serişdelerine baglylykda gaýtadan seredilýän halatlary seýrek bolmaýar, bu bolsa olara maslahat beriji häsiýeti berýär, sebäbi olar, hakykatdan hem, gündelik durmuş çykdajylarynyň, ilaty durmuş taýdan goramak maksatlary üçin bölünip berilýän pul serişdeleriniň möçberi bilen baglydyr.

Döwlet derejesindäki durmuş standartlary ulgamy emele getirilende, esasy ýörelge durmuş kadalarynyň we ölçegleriniň durmuş ulgamyny maliýeleşdirmegiň, ilatyň üpjünçiligi pes toparlaryna maliýe taýdan goldawy üpjün etmegiň häzirki kynçylykly derejelerinden ugur alyp kesgitlenmegine ýol berilmeýändigi hakynda usulyýet düzgüni bolup durýar.

Döwletiň durmuş kepillendirmeleriniň, hususan-da, zähmete ukyply işgärler babatyndaky kepillendirmeleriň maksady olary iş we zähmet haky bilen üpjün etmek, şol sanda hakyna tutulýan işgäriň, telekeçiniň hem-de özüni özi iş bilen üpjün edýänleriň hukuklaryny goramak bolup durýar. Bu zähmete hak tölemegiň sagatlaýyn we aýlyk möçberlerini we zähmet şertleriniň iň pes standartlaryny bellemegi we berjaý etmegi göz öňünde tutýar.

Zähmete ukypsyz ilat üçin döwletiň iň pes durmuş kepillendirmeleri ýurduň bütin çäginde sarp edişiň iň pes standartlaryny saklamagy üpjün edýän bir bütewi syýasatyň alnyp barylmagyny aňladýar. Şunuň ýaly syýasaty durmuşa geçirmek esasy üç görnüşi peýdalanmak arkaly amala aşyrylýar:

1) pul tölegleri: pensiýalar, kömek pullary, talyp haklary we ş.m.;
2) salgytlar tölenende ýeňillikler;
3) mugt ýa-da ýeňillikli durmuş hyzmatlary.

Dünýä tejribesine geçirilen seljerme ilaty durmuş taýdan goramagyň dört institusional görnüşlerini bölüp görkezmäge mümkinçilik berýär.

- Zähmete ukypsyzdygy, işiň, girdeji çeşmeleriniň ýokdugy sebäpli, özüniň ýaşaýşyny maddy taýdan özbaşdak üpjün etmäge ýagdaýy bolmadyk adamlara berilýän *döwletiň durmuş kömegi*. Şu ýagdaýda maliýeleşdiriş çeşmeleri umumy salgyt ulgamynyň hasabyna emele getirilýän döwlet býujeti, ýerli býujetler bolup durýar. Durmuş taýdan goramak institutynyň kesgitleýji häsiýetnamasy – döwletiň ilatyň ynjyk toparlary (maýyplar, hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýalary we kömek pullaryny almak üçin zerur bolan ätiýaçlandyryş stažy bolmadyk raýatlar) bilen şertnamalaýyn däl gatnaşyklaryna girişilmeginde ýüze çykýar. Şu ulgamyň çäklerinde tölegler mätäçlik çekýändigi barlanandan soň amala aşyrylýar we iň pes girdejini üpjün etmäge niýetlenendir, onuň möçberi garyplyk çägini kesgitleýän derejä deňeçerdir.
- *Zähmet çekmäge ukyplylygyň* (näsaglyk, betbagtçylykly ýagdaý, garrylyk) *ýa-da iş ornunyň ýitirilmegi sebäpli girdejiniň* (zähmet hakynyň) *ýitirilendigi üçin hökmany (kanun boýunça) durmuş ätiýaçlandyrmasy.* Maliýe çeşmeleri – iş berijileriň, işgärleriň, kähalatda döwletiň ätiýaçlandyryş gatançlary, olar hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy ýörelgeleriniň esasynda we şolaryň kömegi bilen guralýar. Kesgitleýji häsiýetnamalar: ýitirilen zähmet hakynyň ýerini dolmak (bu kömek pullarynyň ozalky zähmet haklary, gatançlar bilen baglydygyny aňladýar, ýagny ätiýaçlandyryş stažynyň bolmagyny göz öňünde tutýar), raýdaşlyk, ätiýaçlandyryjylaryň, ätiýaçlandyrylanlaryň özleriniň jogapkärçiligi.
- *Işgärleri meýletin şahsy (köpçülikleýin) ätiýaçlandyrmak* (betbagtçylykly ýagdaýlardan ätiýaçlandyrmak, saglygy goraýyş we pensiýa üpjünçiligi). Maliýe çeşmeleri – işgärleriň özleriniň ätiýaçlandyryş gatançlary (kähalatda iş berijileriň olaryň peýdasyna geçirýän gatançlary), olar şahsy ätiýaçlandyryş ýörelgeleriniň esasynda we şolaryň kömegi bilen guralýar. Kesgitleýji häsiýetnamalar – ätiýaçlandyryş şertnamasynyň bolmagy, raýatlaryň özleriniň jogapkärçiligi.

- *Işgärleri durmuş taýdan goramagyň iş berijiler tarapyndan guralýan korporatiw ulgamlary* (saglygy goraýyş we sagaldyş kömegi, ýaşaýyş jaý, ulag, okuw we medeni hyzmatlaryň tölegini tölemek, firmadan pensiýa tölegleri). Maliýe çeşmeleri – kärhanalaryň serişdeleri.

Durmuş goragynyň agzalyp geçilen institutlarynyň arasynda binýatlyk institut (maliýe serişdeleriniň möçberi, gurşap alyş geriminiň giňligi, hyzmatlaryň köp görnüşliligi we hili boýunça) hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy (pensiýa we saglygy goraýyş, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we işsizlik bilen bagly ätiýaçlandyryş) bolup durýar. Günbatar döwletlerinde durmuş ätiýaçlandyrmasynyň şu görnüşleri, düzgün bolşy ýaly, durmuş taýdan goramak maksatlary üçin ähli harajatlaryň 60–70%-ini tutýar we bu JIÖ-niň, takmynan, 15–25%-ine deň bolýar.

Dünýä tejribesi durmuş ätiýaçlandyryş ulgamynyň bazar ykdysadyýeti şertlerinde garrylykda, näsag bolan ýagdaýynda, zähmete ukyplylyk doly ýa-da bölekleýin ýitirilende (ýa-da doga zähmete ukypsyz bolanda), ekleýjisini ýitirende, işsizlik mahalynda raýatlaryň maddy üpjünçilige bolan konstitusion hukugynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge niýetlenen esasy durmuş taýdan goramak institutlarynyň biridigini tassyklaýar. Alynýan serişdeleriň möçberleri kanunlar bilen düzgünleşdirilýär we ätiýaçlandyryş (zähmet) döwrüniň dowamlylygyna, zähmet hakynyň möçberine (ol ätiýaçlandyryş gatançlaryny hasaplap ýazmak üçin binýat bolup hyzmat edýär), zähmete ukyplylygyň ýitirilen derejesine bagly bolýar.

Maliýeleşdiriş çeşmelerinden ugur almak bilen, durmuş üpjünçiligini *durmuş ätiýaçlandyrmasyna* we *durmuş kömegine* bölüp bolar. Ätiýaçlandyryş, kömek we hossarlyk her bir aýratyn ýagdaýda durmuş hyzmatlarynyň we pul transfertleriniň bellibir utgaşmasyndan ybarat bolýar.

*Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň* häsiýetli aýratynlygy – berilýän kömegiň gatançlaryň hasabyna maliýeleşdirilýändigi we gatançlar bilen durmuş hyzmatlarynyň möçberleriniň arasynda ýakyn özara baglylygyň bolmagy bolup durýar. Şu ýagdaýda tölegleriň möçberi aýratyn gatançlaryň möçberinden, ýagny ätiýaçlandyrylanyň deslapky gatanjyndan ugur alýar.

Pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň esasy iki görnüşi bardyr:

– meýletin işgäriň öz serişdeleriniň hasabyna;

– hökmany iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna geçirilýär.

Ösen ýurtlar üçin hökmany ätiýaçlandyryş umumy kabul edilen ýagdaý bolup durýar. Ýöne bu ugurlarda hem döwlet ähli zady däl-de, diňe hususy ätiýaçlandyrmagyň hereket etmeýän ugurlaryny öz üstüne alýar. Ýöne ätiýaçlandyryş durmuş betbagtçylyklarynyň ähli görnüşlerini ýapyp bilmez.

Ätiýaçlandyryşyň üsti *durmuş kömegi* bilen ýetirilmelidir, ol býujetden maliýeleşdirmegi göz öňünde tutýar. Tölegleriň möçberleri kesgitlenende, dört alternatiw çemeleşme bolup biler:

- kömek alýanlaryň ählisine deň möçberde tölenýär;
- kömek aýratyn üpjünçilige gönükdirilendir;
- kömegiň möçberi ozalky zähmet hakynyň möçberinden ýa-da bolmasa alýanyň ätiýaçlandyryş gatançlarynyň möçberinden ugur alyp biler;
- kömegiň möçberi alýanyň zerurlyklaryna baglydyr.

*Kömegi alýanlaryň ählisi üçin deň möçberde bolmagy* guramaçylyk taýdan iň ýönekeý görnüşdir. Emma ol gürrüň ýitirilen zähmet hakynyň öwezini dolmak barada gidýän mahalynda ýaramly däldir, sebäbi girdejiniň ýitirilen möçberi dürli kömek alýanlaryň köpüsinde üýtgäp durýar. Mundan başga-da, gyradeň möçberdäki kömek zähmet çekmäge bolan höwesi gaçyryp biler.

Durmuş kömeginiň *aýratyn üpjünçiligi* mahalynda durmuş üpjünçiliginiň serişdeleri netijeli bolýar we esassyz artyk tölegleriň bolmagy aradan aýrylýar. Býujetden maliýeleşdirilýändigi sebäpli, durmuş üpjünçiligiň esasynda şu ýörelge ýatýan ähli ulgamlary köp derejede döwletiň maliýe ýagdaýyna bagly bolýar.

Ýitirilen girdejiniň we durmuş kömeginiň möçberi baradaky meseläniň düýpli ähmiýeti bardyr. Bu ýerde iki esasy ölçeg bolýar:

- durmuş kepillendirmeleri iň pes ýeterlik ýaşaýyş derejesini üpjün etmelidir;
- durmuş kömek pullary adamlaryň ünsüni zähmetden sowmaly we olarda eklençde bolmak meýillerini oýarmaly däldir.

Birinji ölçeg, durmuş kömek pullarynyň iň pes çägini, ikinjisi bolsa, aňrybaş çägini kesgitleýär.

Eger iň pes kömek puly ýeterlik derejede ýokary bolsa, onda ol aýry-aýry adamlaryň garyplyk meselesini çözüp biler. Ýöne bu maşgalanyň garyplygy meselesiniň çözülýändigini aňlatmaýar. Şonuň üçin hem durmuş kömeginde *maşgala kömek pullaryny, az üpjünçilik boýunça kömek pullaryny we durmuş hyzmatyny* bölüp görkezmek zerurdyr.

## 7.4. Durmuş üpjünçiligi we durmuş adalatlylygy

Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertlerde ilaty nyrhlaryň ýokarlanmagyndan (hümmetsizlenmeden) we işsizlikden goramak meselesi has ýiti ýüze çykýar. Harytlaryň hem hyzmatlaryň nyrhlaryň sarp edişiň we ýaşaýyş derejesiniň heläkçilige alyp barýan derejede peselmegine getirmezligi üçin, girdejileri indeksirlemek usuly ulanylýar. Bu zähmet hakynyň, pensiýalaryň, talyp haklarynyň, girdejileriň beýleki görnüşleriniň bölek satuw bahalarynyň ýokarlanyşyna görä köpeldilýändigini aňladýar.

Önümçiligiň pese gaçýan mahalynda hökümetde-de, kärhanada-da girdejileri, zähmet hakyny bahalar näçe esse ýokarlanan bolsa, şol derejede köpeltmäge mümkinçilik bolmaýar. Harytlaryň mukdarynyň azalýandygy sebäpli, puluň örän köp möçberde tölenmegi bazaryň pul toplumyndan dolmagyna we şonuň netijesi hökmünde, bahalaryň täzeden ýokarlanmagyna getirer, bu bolsa girdejileriň artdyrylmagyny talap eder. Ýokary derejede (giper) hümmetsizlenme ýüze çykar. Şonuň üçin hem girdejileri bahalaryň ýokarlanyşyna garanyňda biraz pes derejede köpeltmek oýlanyşykly bolar. Bazar ykdysadyýetinde zähmet hakynyň döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirilmegi peselýär. Durmuş üpjünçiligi döwlet-paýlaýyş ýörelgesi boýunça däl-de, ätiýaçlandyryş boýunça amala aşyrylyp başlanýar.

Ykdysady özgertmeler ýyllary içinde zähmet hakyny düzgünleşdirmäge, iň pes zähmet hakyny dolandyrmaga, hümmetsizlenme şertlerinde ony indeksirlemäge gönükdirilen kadalaşdyryjy namalar, düzgünnamalar, buýruklar kabul edilýär.

Bazar ykdysadyýetinde zähmet çekilýän ugurlaryň çylşyrymlylygyna, şertlerine, ähmiýetliligine baglylykda möçberlerdäki we aýlyk zähmet haklaryndaky gatnaşyklar ulgamy tutuşlygyna zähmete hak tölemegi guramak ulgamynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Möçber-

leriň aýlyk zähmet haklarynyň merkezleşdirilen tertipde ylalaşylan, tassyklanan, zähmetiň ol ýa-da beýleki görnüşiniň şolardan pes möçberlerde tölenip bilinmejek derejeleri umumydöwlet, pudaklaýyn we çäk derejelerde ylalaşylýar, tassyklanylýar. Ugur alyş görkezijileri hökmünde pudaklar boýunça tarif möçberleriniň we aýlyk zähmet haklarynyň derejelerindäki gatnaşyklar, özgertmelerden öňki döwürde hereket eden tarif ulgamlary peýdalanylýar, çünki olar pudaklar boýunça zähmete hak tölemekdäki ýeterlik derejede amatly gatnaşyklary görkezýärler.

Ilatyň bellibir gatlaklaryna we toparlaryna döwlet, hökümet, jemgyýet tarapyndan durnukly durmuş kömegini bermegiň adatdan daşary ýagdaýlar bilen gönüden-göni bagly bolmadyk görnüşleri hem bardyr. Gürrüň uzak wagtlap ýa-da hemişelik ýagdaýda döwletiň we jemgyýetiň eklenjinde bolýan, esasan, döwlet üpjünçiliginiň hasabyna ýaşaýan adamlar barada gidýär. Bu adamlara kömek bermek, olara zerur bolan serişdeleri kepillendirmek üçin ykdysadyýetiň durmuş pudagy hereket edýär, ol *durmuş üpjünçiligi* diýlip atlandyrylýar.

Durmuş üpjünçiligi guramalary ilatyň kanunçylykda bellenen tertipde, ýaşy, maýyplygy, zähmete ukyplylygynyň çäklidigi, beýleki ýaşaýyş çeşmeleriniň ýokdugy bilen baglanyşykly uzak wagtlap ýa-da hemişelik kömek almaga hukugy bolan toparlary barada alada etmegi öz üstlerine alýarlar.

Durmuş üpjünçiliginiň has wajyp görnüşleriniň biri pensiýa üpjünçiligidir. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine laýyklykda pensiýalaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

1) ýaşy boýunça pensiýa;
2) gulluk ýyllary boýunça pensiýa;
3) hünär pensiýasy;
4) maýyplyk boýunça pensiýa;
5) ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa;
6) toplaýyş pensiýasy[1].

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda *ýaşy boýunça pensiýalar* şu aşakdaky adamlar toparyna tölenilýär:

---

[1] Türkmenistanyň «Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda» kodeksi. 21-nji madda, 1-nji bölek (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012-nji ý., № 3-4, 91-nji madda).

– hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bäş ýyldan az bolmadyk, 62 ýaşy dolan erkek adamlaryň, 57 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

– üç çaga dogran we olary sekiz ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy 20 ýyldan az bolmadyk, 56 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

– dört çaga dogran we olary sekiz ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy 18 ýyldan az bolmadyk, 55 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

– bäş we ondan köp çagany ýa-da çagalygyndan maýyp çagany dogran we sekiz ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy 15 ýyldan az bolmadyk, 54 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

– radiasiýa heläkçiliginiň we betbagtçylygynyň netijesinde ejir çeken (aýrybaşgalanan zolakdaky iş döwrüniň dowamlylygyna garamazdan):

a) hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy 25 ýyldan az bolmadyk 52 ýaşy dolan erkek adamlaryň;

b) hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy 20 ýyldan az bolmadyk 48 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

6) gipofizar nanizmi (boý ösmezlik (liliput)) keseli bilen kesellän ýa-da göýdük (karlik) bolan hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bäş ýyldan az bolmadyk 45 ýaşy dolan erkek adamlaryň, 40 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň.

*Gulluk ýyllary üçin* pensiýa şu aşakdakylaryň hukugy bardyr:

1) harby gullukçy, içeri işler edaralarynyň hatarçy, seržant we ofiserler düzüminden bolan:

a) gulluk döwri 25 ýyldan az bolmadyk we şol döwürde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan, 52 ýaşy dolan erkek adamlaryň;

b) gulluk döwri 20 ýyldan az bolmadyk we şol döwürde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan, 48 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

2) harby gullukçy, içeri işler edaralarynyň orta, uly we ýokary serkerdeler düzüminden bolan, näsaglygy, wezipe birliginiň kemeldilmegi ýa-da saglygynyň çäkli ýagdaýy boýunça gullukdan boşadylan:

a) iş döwri 25 ýyl we onuň azyndan 20 ýyly gulluk döwri bolan, şol döwürlerde, degişlilikde, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan şertde, 50 ýaşy dolan erkek adamlaryň;

b) iş döwri 20 ýyl we onuň azyndan 15 ýyly gulluk döwri bolan, şol döwürlerde, degişlilikde, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan, 45 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

3) döwlet we raýat awiasiýasynyň uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgäri, paraşýutçysy bolan:

a) gulluk döwri 25 ýyldan az bolmadyk we şol döwürde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan 50 ýaşy dolan erkek adamlaryň;

b) gulluk döwri 20 ýyldan az bolmadyk we şol döwürde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan, 48 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň;

4) döwlet we raýat awiasiýasynyň uçarbeledi, uçar operatory bolan:

a) gulluk döwri 25 ýyldan az bolmadyk we şol döwürde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan, 55 ýaşy dolan erkek adamlaryň;

b) gulluk döwri 20 ýyldan az bolmadyk we şol döwürde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan, 50 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň.

*Hünär pensiýasyna* şu aşakdaky adamlaryň hukugy bardyr:

1) zähmet şertleriniň zyýanlylygynyň we (ýa-da) agyrlygynyň derejesine baglylykda ýaşy boýunça pensiýa üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen pensiýa çykmaly ýaşynyň 6-dan 10 ýyla çenli kemeldilmegi bilen, doly iş gününiň dowamynda zähmetiň aýratyn şertlerinde işlän adamlaryň, şol sanda:

a) iş döwri 25 ýyldan az bolmadyk, şol sanda görkezilen işlerde azyndan 10 ýyl işlän we şol döwürlerde, degişlilikde, hökmany

pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan erkek adamlaryň;

b) iş döwri 20 ýyldan az bolmadyk, şol sanda görkezilen işlerde azyndan 7 ýyl 6 aý işlän we şol döwürlerde, degişlilikde, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna hem-de hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bolan aýal maşgalalaryň.

Bellenilen tertipde maýyp diýlip ykrar edilen, hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşygy bäş ýyldan az bolmadyk raýatlaryň *maýyplyk boýunça pensiýa* almaga hukuklary bolýar.

Ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa, ekleýjiniň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň hökmany görnüşleri boýunça ätiýaçlandyrylandygyna ýa-da ätiýaçlandyrylmandygyna garamazdan, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksinde görkezilen adamlaryň hukugy bardyr[1].

*Toplaýyş pensiýasyna*, pensiýa ýaşyna ýeten we toplaýyş pensiýa maýasy bolan adamlaryň hukugy bardyr.

Ýaşy, gulluk ýyllary, hünär, maýyplyk hem-de ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýalar Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy, hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlaryň hasabyna döredilen we beýleki çeşmelerden gelen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär. Şol bir wagtyň özünde toplaýyş pensiýasy toplaýyş pensiýa maýasynyň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Döwletiň kömek pullary hem döwletiň durmuş syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri hökmünde seredilýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda döwlet kömek pullarynyň şu aşakdaky görnüşleri hereket edýär:

1) wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly;
2) göwrelilik we çaga dogurmak boýunça döwlet kömek puly;
3) çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly;
4) çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly;
5) maýyplyk boýunça döwlet kömek puly;

---

[1] Türkmenistanyň «Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda» kodeksi. 27-nji madda, 3-nji bölek (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012-nji ý., № 3-4, 91-nji madda).

6) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän döwlet kömek puly;

7) döwlet durmuş kömek puly[1].

Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak babatyndaky hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, *wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça* döwlet kömek puluna, işleýän döwründe umumy kesellemäniň, zähmet şikesiniň, hünär keseli bilen näsaglamagyň netijesinde zähmete ukyplylygyny wagtlaýyn ýitiren we saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berlen zähmete ukypsyzlyk hatyny getiren adamlaryň hukugy bolýar. Şonda, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri Türkmenistanyň saglygy goraýyş edaralary tarapyndan bellenilýär we zähmete ukypsyzlyk haty bilen tassyklanylýar.

*Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça* döwlet kömek puluna aýal maşgalalaryň hukugy bardyr. Döwlet kömek pulunyň bu görnüşli rugsady aşakdaky aýal maşgalalara göwreliliginiň 32 hepdesinden başlap berilýär:

1) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işleýän;

2) harby gullugy, içeri işler edaralarynda gullugy geçýän;

3) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly işden çykarylan pursadyndan üç aýyň dowamynda.

Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsat 112 senenama gününden az bolmadyk dowamlylykda berilýär we her biri 56 senenama güni bolan, çaga dogulmazyndan öňki we doglanyndan soňky rugsatlardan ybarat.

Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluna doglan çaganyň enesiniň (atasynyň) ýa-da hossarynyň hukugy bolýar.

Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, şu aşakdakylaryň hukugy bolýar:

1) çaga üç ýaşyny doldurýança oňa hakykatdan seretmegi amala aşyrýan enesiniň, atasynyň ýa-da hossarynyň;

2) çaga üç ýaşyny doldurýança oňa hakykatdan seretmegi amala aşyrýan beýleki garyndaşlarynyň, eger enesi we (ýa-da) atasy aradan

---

[1] Türkmenistanyň «Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda» kodeksi. 55-nji madda, 1-nji bölek (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012-nji ý., № 3-4, 91-nji madda).

çykan, ölen diýlip yglan edilen, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen, ata-enelik hukuklary çäklendirilen, nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen, kämillik ukyby ýok (çäklendirilen) diýlip ykrar edilen bolsa, saglyk ýagdaýy boýunça hut özleriniň çagany terbiýelemäge we ekläp saklamaga mümkinçilikleri bolmasa, azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany ýerine ýetirýän edarada jezasyny çekýän bolsa, çagany terbiýelemekden ýa-da onuň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan boýun gaçyrýan, ýa-da öz çagasyny terbiýe berilýän, bejergi alynýan we beýleki şonuň ýaly edaralardan almakdan ýüz dönderen halatlarynda[1].

*Döwlet durmuş kömek puluna* pensiýa hukugy bolmadyk, 62 ýaşy dolan erkek adamlaryň we 57 ýaşy dolan aýal maşgalalaryň hukugy bardyr.

*Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluna* şu aşakdaky adamlaryň hukugy bardyr:

1) 16 ýaşa çenli maýyp çagalaryň;

2) hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşyk döwri bäş ýyldan az bolan çagalykdan maýyplaryň;

3) hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşyk döwri bäş ýyldan az bolan maýyplaryň.

*Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän döwlet kömek puluna*, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp, uruşda wepat bolanlaryň ýa-da nam-nyşansyz gidenleriň, uruşdan gaýdyp gelip soň aradan çykanlaryň ýanýoldaşlarynyň hukugy bardyr.

Türkmenistanda döwlet kömek pullarynyň görnüşlerine baglylykda olaryň maliýeleşdiriş çeşmeleri hem dürli-dürlüdir. Hususan-da:

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly:

1) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda – olaryň hususy serişdeleriniň hasabyna;

2) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalarda we edaralarda – Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan bellenilen

---

[1] Türkmenistanyň «Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda» kodeksi. 63-nji madda, 1-nji bölek (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 3-4, 91-nji madda).

tertipde Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça döwlet kömek puly:

1) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda – olaryň hususy serişdeleriniň hasabyna;

2) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalarda we edaralarda – zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Çaga doglanda berilýän, çaga seretmek boýunça, maýyplyk boýunça, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň ýanýoldaşyna bellenilýän, şeýle hem döwlet durmuş kömek puly Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Döwlet kömek puluny alýanlara 62 ýaşynyň dolmagy bilen baglanyşykly birwagtlaýyn pul sylagyny, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, beýleki birwagtlaýyn pul sylaglaryny tölemegiň çeşmesi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär.

## 7.5. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagy durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň esasy hökmünde

Durmuşdaky ýagdaýlaryň örän köp dürlüdigine garamazdan, adamlaryň ýaşaýyş şertleri barada umumy düşünjäni göz öňüne getirip bolar. Ýaşaýşyň hili onuň alamatlarynyň tutuş toplumyny gurşap alýar, olary häsiýetlendirýär, onuň hemme taraplaryna degişli bolýar, adamlaryň özlerine berlen maddy we ruhy nygmatlardan kanagatlanýandyklaryny, üpjünçiligi, durmuş şertleriniň oňaýlylygyny, amatlylygyny, olaryň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýändigini, ýaşaýşyň ýeňildigini, dowamlylygyny görkezýär. Bu umumy düşünje bolup, ol, adatça, ýokary, orta, kanagatlanarly, pes, kanagatlanarsyz ýaly sözler bilen aňladylýar.

Ýaşaýyş derejesiniň görkezijilerini bir adam ýa-da maşgala babatynda ulananyňda ilatyň pul girdejileri oňa degişlidir. Adatça, aýlyk girdeji ölçenilýär, ol her bir adam tarapyndan nygmatlaryň iň

pes zerur toplumyndan, «sarp ediş torbasy» diýlip atlandyrylýan ölçegden ugur alnyp hasaplanan oňňut möçberinden ýokary bolmalydyr. Oňňut möçberi bahalara düýpli bagly bolýar, şonuň üçin hem hümmetsizlenme şertlerinde ol üznüksiz üýtgeýär. Dünýä tejribesinde sarp edişi iň pes ýaşaýyş ölçeginde göz öňünde tutulandakydan pes bolan adamlar barada olar garyplyk çäginden pes ýaşaýarlar diýilýär.

Pul girdejileri bilen bir hatarda ýaşaýşyň derejesine jemgyýetçilik sarp ediş gaznalary täsir edýärler, olara döwlet tarapyndan ilata mugt berilýän nygmatlar we hyzmatlar degişlidir. Merkezleşdirilen ykdysadyýetli ýurtlarda saglygy goraýyş, bilim, bölekleýin görnüşde medeniýet, bedenterbiýe, bellibir derejede ilatyň aýry-aýry toparlary, kategoriýalary üçin iýmit we dynç alyş (mysal üçin, mekdeplerde mugt ertirlik nahar, zyýanly işlerde mugt süýt bermek) döwletiňki bolup biler. Bazar ykdysadyýetli ýurtlarda hem jemgyýetçilik sarp ediş gaznalary bardyr, ýöne, köplenç ýagdaýda, nygmatlar we hyzmatlar tölegli ýa-da sarp edijileriň pes girdejileri bolan aýry-aýry toparlary üçin kem-käsleýin tölegli bolup durýar.

Ilatyň goragy gowşak bolan gatlaklaryna döwlet tarapyndan durmuş goldawyny bermek (salgylaýyn kömek) durmuş syýasatynyň möhüm wezipesi bolup durýar. Bu wezipe ilatyň işjeň (işleýän) böleginiň girdejileri bilen zähmete ukypsyz raýatlaryň girdejileriniň arasyndaky amatly gatnaşyklary salgytlar we durmuş transfertler mehanizminiň üstünden saklamagy göz öňünde tutýar.

Ol ýa-da beýleki ýurtda ykdysady ýagdaý näderejede agyr bolsa, şol ýerde ilaty durmuş taýdan goramak baradaky çagyryşlar şonça-da güýçli eşidilýär. Bu goragyň bolmagyny tutanýerlilik bilen haýyş edýärler, ony hökümetden talap edýärler. Şular ýaly şertlerde ýagdaýyň çylşyrymlylygy eger ýurtda ykdysadyýet pese gaçýan, önümçilik peselýän, döredilýän milli önüm azalýan bolsa, onda hökümetiň ilaty durmuş taýdan goramak üçin goşmaça serişdeleri bölüp bermek mümkinçiliginiň örän çäkliligidir. Döwlet býujetiniň üstüne düşýän ýük ýokarlanýar, hökümet salgytlary artdyrmaga mejbur bolýar, şunuň bilen baglylykda işleýänleriň girdejileri peselýär. Bu bolsa täze durmuş dartgynlylygyny döredýär. Mesele diňe ykdysadyýet ýokary galyp başlanda we adamlara zerur bolan iň pes möçberdäki nygmatlary öndürip ugranda çözülip bilner. Ýöne ykdysady pese gaçyşlyk

şertlerinde ýaşaýyş derejesiniň pese gaçmagyndan ilaty durmuş taýdan «uçdantutma» goramagyň mümkin däldigine düşünmek gerek. Ilatyň kömege aýratyn mätäçlik çekýän aýry-aýry gatlaklaryny, toparlaryny durmuş taýdan goldamak barada gürrüň edilse dogry, esasly bolar. Bu ilatyň durmuş babatda ynjyk, girdejileri oňňut möçberinden pes bolan gatlaklarydyr.

Maddy hal-ýagdaýyň deň bolmazlygy meselesi şu meseläniň döredýän durmuş dartgynlylygy ýaly örän gadymy meseledir.

Bu meseläniň iki tarapy bardyr: girdejileriň we baýlygyň deňsizligi.

Adamlar öz eýeçiligindäki önümçilik faktorlaryny (öz zähmetini, maýasyny, ýerini) adamlara gerek bolan nygmatlary öndürmek üçin firmalara peýdalanmaga bermegiň netijesinde girdeji alýarlar ýa-da bu serişdeleri öz firmalaryny döretmek üçin goýum hökmünde goýýarlar. Girdejileri emele getirmegiň şu mehanizminiň özünde ilkibaşda, olaryň deň bolmazlyk mümkinçiligi goýlandyr. Girdejileriň deňsizligini emele getirýän sebäpler şulardan ybaratdyr:

• adamlara degişli bolan önümçilik faktorlarynyň gymmatynyň birmeňzeş däldigi;

• önümçilik faktorlaryny peýdalanmakda üstünligiň birmeňzeş däldigi;

• adamlara degişli bolan önümçilik faktorlarynyň möçberiniň birmeňzeş däldigi.

Öz girdejilerini peýdalanmak bilen, adamlar olaryň bir bölegini önümçilik faktorlarynyň goşmaça möçberini edinmek üçin harçlap bilerler. Mysal üçin, maşgala diňe bir zähmet haky görnüşinde däl, eýsem, göterim görnüşinde-de girdeji almak üçin özleriniň gazançlarynyň bir bölegini bankda goýup biler. Maşgalanyň baýlygy şu görnüşde emele getirilýär.

Girdejileriň we baýlygyň deňsizligi ägirt uly möçberlere ýetip, ýurtda syýasy we ykdysady durnuksyzlygy emele getirip biler. Şonuň üçin hem iş ýüzünde dünýäniň ösen ýurtlarynyň ählisi şunuň ýaly deňsizligi azaltmak üçin çäreleri yzygiderli amala aşyrýarlar. Ýöne şunuň ýaly çäreleri işläp taýýarlamak diňe girdejileriň we baýlygyň differensirleniş derejesini, şeýle hem döwlet syýasatynyň kömegi bi-

len oňa täsir etmegiň netijelerini takyk ölçemek başardan mahalynda mümkindir.

Örän baý raýatlardan alnan girdejileriň bir bölegini durmuş kömegi maksatnamalarynyň üstünden ilatyň iň garyp toparlaryna bermek ykdysady deňsizligi peseltmegiň usuly bolup hyzmat edip biler.

Özgertmeler we ykdysady çökgünlik garyplyk meselesini ýitileşdirýär.

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň ählisi üpjünçiligi pes raýatlara durmuş goldawyny bermek ulgamyny kämilleşdirmegi dowam edýärler. Olar ykdysadyýetiň esaslarynyň binýadyny gowşatmazlyk, ýagny adamlaryň işlemek höwesini gaçyrmazlyk üçin, bu goldawyň geçmeli däl çägini tapmaga synanyşýarlar, sebäbi diňe zähmet çekmek bilen özüň we öz ýakynlaryň mynasyp hem arkaýyn ýaşamagyny üpjün edip bolar.

Garyplygyň derejesini peseltmegiň iň gowy we has netijeli usullary harytlaryň, hyzmatlaryň teklip edilişini artdyrmak, ilatyň garyp gatlaklarynyň arasynda bilimiň hilini ýokarlandyrmak bolup durýar. Harytlaryň we hyzmatlaryň elýeterliliginiň ýokarlanmagy garyplaryň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär, ilatyň beýleki gatlaklarynyň ýaşaýyş derejesine ýaramaz täsir etmeýär. Bilim almak garyplaryň öňünde pul gazanmak we garyplykdan çykmak üçin goşmaça mümkinçilikleri açýar. Çünki garyplygyň sebäpleriniň biri hem ýokary hak tölenýän iş ornuny eýelemek üçin zerur bolan hünär derejesiniň ýokdugy bolup durýar.

Käbir ýurtlarda garyp maşgalalary goldamaga gönükdirilen durmuş maksatnamalarynyň gerimi çäkli bolup durýar. Bu aglaba ýagdaýda aýratyn pes girdejileri bolan maşgalalaryň peýdasyna geçirilýän köp bolmadyk durmuş tölegleridir. Şu topara durmuş pensiýalary diýlip atlandyrylýan, mysal üçin, çagalykdan maýyplara tölenýän pensiýalar hem girýär.

Döwlet ykdysady deňsizligiň çendenaşa güýçlenmeginiň öňüni almalydyr we iň garyp raýatlara kömek bermek boýunça durmuş maksatnamalaryny alyp barmalydyr.

Durmuş syýasaty babatynda esasy çäreler. Uzakmöhletli geljek üçin durmuş-ykdysady syýasatynyň baş maksady ilatyň ýaşaýyş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, durmuş deňsizligini peseltmek,

ýurduň medeni gymmatlyklaryny saklamak we artdyrmak bolup durýar.

*Şunuň bilen baglylykda, durmuş syýasaty babatynda gürrüňsiz ileri tutulýan ugur adamyň ösüşine maýa goýmak bolup durýar. Şonuň üçin hem döwlet çykdajylarynyň beýleki ugurlarynyň köpüsi bilen deňeşdirilende býujetiň ähli derejelerinden şu maksatlar üçin goýberilýän serişdeleri öňegidişlikli artdyrmak göz öňünde tutulýar.*

Türkmenistanda uzakmöhletlere gönükdirilen durmuş syýasatynyň esasy maksatlary «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda» öz beýanyny tapýar. Hususan-da, 2030-njy ýyla çenli döwürde durmuş özgertmeleriniň baş maksady ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirýän we üpjün edýän ykdysady ulgamy döretmekden ybaratdyr.

Halkyň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek we saklamak babatynda şu wezipeleri ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar:

- ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynda iş orunlaryny döretmek ýoly bilen, ilatyň doly iş üpjünçiligini gazanmak;
- içerki bazarlarda harytlara, hyzmatlara bolan islegi yzygiderli artdyrmak, nyrhlary amatly derejelerde durnukly saklamak maksady bilen, ilatyň pul girdejilerini, zähmet haklaryny tapgyrlaýyn we yzygiderli ýokarlandyrmak;
- ilatyň dürli gatlaklarynyň girdejileriniň aratapawudynyň aşa uly bolmazlygyna gönükdirilen döwlet kadalaşdyryş syýasatyny alyp barmak;
- ýurduň ähli zähmete ukyply raýatlarynyň ukyplaryny, mümkinçiliklerini deň bazar şertlerinde we sagdyn bäsleşik esasynda ulanmaga, degişli möçberlerde girdejileri gazanmaga mümkinçilik döredýän syýasaty alyp barmak;
- hususy telekeçilik işewürligini alyp barmaga döwlet tarapyndan ählitaraplaýyn goldaw bermekligi dowam etdirmek;
- «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň, etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasy» boýunça döredilen we oba

ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ösdürmegi dowam etdirmek;
- pensiýa üpjünçiligini dünýä derejelerinde guramak, döwlet kömek pullarynyň we ýeňillikler ulgamynyň ilatyň zähmete ukypsyz bölegi üçin salgylaýyn häsiýetde bolmagyny gazanmak, durmuş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, görnüşlerini artdyrmak;
- işgärleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmagy, akyl zähmetiniň giň gerimlerde ulanylmagyny gazanmak üçin dürli maddy we ruhy höweslendirmeleri ulanmak.

Bulardan başga-da, milletiň ruhy-ahlak we aň-düşünje taýdan kämilleşmegini saglygy goraýşy, bilimi, ylmy, medeniýeti, sporty, syýahatçylygy ösdürmegi dowam etdirmek boýunça «Döwlet adam üçindir!» diýen taglymatdan gelip çykýan strategiki maksadyň çäklerinde şu ugurda işleri alyp barmak dowam etdiriler:
- saglygy goraýyş ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek, bu ugurda öňdebaryjy halkara standartlaryny girizmegi tutuş ýurt boýunça amala aşyrmak, milletiň saglyk taýdan goraglylygyny berk berjaý etmek;
- sagdyn durmuş ýörelgelerini ýurduň ähli künjeklerinde ornaşdyrmak, bedenterbiýäni we sporty düýpli ösdürmek;
- milli innowasion ulgamlary döretmäge, ykdysadyýetde durnukly tehnologik ösüşi üpjün etmäge ukyply ylmyň we biliminiň ösen derejelerini gazanmak, «adam kapitalynyň» ösüşine uly möçberli serişdeleri gönükdirmek;
- bilim ulgamynyň ähli derejelerinde zehinli çagalary okatmak boýunça maksatnamalary kämilleşdirmek, olaryň ukyplaryny milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynda peýdalanmak babatynda kämil okuw şertlerini döretmek, dünýä tejribesiniň bilim ulgamynda gazananlaryny özünde jemleýän serişdeleri ulanmak;
- hünärmenleri taýýarlamaklygy, gaýtadan taýýarlamaklygy we zähmet bilen üpjün etmekligi halkara standartlarynyň derejesinde amala aşyrmak;
- türkmen halkynyň medeni gymmatlyklaryny gorap saklamak, milletiň ruhy ösüşini has-da ýokarlandyrmak, türkmen

halkynyň medeniýetini we sungatyny dünýä meşhurlygynyň derejelerinde saklamak.

Goýlan maksatlara diňe ykdysadyýeti düýpli döwrebaplaşdyrmagyň netijesinde ýetip bolar, ol dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinden durnukly öňe gidýän ykdysady ösüşi üpjün etmäge we ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak üçin binýat döretmäge mümkinçilik berer.

Ykdysady syýasat ýurtda amatly telekeçilik, maýa goýum ýagdaýyny döretmäge, öňünden belli we ösüşi höweslendirýän makroykdysady syýasaty alyp barmaga gönükdirilendir. Esasy tagallalar bäsleşigiň deň şertlerini üpjün etmekde, eýeçilik hukuklaryny goramakda, telekeçilik we maýa goýum işi üçin dolandyryş päsgelçiliklerini aýyrmakda, kärhanalaryň, guramalaryň maliýe taýdan aýdyňlygyny ýokarlandyrmakda jemlener. Ykdysady syýasatyň esasy ugry tygşytlanan serişdeleri maýa goýumlara öwürmek wezipesini netijeli ýerine ýetirýän maliýe amatlyklaryny döretmek bolup durýar. Salgyt we gümrük özgertmeleri salgyt ýüküni ýeňletmegiň, deňeçerlemegiň, salgyt ulgamyny ýönekeýleşdirmegiň, gümrük paçlaryny peseltmegiň, mümkin boldugyça bir ölçege getirmegiň, salgyt we gümrük dolandyryşyny pugtalandyrmagyň hasabyna salgytlaryň höweslendiriji we fiskal ornunyň arasynda netijeli gatnaşygyny tapmaga gönükdiriler.

Maliýe durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, döwletiň borçnamalaryny onuň serişdelerine laýyk getirmäge, býujet ulgamynyň hereket edişiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga, dürli häkimiýet derejeleriniň arasynda býujet ygtyýarlyklaryny we jogapkärçiligi takyk çäklendirmäge esaslanýan yzygiderli maliýe syýasaty amala aşyrylmalydyr.

Döwletiň gurluş syýasaty ýurduň ykdysadyýetiniň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ylmy-tehniki, intellektual potensialy işjeňleşdirmäge we üznüksiz önümçiligine gönükdirilendir. Döwlet öz ugruny netijesiz işleýän kärhanalara goldaw bermekden amatlyklary ösdürmäge, işçi güýjüniň ykjamlygyny üpjün etmäge, ýokary tehnologik we ylmy köp talap edýän önümçiliklere goldaw bermäge tarap üýtgedýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak üçin indiki wezipeleri amala aşyrmak zerurdyr:

– işgärleriň zähmet hakyny we öý hojalyklarynyň gaýry zähmet girdejilerini ýokarlandyrmagyň üsti bilen ilatyň pul girdejileriniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyny üpjün etmek, zähmet hakynyň ösüşini zähmet öndürijiliginiň ösüş depgini bilen jebis arabaglanyşykda alyp barmak;
– ilatyň zähmete isleg bildirýän böleginiň doly iş üpjünçiligini gazanmak we olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak;
– geljekde hem ilatyň durmuş taýdan döwlet goldawyna mätäç gatlagyny iň ýokary derejede we netijeli goldamak;
– saglygy goraýşyň, bilimiň hyzmatlarynyň ilat üçin elýeterli we ýokary hilli bolmagyny gazanmak;
– ilaty ýokary amatlygy bolan ýaşaýyş jaýlary we jemagat hyzmatlary bilen üpjün etmek;
– Türkmenistanyň medeni we taryhy mirasyny gorap saklamak we ösdürmek;
– ýurduň ähli künjeklerinde bedenterbiýäni we sporty iň ýokary derejelere götermek, sagdyn durmuş we ýaşaýyş üçin ähli zerur şertleri döretmek;
– daşky gurşawy goramak işini iň möhüm döwlet wezipesi hökmünde kämilleşdirip alyp barmak.

## 7-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Döwletiň durmuş syýasatynyň düýp mazmuny nämeden ybarat?
2. Durmuş ulgamy diýmek näme?
3. Döwletiň durmuş syýasatyny amala aşyrmagyň esasy ýörelgeleri haýsylardan ybarat?
4. Makroderejede durnukly durmuş we ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlary haýsylardan ybarat?
5. Ilatyň girdejilerini emele getirmekde we zähmet bazarynda döwlet syýasatynyň mazmuny nähili beýan edilýar?
6. Ilatyň girdejileriniň tapawutlylygy düzgünleşdirilende nahili ýörelgeler peýdalanylýar?
7. Girdejiler syýasatynyň mazmuny nähili beýan edilýär?

8. Ilatyň pul girdejileri diýmek näme?
9. Ygtyýaryndaky girdejiler diýmek näme?
10. Nominal girdejiler diýmek näme?
11. Döwletiň zähmet bazaryndaky syýasaty haýsylardan ybarat?
12. Döwletiň durmuş kepillendirmeleriniň esasy görnüşleri nähili beýan edilýär?
13. Ilaty durmuş taýdan goramak diýmek näme?
14. Durmuş taýdan goramak ulgamynyň esasy wezipeleri haýsylardan ybarat?
15. Durmuş üpjünçiligi we durmuş adalatlylygy diýmek näme?
16. Türkmenistanda pensiýalaryň görnüşleri haýsylar?
17. Türkmenistanda hereket edýän döwlet kömek pullarynyň görnüşleri haýsylardan ybarat?
18. Pensiýalary we durmuş kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri nähili beýan edilýär.
19. Türkmenistanda halkyň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek we saklamak babatynda göz öňünde tutulýan wezipeleri haýsylardan ybarat?
20. «Döwlet adam üçindir!» diýen taglymatdan gelip çykýan strategik maksadyň çäklerinde Türkmenistanda alnyp barylmagy göz öňünde tutulýan işler haýsylar?

# VIII bap DAŞARY SÖWDA SYÝASATY

## 8.1. Döwletiň daşary söwda syýasatynyň düýp manysy

Halkara söwdasyny ösdürmek döwletleriň we halkara guramalaryň derejesinde ony düzgünleşdirmek boýunça çäreleriň işlenip taýýarlanmagy bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Erkin söwdanyň ähli ýurtlaryň – eksport edýän hem-de import edýän ýurtlaryň ykdysady hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna getirýändigine garamazdan, halkara söwdasy iş ýüzünde döwlet kadalaşdyrylmagy esasynda amala aşyrylýar. Her bir ýurduň daşary söwda syýasaty onuň milli ykdysadyýetiniň, dünýä hojalygynyň ösüşinden ugur alnyp işlenip düzülmelidir we amala aşyrylmalydyr.

*Döwletiň daşary söwda syýasaty* diýip, haýsy hem bolsa bir ýurduň beýleki ýurtlar bilen tölegli esasda harytlaryň eksportyndan we importyndan ybarat bolan söwdasyna düşünilýär. Häzirki zaman toparlanmasyna laýyklykda, köpdürli daşary söwda işi haryt ýöriteleşmesi boýunça taýýar önümleriň, maşynlaryň we enjamlaryň, çig malyň, hyzmatlaryň, tehnologiýalaryň söwdasyna bölünýär.

Daşary söwda syýasatynyň esasy maksatlary şular bolup durýar:

- ýurduň halkara zähmet bölünişigine goşulyşmagynyň usulyny we derejesini, eksportyň we importyň möçberini, daşary söwdanyň gurluşyna laýyklykda üýtgetmek;
- ýurdy zerur bolan serişdeler bilen üpjün etmek;
- eksport we import bahalarynyň gatnaşygyny üýtgetmek;
- beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy üpjün etmek;
- dünýä bazarynda ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny goldamak;
- ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;
- ýurduň söwda we töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmek.

Daşary söwda syýasaty döwletiň içerki ykdysady syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň üçin onuň mazmuny, bir tarapdan, döwletiň geçirýän durmuş-ykdysady syýasatyny, beýleki tarapdan ykdysady ösüşiň wezipelerini aňladýar. Şu ýerden daşary ykdysady syýasatyň aşaky maksatlary gelip çykýar:

– beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy üpjün etmek;

– dünýä bazarynda ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny goldamak;

– ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;

– ýurduň söwda we töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmek.

Daşary söwda syýasatyň işjeňleşdirilmegi hojalyk gatnaşyklarynyň we ylmy-tehniki ösüşiň halkaralaşmagy bilen şertlendirilýär, bu aşakdaky faktorlary hem şertlendirýär:

– dünýä bazarynda bäsleşik göreşiniň ýitileşmegini;

– töleg balanslarynda artýan deňagramsyzlygynyň walýuta hümmetiniň durnuksyzlaşmagyny;

– daşary bergileri (aýratyn hem ösüp barýan ýurtlardaky).

Häzirki zaman daşary söwda syýasaty şu aşakdaky iki sany meýilleriň özara baglanyşygyndan ybaratdyr:

– (liberal syýasat) daşary ykdysady gatnaşyklary peseldýän çäkleri aradan aýyrmaklyga gönükdirilen syýasat;

– (proteksionizm syýasat), ýagny içerki bazary daşary ýurt bäsdeşlerden goramaklyga gönükdirilen syýasat.

Olaryň birinjisi, halkara söwdasyny liberallaşdyrmaga, söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmaga bolan ymtylyşdyr. Liberalizm syýasaty erkin bazar gatnaşyklaryny, ykdysadyýete döwletiň gatyşmazlygyny, erkin bahalaryň üsti bilen bazaryň öz-özüni kadalaşdyrmagyny göz öňünde tutýar, başgaça aýdylanda, erkin söwda syýasatyny alyp barmakdyr. Erkinleşdirmek, daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmäge kynçylyk döredýän päsgelçilikleri azaltmak bilen bagly işlere aýdylýar.

Ikinjisi, proteksionizm syýasatyny, ýagny «keseki» maýanyň we harydyň öz ýurduňa aralaşmasyny çäklendirmek synanyşygyny güýçlendirmekden ybaratdyr, has anyk görnüşinde aýdanymyzda,

proteksionizm, ol içerki bazary daşary ýurtlaryň bäsleşiginden goramaga we köplenç halatlarda, daşarky bazarlary eýelemäge gönükdirilendir. Proteksionizm syýasaty, erkinleşdirmek syýasaty ýaly, sap görnüşde geçirilmeýär. Proteksionizm ol ýa-da beýleki görnüşde hemişe gabat gelýär we ýurduň ykdysady taýdan ösüşine bagly bolýar. Proteksionistik meýilleriň ösüşi proteksionizmiň aşakdaky birnäçe görnüşlerini bölüp görkezmäge mümkinçilik berýär:

- selektiw (seçip alma), bu aýry-aýry ýurtlaryň ýa-da harytlaryň garşysyna gönükdirilýär;
- pudaklaýyn, bu bellibir pudaklary, öňi bilen, oba hojalygyny goraýar;
- toparlaýyn, bu döwletleriň birleşikleri tarapyndan şol birleşige girmeýän ýurtlar babatynda amala aşyrylýar;
- ýaşyryn, bu içerki ykdysady syýasatyň usullary bilen alnyp barylýar.

Proteksionizmiň amatly taraplarynyň peýdasyna şu aşakdaky delilleri getirip bolar:

– önümçiligi höweslendirmek we iş bilen üpjünçiligi ýokarlandyrmak;
– ýaş pudaklary goramak;
– döwlet býujetiniň girdejilerini artdyrmak;
– ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek.

Şeýle hem bolsa proteksionizm döwletara gapma-garşylyklary ýitileşdirýär, eksporty azaldýar we töleg balansyny ýaramazlaşdyrýar. Ahyrky netijede, proteksionizm milli hojalyklaryň dünýä bazaryndaky bäsleşikli göreşine aşa päsgelçiligi getirer. Şonuň üçin proteksionizm bilen liberalizmiň arasyndaky meseläni saýlap almak daşary ykdysady syýasatyň esasy meselesi bolup durýar.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň döwlet kadalaşdyrylyşy çäreleriň giň toplumynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Olaryň sany mydama artýar. Bu ol ýa-da beýleki ýurt bilen halkara ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň, onuň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagyny amatlaşdyrmagyň, dünýä bazaryndaky ýaramaz hadysalaryň (tapgyrlaýyn pese düşüşinden, walýuta hümmetiniň çendenaşa üýtgäp durmagyndan, akýürekli däl bäsleşikden) täsirinden milli ykdysadyýetiň goralmagynyň, dünýä bazarynda milli haryt öndüriji-

leriň ornuny pugtalandyrmaga ýardam bermegiň täze gurallary talap edýändigi bilen düşündirilýär.

Döwlet kadalaşdyrylyşynyň möhüm binýady we daşary ykdysady syýasatyny geçirmegiň möhüm guraly bolup söwda syýasaty çykyş edýär. Döwletiň söwda syýasaty daşary ýurt döwletleri bilen söwda gatnaşyklaryny ösdürmegiň täsir ediş çäreleriniň ulgamydyr (*10-njy surat*). Daşary söwda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin goşmaça serişdeleri almagy üpjün edýär we ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny ösdürmäge ýardam berýär. Harytlaryň eksporty, importy milli girdejiniň we JIÖ-niň ösmegine ýardam berýär. Çykdajylaryň umumy jemini düzýän beýlekiler ýaly olar täsir edijilikli hereket edýärler.

Daşary söwda gatnaşyklary administratiw we ykdysady usullar bilen kadalaşdyrylýar




***10-njy surat***

***Administratiw usullar diýip,*** daşary söwdany düzgünleşdirmegiň tarif däl usulyna aýdylýar. Administratiw usullar hukuk kadalarynyň, kanunlaryň esasynda çäklendiriji, rugsat beriji çäreleri göz öňünde tutýar, oňa söwda gatnaşyklarynyň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşynyň namalary, gümrük kodeksleri, kararlary, düzgünleri we beýlekiler girip biler. Administratiw usullara import we eksport üçin mukdar limitleri, ygtyýarnamalaryň (lisenziýalaryň), haryda ýa-da onuň gabyna bildirilýän ýörite tehniki talaplar degişlidir. Administratiw çäreler peýdalanylýan wagty bazar mehanizmi bozulýar, harytlaryň sanawy kemelýär.

***Ykdysady usullar diýlip,*** ilkinji nobatda, gümrük paçlaryna, dürli salgytlara we ýygymlara düşünilýär. Olar ýurduň içine getirilýän harytlaryň bahasyny ýokarlandyryp, olaryň bäsleşige ukyplylygyny peseldýär.

## 8.2. Daşary söwdany döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usullary

Döwlet proteksionizm syýasatyny alyp barmak bilen, daşary söwda syýasatynyň gurallaryny peýdalanýar, bu gurallaryň saýlanyp alnyşy şol syýasatyň anyk maksatlaryna baglydyr. Daşary söwda syýasatynyň gurallaryna şular degişlidir:

- tarif çäklendirmeleri (gümrük tarifleri, gümrük paçlary, tarif paýlary kwotalary);
- tarif däl çäklendirmeler.

***Daşary söwdany döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň tarif usullary***

Döwletiň daşary söwda syýasatynyň tarif gurallaryndan başga-da, Ikinji jahan urşundan soň tarif däl päsgelçilikler hem ösüşe eýe boldy. 1940-njy ýylyň ahyrynda – 1950-nji ýylyň başynda köp ýurtlar olary uruşdan soňky ykdysadyýeti dikeltmegiň barşynda halkara geleşikler boýunça töleglere berk gözegçiligi saklap galmak maksatlarynda peýdalandylar. Şol döwürde başlanan, tariflere täsir eden halkara söwdany erkinleşdirmek ýagdaýlary tarif däl päsgelçilikleriň köpelmegine getirdi, häzirki wagtda olaryň 50-den gowrak görnüşi bar. Olaryň köpüsiniň importy umumy çäklendirmek maksady bardyr, beýlekileri başga döwletlerden importy höweslendirmek arkaly bellibir ýurtlaryň hukugyny kemsitmäge gönükdirilendir, üçünjileri eksporty çäklendirýär ýa-da oňa subsidiýa berýär.

Tarif däl çäklendirmeler, köplenç, şular babatynda ulanylýar: ulag serişdeleri – tarif däl çäklendirmeleriň 15%-ine golaý, himiýa önümleri – 10%-e golaý, maşynlar we enjamlar – 7%.

Düzgünleşdirmegiň tarif däl çäreleriniň ählisini üç topara bölüp bolar:

- daşary söwda çäreleri;
- dolandyryş (administratiw) resmilikler;
- eksporty ykdysady taýdan höweslendirmek çäreleri.

Milli önümçiligiň bellibir pudaklaryny goramak maksady bilen importy çäklendirmäge gönükdirilen *daşary söwda çäreleri* (ähli çäreleriň 1/2 böleginden gowrak) aşakdakylary öz içine alýar:

a) *ygtyýarlandyrma* (şunda bellibir harytlary getirmek, çykarmak üçin bellenen resminamany almak talap edilýär). Ygtyýarnamalar bir gezeklik (anyk eksport-import geleşigini amala aşyrmak üçin berilýän we ol barada giňişleýin maglumatlary öz içine ygtyýarnamalar) we baş ygtyýarnamalar (birnäçe geleşikleri amala aşyrmak üçin bir ýyl möhlete berilýär, kärhana döwlet sanawyna goşulýar);

b) *paý bermek (kwota)* – bellibir *döwür üçin ýurda getirmäge* (import paýy) ýa-da ýurtdan çykarmaga (eksport paýy) rugsat edilen önümiň möçberini mukdar ýa-da gymmat manysynda çäklendirmek. Düzgün bolşy ýaly, daşary söwdany paýa bölmek ony ygtyýarlandyrmak ýoly bilen amala aşyrylýar, şunda döwlet önümiň çäkli möçberini import ýa-da eksport etmäge rugsat berýär we şol bir wagtda ygtyýarlandyrylmadyk söwdany gadagan edýär.

Şu ýagdaýda döwlet näme üçin importy çäklendirmek serişdesi hökmünde paý bermegi ulanýar? Birinjiden, paý importyň bellibir möçberden geçmejekdigine kepillendirme berýär, sebäbi daşary ýurtly bäsdeşleri bahalary peseltmek ýoly bilen bazarda satuwlary giňeltmek mümkinçiliginden mahrum edýär. Gümrük tarifi şunuň ýaly kepillendirme bermeýär. Ikinjiden, paý bermek syýasatyň has çeýe we dessine guraly bolup durýar, sebäbi tarifleri üýtgetmek, adatça, milli kanunçylyk we halkara ylalaşyklary bilen tertipleşdirilýär. Üçünjiden, paý bermegiň peýdalanylmagy daşary söwdanyň has selektiw (seçip alyjy) bolmagyna getirýär, sebäbi ygtyýarnamalary paýlamak ýoly bilen döwlet anyk kärhanalara goldaw berip biler.

*Gümrük tarifleri* – bu harytlar döwlet serhedinden geçirilen mahalynda alynýan gümrük paçlarynyň ulgamlaşdyrylan sanawy. Emma ykdysady edebiýatda gümrük tarifi, *köplenç*, giň manyda – daşary söwda syýasatynyň aýratyn guraly hökmünde we gümrük pajynyň anyk möçberi hökmünde peýdalanylýar. Gümrük tarifi munuň özi haryt import edilende (kähalatlarda, eksport edilende) peýdalanylýan gümrük paçlarynyň sanawydyr. Gümrük tarifleri gümrük pajy salynýan harytlaryň we paçlaryň ululygynyň sanawyny özünde jemleýär. Gümrük paçlary bu ýurduň serhedinden geçirilýän

14. Sargyt № 1335

harytlardan, gymmatlyklardan, emläkden gümrük edaralary tarapyndan alynýan döwlet pul ýygymlarydyr (salgytlarydyr). Gümrük paçlary kadalaşdyryjy, hasaba alyş we höweslendiriş wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Haryt import edilende, alynýan gümrük paçlary salgyt salmagyň bir görnüşidir. Döwlet gümrük paçlaryny almak bilen, daşary ýurt harytlarynyň bahasynyň ýokarlanmagyna şert döredýär we olaryň bäsleşige ukyplylygyny peseldýär. Haryt eksport edilende alynýan gümrük paçlary harydyň ýurduň daşyna gitmegini bökdeýär. Bu çäreden, esasan, haçanda ýurduň içerki islegleri ýeterlik kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda peýdalanylýar.

Gümrük tarifleri, adatça, milli derejede ulanylýar. Ýöne käbir halatlarda, haçanda birnäçe ýurt söwda-ykdysady topara birleşenlerinde we özleriniň gümrük birleşigini döredenlerinde tarif daşary söwdany kadalaşdyrmagyň umumy guralyna öwrülýär, ähli gatnaşyjy ýurtlar üçin olaryň üçünji ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynda bütewi bolup durýar.

Gümrük tarifini ulanmagyň maksatlary şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar:

- importyň haryt gurluşyny amatlaşdyrmak;
- eksport bilen importyň, walýuta girdejileri bilen çykdajylaryň amatly gatnaşygyny saklamak;
- strategik ösüşe laýyklykda önümçiligiň we sarp edilýän harytlaryň gurluşyny üýtgetmek üçin şertleri döretmek;
- daşary ýurt bäsleşiginiň ýaramaz täsirinden ykdysadyýeti goramak;

Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine netijeli goşulyşmagy üçin şertleri üpjün etmek. [1]

*Gümrük paçlary* bu Türkmenistanyň çäklerine getirilýän ýa-da onuň çäklerinden alnyp gidilýän harytlar üçin Türkmenistanyň gümrük edaralaryna tölenýän, harytlary getirmegiň ýa-da alyp gitmegiň aýrylmaz şerti bolup durýan gümrük tölegidir. Başgaça aýdanymyzda, gümrük pajy bu gümrük edaralary tarapyndan ýurduň serhedinden geçirilýän harytlardan, gymmatlyklardan, emläklerden alynýan döw-

[1] *Işangulyýew Ö., Orazlyýew N.* Halkara ykdysady gatnaşyklar. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. –Aşgabat, Türkmen döwlet neşiryat gullugy, 2015.

let pul salgytlarydyr (ýygymlarydyr). Gümrük pajy ýurduň içine getirilýän, ýurtdan daşyna äkidilýän we üstaşyr harytlardan alynýar. Onuň möçberi gümrük tarifi arkaly kesgitlenilýär. Gümrük pajy import edilýän harytlaryň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Bu bolsa döwlete içerki bazary goramaga, getirilýän harytlaryň bäsleşige ukyplylygyny çäklendirmäge, importyň mukdaryny we düzümini kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Daşary ykdysady işi kadalaşdyrmagyň administratiw çäreleriniň hatarynda ygtyýarlandyrmak giňden ulanylýar. Bu eksport we import harytlaryna döwlet edaralary tarapyndan berilýän ýazmaça rugsatlaryň ulgamydyr. Ygtyýarlandyrmagyň ýoly bilen daşary söwda dolanyşygynyň mukdar kadalaşdyrylyşy amala aşyrylýar.

Eksport we import amallarynyň tarif kadalaşdyrylyşynyň manysy tablisada görkezilýär *(5-nji tablisa)*[1].

*5-nji tablisa*

| Ady | Manysy | Ýöretmegiň maksady | Içerki bazara täsiri |
|---|---|---|---|
| Importa gümrük pajy | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen getirilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Içerki bazary daşary ýurtly önüm iberijileriň bäsleşiginden goramak | Harydyň içerki bahasy galýar we dünýä bahasyndan ýokary bolmagy mümkin |
| Eksporta gümrük tarifi | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen äkidilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Eksportyň köplüginiň, býujetiň üstüniň ýetirilmeginiň hasabyna içerki bazarda sarp edilişini bellibir derejede saklamak, defisitiň öňüni almak | Dünýä derejesinde önümiň içerki bahasyny saklamak |

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. *Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom.* – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda gümrük işlerini resmileşdirmegiň we gümrük gözegçiliginiň kadalaşdyrylmagynyň tertibi, esasan, Türkmenistanyň Gümrük kodeksi, şeýle hem Türkmenistanda hereket edýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar arkaly düzgünleşdirilýär. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistana getirilende we onuň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary tölenmeýän hem-de gümrük paçlary bellenýän harytlaryň sanawyny we gümrük paçlarynyň möçberlerini tassyklamak hakynda» 2008-nji ýylyň 27-nji iýulyndaky 9925-nji belgili Kararyny görkezmek bolar[1]. Hususan-da, bu Karar bilen «Gümrük paçlaryny tölemegiň Tertibi», «Türkmenistanyň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary bellenen harytlaryň sanawy hem-de gümrük paçlarynyň möçberleri», «Hususy telekeçiler we şahsy taraplar tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary bellenen harytlaryň sanawy hem-de gümrük paçlarynyň möçberleri», şeýle hem «Türkmenistanyň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary tölenmeýän we mukdar taýdan çäklendirilmeýän harytlaryň Sanawy» tassyklanyldy.

Daşary söwda amallaryna baglylykda şu paçlar görkezilýär:

- import harytlaryndan alynýan paçlar;
- üstaşyr geçirilýän harytlardan alynýan paçlar.

Almagyň usulyna baglylykda paçlar şu görnüşlere bölünýär:

paç alynýan harytlaryň gümrük bahasyndan göterim möçberinde hasaplanýan adwalor görnüşi;

paç alynýan harytlaryň bir birligi üçin bellenen möçberdäki aýratyn görnüşi;

paç almagyň agzalan iki görnüşini hem özünde jemleýän kombinirlenen görnüşi.

1985-nji ýylda BMG-niň halkara söwda klassifikasiýasy (SHSK) standartlary toparlar derejesinde şu görnüşde amala aşyrylýar:

- harydyň taýýarlanan çig malynyň görnüşleri boýunça;
- harydyň işleniş derejesi boýunça;
- harydyň bellenen maksady boýunça;
- halkara söwdasynda harydyň orny boýunça.

---

[1] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008-nji ý., №7, 452-nji madda.

Kodlaşdyrma usuly: birinji 1 san – haryt bölümi; ikinji 2 san – haryt topary; üçünji 3-lük san –harydyň kiçi topary; dördünji 4-lük san – harydyň orny (pozisiýa); soňky 5-lik san – harydyň kiçi orny (subpozisiýa).

Gümrük serhediniň üstünden harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçmeginiň bellenilen degişli gümrük düzgüni arkaly daşary söwda alyş-çalşyny (eksportyň we importyň möçberi, gurluşy we şertleri) kadalaşdyrmak boýunça maksada gönükdirilen döwlet işini Türkmenistanyň gümrük syýasaty özünde jemleýär. Onuň maksady gümrük gözegçiliginiň we gümrük territoriýasynda haryt alyş-çalşy kadalaşdyrmagyň gurallarynyň has netijeli peýdalanylmagyny, milli bazary goramak boýunça söwda-syýasy wezipeleri durmuşa geçirmäge gatnaşmagy, ykdysadyýetiň ösüşi höweslendirmegi, Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň esasy wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam bermegi üpjün etmekde jemlenilýär.

## 8.3. Daşary söwda syýasatyny düzgünleşdirmekde gümrük syýasatynyň (tutýan orny) wajyplygy

**Gümrük syýasaty** bu döwletiň daşary söwda täsir etmek boýunça esasy gurallarynyň biridir. Ýurda harytlaryň getirilmegini we çykarylmagyny çäklendirmek ýa-da höweslendirmek bilen döwlet býujetiniň girdeji bölegini doldurmak, ýurduň haryt öndürijilerine goldaw bermek, içerki bazary bellibir harytlar bilen doldurmak, ýurtda öndürilen önümleri eksport etmek üçin amatly şertleri döretmek ýaly köpdürli meseleleri çözüp bolar.

*Gümrük syýasatynyň esasy üç wezipeleri bardyr:* – fiskal, düzgünleşdiriji we gorag. Umuman alanyňda, olaryň üçüsi hem ýurduň ykdysadyýeti üçin birmeňzeş derejede möhümdir. Ýöne iş ýüzünde diňe bir wezipe: fiskal wezipesi ileri tutulýar. Býujet hakynda kanunda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda tölegleri ýygnamak boýunça mukdar görkezijiler bellenendir. Olaryň gümrük edaralary tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin hökmany bolup durýar.

Şunda gümrük syýasatynyň döwletiň umumy strategiýasy bilen, ýagny esasy uzakmöhletleýin maksatlary we durmuş-ykdysady wezipeleri kesgitlemek, öňde goýlan wezipelere ýetmek üçin hereketiň ugruny, zerur bolan serişdeleri paýlamagy tassyklamak bilen jebis

baglanyşyklydygyny bellemek gerek. Şol bir wagtda strategik wezipeleri durmuşa geçirmegiň düzümleýin bölegi we taktiki guraly bolup durmak bilen gümrük syýasaty ykdysady strategiýa öz täsirni ýetirýär. Şeýlelik bilen, gümrük syýasaty milli ykdysadyýeti goramak üçin, şeýle hem global ykdysadyýete goşulyşmagy mundan beýläk-de artdyrmak we çuňlaşdyrmak maksady bilen onuň gurluşynda özgertmeleriň geçirilmegine ýardam bermelidir.

Häzirki halkara söwda tejribesinde bu wezipeler utgaşykly alnyp barylýar. Olardan başga-da, gümrük syýasaty, demping, tarif däl çäklendirmeler, has artyk amatlyklar düzgüni ýaly çäreler dünýä tejribesinde giňden peýdalanylýar.

*Demping* – bu harytlaryň içerki bazara garanyňda daşarky bazarlarda has arzan bahalardan satylmagy. Harytlaryň hatda özüne düşýän gymmatyndan hem arzan satylmagy bazara täsir etmek, bazarda ýer eýelemek, bäsdeşleri gysyp çykarmak maksady bilen amala aşyrylýar. Adatça, döwletiň ýardamy bilen amala aşyrylýar. Şol bir harytlary öndürýän daşary ýurt kärhanalaryna bu ýagdaý ýaramaz täsir edýär. Şol sebäpli, hökümetler dempinge garşy gorag çärelerini ulanýarlar. Olary birnäçe alamatlara bölüp bolar:

a) gorag çäreleriň ýaramaz tarapy harydy özüne düşýän gymmatyndan pes bahadan satmak. Mysal üçin, 1993-nji ýylda ABŞ-da 163% möçberinde ferrosplaw zawodlaryň önümçiligine dempinge garşy paç salýarlar. Ýewrosoýuzda Russiýadan getirilýän harytlaryň 1% dempinge garşy paçlar salynýar. Mysal üçin, 1996-njy ýylda tikinsiz turbalaryna (32,9%), transformator tehniki enjamlaryna (40,1%) we ş.m.

b) öwezini doluş paçlar, eksport supsidiýalara garşy gönükdirilýär. *Subsidiýa* – bu önüm öndürijileri goramak we goldamak maksady bilen döwlet tarapyndan olara berilýän pul görnüşindäki ýa-da beýleki görnüşdäki maddy kömek.

## 8.4. Ýurduň ykdysady ösüşinde daşary söwdanyň orny

**Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi.** Daşary söwdanyň we ykdysady ösüşiň özara baglanyşygy nazaryýetiniň esasynda daşary söwdanyň ykdysady ösüşe täsir ediş gurluşyna seredeliň. Harytlaryň

eksport edilmegi jemi hyrydarlygy we jemi hödürlemegi höweslendirmek bilen ykdysady ösüşe alyp barýar. Jemi hyrydarlygyň höweslendirilmegi göni ykdysady ösüş arkaly hem, eksport pudaklarynda hereket edýän önümçilik faktorlarynyň bahasynyň, salgyt we gümrük tölegleriniň artmagy arkaly göni däl görnüşde hem bolup geçýär. Bu bolsa sarp ediş çykdajylarynyň artmagyna, degişlilikde, kärhanalaryň maýa goýumlarynyň we döwlet çykdajylarynyň artmagyna getirýär. Jemi hödürlemegi höweslendirmek gönüden-göni eksport pudaklarynda önümçilik möçberlerini artdyrmak arkaly amala aşyrylýar. Importyň ykdysady ösüşe edýän täsiri dürli hili bolup biler: bir tarapdan, importyň köpelmegi, milli harytlara, hyzmatlara bolan jemi hyrydarlygy peseldýär we jemi hödürlemegiň möçberlerini azaldýar.[1]

Beýleki tarapdan, geçen döwürlerde import edilen ýokary tehnologik harytlar ykdysady ösüşiň intensiw faktorlary arkaly häzirki döwürde milli ykdysadyýetiň ykdysady taýdan ösüşini höweslendirýär.

**Türkmenistanyň eksport syýasatynyň aýratynlyklary.** Daşary söwda dolanyşygy harytlaryň eksportynyň we importynyň jemi görnüşinde kesgitlenilýär. Ýurduň daşary söwda gatnaşyklarynyň umumy ýagdaýlary daşary döwletlere satylan we dünýäniň beýleki ýurtlaryndan getirilen harytlaryň görkezijilerine gönüden-göni bagly bolýar. Daşary söwdanyň ýagdaýlaryna, esasan hem, eksportyň görkezijileri güýçli täsir edýär. Ozaly bilen, eksport diýen adalga halkara ykdysady gatnaşyklaryň esasy düşünjeleriniň biri bolup çykyş edýär. Eksport – ýurduň içinde öndürilen önümleriň daşary ýurtlara satylmagy. Döwletiň daşary söwdasynda eksportyň möçberiniň importyň möçberinden köp bolmagy, oňyn ýagdaý hasaplanylýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde mundan beýläk hem her ýylda depginli ösüşleri gazanmak üçin diňe ýurdumyzyň içerki bazarynyň mümkinçiliklerine daýanmak ýeterlik bolmaýar. Dünýä bazarlarynda ähli ugurlar boýunça bäsleşik göreşiniň ýitileşýän häzirki şertlerinde ýurdumyzyň milli haryt öndürijileriniň öňünde harytlary (hyzmatlary) ýerlemek üçin täze bazarlary özleşdirmek ýaly meseleler ýüze çykdy. Şoňa laýyklykda, milli ykdysadyýetimiziň bäsleşige ukyplylygyny

[1] «Türkmenistanyň ykdysady özgertmeleri durnukly ösüşiň binýadydyr» atly ylmy-amaly maslahatyň tezisler ýygyndysy. Aşgabat, 2016.

artdyrmak halkara ykdysady gatnaşyklarynda üstünlik gazanmagyň wajyp şertleriniň biri bolup durýar. Şunda eksport gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi zerur bolup durýar.

Milli eksport mümkinçiliklerimizi artdyrmak boýunça Hormatly Prezidentimiziň paýhasly baştutanlyk etmeginde ýurdumyzda toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Hususan-da, hormatly Prezidentimiziň Karary bilen 2015-nji ýylda «Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Bu maksatnamada Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmagyň esasy ugurlary kesgitlenilýär. Bulardan başga-da, maksatnamada Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça gurulmaly kärhanalaryň sanawy hem tassyklanyldy.

**Türkmenistanyň import syýasaty.** Eksport syýasaty bilen bir hatarda milli ykdysadyýeti ösdürmekde ýurtda alnyp barylýan import syýasatynyň hem uly ähmiýeti bardyr. Import hem edil eksport ýaly daşary ykdysady aragatnaşyklary häsiýetlendirýän esasy düşünjeleriň biridir. Import – bu harytlaryň daşary ýurtlardan ýurduň içine getirilmegini aňladýar.

Importyň esasy wezipesi jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamakdan we wagt utmakdan ybaratdyr. Halkara zähmet bölünişiginiň netijesinde harydy öndürmek üçin edilýän harajatlar birmeňzeş bolmaýar. Şol bir haryt üçin edilýän harajatlar dürli ýurtlarda tapawutly bolýanlygy sebäpli olaryň gymmaty hem tapawutlanýar. Şonuň üçin hem köp zähmet harajatlaryny talap edýän harytlary dünýäniň beýleki ýurtlaryndan getirmäge bolan ymtylyş kanunalaýyk ýagdaýdyr. Munuň özi jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmagyny üpjün edýär. Diýmek, her bir ýurt zähmeti we wagty az talap edýän önümleri öndürmäge ymtylýar we olary eksport etmegiň netijesinde walýuta gazanýar. Ýurtda öndürilmeýän we öndürilmesi gymmat düşýän harytlar daşyndan getirilýär.

Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri has-da işjeňleşdirmek üçin 2015-nji ýylyň maý aýynda «Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet Maksatnamasy tassyk-

lanyldy». Türkmenistana daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň düzümini kämilleşdirmek, olaryň aýry-aýry görnüşleriniň ýurdumyzda öndürilmegi boýunça anyk çäreleri amala aşyrmak bu maksatnamanyň esasy wezipesi hökmünde kesgitlenildi.

Bu maksatnama laýyklykda, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça 81 sany kärhanany gurmak göz öňünde tutulýar.

## 8.5. Dünýä bazary: özara ýakynlaşmagyň strategiýasy (Bütindünýä söwda guramasy)

Halkara söwdasyny düzgünleşdirmekde, onuň ösmegi üçin päsgelçilikleri aradan aýyrmakda halkara ykdysady guramalar we birinji nobatda bolsa, Tarifler we söwda boýunça Baş ylalaşyk hem-de Bütindünýä söwda guramasy (TSBY/BSG) möhüm orun eýeleýär.

TSBY-ny döretmek hakynda şertnama 23 ýurt tarapyndan 1947-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Ženewada gol çekildi we ol 1948-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girdi. 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Bütindünýä söwda guramasy hereket edip başlady, ol öz işine TSBY-ny goşdy. Ýöne bu iki sany guramanyň dürli aýratynlyklary bardyr. Bu iki gurama 1995-nji ýylyň ahyryna çenli olar ugurdaş hereket etdiler. TSBY-nyň agzalarynyň ählisi BSG-ä girdiler. 1996-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri diňe BSG hereket edýär. Häzirki wagtda TSBY/BSG – bu köptaraplaýyn halkara ylalaşygy bolup, oňa gatnaşýan ýurtlaryň özara söwdasynyň ýörelgelerini, hukuk kadalaryny alyp barmagyň we döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň düzgünlerini öz içine alýar. TSBY-nyň iki hukuk derejesi bardyr: bir tarapdan, bu halkara guramasydyr; beýleki tarapdan – halkara söwdasynyň we gatnaşýan ýurtlaryň söwdasynyň esasy ýörelgeleri, kadalary we düzgünleri hakynda köptaraplaýyn ylalaşykdyr. TSBY beýleki halkara guramalaryndan tapawutly aýratynlygy – onuň çeýe häsiýetli bolup durmagyndadyr, sebäbi onuň agzalary hemişe ylalaşýan taraplar bolup çykyş edýärler. TSBY girmek bilen döwletler öňi bilen öz söwda ulgamlaryny üýtgedip guramak borçnamasyny öz üstüne alýarlar.

TSBY/BSG hukuk mehanizmi birnäçe ýörelgelere we kadalara esaslanýar:

- söwdada hukuklary kemsitmezlik, ol bir tarapdan, özara has amatly düzgüniň berilmegini, beýleki tarapdan, milli düzgüni, ýagny import harytlaryna we ýurduň özünde öndürilýän önümlere salgytlar ýygymlar, şeýle hem içerki söwdany düzgünleşdirýän kadalar babatynda deň çemeleşmegi göz öňünde tutýar;
- milli bazary goramagyň, köplenç halatda, tarif serişdelerini peýdalanmak;
- döwürleýin geçirilýän tapgyrlaryň barşynda gümrük tariflerini progressiw peseltmek;
- ikitaraplaýyn söwda-syýasy ýeňillikleri bermek;
- söwda jedellerini geňeşler we gepleşikler geçirmek ýoly bilen çözmek.

TSBY hereket eden birinji üç on ýyllygyň dowamynda onuň işi dolulygyna diýen ýaly gümrük-tarif goragynyň derejesini özara peseltmek ýoly bilen halkara söwdasyny erkinleşdirmekde jemlendi. Meselem, import tarifleriniň derejesi 1940-njy ýyllaryň ahyrynda 40–50% bolanlygyndan 1970-nji ýylyň başlarynda 8-10% we 1990-njy ýylyň başyna çenli 4–5% derejä düşdi.

Globallaşma şertlerinde dünýä ýurtlarynyň arasynda halkara ykdysady gatnaşyklaryň giňişleýin ösmegi häzirki döwrüň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna täze döwletler goşulýar. Şeýle döwletleriň biri hem Türkmenistandyr. Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan häzirki zaman halkara gatnaşyklaryň we halkara hukugynyň deňhukukly agzalarynyň biridir.

Ýurdumyzyň güýçli depginler bilen ösýän ykdysadyýetine halkara guramalary ýokary baha berýärler. Soňky ýyllarda global maliýe-ykdysady çökgünligine garamazdan, Türkmenistan dürli pudaklardan ýokary ösüş depginini görkezdi. Indi döwletimizde öndürilýän bäsleşige ukyply ýokary hilli önümlere dünýäniň beýleki ýurtlaryndan isleg bildirýänleriň sany hem barha artýar. Şeýle hem ýerli önümçiligiň artmagy bir tarapdan, ýurdumyzyň ilatyny iş orunlary bilen üpjün edýän bolsa, beýleki tarapdan, bu önümler daşary ýurtlardan import edilýän harytlaryň öwezini doldurýar. Bu bolsa, milli ykdysadyýetimize özüniň oňyn goşandyny goşýar. Indi daşary ýurtlarda geçirilýän sergilere ýurdumyzyň dürli pudaklarynda

öndürilýän önümler gatnaşyp, ýokary baha mynasyp bolýar. Bu sergiler we forumlar ykdysadyýetiň häzirki ýagdaýy, innowasiýa boýunça geljekki mümkinçilikleri bilen tanyşmaga, bazaryň aýratynlyklaryna, hajatlaryna düşünmäge ýardam edýär.

Özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy, şol sanda söwda-ykdysady ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny berkitmäge, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň 2013-nji ýylyň 18-nji ýanwaryndaky mejlisinde Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna (BSG) agza bolmagy bilen bagly meseleleri öwrenmek boýunça beren tabşyrygyny ýerine ýetirmekde hemme pudaklaýyn ministrlikleriň we edaralaryň alyp barýan seljeriş işleri munuň şeýledigine aýdyň şaýatlyk edýär. Ministrler Kabinetiniň 2013-nji ýylyň 24-nji ýanwaryndaky mejlisinde döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň BSG agza bolmagy bilen bagly meseleleri öwrenmek boýunça Hökümet toparyny döretmek barada Karara gol çekdi.[1]

Şeýle hem bu gurama goşulyşmak mümkinçiliginiň ykdysady netijelerini seljermek maksady bilen, Türkmenistanyň Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş institutynda işçi topary döredildi. Ýurdumyzyň bu halkara ykdysady gurama agza bolmagy Türkmenistanyň halkara bazarlarynda bäsdeşligi berkitmek, biziň daşary ykdysady aragatnaşyklarymyzy ösdürmek üçin, degişlilikde, türkmen önüm öndürijileriniň önüme we hyzmatlara bolan daşary islegini ýokarlandyrmaga giň mümkinçilikleri açar.

Görülýän çäreler, elbetde, Bütindünýä söwda guramasyna girmekligiň biziň ýurdumyzyň uzakmöhletli gyzyklanmalaryna jogap bolup durýandygy, ykdysadyýetiň globallaşmagynyň dünýä aýratynlyklaryna örän aýdyňlyk bilen laýyk gelýändigi bilen şertlendirilendir. Çünki döwlet BSG-e kabul edilenden soň, oňa halkara guramanyň ähli agzalary tarapyndan has köp möçberdäki amatlyklar bilen goldaw berilýär, umumy kabul edilen ykdysady ýeňillikler hödürlenýär.

---

[1] «Türkmenistan» gazeti, 2013-nji ýylyň 19-njy ýanwary.

Mundan başga-da, döwletara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ygtybarly ykdysady-hukuk esasynyň kemala gelmegi milli kanun çykaryjylyk binýadynyň kämilleşmegine we içerki maliýe-ykdysady özgertmeleri mundan beýläk öňe ilerletmek maksady bilen, ony iş ýüzünde peýdalanmagy kämilleşdirmäge ýardam eder.

Öz ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrýan, döwrebaplaşdyrýan, iri möçberli durmuş-ykdysady maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirýän Türkmenistanyň döwrebap tehnologiýalaryň elýeterliligine mynasyp boljakdygy saldamly delil bolup hyzmat edýär. Çünki olaryň ülňülerini diňe bir söwdany däl, eýsem-de, ylmy-tehniki ösüşi höweslendirýän BSG ulgamy berýär.

BSG-ä girmeklik, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň dünýä bazarlarynda bäsleşige has ukyply bolan ulgamlarynda ösüşini işjeňleşdirer. Türkmenistanyň energetika strategiýasynyň diňe bir nebitiň we gazyň daşary ýurtlara iberilmegi bilen çäklenmeýändigini nygtamak möhümdir. Onuň ileri tutulýan ugurlaryny gazy we nebiti gaýtadan işleýji täze önümçilikleri gurmak düzýär. Ýangyç-energetika toplumyndan gelýän girdejiler ileri tutulýan milli taslamalary, ilkinji nobatda, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak we durmuş ulgamyny ösdürmek bilen bagly bolan taslamalary durmuşa geçirmeklige gönükdirilýär.

Şeýlelikde, Bütindünýä söwda guramasyna girmek boýunça geçirilýän işler biziň ýurdumyzyň ornunyň dünýäde pugtalandyrylmagyna, geljege, diňe bir düýpli işlere işjeň gatnaşmaga däl, eýsem, halkara ulgamda ýurduň ykdysady derejesiniň ýokarlanmagyna getirjek, karzlaryň we maýa goýumlaryň gelmegine ýardam etjek öz bäsleşikli artykmaçlyklaryňy has amatly ýagdaýda peýdalanmaga mümkinçilige gönükdirilendir.

## 8-nji bap boýunça barlag soraglary

1. Döwletiň daşary söwda syýasatynyň düýp mazmuny nähili beýan edilýär?
2. Daşary söwda syýasatynyň esasy maksatlaryny sanap beriň.
3. Häzirki zaman daşary söwda syýasatynyň aýratynlyklary nähili düşündirilýär?
4. Proteksionizm syýasaty diýmek näme?
5. Liberal syýasat diýmek näme?
6. Proteksionizm syýasatynyň amatly taraplary haýsylardan ybarat?

7. Daşary söwda gatnaşyklarynyň administratiw usullar bilen düzgünleşdirmegiň nähili aýratynlyklary bar?
8. Daşary söwda gatnaşyklaryny ykdysady usullar bilen düzgünleşdirmek diýmek näme?
9. Daşary söwdany döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň tarif çäklendirmeleri usullarynyň nähili aýratynlyklary bar?
10. Tarif däl çäklendirmeler diýmek näme?
11. Daşary söwda çäreleri diýmek näme?
12. Dolandyryş (administratiw) resmilikler diýmek näme?
13. Eksporty ykdysady taýdan höweslendirmek çäreleri haýsylardan ybarat?
14. Gümrük tarifleri diýmek näme?
15. Gümrük pajynyň mazmuny nähili beýan edilýär?
16. Gümrük syýasatynyň mazmuny nähili beýan edilýär?
17. Gümrük syýasatynyň fiskal wezipesiniň aýratynlyklary nähili düşündirilýär?
18. Gümrük syýasatynyň düzgünleşdiriji wezipesiniň mazmuny nähili beýan edilýär?
19. Gümrük syýasatynyň gorag wezipesi diýmek näme?
20. Türkmenistanyň eksport syýasatynyň aýratynlyklary nähili beýan edilýär?
21. Türkmenistanyň import syýasatynyň aýratynlyklary nähili beýan edilýär?
22. Bütindünýä söwda guramasy diýmek näme?

# IX bap GYMMATLY KAGYZLAR BAZARY BABATYNDA DÖWLET SYÝASATY

## 9.1. Gymmatly kagyzlar bazary maliýe syýasatynyň düzümi hökmünde

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan maliýe syýasaty ýurdumyzyň gülläp ösmegine we Türkmenistanyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen ykdysady özgertmeleri giň gerim bilen amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Maliýe ulgamynda öz wagtynda geçirilen özgertmeler ýurdumyzda maliýe durnuklylygyny we ykdysadyýetiň birsydyrgyn ösüşini üpjün etmäge mümkinçilik berdi. Daşary ýurt puluny düzgünleşdirmegi dolandyrmakda, manadyň hümmetini üýtgetmegi (denominasiýasyny) netijeli geçirmekde gazanylan üstünlikler ýurdumyzyň bank ulgamyny pugtalandyrmaga mümkinçilik berdi. Bu çäreleriň ählisi maliýe babatda başlanan özgertmeleri dowam etdirmäge, gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmäge mümkinçilik berýär, bu bazar:

- göni maliýeleşdirmek arkaly durnukly esasda uzakmöhletli maýa goýumlaryny çekmäge;
- ilatyň pul serişdeleriniň toplanmagyna, bu serişdeler bilen amallary geçirmäge;
- ykdysadyýetde maýanyň paýlanyşyny amatly amala aşyrmaga;
- maliýe edaralaryny ösdürmegiň, şeýle hem maliýe usullarynyň gerimini giňeltmegiň hasabyna maliýe bazarlarynyň durnuklylygyny üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Bu bolsa gymmatly kagyzlaryň dolanyşygynyň netijeli usulyny, gymmatly kagyzlar bazaryny emele getirmegiň häzirki zaman tapgyrynyň şertlerini we Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirýän, ozal kabul edilen kanunlary, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmagyň tejribesini göz öňünde tutýan kämil kadalaşdyryjy hukuk binýadynyň bolmagyny talap edýär.

Bu babatda Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek, maliýe edaralarynyň işini kämilleşdirmek, maliýe usullarynyň görnüşlerini giňeltmegiň hasabyna ykdysadyýetimizde maliýe serişdelerini amatly paýlamak, şeýle hem durnukly esasda uzakmöhletli maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda», «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy», «Maýa goýum işi hakynda», «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy namalar kabul edildi.

Mälim bolşy ýaly, gymmatly kagyzlar bazary maliýe bazarynyň düzümi hökmünde çykyş edýär. Onuň maksady maliýe resurslaryny toplamak we bazara gatnaşyjylaryň kömegi arkaly, gymmatly kagyzlar bilen amallary ýerine ýetirmek bilen maliýe resurslarynyň gaýtadan paýlanylmagyny üpjün etmek, ýagny maýadardan gymmatly kagyzlaryň emitentlerine tarap wagtlaýyn erkin pul serişdeleriň hereketini araçy hökmünde amala aşyrmak.

Türkmenistanda gazna bazarynyň herekete getirilmegi häzirki döwürde, ýagny eýeçiligiň dürli görnüşleriniň, telekeçilik işiniň kämil döwründe örän wajyp we zerur bolan gurallaryň biridir.

Gymmatly kagyzlaryň kömegi arkaly, şahsy we edara görnüşli taraplaryň pul süýşürintgileri hakyky maddy obýektlere, enjamlara, tehnologiýalara öwrülýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetini berkitmegiň häzirki zaman tapgyrynda esasy meseleleriň biri, maliýe gurallary arkaly pul maýasynyň gaýtadan paýlanylmagyny amala aşyrýan gymmatly kagyzlar bazaryny emele getirmek we  kämilleşdirmek bolup durýar.

«Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda gymmatly kagyzlar bazary – şahsy we edara görnüşli taraplaryň gymmatly kagyzlaryň emissiýasy we dolanyşygy bilen baglanyşykly gatnaşyklarynyň jemi hökmünde görkezilýär. Gymmatly kagyzlar bazarynyň emele gelmegi haryt önümçiligini giňeltmek zerurlygy bilen bagly boldy,  (paýnamalaryň we obligasiýalaryň çykarylmagy arkaly) hususy maýalaryň çekilmegi we birikmegi ýerine ýetirilmese, onda täze kärhanalaryň emele gelmegi, kämilleşmegi kynçylykly amala aşyrylýar. Şol sebäpli hem, gazna biržalarynyň kämilleşmegi, bazar ykdysadyýetli döwletlerde ykdysady ösüşiň esasy şertleriniň biri

bolup çykyş edýär. Dünýä tejribesinde gymmatly kagyzlar bazaryny, adatça, gazna bazary diýen düşünje bilen bilelikde ulanýarlar.

Gymmatly kagyzlar döwletiň ykdysadyýetiň pudaklaryna maýa goýumlary çekmekde ähmiýetli orun eýeleýärler. Şeýle hem ykdysadyýetiň kadalaşdyryjy düzümi hökmünde dolanyşykdaky gymmatly kagyzlaryň jemi gazna bazarynyň esasyny düzýärler. Soňky on ýylyň dowamynda, bank karzy we beýleki maliýe resurslaryň dürli görnüşleriniň gymmatly kagyzlaryň çykarylmagy bilen ornunyň çalşylýandygyny hasaba alyp, gymmatly kagyzlar bazary maliýe bazarynyň wajyp düzümleriniň birine öwrülýändigini dünýä maliýe ulgamy şaýatlyk edýär.

Bu hadysa **sekýuritizasiýa** diýlip atlandyrylýar. Ol dünýä derejesinde maliýe aktiwleriniň aglaba böleginiň gymmatly kagyzlar görnüşinde çykyş edýänligi bilen görkezilýär. 20-nji asyryň ahyryna nagt pul görnüşinde we banklardaky möhletli hem-de gündelik hasaplarda bar bolan serişdeleriň ululygy 20 *trln* amerikan dollaryna dünýäniň JIÖ-niň möçberi 30 *trln* amerikan dollaryna, dünýäniň gymmatly kagyzlarynyň göwrümi 72 *trln* amerikan dollaryna ýetýärdi.

Bu ýagdaý, gymmatly kagyzlar bazary ykdysady subýektlere pul resurslaryny çekmek üçin ýa-da dürli şertlere laýyklykda olaryň amatly ýerlenilmegini amala aşyrmak üçin gurallaryň giň görnüşlerini hödürleýärler, ol hem öz gezeginde emitentleriň, maýadarlaryň we araçyllaryň gyzyklanmalaryny, mümkinçiliklerini nazara almaga ýardam berýär diýip düşündirilýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet häkimiýeti şu aşakdaky görnüşlerde çykyş edýär:

– maýadar;
– emitent;
– hünärli gatnaşyjy;
– kadalaşdyryjy;
– bazara gatnaşyjylaryň arasyndaky jedellerde ýokary arbitraž.

**Döwletiň maýa goýum işi diýlip**, Türkmenistanyň merkezi we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet, şeýle hem ýerli öz-özüňi dolandyrýan edaralarynyň býujet, býujetden daşary, ýörite maksatly gaznalarynyň, olaryň garamagyndaky edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hu-

susy we çekilen serişdeleriniň hasabyna döwletiň amala aşyrýan maýa goýum işine düşünilýär.

Döwletiň gymmatly kagyzlary çykarmak boýunça amala aşyrýan işi gymmatly kagyzlar bazarynda wajyp orun eýeleýär. Döwletiň gymmatly kagyzlar bazary islendik ösen döwletiň maliýe ulgamynyň binýatlyk düzümi hökmünde çykyş edýär. Bazaryň bu görnüşi döwletiň maýa goýum taslamalaryny netijeli durmuşa geçirmäge, gündelik býujet zerurlyklaryny yzygider maliýeleşdirmäge, pul-karz syýasatyny amala aşyrmagyň çäklerinde bank ulgamynyň durnuklylygyny saklamaga we beýleki makroykdysady meseleleri çözmäge ýardam berýär. Döwletiň gymmatly kagyzlary – döwletiň içerki we daşarky karzynyň hereket etmeginiň görnüşidir.

Döwlet özüniň gymmatly kagyzlaryny dolanyşyga goýbermek bilen, pul toplumyna, puluň hümmetsizlenmesine, bazardaky nyrhlaryň derejesine, maýa goýum işjeňligine, ykdysady ösüşe, töleg balansyna we beýlekilere täsir edýär.

Häzirki döwürde ösen ýurtlarda döwlet karzlarynyň ölçegleriniň ýokarlanmagy bilen gymmatly kagyzlar bazary döwletiň çykarýan gymmatly kagyzlary bilen doldurylýar (ABŞ, Ýaponiýa, Kanada we başg.). Aýratyn hem, bu ýagdaý döwlet tarapyndan gözegçilikde saklanylýan gazna biržalarynda has aýdyň görnüp, bu gymmatly kagyzlaryň emissiýasy döwlet býujetiniň gaýtadan maliýeleşdirilmegi üçin ýygy-ýygydan ulanylýar.

Türkmenistanda döwletiň gysgamöhletli obligasiýalarynyň (DGO) 1994–1998-nji ýyllarda jemi 52 goýberilişi amala aşyryldy. Gymmatly kagyzlaryň köp bölegi (umumy möçberiniň 57%-ine çenlisi) maýa goýujylaryň (ätiýaçlandyryş guramalarynyň, maýa goýum gaznalarynyň, hususy kärhanalaryň) hasabyna satyn alyndy.

DGO bazarynda, esasan, 1, 3, 6 we 9 aý möhletli goýberilişler geçirildi, bu bolsa pul serişdeleriniň dolanyşygyny artdyrmaga mümkinçilik berdi. DGO-nyň goýberilişleri her aýda geçirildi we olar býujetiň gündelik ýetmezçiligini maliýeleşdirmek mümkinçiligini döretdi. DGO boýunça girdejiniň möçberi, esasan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş möçberiniň derejesinde bellenildi[1].

---

[1] Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy

15. Sargyt № 1335

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe 2015-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Türkmenistanyň Býujet kodeksinde we «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin döwlet Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan çäreleri ýerine ýetirmek, gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek maksady bilen we «Gymmatly kagyzlar bazary hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine:

Türkmenistanyň döwlet gazna obligasiýalaryny 5 ýyla çenli möhlet bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesinden ugur almak bilen goýbermäge;

Türkmenistanyň döwlet gazna obligasiýalaryny Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişiniň barşynda emele gelen zerurlyga görä eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edara görnüşli we şahsy taraplara, şol sanda Türkmenistanda işini alyp barýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplara ygtyýarly dellallaryň üsti bilen ýetirmäge;

Türkmenistanyň döwlet gazna obligasiýalaryny goýbermek, ýerleşmek we üzlüşmek bilen bagly çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmäge ygtyýar berildi.

Umuman alanymyzda, gazna bazarynyň ýagdaýy Merkezi bank tarapyndan dolanyşykdaky pul toplumynyň düzgünleşdirilişine we banklaryň pul ätiýaçlyklaryny üýtgetmek (doňdurmak ýa-da erkin etmek) üçin karzyň höweslendirilmegine, ýa-da gowşadylmagyna baglydyr. Şuňa baglylykda, Merkezi bank açyk bazarda döwlet obligasiýalaryny satýar ýa-da satyn alýar. Pul toplumyny gysgamöhletli düzgünleşdirmek üçin ol gaznaçylyk wekselleriniň, ýagny gysgamöhletli kagyzlary satýar ýa-da satyn alýar. Esasan, banklardan başga, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, pensiýa gaznalary, iri firmalar bu kagyzlary satyn alyjylar bolup durýarlar.

Döwletiň gymmat kagyzlaryny satmak ýa-da satyn almak boýunça amala aşyrýan işi anyk ykdysady ýagdaý bilen şertlendirilýär. Mysal üçin, eger ýurtda zähmet serişdeleriniň iş bilen üpjünçiligi pes

derejede bolsa, onda Merkezi bank açyk bazarda döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alar we şeýle etmek bilen täjirçilik banklaryň maliýe mümkinçiliklerini ýokarlandyrar.

Türkmenistanyň çäginde gymmatly kagyzlary çykarmaga we dolanyşyga goýbermäge diňe olar Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrliginde bellige alnandan soň rugsat edilýär. Gazna bazary Merkezi bankyň hasaba alyş syýasatyna hem duýgur bolýar. Merkezi bank beýleki banklara karz serişdelerini berýär. Hasaba alyş möçberini, ýagny karz üçin tölegi peseltmek bilen, bank täze karzlary almaga bolan islegi höweslendirýär, ony ýokarlandyrmak bilen bolsa şol islegi gowşadýar. Hasaba alyş möçberiniň ýokarlanan, başga sözler bilen aýdylanda, karz üçin göterimiň ýokarlanan güni paýnamalaryň we obligasiýalaryň hümmeti pese gaçýar, tersine, hasaba alyş möçberi peselen halatynda paýnamalaryň, obligasiýalaryň hümmeti ýokarlanýar.

Gazna bazary banklaryň Merkezi bankda saklamaly bolan hökmany ätiýaçlyk serişdeleriniň kadalarynyň üýtgemegine duýgur bolýar. Merkezi bank kadany ýokarlandyryp karzy çalt azaltmak ýa-da kadany peseldip, ony giňeltmek üçin şu guraldan peýdalanyp biler. Karzyň giňeldilmegi puluň elýeterliliginiň ýokarlanmagyna we karzyň göteriminiň derejesiniň peselmegine getirýär. Ýokary göterim bilen çykarylan paýnamalaryň we obligasiýalaryň hümmetiniň ýokarlanmagy şunuň ýaly hereketleriň netijesi bolar. Eger ätiýaçlyk serişdeleriniň kadasy ýokarlansa, onda pullaryň elýeterliligi peselýär, karzyň göterimi artýar we pes göterim bilen çykarylan paýnamalaryň, obligasiýalaryň hümmeti pese gaçýar.

Merkezi bankyň gazna bazaryna täsir edýän ýene bir ugry paýnamalary satyn almak üçin, karzy çäklendirmekden ybarat bolup biler, ýagny paýnamalaryň gymmatynyň satyn alyjynyň öz serişdeleriniň hasabyna tölenilmeli bellibir göterimi bellenýär, galan pul möçberini ol karzlary peýdalanmak bilen geçirip bilýär.

Döwlet býujetiniň köp möçberde ýetmezçiligi ýüze çykan halatynda hem gymmatly kagyzlar bazary döwlet tarapyndan düzgünleşdirilip bilner. Şeýle ýetmezçiligiň öwezini dolmak üçin serişdeleri çekmek maksady bilen, döwlet obligasiýalary çykarýar.

## 9.2. Gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet syýasatynyň esaslary, ýerine ýetirýän wezipeleri we ýörelgeleri

Ykdysady we durmuş taýdan esaslandyrylan özgertmeleri dowam etmek we çuňlaşdyrmak – döwletiň gymmatly kagyzlar bazaryndaky alyp barýan esasy wezipesidir.

Geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň arasynda Türkmenistan aýratyn orun eýeleýär we ösüp barýan bazar ykdysadyýeti bolan ýurtlarda toplanan tejribäni ulanmaklyk, bu ýurtlarda amala aşyrylýan konsepsiýalara dykgatly seljerme geçirilmegini talap edýär.

Netijeli gymmatly kagyzlar bazaryny emele getirmek işine ýurtda alnyp barylýan durmuş-ykdysady we syýasy özgertmeler bilen umumy baglanyşykda seredilmelidir. Ykdysadyýet üçin maýa goýum serişdelerini jemläp we olary özgerdilýän ykdysadyýete berip bilýän bäsleşige ukyply maliýe sektoryny döretmezden, olaryň köp babatda amala aşyrylandygyna garamazdan, institusional özgertmeleri tamamlandy diýlip, hasap edilip bilinmez. Önümçiligi, maýa goýumlary höweslendirmek, gurluş taýdan üýtgedip guramak we ykdysadyýetiň netijeliligini ýokarlandyrmak bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmegini kesgitleýän faktorlar bolup durýar. Ýakyn geljekde çözülmeli wezipeleriniň gerimini nazara alanyňda, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak işini maliýeleşdirmegi üpjün etmek üçin ýurduň diňe býujet ulgamyna we bank sektoryna bil baglap bolmaýar. Şonuň üçin hem döwletiň öňünde gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek babatynda işjeň syýasaty alyp barmalymy ýa-da alyp barmaly däl diýen mesele durman, eýsem, bu işi nähili amala aşyrmaly we şu syýasat birinji nobatdaky çäreleriň haýsylaryny öz içine almaly diýen meseleden ybarat bolmalydyr.

Maýa bazarlaryny ösdürmek üçin dünýäniň ösen maliýe bazarlaryna mahsus nusgalarynyň bolmagy zerurdyr, olaryň bir bölegi şularda ýüze çykyp biler (*11-nji surat):*

### Ösen maliýe bazarlarynyň ýüze çykmagynyň şertleri

- Gazna bazar dolanyşygynda hereket edýän paýnamaly korporasiýalaryň sanynyň köp bolmagy
- Bazarda hereket edýän maliýe institutlarynyň köp bolmagy
- Ilatyň gazna gymmatlyklary bilen amallary geçirmäge meýilli bolmagy
- Içerki bazaryň ýokary derejede açyk bolmagy
- Bazarda dolanyşykda bolýan gurallaryň köp dürlüliginde we ony ösdürmäge çekilen intellektual serişdeleriň köp möçberde jemlenmegi

***11-nji surat***

Döwlet kärhanalarynyň hususylaşdyrylmagy maliýe aktiwlerine eýeçiligiň döremegine getirýär, ol paýdarlar maýasynyň ýokary derejede ösen bazarlary bolan ýurtlarynda bar bolan gurluşa meňzeş bolmalydyr.

Ýurduň gymmatly kagyzlar bazarynyň aýratynlyklaryna onuň durmuş (sosial) düzüm bölegi degişlidir. Ýurduň raýatlary özleriniň tygşytlan serişdelerini maýa goýuma gönükdirmegiň köpdürli usullaryny we şahsy maliýe howpsuzlygynyň üpjün edilmegini talap edýärler. Şonuň üçin hem gymmatly kagyzlar bazary babatynda syýasat emele getirilýän mahalynda döwlet diňe bir ykdysadyýetiň maýa goýumlarynyň elýeter bolmagy babatynda zerurlyklaryndan ugur alman, eýsem, ähli ilatyň zerurlyklaryny hem göz öňünde tutmalydyr. Maýa bazarlaryny ösdürmek ulgamynda durmuş meseleleriniň ýitiligi raýatlaryň hümmetsizlenme netijesinde özleriniň tygşytlan serişdeleriniň bellibir bölegini ýitirýändikleri bilen şertlendirilendir.

Ýurduň raýatlarynyň we beýleki maýa goýumçylaryň gymmatly kagyzlar bazaryna ynamynyň bolmagy üçin zerur şertleri döretmek, döwletiň möhüm wezipesi bolup durýar. Munuň üçin hususy maýa goýumçylaryň durmuşa geçirilýän ykdysady konsepsiýalara

düşünmeklerini gazanmak maksady bilen, döwletiň gymmatly kagyzlar bazaryndaky syýasatyny düşündirmek, şeýle hem bilim maksatnamasyny, şol sanda ýokary we orta bilim ulgamynda şeýle maksatnamany işläp düzmek zerurdyr, ol maýa goýumçylara serişdeleri tygşytlamak, özleriniň tygşytlan serişdelerini artdyrmak üçin bazar barada berilýän maglumatlardan peýdalanmaga kömek eder.

*Gymmatly kagyzlar bazarynda döwletiň wezipeleri*

Gymmatly kagyzlar bazarynyň aýratynlygy bu ýerde dolanyşykda hereket edýän gymmatlyklar, hukuklaryň jemi görnüşinde bolup we döwlet tarapyndan üpjün edilýän kadalaşdyryjy hukuk binýadyndan, hukuk ulanmak ulgamyndan üzňelikde hereket etmeýändiginden ybaratdyr. Şeýlelikde, döwlet ulgamy emele getiriji wezipäni ýerine ýetirýär, bu bolsa milli bähbitleri üpjün etmek boýunça döwletiň öňünde durýan wezipelere laýyklykda üznüksiz üýtgäp durar.

Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazarynyň ulgamyny döretmegi Maksatnama laýyklykda şu aşakdaky üç ugur boýunça alyp barmak meýilleşdirilýär:

- ✓ gymmatly kagyzlaryň dolanyşygyna amaly taýdan (serwis) hyzmat etmek, olara eýeçilik hukugyny tassyklamak ulgamy hökmünde depozitar-bellige alyş we kastodial iş ulgamlaryny döretmek;
- ✓ gymmatly kagyzlary satyn almak-satmak geleşiklerini amala aşyrmagyň usulyýet ulgamyny, şeýle hem gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmagyň ulgamyny döretmek;
- ✓ gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň maglumat üpjünçiligi ulgamyny döretmek.

Görkezilen ugurlar boýunça şu çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

**1. Depozitar ulgamy döretmek.**

Depozitaryň döredilmegi gymmatly kagyzlaryň güwänamalaryny saklamak we/ýa-da gymmatly kagyzlary hasaba almak we olara hukugy geçirmek boýunça ýokary derejeli hyzmatlar bilen üpjün etmäge mümkinçilik berer. Bu ulgam depozitar işini utgaşdyrmaga,

depozitar-bellige alyş ulgamynyň gatnaşyjylarynyň tehniki işlerine gözegçilige gymmatly kagyzlaryň emitentler bilen maýa goýujylaryň arasyndaky işi hasaba almaga gönükdirilendir. Bu düzüm birliginiň üsti bilen, şeýle hem depozitar-bellige alyş ulgamyna gatnaşyjy edaralaryň hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmakda bilim bermegi guramak we bellige alyjylara tehniki taýdan ýardam bermek meýilleşdirilýär.

**Depozitar iş ulgamy aşakdakylary öz içine alýar:**

- gymmatly kagyzlaryň hasaba alnyşyny halkara ölçeglerine laýyk getirmegi;
- gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça resminamalar dolanyşygyny bir kada getirmegi we Türkmenistanyň gymmatly kagyzlaryny halkara ölçeglerine laýyklykda belgilemegi;
- gymmatly kagyzlaryň ähli resminamalaýyn we resminamalaýyn bolmadyk görnüşlerini saklamakda jogapkärli çemeleşmäni üpjün etmegi;
- müşderileriň düzgünnamalaryna laýyklykda pul serişdelerini tölemek bilen bagly bir wagtda gymmatly kagyzlary hakykatda ibermegi ýa-da bir hasapdan beýleki hasaba geçirmegi;
- depozitar ulgamynyň hyzmat etmegi üçin alnan gymmatly kagyzlar boýunça girdejileri (diwidendleri, göterim tölegleri, olar boýunça bergini üzmek bilen bagly tölegleri we ş.m.) jemlemegi we olary degişli hasaplar boýunça paýlamagy;
- depozitar ulgamynyň hyzmat etmegi üçin alnan gymmatly kagyzlar üçin karz (nesýe) we girew usullaryny düzgünleşdirmegi we olara hyzmat etmegi;
- depozitar ulgamynda hyzmat edilýän atly gymmatly kagyzlaryň nominal saklaýjysynyň borçlaryny ýerine ýetirmek boýunça hyzmat etmegi;
- her günde ýa-da başga bir yzygiderli esasda bank we/ýa-da pul kliringiniň beýleki ulgamlary bilen baglanyşykly gymmatly kagyzlar we pul tölegleri üçin nagt däl hasaplaşyklaryň awtomatlaşdyrylan ulgamlaryny işläp taýýarlamagy, ornaşdyrmagy, olara hyzmat etmegi we saklamagy.

**2. Depozitarlaryň we hasaba alyjylaryň işi üçin zerur bolan şertleri döretmek.**

Depozitarlar tarapyndan öz müşderileriniň gymmatly kagyzlara bolan hukuklaryny bellige almagy we tassyklamagy, şeýle hem depozitar hyzmatyny etmek barada degişli şertnamanyň esasynda bu gymmatly kagyzlar babatda nominal saklaýjynyň wezipeleriniň amala aşyrylmagyny ýola goýmak meýilleşdirilýär.

Hasaba alyjylar tarapyndan gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawyny alyp barmak arkaly emitent tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlara eýeçilik ýa-da eýelik etmek hukugyny bellige almagy we tassyklamagy ýola goýmak göz öňünde tutulýar.

Depozitarlaryň we hasaba alyjylaryň işlerini ýörite şertnama esasynda ýakyndan özara baglanyşykda amala aşyrmak bellenendir.

Resminamalaýyn görnüşde gymmatly kagyzlar çykarylan ýagdaýynda, gymmatly kagyzlaryň saklanylyşyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, depozitar bilen gymmatly kagyzlar bazaryna beýleki gatnaşyjylaryň arasynda baglaýjy düzüm bolup, gymmatly kagyzlary saklamak boýunça wezipeleri amala aşyrýan saklaýjylar çykyş ederler. Mundan başga-da, saklaýjylar gymmatly kagyzlaryň hereketini we wagtlaýyn maddy esasyny ýatyrmak (materialsyzlandyrmak) boýunça hyzmatlary ederler.

Depozitarlaryň we gymmatly kagyzlary saklaýjylaryň işi Türkmenistanyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdiriler.

**3. Gymmatly kagyzlar bazarynda geleşikleri baglaşmagyň ulgamyny döretmek.**

Birinji tapgyryň dowamynda gymmatly kagyzlaryň söwdasynyň ulgamyny döretmek we herekete getirmek üçin zerur şertler dörediler. Gymmatly kagyzlaryň söwdasynyň ulgamy gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjylaryň öz-özüni düzgünleşdirýän birleşigi hökmünde dörediler, uzak aralykdan elýeterlilik mümkinçiligi bolan awtomatlaşdyrylan aragatnaşyk-söwda ulgamy onuň esasy bölegi bolup çykyş eder.

Bu tapgyrda gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmegi tehnologik taýdan üpjün etmek üçin, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň, Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bilelikde

gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasaplaşyklar ulgamyny işläp taýýarlamagy bellenendir.

**4. Gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň maglumat üpjünçiligi ulgamyny döretmek.**

Gymmatly kagyzlar bazarynyň ýeterlik derejede aýdyň bolmagy üçin, oňa gatnaşyjylar gymmatly kagyzlar bilen amallaryň girdejililigi we emitentler bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri barada giňişleýin maglumatlar bilen üpjün edilmelidir. Gymmatly kagyzlaryň ösen we häzirki zaman bazaryna gatnaşyjylar töwekgelçilige we goýumlaryň mümkin bolan girdejililigine baha bermek üçin, maýa goýujylara ýeterlik maglumat bermäge borçludyr.

Şu maksatlar bilen baglylykda, gymmatly kagyzlar bazarynyň ulgamynyň möhüm bölegi hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we beýleki ministrlikler hem-de pudak edaralary köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen bilelikde gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň maglumat üpjünçiligi ulgamyny döretmek, şol sanda:

- gymmatly kagyzlaryň bellige alnan emissiýalary, maýa goýum edaralary, hasaba alyjylar, depozitarlar, dellallar we gymmatly kagyzlar bazaryna beýleki hünärli gatnaşyjylar barada, olara ygtyýarnama berlendigi ýa-da olaryň hereketiniň togtadylandygy barada maglumatlary çap etmek;
- emitentlere özleriniň maliýe-hojalyk işiniň netijelerini doly açyp görkezýän hasabatlary, şeýle hem özleriniň dolanyşyga çykaran gymmatly kagyzlarynyň bahasyna täsir etmäge ukyply islendik beýleki maglumatlary hökmany suratda döwürleýin metbugatda çap etmek barada talaplary bildirmek, görkezilen talaplaryň berjaý edilişine döwlet tarapyndan gözegçilik ulgamyny bellemek;
- nyrh kesiş ulgamlaryna gymmatly kagyzlaryň söwdalarda bellenen nyrhlaryny we emitentleriň maliýe ýagdaýyna degişli beýleki maglumatlary hökmany suratda doly çap etmek barada talaplary bildirmek;
- gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüşini häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamyny döretmek;

– köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde gymmatly kagyzlar bazaryny giňden wagyz etmek, Türkmenistanyň raýatlarynyň gymmatly kagyzlar boýunça bilimlerini ählumumy düşünjäni bermek ýoly bilen ýokarlandyrmak meýilleşdirilýär.

Emitentler barada dogry maglumatlary açyp görkezmek maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarynyň esasynda taýýarlanan maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna geçmegiň, gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň prospektleriniň halkara tejribesine laýyk gelýän standartlarynyň kabul edilmeginiň, emitentler üçin maglumatlary açyp görkezmek babatda höweslendiriş ulgamyny emele getirmegiň esasynda üpjün ediler.

Gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň maglumat üpjünçiligi ulgamyny döretmek boýunça çäreler hökmünde köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde we ýöriteleşdirilen maliýe neşirlerinde her aýda gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüşiniň çaklama görkezijileri we gymmatly kagyzlar bazarynyň meselelerine degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çap etmek meýilleşdirilýär.

Netijeli gymmatly kagyzlar bazaryny we amatly bäsleşik şertini döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi gymmatly kagyzlar bazarynda kanun bozulmalarynyň, maýa goýujylaryň hukuklarynyň bozulmalarynyň ýüze çykmagynyň, gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjylar tarapyndan resmi taýdan elýeterli bolmadyk maglumatlaryň peýdalanylmagynyň garşysyna aýgytly göreş alyp barar.

Şu döwürde maliýe edaralarynyň esasy wezipeleri kabul edilen kadalara we iş düzgünlerine laýyklykda söwda we hasaplaşyk amallarynyň geçirilýän bazarlarynyň ulgamyny ösdürmäge gönükdiriler. Şeýlelikde, umumy wezipeler bolup aşakdakylar çykyş ederler:

– gymmatly kagyzlar bilen amallar geçirilende we geleşikler ýerine ýetirilende elektron resminamalar dolanyşygy ulgamynyň ornaşdyrylmagyny höweslendirmek;
– elektron goly çekmek we maglumatlary şifrlemek ulgamlaryny işläp taýýarlamagyň we güwälendirmegiň gazna biržalarynyň hereket etmegini goldaýan islendik tehniki ulgamdan peýdalanmak üçin oňaýly ýeke-täk standartlary kabul etmek.

Şu wezipeler guralan bazarlar ulgamynyň kiçi ulgamlaryny ösdürmekde aýgytlaýjy orny eýelär.

GDA (Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy) ýurtlarynyň aglabasynda döwlet gymmatly kagyzlar bazarynda iri karz alyjy bolup çykyş edýär, onuň mukdar we hil häsiýetlerine göni täsir edýär. Döwlet ýurduň kärhanalarynyň gymmatly kagyzlarynyň iri saklaýjysy bolup durýar we korporatiw gymmatly kagyzlar bazarynda iri satyjy bolup çykyş edýär. Gymmatly kagyzlar bazarynyň ätiýaçlyklaryny ösdürmegiň başlangyç tapgyrynda döwlet amatlyklar taslamalaryna göni goldaw bermekde işjeň syýasaty alyp barar, olar indikilerden ybarat[1]:

– bazaryň infrastrukturasyny ösdürmegi maliýeleşdirmäge gatnaşmak;
– infrastruktura taslamalaryna goldaw bermegiň beýleki görnüşlerine gatnaşmak, şol sanda halkara maliýe guramalarynyň maýa goýumlaryny çekmek ýoly bilen gatnaşmak.

Infrastruktura taslamalary durmuşa geçirilýän mahalynda döwlet gymmatly kagyzlar bazarynyň amatlyklaryny we gymmatly kagyzlar bazarynyň özüni ösdürmek babatynda döwlet syýasatyna goldaw berýän guramalar, hünärmenler bilen hyzmatdaşlygy giňeldýär we işi ýa-da köpçülikleýin çykyşlary özgertmelere garşy hereket etmäge, görkezilen ugurda döwletiň syýasatyny ynamdan gaçyrmaga gönükdirilen guramalar we adamlar bilen bilelikde iş alyp barmazlyga ymtylýar. Gymmatly kagyzlar bazarynyň amatlyklaryny döretmäge döwletiň göni gatnaşmagy bilen bagly wezipeler wagtlaýyn bolup durýar. Olar kem-kemden bazara gatnaşyjylara doly berilýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet syýasatynyň möhüm ýörelgelerine aşakdakylar degişlidir:

a) gymmatly kagyzlar bazaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ýörelgesi, bu ýörelge döwletiň raýatlary, olaryň kanuny hukuklaryny we bähbitlerini goramak boýunça ählumumy wezipäni ýerine ýetirmek bilen, gymmatly kagyzlar bazarynda hünärli işiň ähli görnüşlerini ygtyýarlandyrmagyň, düzgünleşdirmegiň esasynda bazara gatnaşyjylaryň hukuklaryny goramak boýunça çäreleri amala aşyrýandygyna esaslanýar. Şu ýörelgäni durmuşa geçirmek bazardaky amallara

[1] *Боровкова В.А.* Рынок ценных бумаг. Учебное пособие. –СПб. : Питер, 2012.

gönüden-göni gatnaşyjynyň we bazary düzgünleşdirmek wezipeleriniň utgaşdyrylmagy bilen baglylykda bähbitleriň gapma-garşylygynyň ýüze çykmak mümkinçiligini azaltmagyň zerurlygyny hasaba almak bilen guralýar;

b) ýurduň ähli ýerinde kadalaşdyryjy hukuk binýadynyň, bazary düzgünleşdirmek düzgünininiň we usullarynyň bitewülik ýörelgesi;

ç) döwletiň az derejede goşulmagy we mümkin boldugyça öz-özüňi düzgünleşdirmek ýörelgesi, bu ýörelge döwletiň bazaryň subýektleriniň işini diňe onuň örän zerur bolan halatlarynda düzgünleşdirýändigini we özüniň kadalary emele getirmek we gözegçilik etmek wezipeleriniň bir bölegini gymmatly kagyzlar bazarynyň öz-özüňi düzgünleşdirýän guramalara birleşen operatorlaryna berýändigini aňladýar.

Şu ýörelge durmuşa geçirilende döwlet aşakdaky zerurlyklardan ugur alar:

– bazar amatlyklary döredilende döwlet býujetinden goýberilýän harajatlary azaltmak;
– bazar amatlyklary döredilende merkezleşdirilen çözgütleri mejbury boýna dakmakdan ýüz öwürmek;
– kadalary emele getirmegiň aýanlygyny we bazara hünärli gatnaşyjylaryň onuň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döretmäge gatnaşmaklarynyň hökmanylygyny üpjün etmek;

d) deň mümkinçilikler ýörelgesi indikileri aňladýar:

– gymmatly kagyzlar bazaryna aýry-aýry gatnaşyjylar üçin artykmaçlyklaryň bolmazlygyny üpjün etmek arkaly, döwlet tarapyndan şu bazarda bäsleşigi höweslendirmek;
– bazara gatnaşýanlaryň ählisiniň ony düzgünleşdirmegi amala aşyrýan edaralaryň öňünde deňligi;
– bazardaky dürli taslamalara döwlet tarapyndan berilýän goldawyň aýanlyk we bäsdeşlik esasynda paýlanmagy;
– bazarda hereket edýän döwlet kärhanalarynyň täjirçilik kärhanalarynyň öňünde artykmaçlyklarynyň bolmazlygy;
– döwlet edaralaryna bazara hünärli gatnaşyjylara köpçülikleýin baha bermegiň gadagan edilmegi;

– bazara hünärli gatnaşyjylaryň hyzmatlary üçin bahalary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmekden ýüz öwürmek (sanawlary saklaýjylar bolup durýan kompaniýalar muňa girmeýär).

Şeýle hem şu ýörelge aşakdakylary aňladýar:

1) zerur bolan halatynda döwlet bazardaky bäsleşigiň derejesine bazara gatnaşyjylaryň birini monopolist diýip yglan etmek ýoly bilen, ony (bäsleşigi) doly çäklendirmäge çenli gözegçilik etmäge, eger döwlet şunuň ýaly çözgüt kabul etse, onda monopolist diýlip, diňe döwlet kärhanasy yglan edilip bilner;

2) gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň dürli toparlarynyň başlangyç mümkinçilikleriniň dürli-dürli bolýandygyny, şeýle hem olar tarapyndan işiň beýleki görnüşleriniň amala aşyrylmagy netijesinde olaryň artykmaçlyk alyp biljekdiklerini ykrar etmek bilen, döwlet gatnaşyjylaryň dürli toparlarynyň mümkinçiliklerini deňleşdirmek boýunça çäreleri görýär;

3) gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet syýasatynyň yzygiderlilik ýörelgesi, bu ýörelge döwlet syýasatynyň yzygiderliligini we onuň gymmatly kagyzlar bazarynda ýurduň özüniň emele gelýän modeline ygrarlylygyny aňladýar.

Ýurduň makroykdysady we makrosyýasy wezipeleriniň toplumy hökmünde düşünilýän milli bähbitler maýa bazaryna, degişlilikde, şu aşakdakylary öz içine alýar:

a) içerki we daşarky maýa goýum serişdelerini jemlemegiň esasynda giňeldilen üznüksiz önümçilik işini dikeltmek we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak;

b) ykdysadyýetiň durmuşa gözükdirilmegini güýçlendirmek we jemgyýetiň durnuklylygyny ýokarlandyrmak indikileri aňladýar:

– ilatyň tygşytlanan serişdelerini maýa goýuma gönükdirmek üçin ygtybarly, uzakmöhletli gurallary emele getirmek ýoly bilen raýatlaryň maliýe taýdan howpsuzlygyny üpjün etmek;

– gymmatly kagyzlar bazarynyň has ýokary girdejili maliýe gurallaryny, öňi bilen hem döwletiň gymmatly kagyzlaryny ilat üçin elýeter etmek;

– ykdysadyýetiň ýokary göterilýän döwründe kollektiwleýin maýa goýumlaryň ähli görnüşlerini ileri tutup ösdürmegiň esasynda

ilatyň gymmatly kagyzlaryň hümmetiniň ýokarlanmagyndan gelýän girdejilere gatnaşmagy;

ç) ýurduň ykdysady özygtyýarlylygyny pugtalandyrmak diýmek aşakdakylary aňladýar:

– ýurtda dünýä ähmiýetli özbaşdak maliýe merkezini emele getirmek we bazar amatlyklaryny çalt depginler bilen ösdürmegiň esasynda döwletiň gymmatly kagyzlary bilen amallary ýurduň içinde jemlemek;

– ýurduň maýa goýum binýadyny depginli ösdürmek, ony öňi bilen köpçülikleýin maýa goýum institutlaryny ösdürmegiň hasabyna amala aşyrmak;

– daşary ýurt maýa goýumlarynyň çeşmelerini diwersifisirlemek we maýa goýumçylaryň bellibir toparlaryna baglylygy peseltmek, bazary durnuklaşdyrmak we bazaryň açyklygyny we onuň maglumat taýdan aýdyňlygyny ýokarlandyrmak ýoly bilen ýurduň kompaniýalary üçin maýa goýumlaryň gymmatyny arzanlatmak, şeýle hem ikitaraplaýyn salgyt salynmagynyň öňüni almagyň netijeli mehanizmlerini döretmek maksady bilen, daşary ýurt maýa goýumçylarynyň arasynda bäsleşigi höweslendirmek;

– daşary ýurtlaryň uzakmöhletli maýa goýumlary goýýan konserwatiw maýa goýumçylaryny çekmek üçin birinji derejeli halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek;

– daşary döwletleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdiriji edaralary tarapyndan ýurduň ykdysadyýetine maýa goýulmagy babatynda çäklendirmeleri ýatyrmak;

– ýurduň emitentleriniň gymmatly kagyzlarynyň halkara maýa bazarlaryna çykmagyny, şol sanda depozitar bergi hatlaryny we global depozitar bergi hatlaryny peýdalanmak arkaly çykmaklaryny höweslendirmek;

– gymmatly kagyzlar boýunça halkara hasaplaşyklar we kliring ulgamlaryna goşulmak;

d) ýurduň kompaniýalarynyň maýalaşmagyny ýokarlandyrmak we ýurduň gymmatly kagyzlar bazarynda durnukly baha depginini üpjün etmek.Ýurduň kompaniýalarynyň maýalaşmagyny ýokarlandyrmak aşakdaky esasy ugurlar boýunça üpjün edilýär:

– bazaryň geçginliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreler toplumyny durmuşa geçirmek, öňi bilen, olary maýa goýumçylaryň hukuklaryny goramak ulgamyny ösdürmek ýoly bilen, şol sanda şol bir wagtda düzgünleşdirmegiň bahasyny peseltmek bilen, bazary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi we öz-özüňi düzgünleşdirmegiň mehanizmlerini kämilleşdirmegiň esasynda geçirmek, bazar amatlyklaryny ösdürmek, şol sanda bazary guramagyň usullaryny amatly etmek, gymmatly kagyzlaryň dolanyşygy we olara hyzmat etmek ulgamynda çykdajylary we töwekgelçilikleri peseltmek, bazaryň maglumat taýdan aýdyňlygyny üpjün etmek;

– kärhanalaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak;

e) ýurduň maglumat taýdan howpsuzlygyny üpjün etmek, bu indikileri öz içine alýar:

– maglumat özygtyýarlylygyny üpjün etmek, ýagny syýasaty ýurduň milli howpsuzlygynyň bähbitlerinden ugur alyp emele getirmek we alyp barmak;

– ykdysady özgertmeleriň üstünlikli geçirilmegine, jemgyýetde syýasy durnuklylygyň pugtalanmagyna ýardam etmek.

## 9.3. Gymmatly kagyzlar bazarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň esaslary

Gymmatly kagyzlar bazaryny emele getirmek gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüşine gözegçiligiň we olary dolandyrmagyň ulgamynyň döredilmegini talap edýär, bu bolsa, öz gezeginde, ykdysadyýetiň bu ulgamynda döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegine we döwlet syýasatynyň, şol sanda gymmatly kagyzlar bazarynyň öz-özüni düzgünleşdirmegini doly möçberde amala aşyrmaga gönükdirilendir.

Gymmatly kagyzlaryň resmi kagyzlaryny taýýarlamak we Türkmenistanyň çäklerine getirmek bellenen talaplara laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Mundan başga-da, gymmatly kagyzlar resminamalaýyn görnüşde çykarylanda, olaryň görnüşi we mukdary bellige alynýar, gymmatly kagyzlaryň taýýarlanyşyna bildirilýän tehniki talaplar bolsa hökmany ýagdaýda dünýä ölçeglerine laýyk gelmelidir. Ýurdumyzda gymmatly kagyzlar bazaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek boýunça wezipeleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Gymmatly kagyzlar bazarynda emele gelýän gatnaşyklary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarmak arkaly gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň işini düzgünleşdirýän, olaryň hukuk namalarynyň doly ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Gymmatly kagyzlar bazaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň ulgamy, kadalaşdyrmaga degişli obýektleriň, emitentleriň, gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli

## Gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirmegiň esaslary

- Gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň işine hökmany talaplaryň bellenilmegi
- Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň (goşmaça emissiýalarynyň) döwlet tarapyndan bellige alynmagy, şeýle hem olarda göz öňünde tutulan borçnamalaryň emitentler tarapyndan berjaý edilmegine gözegçilik edilmegi
- Gymmatly kagyzlar bazarynda hünär işiniň ygtyýarlylandyrylmagy
- Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysynyň hünärmenleriniň hünär synagyndan geçirilmegi
- Gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň hukuklaryny goramagyň we olaryň hukuklarynyň emitentler hem-de gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary tarapyndan berjaý edilmegine gözegçilik ulgamynyň döredilmegi
- Gymmatly kagyzlar bazarynda hünärmençilik işi amala aşyrylan mahalynda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagynyň we terrorizmiň maliýeleşdirilmeginiň garşysyna hereket edilmegi
- Gymmatly kagyzlar bazarynda işi degişli ygtyýarnamasy bolmazdan, amala aşyrýan şahslaryň işiniň öňüniň alynmagy

***12-nji surat***

gatnaşyjylarynyň, maýadarlaryň doly we netijeli işini üpjün etmek üçin gönükdirilendir.

Gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirmegiň esasy ugurlarynyň biri bolup, gymmatly kagyzlar bazarynda hünärmençilik işini amala aşyrmaga hukugy bolan edara görnüşli taraplaryň derejelerini (kwalifikasiýasyny) kesgitlemek bolup durýar.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi *12-nji suratda* görkezilen görnüşde amala aşyrylýar:

Gymmatly kagyzlaryň emitentleri, maýa goýujylar we gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary gymmatly kagyzlar bazarynyň gatnaşyjylary bolup durýar. Gymmatly kagyzlaryň emitenti – gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny amala aşyrýan, şu gymmatly kagyzlarda berkidilen hukuklaryň amala aşyrylmagy boýunça olaryň eýeleriniň öňünde öz adyndan jogapkärçilik çekýän, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen edara görnüşli taraplardyr. Döwletiň gymmatly kagyzlarynyň emitenti bolup Türkmenistanyň degişli döwlet edaralary çykyş edýär.

Maýa goýujy bu öz adyndan we öz hasabyna gymmatly kagyzlary edinýän şahsy ýa-da edara görnüşli taraplardyr. Gymmatly kagyzlaryň maýa goýumyň obýekti hökmünde saýlanylyp alynmagy, maýa goýumlaryň görnüşleri we möçberleri, degişlilikde, bu saýlap almagyň netijeleri maýa goýujynyň özüniň jogapkärçiligi (töwekgelçiligi) bolup durýar.

Türkmenistanyň gymmatly kagyzlar bazarynda hünärmençilik işiniň «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şu aşakdaky görnüşleri amala aşyrylyp bilner:

1) dellalçylyk işi (maliýe araçyllygy). Dellalçylyk işi diýlip, gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy-dellal tarapyndan tabşyryk ýa-da komissiýa şertnamasy esasynda hereket edýän wekil, ýa-da komissioner hökmünde gymmatly kagyzlar bilen raýat-hukuk geleşikleriniň amala aşyrylmagy hasap edilýär;

2) dillerçilik işi. Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy-diller tarapyndan öz adyndan we oz hasabyna satyn alyş we (ýa-da) satyş nyrhlarynyň jemagat yglan edilmegi arkaly ol gymmatly kagyzlar boýunça geleşikleriň yglan edilen nyrhlar boýunça

16. Sargyt № 1335

ýerine ýetirilmeginiň borçnamasy bilen gymmatly kagyzlaryň satyn alnyş-satylyş geleşikleriniň amala aşyrylmagy diýlip hasap edilýär;

3) gymmatly kagyzlary dolandyrmak boýunça iş. Gymmatly kagyzlar bazarynda gymmatly kagyzlary dolandyrmak boýunça iş diýlip, gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy-ynançly dolandyryjy tarapyndan öz adyndan höweslendirmäniň hasabyna we kesgitli möhletiň dowamynda gymmatly kagyzlara maýa goýmak üçin niýetlenen, gymmatly kagyzlaryň eýesi tarapyndan oňa berlen pul serişdeleriniň we gymmatly kagyzlaryň soňkynyň bähbitlerine ynançly dolandyrylmagynyň amala aşyrylmagy hasap edilýär;

4) özara borçnamalary kesgitlemek boýunça iş (kliring). Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysynyň – kliring guramasynyň özara borçnamalaryň kesgitlenilmegi we olaryň gymmatly kagyzlar bilen geleşikleriň amala aşyrylmagynyň netijeleri boýunça hasaba alynmagy boýunça işi özara borçnamalaryň kesgitlenilmegi boýunça iş (kliring) diýlip hasap edilýär;

5) depozitar işi. Depozitar işi diýlip, gymmatly kagyzlar bazarynyň ýöriteleşdirilen hünärli gatnaşyjysy – depozitariý tarapyndan depozitariý bilen depozitariniň hyzmatlaryndan peýdalanýan şahsyň – deponentiň arasynda baglaşylan depozitar şertnamanyň esasynda gymmatly kagyzlaryň saklanylmagy we (ýa-da) gymmatly kagyzlara bolan hukuklaryň geçmeginiň hasaba alynmagy boýunça hyzmatlaryň edilmegi hasap edilýär;

6) kastodial işi. Gymmatly kagyzlar bazaryndaky kastodial işi diýlip, gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy kastodian-karz edarasy tarapyndan emissiýaly gymmatly kagyzlaryň we beýleki maliýe gurallarynyň, şeýle hem müşderileriň pul serişdeleriniň saklanylmagyny we hasaba alynmagyny üpjün etmek boýunça hyzmatlaryň edilmegi hasap edilýär;

7) gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawynyň ýöredilmegi boýunça iş. Gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawyny ýöretmek boýunça iş diýlip sanawy saklaýjy (bellige alyjy) diýlip atlandyrylýan edara görnüşli taraplar tarapyndan amala aşyrylýan, gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawyny düzýän maglumatlaryň toplanylmagy, bellenilmegi, işlenilmegi, saklanylmagy we berilmegi hasap edilýär;

8) gymmatly kagyzlar bazarynda söwdalaryň guralmagy boýunça iş (gazna biržasynyň işi). Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy-gazna biržasy tarapyndan gymmatly kagyzlar bazarynyň gatnaşyjylarynyň arasynda emissiýaly gymmatly kagyzlar we beýleki maliýe gurallary bilen raýat-hukuk geleşikleriniň gös-göni baglaşylmagyna ýardam edýän hyzmatlaryň edilmegi, gymmatly kagyzlar bazarynda söwdanyň guralmagy boýunça iş diýlip hasap edilýär.

Gymmatly kagyzlaryň alyş-çalşygy ykdysadyýetiň ähli ugurlaryna hem oňaýly täsir edýär. Gymmatly kagyzlaryň döremegi bilen alyş-çalşyň has-da ýokary tizliklere eýe bolmagy, pul serişdeleriniň sazlaşygyny ýola goýujy gural hökmünde ulanylmagy gymmatly kagyzlaryň ykdysady zerurlygyny has-da artdyrýar.

## 9-njy bap boýunça barlag soraglary

1. Gymmatly kagyzlar bazary näme?
2. Döwletiň gymmatly kagyzlar bazarynda hereket edýän gymmatly kagyzlaryň görnüşleri nähili beýan edilýär?
3. Gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet syýasatynyň ýörelgeleri haýsylardan ybarat?
4. Gymmatly kagyzlar bazarynda döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleri nämeden ybarat?
5. Depozitar ulgam diýmek näme?
6. Depozitarlaryň we hasaba alyjylaryň işi üçin zerur bolan şertleri nämeden ybarat?
7. Gymmatly kagyzlar bazarynda geleşikleri baglaşmagyň tertibi diýlip nämä aýdylýar?
8. Gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň maglumat üpjünçiliginiň aýratynlyklary nähili beýan edilýär?
9. Gymmatly kagyzlar bazarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň esaslary haýsylar?

# X bap

# ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞINI DÜZGÜNLEŞDIRMEK BABATYNDA DÖWLET SYÝASATY

## 10.1. Ätiýaçlandyryş düşünjesi we onuň ösüş taryhy

Adamlar özüniň durmuşynda käbir halatlarda betbagtçylykly hadysalar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Bu hadysalaryň esasy çeşmesi bolup, tebigy-howa şertleri, önümçilik-tehnologik prosesleri, ykdysady konýunkturanyň üýtgemegi, syýasy, hukuk gatnaşyklary, durmuş-demografik ýagdaýlary we başgalar çykyş edýärler.

Eger-de jemgyýet ýaramaz hadysalaryň ýüze çykmagyny öňünden bilen halatynda, onuň aýry-aýry subýektleri bu hadysalardan goranmak üçin degişli çäreleri durmuşa geçirýärler. Emma ýüze çykýan hadysalaryň köp bölegi tötänlik häsiýetine eýe bolýar. Şoňa laýyklykda ony çaklamak, köplenç halatlarda, mümkin bolmaýar.

Ýaramaz hadysalaryň bolup geçmegi şahsyýete şeýle-de onuň emlägine zeper ýetirýär. Bu bolsa jemgyýet tarapyndan ýüze çykyp biljek ýaramaz hadysalaryň garşysyna degişli gorag usullarynyň işlenip düzülmegini talap edýär.

«Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda ätiýaçlandyryş adalgasyna şeýle kesgitleme berilýär «ätiýaçlandyryş –şahsy we edara görnüşli taraplaryň, olaryň wakalar ýa-da ýagdaýlar (ätiýaçlandyryş halatlary) ýüze çykanda ätiýaçlandyryş pul möçberlerini (ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini) tölemek maksady bilen, pul we başga gaznalary döredýän ätiýaçlandyryjylara töleýän ätiýaçlandyryş gatançlarynyň (ätiýaçlandyryş baýraklaryň) hasabyna emläk we başga bähbitleriniň goralmagy boýunça gatnaşyklaryň ulgamy»[1]

---

[1] «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 3-nji madda, 3-nji bölek. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012-nji ý., № 3-4.

Tötänden ýüze çykan ýaramaz hadysalardan goranmaklyga bolan zerurlyga akyl ýetirmek jemgyýetiň ewolýusiýasy bilen içgin baglanyşyklydyr.

Ykdysady ösüşiň ilkinji tapgyrlarynda onuň esasy ugurlary bolup oba hojalygy we söwda çykyş edýär. Şunda ýaramaz hadysalaryň ýüze çykmagynyň esasy çeşmesi tebigatyň özüdir. Jemgyýetiň ösüşiniň ilkinji tapgyrynda, jemgyýet tebigatyň güýjüniň ýetirjek ýaramaz täsiriniň öňüni almaga ukyply däldi. Ýöne şeýle hem bolsa, onuň ýaramaz netijelerini peseldip bolýardy.

Ätiýaçlandyryş işi gadymy taryhy köklere eýedir. Ir döwürlerden bäri adamlar ýetip biljek howplaryň täsirini peseltmek üçin bilelikde işleri alyp barypdyrlar: ilatly nokatlary birikdiripdirler, galalary gurupdyrlar, öňünden bilip bolmaýan ýaramaz hadysalaryň netijelerini ykdysady çäreleriň üsti bilen hususan-da, ätiýaçlandyryşyň hasabyna aradan aýrypdyrlar. Adamzat taryhynda ätiýaçlandyryş natural, şeýle-de pul (pul-haryt gatnaşyklarynyň ösüşine görä) görnüşinde amala aşyrylypdyr.

Ätiýaçlandyryş gatnaşyklary gul eýeçilik döwründen bäri mälimdir. Gul eýeleri tebigy betbagtçylyklaryň, talanmagyň we beýleki ýaramaz hadysalaryň netijelerinde ýetip biljek zeperden öz emläklerini we gullaryny gorapdyrlar. Dürli taryhy çeşmelerde ätiýaçlandyryşa degişli maglumatlar saklanyp galypdyr. Mysal üçin, Germaniýanyň Brýugge şäherinde 1310-njy ýylda «Ätiýaçlandyryş palatasy» döredilipdir. Täjirçilik we senetçilik toparlarynyň emläk bähbitlerini goramak bu jemgyýetiň esasy wezipesi hökmünde kesgitlenipdir. Londonda 1666-njy ýylda bolup geçen ýangynyň netijesinde şäheriň merkezine zeper ýetirilenden soň jaýlaryň we beýleki desgalaryň ätiýaçlandyrylmagy üçin «Ot polisi» döredildi. 1667-nji ýylda Norwegiýada «Brand-kassa» atly ätiýaçlandyryş bilen meşgullanýan edara döredildi.

Emma, ätiýaçlandyryş işi XVII asyrda Edward Lloýduň kofehanasynda başlandy diýlip hasap edilýär. Bu gämiçiligiň, halkara söwdanyň we geografiki açyşlaryň döwri hasaplanylýar. Täjirler täze bazarlary gözleýän döwründe gämileriniň gark bolmagy, ýitmegi şeýle-de garakçylaryň çozmagy netijesinde az bolmadyk ýitgileri çekýärdiler.

Olar kofehanada duşan wagtlary biri-birlerini betbagtçylykda goýmazlyk barada ylalaşdylar. Şoňa laýyklykda hem ýaramaz hadysalaryň netijesinde ýitgi çeken täjirleri goldamak üçin aýratyn gazna döretdiler. Gazna ekspedisiýa gatnaşyjylaryň emläginden ugur almak bilen ozal geçirilen geçirimleriň hasabyna döredildi. Şeýlelikde, maddy zyýanyň öwezini gatnaşyjylaryň raýdaşlyk geçirimleriniň hasabyna dolmaklyga gyzyklanma bildirýän şahslaryň birleşigi döredildi.

Ykdysadyýetiň ösmegi bilen emläk bähbitleriniň we ätiýaçlandyryş şereketleriniň sany, olaryň dolanyşyk we maýa goýum serişdeleriniň möçberleri barha artdy. XVIII asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda günbatar döwletlerinde eýýäm emläk we şahsy ätiýaçlandyryşyň 100-e golaý görnüşi peýda boldy.

Häzirki döwürde Türkmenistanda ätiýaçlandyryş işi geljegi bar bolan ugurlaryň biri hökmünde seredilýär. «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen, ýurdumyzyň garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda ätiýaçlandyryş işiniň pugta kadalaşdyryjy hukuk binýady döretmäge mümkinçilik berdi.

Ýurdumyzda alnyp barylýan bazar özgertmeleriniň çäklerinde ätiýaçlandyrmak milli ykdysadyýetiň subýektleriniň maliýe, durmuş we beýleki ýagdaýlardan, dürli görnüşli tebigy betbagtçylyklardan we betbagtçylykly hadysalardan goramaga ukyply serişdeleriň birine öwrülýär. Ykdysady işiň bu görnüşi ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň netijeli usullaryny üpjün edýär, uzakmöhletli içerki maýa goýumlarynyň, şeýle hem ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklarynyň mundan beýläk-de ösüşini üpjün etmegiň ygtybarly çeşmesi bolup durýar.

## 10.2. Ätiýaçlandyryş işiniň hukuk esaslary

Ätiýaçlandyryş hukuk gatnaşyklary bu ätiýaçlandyryş işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň üsti bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik-hukuk gatnaşyklardyr.

Ätiýaçlandyryş hukuk gatnaşyklarynyň esasy çeşmeleri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1. «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;

2. Türkmenistanyň Raýat kodeksi;
3. Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksi;
4. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi;
5. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet strahowaniýesi hakynda» 1995-nji ýylyň 27-nji sentýabryndaky 1646-njy Permany;
6. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil transportynyň ýolagçylarynyň hökmany döwlet strahowaniýesi boýunça öwezini doluş puluny tölemek üçin şikesiň agyrlygynyň derejesini kesgitlemegiň kadalaryny tassyklamak hakynda» 1992-nji ýylyň 24-nji dekabryndaky 1070-nji Karary;
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň ätiýaçlandyrma kanunlarynyň bozulmagy üçin jerimeleriň möçberleri we olary almagyň tertibi hakynda» 1997-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky 3192-nji Karary;
8. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleri betbagtçylykly halatlardan we hünär kesellerinden hökmany şahsy ätiýaçlandyrmak hakynda» 2000-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndaky 4550-nji Karary;
9. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Hökmany döwlet ekologiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda» 2013-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky 12832-nji Karary;
10. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ätiýaçlandyryş babatyndaky işi we Gymmatly kagyzlar bazarynda hünär işini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnamalary tassyklamak barada» 2015-nji ýylyň 21-nji awgustynda 14385-nji Karary;
11. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ýangyndan hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy hakynda» 2016-njy ýylyň 18-nji fewralyndaky 14613-nji Karary;

12. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Awtomobil ulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnaşyjylaryň) üçünji taraplaryň öňündäki raýat-hukuk jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy hakynda» 2016-njy ýylyň 11-nji noýabryndaky 14993-nji Karary;
13. Ätiýaçlandyryjy tarapyndan tassyklanylan we ätiýaçlandyryş işine döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edara bilen ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga tertipde ylalaşylan, ätiýaçlandyryşyň bellibir görnüşi boýunça ätiýaçlandyryşyň şertlerini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk resminamalary.

Ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň subýektleriniň işine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak, şeýle-de olaryň gatnaşmagynda ýüze çykýan gaýry gatnaşyklary düzgünleşdirmek işi «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny esasynda amala aşyrylýar. Hususan-da, bu kanunda ätiýaçlandyryş işinde ulanylýan adalgalara kesgitleme berilýär, ätiýaçlandyryş bazarynyň gatnaşyjylary, ätiýaçlandyryşy amala aşyrmagyň esaslary, ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň baglaşylmagynyň we ýerine ýetirilmeginiň tertibi we beýleki gatnaşyklar kesgitlenilýär.

«Türkmenistanyň Raýat kodeksi» ätiýaçlandyryş şertnamasyndan gelip çykýan şertnamalaýyn gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär. Bu kodeksiň 22-nji babynda bu gatnaşyklary düzgünleşdirmäge degişli bolan hukuk kadalary beýan edilýär.

«Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksi» deňiz ätiýaçlandyrmasy babatynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Kodeksiň 16-njy bölüminde deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny baglaşmagyň düzgünleri bellenip geçilýär.

Biziň ýurdumyzda ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylary, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalary hem-de demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleri, ýolagçy gatnatmalaryny amala aşyrýan guramalaryň işgärleri hem-de telekeçiler uçuş, sapar mahaly betbagtçylykly halatlardan hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 27-nji sentýabryndaky 1646-njy Permany bilen kesgitlenildi. Hökmany

döwlet ätiýaçlandyrmasynyň bu görnüşi boýunça öwezini doluş puluny tölemek üçin şikesiň agyrlygynyň derejesini kesgitlemegiň kadalary bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabryndaky 1070-nji karary bilen tassyklanyldy.

Ätiýaçlandyryş çygrynda hereket edýän kanunçylygyň, ylaýta-da hökmany ätiýaçlandyrmasynyň düzgünleriniň berjaý edilmegi wajyp ähmiýete eýe bolup durýar. Şoňa laýyklykda, ätiýaçlandyryş kanunçylygynyň bozulmagy babatynda temmi çärelerini ulanmak düzgünleriniň kanunçylyk taýdan dürs düzgünleşdirmesi möhümdir. Biziň ýurdumyzda ätiýaçlandyryş gatnaşyklary babatyndaky düzgün bozulmalary Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi bilen bellenilýär. Ady agzalýan kodeksde ätiýaçlandyryş goragyny üpjün etmek tertibiniň bozulmagy we Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş işi hakynda kanunçylygynyň bozulmagy boýunça jogapkärçilikler bellenilip geçilýär.

Bulardan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky 3192-nji Karary «Türkmenistanyň ätiýaçlandyrma kanunlarynyň bozulmagy üçin jerimeleriň möçberleri we olary almagyň tertibi hakynda» düzgünnama tassyklanyldy. Bu düzgünnama bilen Türkmenistanyň ätiýaçlandyrma kanunlarynyň bozulmagy üçin jerimeleriniň möçberleri we olary almagyň tertibi kesgitlenip geçilýär.

Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleriň hukuk goraglylygynyň üpjün edilmegi babatynda biziň ýurdumyzda bimöçber işler alnyp barylýar. Şeýle işleriň hatarynda olaryň iş berijiler tarapyndan hökmany ätiýaçlandyrylýandygyny görkezmek bolar. Biziň ýurdumyzda ätiýaçlandyryşyň bu görnüşi Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleri betbagtçylykly halatlardan we hünär kesellerinden hökmany şahsy ätiýaçlandyrmak hakynda» 2000-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndaky 4550-nji Karary bilen girizildi.

Ýurdumyzda daşky gurşawy goramak meseleleri hormatly Prezidentimiziň aýratyn üns merkezinde saklanýan meseleleriň biri bolup durýar. Bu babatda ýurdumyzda birnäçe işler durmuşa geçirildi. Ýurdumyzyň daşky gurşawy goramak babatyndaky kanunçylygy yzygiderli kämilleşýär. Şunda ýurdumyzda eýeçiligiň görnüşine

garamazdan, işiň ekologiýa taýdan howply görnüşlerini amala aşyrýan edara görnüşli, şeýle hem edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahsy taraplaryň jogapkärçiligini berkitmek gaýragoýulmaz meseleleriň hataryna goşuldy. Bu meseleler Türkmenistanyň Prezidentiniň «Hökmany döwlet ekologiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda» 2013-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky 12832-nji Kararynyň kabul edilmegi bilen çözüldi.

«Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny esasynda ätiýaçlandyryş babatyndaky iş ygtyýarlylandyrylmaga degişli iş görnüşleriniň hataryna goşuldy. «Ätiýaçlandyryş babatyndaky işi ygtyýarlylandyrmak hakynda» düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustyndaky 14385-nji Karary bilen tassyklanyldy. Häzirki wagtda işiň bu görnüşini ygtyýarlylandyrmak boýunça döwlet edarasy hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi çykyş edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ýangyndan hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy hakynda» 2016-njy ýylyň 18-nji fewralyndaky 14613-nji Karary bilen Türkmenistanyň çäginde iş alyp barýan edara görnüşli taraplaryň ýangyn sebäpli üçünji taraplara ýetirilmegi mümkin bolan zyýan üçin ýüze çykan raýat-hukuk jogapkärçiligine ätiýaçlandyryş goragy girizildi.

Awtomobiller aýratyn howp çeşmesini döredýän emläkleriň biri hasaplanylýar. Şoňa laýyklykda, onuň eýeleriniň üçünji taraplaryň öňündäki raýat-hukuk jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmak boýunça meseleleriň çözülmegi möhüm soraglaryň biri bolmagynda galýar. Hormatly Prezidentimiziň 2016-njy ýylyň 11-nji noýabrynda «Awtomobil ulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnaşyjylaryň) üçünji taraplaryň öňündäki raýat-hukuk jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy hakynda» 14993-nji Kararynyň kabul edilmegi bu meseleleri çözmekde ädilen möhüm ädimleriň biri bolup durýar.

Ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça bolsa, ätiýaçlandyryjy tarapyndan meýletin ätiýaçlandyryşyň her bir anyk görnüşi boýunça tassyklan ätiýaçlandyryş kadalaryna laýyklykda bellenilýär.

«Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ätiýaçlandyryş kadalary ätiýaçlandyryş şereketleri tarapyndan

tassyklanylýar, soňra bolsa Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan ylalaşylýar.

## 10.3. Ätiýaçlandyryş işiniň gatnaşyjylary

Ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary bolup, Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş babatynda hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň subýektleri hökmünde kesgitlenen şahslar çykyş edýär. Bu şahslaryň sanawy «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenilip geçilýär. Olara aşakdakylar degişlidir:

1) ätiýaçlandyryjy (gaýtadan ätiýaçlandyryjy);

2) ätiýaçlandyryş dellaly;

3) ätiýaçlandyryş wekili;

4) ätiýaçlandyrýan, ätiýaçlandyrylan şahs, bähbit görüji;

5) ygtyýarly auditor guramasy (ygtyýarly auditor);

6) ätiýaçlandyryşa döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edara.

Bu ýerde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine aýratyn orun berilýär. Bu edara ätiýaçlandyryşa döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edara hökmünde kesgitlenildi.

Türkmenistanda ätiýaçlandyryş babatdaky işi amala aşyrmaga diňe edara görnüşli şahslaryň döredilmegi esasynda rugsat berilýär. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, şeýle guramalara diňe çäkli bir iş görnüşleri bilen meşgullanmaga rugsat berilýär. Şeýle iş görnüşleriniň hatarynda:

1) ätiýaçlandyrýanlar we ätiýaçlandyrylan şahslar üçin işiň, olaryň ätiýaçlandyrylmagynyň obýektleriniň aýratynlyklary bilen baglanyşykly goşmaça hyzmatlary (önüm öndürmek, işleri ýerine ýetirmek) etmek;

2) maslahat beriş hyzmatlaryny etmek, ätiýaçlandyryş (gaýtadan ätiýaçlandyryş) babatda hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, okuwlary guramak we geçirmek;

3) ätiýaçlandyryş wekili hökmünde ätiýaçlandyryş araçyllygy;

4) öz ätiýaçlandyrýanlaryna degişli toplaýyş ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan (ätiýaçlandyryjy üçin) satyn almak üçin tölenilmeli pul möçberiniň çägindäki karz alyş-berişleri bermek;

5) goşmaça girdeji almak maksady bilen, wagtlaýyn ulanylmaýan ätiýaçlyk gorlaryny maýa goýuma gönükdirmek (ýerleşdirmek) ýaly iş görnüşlerini görkezmek bolar.

Ätiýaçlandyryş işini amala aşyrýan guramalaryň amala aşyrylmaly iş görnüşleriniň çäklendirilmeginiň esasy sebäbi hökmünde bu iş görnüşiniň ýokary töwekgelçilik beýleki iş görnüşleri bilen utgaşdyrylmagynyň örän howpludygy bilen düşündirmek bolýar. Munuň ýaly tejribe daşary ýurt döwletlerinde hem giňden peýdalanylýar.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda ätiýaçlandyryş bazarynyň ep-esli bölegini «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasy eýeleýär. Bu gurama 1992-nji ýylyň 18-nji awgustynda döredildi. Türkmenistanyň künjeklerinde iş alyp barýan, 41 sany özbaşdak ätiýaçlandyryş guramalary bu şereketiň düzümine girýär. Häzirki wagtda «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasy tarapyndan meýletin ätiýaçlandyrmasynyň 40 sany görnüşi hökmany ätiýaçlandyrmanyň 6 sany görnüşi amala aşyrylýar. Bulardan başga-da ýurdumyzyň milli ätiýaçlandyryş bazarynda «Ätiýaçlandyryş hyzmatlary» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýet we «Hazar» ätiýaçlandyryş şereketi öz işini alyp barýar.

Ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň ýene-de bir subýekti hökmünde ätiýaçlandyryş dellallary çykyş edýärler. Ätiýaçlandyryş dellallary ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş meseleleri barada maslahat beriş hyzmatlary boýunça işi, şeýle hem öz adyndan we ätiýaçlandyryjynyň (gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň) tabşyrygy boýunça ätiýaçlandyryş we (ýa-da) gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak boýunça araçyllyk işini amala aşyrýarlar. Ätiýaçlandyryş dellallary diňe edara görnüşli tarap hökmünde döredilýär hem-de olaryň işi ygtyýarlylandyrmaga degişli bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş dellallaryndan tapawutlylykda, ätiýaçlandyryş wekilleri edara görnüşli tarap bilen bir hatarda şahsy tarap görnüşinde hem döredilip bilýärler. Olaryň esasy ygtyýarlyklary hökmünde bolsa, ätiýaçlandyryjynyň adyndan we onuň tabşyrygy bilen, ätiýaçlandyryş

şertnamalaryny baglaşmak boýunça araçyllyk işlerini amala aşyrmak meseleleri degişli bolup durýar.

Ýurdumyzda her bir adam, şeýle hem gurama özüniň şahsy bähbitlerini, emläk bähbitlerini hem-de jogapkärçiliklerini hökmany we meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň esasynda ätiýaçlandyrmaga hukuklary bardyr. Şunda ätiýaçlandyrýanlaryň üçünji taraplaryň bähbitlerine olaryň şahsy ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmaga bolan aýratyn hukugyny belläp geçmek bolýar. Bu olara raýat kämillik ukybyna eýe bolmadyk ýa-da bu hukugy çäklendirilen raýatlaryň kanuny bähbitlerine wekilçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ätiýaçlandyryş işini amala aşyrýan guramalaryň ýyllyk maliýe hasabatlylygynyň hökmany auditor barlagynyň geçirilmegini üpjün etmek borçlary kesgitlenilip geçilýär. Şu işler degişli ygtyýarnamasy bolan auditor tarapyndan amala aşyrylýar. Kanunda ätiýaçlandyryjylar babatynda bu talaplaryň girizilmegi ätiýaçlandyryş şereketleriniň maliýe hojalyk işlerini has-da jogapkärçilikli we talabalaýyk ýagdaýda alyp barmaklaryna itergi berýär.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi ätiýaçlandyryş babatda bir bütewi döwlet syýasatynyň işlenip taýýarlanmagyny we durmuşa geçirilmegini üpjün edýän döwlet edarasy bolup durýar. Ätiýaçlandyryş babatynda ygtyýarly döwlet edarasynyň amala aşyrýan işleri şu babyň dördünji soragynda giňişleýin seredilip geçiler.

## 10.4. Döwletiň ätiýaçlandyryş işine gözegçilik etmek babatyndaky syýasaty

Biziň ýurdumyzda ätiýaçlandyryş babatyndaky iş döwletiň gözegçilik edýän iş görnüşlerine degişlidir. Ozal hem belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş baradaky kanunçylygyna laýyklykda, bu wezipeler Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň üstüne ýüklenýär. Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrligi jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegi üpjün etmek, maliýe, býujet, salgyt, auditorçylyk işlerini, buhgalterçilik hasaba alnyşynyň, maliýe hasabatlarynyň usullaryny işläp düzmek, şeýle-de ençeme beýleki wezipeler bilen bir hatarda ätiýa-

çlandyryş babatynda döwletiň syýasatyny amala aşyrýan edaralaryň hataryna goşulýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ätiýaçlandyryş babatdaky işe gözegçilik barlagy boýunça esasy wezipeleri indikilerden ybarat:

1) Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş ulgamynyň işlemeginiň üpjün edilmegi, ätiýaçlandyryş bazarynyň infrastrukturasynyň döredilmegi, ätiýaçlandyrýanlaryň we ätiýaçlandyryş bazarynyň başga gatnaşyjylarynyň kanuny bähbitleriniň goralmagy boýunça döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2) ätiýaçlandyryş bazaryny düzgünleşdirmegiň ýörelgelerini we usullaryny, ätiýaçlandyryş babatda işe döwlet gözegçilik barlagyny guramagyň tertibini kesgitlemek;

3) ätiýaçlandyryş işiniň subýektlerine ätiýaçlandyryş babatda işi amala aşyrmaga ygtyýarnama bermek;

4) ätiýaçlandyryjylaryň, gaýtadan ätiýaçlandyryjylaryň döwlet sanawyny we ätiýaçlandyryş dellallarynyň sanawyny ýöretmek;

5) öz ätiýaçlyk gorlary babatda kabul edilýän jogapkärçiligiň aňryçäk möçberini kesgitlemek;

6) hökmany we meýletin ätiýaçlandyryşyň anyk görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş düzgünlerini ylalaşmak;

7) ätiýaçlandyryjy (gaýtadan ätiýaçlandyryjy) üçin prudensial ölçegleri we berjaý edilmegi hökmany bolan beýleki ölçegleri we bellenilen möçberleri bellemek, olaryň berjaý edilişine gözegçiligi üpjün etmek;

8) ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň esaslandyrylyşyna we ätiýaçlandyryjylaryň (gaýtadan ätiýaçlandyryjylaryň) tölege ukyplylygynyň üpjün edilişine gözegçilik etmek;

9) ätiýaçlandyryjyda (gaýtadan ätiýaçlandyryjyda) ätiýaçlandyryş gorlaryny emele getirmegiň we ýerleşdirmegiň düzgünlerini, şeýle hem ätiýaçlandyryş nyrhlaryny we peýdany emele getirmegiň düzgünlerini bellemek;

10) ätiýaçlandyryş işiniň subýektleriniň ýolbaşçy işgärleriniň hünär derejesine bildirilýän talaplary kesgitlemek;

11) ätiýaçlandyryş işiniň subýektleri tarapyndan ätiýaçlandyryş (gaýtadan ätiýaçlandyryş) şertnamalarynyň, ätiýaçlandyryş şahadatnamalarynyň hasaba alynmagynyň tertibini bellemek;

12) buhgalterçilik hasaba alşy we maliýe hasabatlylygy ulgamyny düzgünleşdirmek;

13) statistika baradaky döwlet edarasy bilen ylalaşmak boýunça ätiýaçlandyryş işiniň subýektleri tarapyndan statistiki hasabatlylygyň görnüşleriniň sanawyny we olaryň möhletlerini bellemek;

14) ätiýaçlandyryş işiniň subýektleriniň barlaglaryny geçirmek;

15) ätiýaçlandyryş bazaryna gatnaşyjylara temmi çärelerini görmek;

16) ätiýaçlandyryş işiniň subýektleriniň işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we usulyýet resminamalaryny işläp düzmek;

17) ätiýaçlandyryş işiniň subýektleri tarapyndan şu Kanunyň we Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş babatda beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

18) ätiýaçlandyryş işiniň subýektlerine berlen ygtyýarnamalaryň hereketini togtatmak barada çözgüt kabul etmek;

19) ätiýaçlandyryş babatda işiň tejribesini umumylaşdyrmak, Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş babatda kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri bellenilen tertipde işläp düzmek we bermek;

20) ätiýaçlandyryşyň täze görnüşleriniň ornaşdyrylmagyna ýardam etmek we ätiýaçlandyryş babatda işi kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp düzmek.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ätiýaçlandyryş işi babatyndaky esasy wezipeleriniň biri hökmünde bu iş görnüşini ministrligiň ygtyýarlylandyrýandygyny görkezmek bolar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustyndaky 14385-nji Karary bilen tassyklanan «Ätiýaçlandyryş babatyndaky işi ygtyýarlylandyrmak hakynda» Düzgünnamada ätiýaçlandyrmak işini amala aşyrmak üçin zerur bolan talaplar kesgitlenip geçilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 9-njy iýunynda çykaran 3192-nji Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň ätiýaçlandyrma kanunlarynyň bozulmagy üçin jerimeleriň möçberleri

we olary almagyň tertibi hakynda» düzgünnama laýyklykda, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ätiýaçlandyryş guramalarynyň we ätiýaçlandyryş dellallarynyň ätiýaçlandyryş kanunçylygynyň bozulan halatynda olardan jerimeleri almak ygtyýarlyklary berilýär.

## 10-njy bap boýunça barlag soraglary

1. Ätiýaçlandyryş kategoriýasynyň ýüze çykmagynyň taryhy sebäpleri nähili düşündirilýär?
2. Ätiýaçlandyryş adalgasynyň mazmuny nähili beýan edilýär?
3. Dünýäde ýüze çykan ilkinji ätiýaçlandyryş edaralarynyň işi nämeden ybarat?
4. Ätiýaçlandyryş hukuk gatnaşyklary diýmek näme?
5. Türkmenistanda ätiýaçlandyryş hukuk gatnaşyklarynyň esasy çeşmeleri haýsylardan ybarat?
6. Türkmenistanda ätiýaçlandyryş işiniň esasy gatnaşyjylary hökmünde kimler çykyş edýär?
7. Ätiýaçlandyryş guramasyny esaslandyrmaklygyň esasy talaplary nähili beýan edilýär.
8. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ätiýaçlandyryş babatyndaky esasy wezipeleri nähili beýan edilýär?

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XII tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008–2019.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I–II tomlar. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir! Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
6. Täze müňýyllyga türkmen taglymaty. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
7. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
8. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
9. Türkmenistanyň Gümrük Kodeksi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
10. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
11. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda Kodeksi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
12. Türkmenistanyň Býujet Kodeksi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
13. Türkmenistanyň Raýat Kodeksi. Aşgabat, TDNG, 2015.
14. «Salgytlar hakynda». Türkmenistanyň Bütewi Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.


17. Sargyt № 1335

15. «Telekeçilik işi hakynda». Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 1993.
16. «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda». Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 1993.
17. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
18. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda». Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
19. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
20. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
21. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
22. «Döwlet zerurlyklary üçin harytlar bilen üpjün etmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça bäsleşikler hakynda». Türkmenistanyň Kanuny. (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2014, № 4, 1-nji bölek, 159-njy madda).
23. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
24. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy». Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
25. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy». Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
26. «Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we desgalary hususylaşdyrmagyň 2013–2016-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy» Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
27. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
28. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2015-nji ýylyň 27-nji iýunyndaky 14313-nji Karary. (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2015 ý. №6).

29. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. – Aşgabat, Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti, 2019.
30. Çarygeldiýew Ý. Salgyt salmagyň usulyýet esaslary. Aşgabat, Ylym, 2013.
31. Çarygeldiýew Ý. Türkmenistanda salgyt salmak we onuň kämilleşdirilmegi. Ylmy monografiýa. Aşgabat, Ylym, 2015.
32. Halow N.H. Kärhana maliýesi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
33. Işangulyýew Ö., Orazlyýew N. Halkara ykdysady gatnaşyklar. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
34. Öwezow M. Maliýe menejmenti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
35. Sopyýew A., we başgalar. Ykdysady taglymatlaryň taryhy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
36. Şallyýew Ç. Makroykdysadyýet. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
37. Алехин Б.И. Кредитно-денежная политика. – М.: Юнити, 2004.
38. Бабич А.М., Павлова Л.Н. Финансы. Учебник. – М.: ФБК-ПРЕСС, 2000.
39. Боровкова В.А. Рынок ценных бумаг. Учебное пособие. – Санкт-Петербург.: Питер, 2012.
40. Игошин Н.В. Инвестиции. – М. Юнити, 2005.
41. Набиев Р.А. и др. Финансовая политика России. Учебное пособие. − М.: Финансы и статистика, 2008.
42. Тихомиров, Л.Б. Азимов и др. Кодекс лучшей практики бюджетных закупок. О.С. Белокрылова, П.А. – М.: ООО «Компания «Мюрэл», 2005.
43. Козлов Д. Налоговая политика: какой путь выбрать? Вопросы экономики, 2002. – №7.
44. Рынок труда. Учебник. Под ред. В.С. Буланова, Н.А. Волгина. – М.: Экзамен, 2000.
45. Свинухов В.Г. Таможенное регулирование внешнеэкономической деятельности и таможенная стоимость. Учебник. – М.: Изд.-во: Экономист, 2005.
46. Финансы. Учебник. Под ред. А.Г. Грязновой, Е.В. Марковой. – М.: Финансы и статистика, 2007.
47. Ценообразование. Под ред. Г.А. Тактарова. – М.: Финансы и статистика, 2007.

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
**I bap. Döwletiň maliýe syýasatynyň mazmuny we ähmiýeti** . . . . . . . 9
1.1. Döwletiň maliýe syýasatynyň mazmuny we ähmiýeti. . . . . . . . . . . . 9
1.2. Maliýe syýasatynyň görnüşleri we ony amala
aşyrmagyň mehanizmi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
1.3. Maliýe syýasatynyň dünýä konsepsiýalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
1.4. Maliýe syýasatynyň maksatlary we esasy wezipeleri . . . . . . . . . . . 27
1.5. Maliýe mehanizminiň bölekleri we maliýe syýasatynyň
esasy gurallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
1.6. Maliýe syýasatynyň netijeliligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
1.7. Maliýe strategiýasy we taktikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

**II bap. Döwletiň býujet syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37
2.1. Döwletiň býujet syýasatynyň manysy we wezipeleri . . . . . . . . . . . 37
2.2. Býujet ykdysady we hukuk kategoriýasy hökmünde
býujetiň jemgyýetçilik wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
2.3. Býujet gurluşynyň esaslary. Ýurduň býujet ulgamyny
gurmagyň ýörelgeleri. Býujet girdejileri we býujet çykdajylary. . . 47
2.4. Býujetara gatnaşyklar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50
2.5. Býujet işi we onuň esasy tapgyrlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52
2.6. Ösüşiň häzirki tapgyrynda býujet özgertmeleriniň esasy ugurlary . 57

**III bap. Salgyt syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60
3.1. Salgyt syýasatynyň düýp mazmuny we ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . 60
3.2. Salgyt syýasaty we salgyt düzgünleşdirmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
3.3. Salgyt syýasatynyň strategiýasy we taktikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
3.4. Salgyt syýasaty bilen salgyt mehanizminiň özara baglanyşygy . . . 74
3.5. Salgyt syýasatyny we ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmak . . . . . . . . . . 76
3.6. Türkmenistanyň salgyt ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
3.7. Telekeçilik işiniň subýektlerine salgyt salmak
ulgamynyň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81

**IV bap. Döwletiň pul-karz syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
4.1. Pul – karz syýasatynyň mazmuny we kadalaşdyrylyşynyň
nazaryýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87

4.2. Pul dolanyşygynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirmesiniň tejribesinde nazaryýet konsepsiýalarynyň ulanylmagy . . . . . . . . . . 89
4.3. Döwletiň pul-karz syýasatynyň esaslary: maksatlary, görnüşleri, düzgünleşdirmegiň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92
4.4. Döwletiň pul-karz syýasatynyň gurallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 101
4.5. Ýurduň maliýe syýasatynyň gurluşynda pul-karz syýasatynyň orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
4.6. Pul-karz syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . 114

**V bap. Nyrh syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120

5.1. Nyrh syýasatynyň mazmuny, maksatlary we wezipeleri . . . . . . . . 120
5.2. Nyrhlar we tarifler ulgamynyň esaslary. Makro we mikro derejedäki nyrhlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122
5.3. Nyrh emele getirmegiň usullary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 128
5.4. Salgyt salmak we nyrhlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 136
5.5. Puluň hümmetsizlenmegi we nyrh. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
5.6. Nyrhlaryň döwlet düzgünleşdirmesiniň usulyýeti . . . . . . . . . . . . . 143

**VI bap. Maýa goýum syýasaty**. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150

6.1. Maýa goýum syýasatynyň mazmuny we ýurduň maýa goýum mümkinçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150
6.2. Döwletiň maýa goýum syýasatynyň durmuş wezipeleri we maksatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 153
6.3. Maýa goýum işini maliýeleşdirmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 163

**VII bap. Durmuş syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170

7.1. Döwletiň durmuş syýasatynyň düýp mazmuny . . . . . . . . . . . . . . 170
7.2. Ilatyň girdejilerini emele getirmekde we zähmet bazarynda döwletiň syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 174
7.3. Döwletiň durmuş kepillendirmeleri we ätiýaçlandyryş . . . . . . . . 181
7.4. Durmuş üpjünçiligi we durmuş adalatlylygy. . . . . . . . . . . . . . . . . 188
7.5. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagy durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň esasy hökmünde . . . . . . . . . 195

**VIII bap. Daşary söwda syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 204

8.1. Döwletiň daşary söwda syýasatynyň düýp manysy. . . . . . . . . . . . 204
8.2. Daşary söwdany döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 208
8.3. Daşary söwda syýasatyny düzgünleşdirmekde . . . . . . . . . . . . . . . 213
gümrük syýasatynyň (tutýan orny) wajyplygy . . . . . . . . . . . . . . . . . 213

8.4. Ýurduň ykdysady ösüşinde daşary söwdanyň orny . . . . . . . . . . . . 214
8.5. Dünýä bazary: özara ýakynlaşmagyň strategiýasy . . . . . . . . . . . . 217
(Bütindünýä söwda guramasy) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 217

**IX bap. Gymmatly kagyzlar bazary babatynda döwlet syýasaty** . . 222

9.1. Gymmatly kagyzlar bazary maliýe syýasatynyň
düzümi hökmünde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 222
9.2. Gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet syýasatynyň esaslary,
ýerine ýetirýän wezipeleri we ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 228
9.3. Gymmatly kagyzlar bazarynyň döwlet tarapyndan
düzgünleşdirilmeginiň esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 239

**X bap. Ätiýaçlandyryş işini düzgünleşdirmek babatynda
döwlet syýasaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 244

10.1. Ätiýaçlandyryş düşünjesi we onuň ösüş taryhy . . . . . . . . . . . . . . 244
10.2. Ätiýaçlandyryş işiniň hukuk esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 246
10.3. Ätiýaçlandyryş işiniň gatnaşyjylary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 251
10.4. Döwletiň ätiýaçlandyryş işine gözegçilik
etmek babatyndaky syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 253
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 257

*Nurberdi Orazlyýew, Nurýagdy Aýnazarow,*
*Merjen Amanowa, Azat Sopyýew,*
*Ogulgerek Bekiýewa*

# DÖWLETIŇ MALIÝE SYÝASATY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Amanowa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Ýarmakowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Baltaýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 09.09.2020. Ölçegi 60 × 90$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 16,5. Şertli reňkli ottiski 51,0. Hasap-neşir listi 15,43.
Çap listi 16,5. Sany 500. Sargyt № 1335.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.